# M A Z M U N Y


| | |
|---|---|
| 1. Sözbaşy……………………………………………………….. | 2-3 |
| 2. Türkmenistan Günüň ýurdy……………………………… | 3-6 |
| 3. Bürünç eýýäminiň halyçylyk senedi…………………….….. | 6-9 |
| 4. Türkmen halysynyň syr-synasy…………………………... | 9-13 |
| 5. Türkmenlerde aý-gün hasaplary…………………………. | 13-17 |
| 6. Ärsak şa……………………………………………………. | 17-26 |
| 7. Istemi han Türkmen………………………………………. | 27-39 |
| 8. Nyzamy Genjewi: “Nekisa aňk boldy oň owazyna”….…. | 39-43 |
| 9. Ahal-teke bedewleri Çyn-Maçynda……………………… | 43-45 |
| 10. Kolhlaryň gözleginde……………………………………….. | 46-51 |
| 11. Türkmenleriň dünýä ýaýramagynyň sebäpleri barada.. | 51-59 |
| 12.Şam türkmenleri…………………………………………….. | 59-65 |
| 13. Seljuk beg Türkmen……………………………………... | 65-75 |
| 14. Türkmen piri Mäne baba……………………………….….. | 76-79 |
| 15. Türkmenlere şan getiren Malazgirt…………………….…. | 79-86 |
| 16. Türkmen soltany Süleýman şa………………………….. | 86-98 |
| 17. Adyň aýda aýan, ruhyň arşa rowan, soltanym………..... | 98-108 |
| 18. Türkmenler-Halyflar……………………………………….. | 108-122 |
| 19. Nusaý hakykaty…………………………………………….... | 122-127 |
| 20. Seljuk türkmenleriniň ylmy we bilmi…………………... | 127-131 |
| 21. Gündogaryň parlak ýyldyzy…………………………….. | 131-135 |
| 22. Dünýä kartosyny düzen Türkmen……………………… | 135-145 |
| 23. Watan üçin “Ýa Alla!”…………………………………... | 145-149 |
| 24. Bitaraplyk syýasatymyzyň ruhy-ahlak kökleri we häzirki zaman……………………………………………….. | 150-157 |
| 25. Sežde edýän ýaşyl ýaz deý baýdagyma…………………. | 157-166 |
| 26. Altyn ýaý, kümüş oklar…………………………………….. | 166-172 |
| 27.Türkmenistan, ajap ýurdum berkarar!…………….…. | 172-181 |
| 28. Gündogaryň medeniýet we dünýä siwilizasiýasynyň gazananlary bölünmezdir……………………………….. | 182-189 |
| 29. Taryha nazaryýet……………………………………..…... | 189-192 |
| 30. Türkmeniň milli baýlygy………………………………..…... | 192-199 |
| 31. Mazmuny…………………………………………….……. | 200 |

# TÜRKMENISTAN GÜNÜŇ ÝURDY

***Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň Mukaddes Ryhnamasynyň akabasynda “türkmen” adalgasynyň gelip çykyşy hakynda söhbet.***

Türkmen halky dünýäniň iň gadymy we baý taryhly halklarynyň biridir. Munuň şeýledigine Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň Mukaddes Ruhnamasyny okanymyzda anyk göz ýetirýäris. “Taryhy geçmişe ýüzlenenimizde, türkmeniň millet hökmünde dörän wagtynyň düýn ýa şu gün däldigine göz ýetirýäris” diýip, Mukaddes Ruhnamada aýdylýar.

Adatça, haýsydyr bir halkyň gelip çykyşyny öwrenilende agtaryşlar onuň adyndan başlanýar. Ozaly bilen şol halkyň nähili häsiýetde ýüze çykandygy seljerilýär. Bu ýagdaý türkmenleriň ady babatynda hem şeýledir. Indi tas müň ýyl bäri alymlar “türkmen” sözüniň nähili ýol bilen emele gelendigi barada kelle döwýärler. Ýöne alymlar bu sözüň haçan peýda bolandygy, nähili many aňladýandygy dogrusynda belli bir pikire gelip bilenokdylar. Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň Mukaddes Ruhnamasynda bu mesele düýbünden täzeçe çözülip, ylmy taýdan esaslandyryldy.

Beýik Serdarymyz Mukaddes Ruhnamasynda: “Beýik Taňry türkmene KÖPELGIÇLIK berdi. Ol köpelip, örňäp gitdi. Taňry oňa iki sany häsiýet berdi: RUHYBELENTLIK WE GAÝDUWSYZLYK. Ýagtylgyç berende bolsa, onuň Köňlüne hem Aňyna Paýhas Çyragyny guýdy. Şundan soň öz bendelerine umumy at dakdy: TÜRKMEN / Türk-asyl, iman-nur /. TÜRK-IMAN – TÜRKMEN şeýle many aňladýar: Asly NURDAN. Türkmen dünýäde şeýdip döredi” diýip, täze ylmy açyşy mälim etdi. Bu pikir türkmen taryhyny öwrenmekligiň baş ýörelgeleriniň biri bolup durýar.

Türkmenleriň adynyň ýüze çykyşy hem onuň aňladýan manysy dogrusynda aýdylan pikirler öňem az däldi. Ýöne olaryň hiç biri-de meseläni doly bahaly, ylmy netijäniň derejesinde çözüp bilmändi. Eýsem, türkmenleriň häzirki ady nähili ýol bilen döredikä? Ine, bu soraga doly jogaby biz Mukaddes Ruhnamadan tapyp bilýäris.

“Biz TÜRK-IMAN – ASLY NUR diýen ady alan türkmendiris. Nesilbaşymyz Oguz han Türkmendir. Oguz han özüne, milletine Türkmen – ASLY NURDAN diýip at dakypdyr. Şondan hem Oguz hanyň nesli ýaýrap ugrapdyr” diýip, Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň Mukaddes Ruhnamasynda aýdylýar.

Eýsem, “asly nurdan” diýmek näme? Onuň nähili ylmy esaslandyrylyşy barka?

Biziň pikirimizçe, gadymdan gaýdýan bütin taryhyň dowamynda türkmenleriň Güne sežde etmekleri olaryň “aslynyň nurdan” ýagny “ýagtylykdandygyny” subut edýär. Türkmenleriň ähli milli nyşanlary belli bir derejede Gün bilen baglanyşykly bolup durýar. Türkmenler “Günüň ýurdunyň” gadymy mirasdüşerleriniň nesilleridir,

olaryň medeniýetini, däplerini dowam etdirijilerdir. Gadymy döwürde Türkmenistanyň ähli ýerleriniň "günüň" atlaryny götermegi-de ýöne ýerden däldir. Horezmiň – "Günüň ýurdy ýa-da ýeri", Hurmandyň –"Güniň adamlary / çagalary/", Nohuryň – "Günüň täze ýurdy", Horasanyň – "Dogup barýan Günüň ýurdy" diýip terjime edilmegi gönüden-göni ýagtylgyç bilen baglanyşyklydyr.

"Güniň" nyşanynyň köklerini eýýäm gadymy mis-daş zamanynda görmek bolýar. Hut şol döwürde küýzegärçilik önümlerinde mukaddesligi aňladýan nagyşlar peýda bolup, oňa alymlar "haly nagyşlaryna häsiýetli ugur" diýip, at berýärler. Bu nagyşlary diňe bir häzirki zaman halylaryň we keşde önümleriniň nagyşlarynda däl, eýsem olary Oguz han döwrüniň, Gorkut ata döwrüniň küýzegärçilik önümlerinde, halylarynda, jaý gurluşyk däplerinde hem görmek bolýar.

Türkmenistanyň ähli taryhy döwürleriniň nagyşlarynda esasy, öňdebaryjy äheň bolup diş-diş täç görnüşindäki geometrik şekiller Günüň nyşany hökmünde çykyş edýär. Türkmen haly gölleri-bu Günüň nyşany diýip aýtmak bolýar.

Türkmen halylarynda şeýle mukaddes şekiller bilen bir hatarda guşlaryň, has takygy, laçynyň şekilleri hem gabat gelýär. Laçyn görnüşli awçy guşlar hem, belli bolşy ýaly, Güni aňladýan mukaddes nyşanlara degişli bolup durýar. Mis-daş asyrynyň küýzegärçilik önümlerinde guşlaryň şekilleri Günüň tegelegi bilen bile ýerleşdirilipdir. Gadymy rowaýatlarda Gün hut laçyn görnüşli guşlar arkaly beýan edilipdir. Şeýle guşlaryň şekilleri Mary welaýatynda ýerleşýän Goňur, Togalak-21 ýadygärliklerinden tapylan möhürleriň ýüzünde hem ýygy-ýygydan duş gelýär. Oguz hanyň agtyklarynyň guşlarynyň hem awçy guşlar, ýagny şahyn, bürgýt, towşançyl, şüňkar, awçy guş, çakyr bolmagy-da olaryň Güne sežde edendiklerini, "aslynyň nurdandygyny" subut edýär.

Oguz han özüniň birinji ogluna Gün diýip at dakýar. Öz halkyny harby ýörişe çagyranda bolsa, Oguz han şeýle diýýär: "Men siziň hanyňyz boldum, hany, ýaýlaryňyzy we galkanlaryňyzy alyň ... Gün biziň baýdagymyz bolsun, asman-çadyrymyz". Bu mysallar ýene-de bir gezek Mukaddes Ruhnamada Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň "türkmen" sözüniň gelip çykyşyny dogry kesgitländigini aýdyň görkezýär.

Türkmenistanda şu güne çenli Güne sežde edilýän ýerleriň birnäçesi açyldy. Olaryň biri Uly Balkan daglarynda ýerleşip, bu ýerden Günüň tegelegi görnüşinde misden ýasalan aýna, ganatlary ýygnalan misden ýasalan bürgüdiň şekili ýaly şekiller tapyldy.

Uly Balkandaky Günüň mukaddesligi halk arasynda ýatdan çykyşypdyr. Emma beýle ýerleriň birnäçesi şu wagt hem köpçülikleýin zyýarat edilýän ýerler bolmagynda galýar. Muňa mysal edip, Bäherden etrabynyň Köne Mürçe obasynyň golaýynda gadymy mazarçylykda ýerleşýän Garry Hoja Otly Alowy görkezip bolar. Ol uly daşlardan düzülen iki sany /biri beýlekisiniň içinde/ tegelekden ybarat. Ýerli ilatyň aýtmagyna görä, agşamlaryna bu ýerde beýikligi 2-3 metrden 20-30 metre ýetýän dik ot çykýar. Bu ot Gün bilen duşuşygy aňladýar.

Murgap derýasynyň aşak akymynda geçirilen gazuw-agtaryş işleriniň netijesinde Marguş ýurdunyň ilatynyň dini ynançlaryny açyk görkezýän köp materiallar tapyldy.

Bu döwrüň birnäçe ýadygärliklerinde ybadathanalaryň üsti açyldy. Ol ýadygärlikleri öwrenen alymlaryň köpüsi Marguş - Mouru döwletiniň otparazçylyk dinini esaslandyryjy Zoroastryň watany bolmagy mümkin diýip aýdýarlar.

Togalak-21 ýadygärliginde edilen täze açyşlaryň esasynda Mukaddes Awestanyň Mouru-Marguş döwleti baradaky setirleri täzeden okalýar. Awestanyň "Hurşed-ýaşt", ýagny "Güne bagyşlanan gimn" böleginde şeýle setirler bar:

***Biz Güne çokunýarys,***
***Ömürlik Ýagtylgyja,***
***Onuň atlary çalasyn.***

Bu setirler anyk taryhçysy Strabonyň massagetler-gadymy türkmen taýpalarynyň biri baradaky aýdan sözlerini ýadyňa salýar. Ol: "Massagetleriň Hudaýy diňe Gün we olar oňa atlary gurban edýärler" diýip ýazypdyr.

Görşümiz ýaly, Türkmenistan Günüň ýurdy diýip aýtmaga biziň doly hukugymyz bar. Ýokarda aýdylanlaryň ählisi Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň özüne mahsus bolan Beýikligi, Danalygy bilen Mukaddes Ruhnamada "türkmen" adalgasynyň mazmuny täzeçe, hakyky manysynda düşündirendigini subut edýär.

Öz milletine, halkyna bolan çäksiz söýgüsini Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy Mukaddes Ruhnamada "türkmen" sözüne bolan buýsanjy bilen beýan edýär. "Türkmen- bu söz meniň gursagymda ýüregimiň çoguna ýylanyp, bäbejik ýaly kalbymyň mährine dolanyp ýatyr.

Bu sözde bäş müň ýyldan atyny ýüzin salyp geçen halkyň merdana buýsanjy, tebigy sarçlygy, ýüreginiň mähri ýatyr.

Bu söz keramatly saçak bolup, tükeniksiz taryhda halkymyzy daşyna üýşürip, dost etdi, jebisleşdirdi, bitewileşdirdi.

Türkmen biziň milletimiziň ady.

Ata-babalarymyz bu sözi tug kimin göterip ýowuz duşmana garşy söweşe çykandyr. Gursagy naýzaly asmana garap, jan beren pursaty bu söz, bu söýgi oňa hemra bolandyr".

Taryh aňyýetiň özenidir. Onuň beýan edilişine köp zat baglydyr. Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy Mukaddes Ruhnamada milli taryhymyzy nähili öwrenmelidigini täze usulyýetini esaslandyrýar. Beýik Serdarymyzyň nygtaýşy ýaly: "Türkmeniň beýik taryhy hem bar, şol taryha düşünen türkmeniň ruhy galar".

Biz "türkmen" adalgasynyň gelip çykyşy baradaky şu söhbetimizi Mukaddes Ruhnamadan Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň şu sözleri bilen jemläsimiz gelýär:

"Men hasam taryhy çeşmeleri okanymda, öwrenenimde türkmen sözüniň 50 ýyldan gowrak wagtda türk bilen çalşylandygyny anykladym. Ruhnamada türkmen sözüniň aslyndaky ada getirdim. Goý, şu günki ýaşaýan watandaşlarym ata-babalaryny tanasynlar, olaryň ruhy şu günki türkmen hyjuw, kuwwat bersin, Allatagala medet bersin!"

**Maýa Beknazarowa,**
**Magtymguly adyndaky Türkmen**
**döwlet uniwersitetiniň talyby.**

**"Nesil" gazeti, 12.03.2002 ý.**

## BÜRÜNÇ EÝÝAMYNYŇ HALYÇYLYK SENEDI

“Eger-de dünýä boýunça gözelligiň, kämilligiň baýdagy döredilmeli bolsa, şol baýdak türkmeniň nepis halysy bolmalydyr” diýip, Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy özüniň Mukaddes Ruhnamasynda ýazýar.

Diýseň nepis, hiç mahal gaýtalanmajak nagyş türkmen halysyny synlanyňda, türkmeniň çeper elli ussat halyçylarynyň hiç bir çyzgysyz, ölçeg guralsyz deňsiz-taýsyz nepis gölleri emele getirişine haýran galýarsyň. Ol nagyşlar, ol göller nämelerden habar berýär, öz gerdenlerinde nähili ýüki çekip bilýär? Pederlerimizden bize miras galan bu täsinligi, bu keşbi, bu owadanlygy ahyryna çenli asylky bolşy ýaly görke getirmek, aýaga galdyrmak, janlandyrmak bize başardarmyka?! Bulara garamazdan, baryp-ha atly müň ýyl mundan ozal dokalan türkmen halysynyň asyl nusgasyny, öz durkuny ýitirmän gelendigi bize mälim.

Günorta Türkmenistanyň arazasyndan (Tejen derýasynyň töwereklerinde, Altyndepede, Meanda, Ulugdepede, Duşakda) uly möçberde, uly mukdarda nakgaşçylyk usulynda ýasalan, timarlanan dürli gap-gaçlarda olaryň böleklerinde häzirki döwürdäki (biziň günlerimizdäki) türkmen halysynyň nagyşlaryna meňzeş şekiller tapylýar. Ýokardaky nusgalaryň toplumy miladydan ozalky III-II müňýyllyga degişli haly sungatyny öwrenmeklik ýaňy-ýakynlarda – 40 ýyl munda ozal başlandy. Entek sungaty öwrenijiler hem-de taryhçylar tarapyndan doly özleşdirilmedik gap-gaçlara, ýagny olaryň suratlaryna üns beriň. Hatda bu ýerdäki iň kiçijik, iň ýönekeý saýylýan egrem-bugram çyzyklar-da türkmen halysynyň gadymylygyndan habar berýär. Şonuň özem bu sungatyň has gadymylygyna ynanmaga her kese mejbur edýär. Hut ýaňy-ýaňylaram türkmen halyçylyk senedi öz gözbaşyny bir-iki müňýyllyklardan alyp gaýdýar (günbataryň sungat öwrenijileriniň bu pikirleri heniz-henizlerem ýatyşanok) diýen ýaly hiç bir ýapa degmeýän, tasa gelmeýän pikirler orta atylyp, öňe sürlüp gelinýärdi. Nakgaşçylyk çeperçilik nusgalaryndan çen tutsak, halyçylyk senediniň has irki döwürlerde, dört müň ýyl mundan ozal bolanlygy, üç müňünji ýylyň nusgalaryndan çen tutsak, bu möhleti, bu döreýşi ýene-de müň ýyl yza süýşürip, miladydan ozalky V-IV müňýyllyklary çaklamak hakykata laýyk. Dogry, haly sungatyny öwrenijileriň käbirleri öz ýalňyşlaryna, gelen nädogry netijelerine nebisleriniň agyrýandygyny boýun alyp, özleriniň nädogry netijä gelendiklerine ökünipdirler. Olaryň pikiriçe – hamana diýersiň, türkmenler şol tapylan şekilleriň üstünde gezip, şolaryň nagyşlaryny göçürenmişler, nusga edinenmişler.

Eger şeýle bolýan bolsa, onda şeýle sorag ýüze çykýar: Halyçylyk sungatyny türkmenler kimden özlerine nusga edinipdirler? Gadymy nusgalary göçürmek, ony hala geçirmek üçin halyçylyk senediniň tärlerinden, tilsimlerinden gowy baş alyp çykmaly ahyryn!

Dogrusy, biz häzirki zaman ylym öwrenijiler gadymy döwürdäki küýzelere, külalçylyk senediniň eýelerine başymyzy egýäris. Olar dürli haly nagyşlaryny öz ýasan gap-gaçlarynyň ýüzünde şekillendiripdirler. Olaryň ir döwürlerdäki şol döredenleri bilen häzirki wagtda kitaplary bezeýäris. Gap-gaçlary, sowgatlyklary görke getirýäris.

Ine, gep nirede, türkmen halysynyň dokalyş, döreýiş usuly, endigi, tilsimi şeýle: ondaky ähli nusgalar, şekiller "aýna şöhlesiniň" mysalynda. Häzirki maksat, halynyň, halyçylygyň şol gadymylygyny ýitirmän, bolşy-bolşy ýaly saklamak, geljekki nesillere ýetirmek.

Türkmeniň nusgawy şahyry Mämmetweli Kemine ýönelige ýazan däldir:

***Seniň eliň meniň dilim hünäri,***
***Nusga bolup galsyn ilden-illere.***

\- diýip.

Hut ýokardaky şöhlelenme, ýokardaky usul häzirki halyçylara gönüburçly demir sütüniň üstünde beýleki tarapyna agdarmazdan, dünýä meşhur nepis, gözelligi döretmäge şert döredipdir. Gadymy döwürdäki haly nagyşlary, çitimleri-de hut şeýle-aýna usulynda ýerine ýetirilipdir, dokalypdyr. Ýokardakylara salgylanyp, gadymy nakgaşlar sowgatlyklarda şekilleri şöhlelendirip, halyçylyk senedinden habarly bolupdyrlar diýmäge, ynamly aýtmaga esas bar. Sebäbi, şol döwürlerde her öýde diýen ýaly haly bolupdyr.

Pederlerimiziň halyçylyk senedi bilen baryp-ha daş asyryndan (bürünç eýýamyndan) meşgullanandyklary baradaky diýseň garaşylmadyk maglumat Türkmenistanyň Günorta-Günbataryndan tapyldy. I.N.Hlopiniň ýolbaşçylygyn- daky gazuw-agtaryş topary XX asyryň 70–nji ýyllarynda Sumbar jülgesiniň golaýyndan düşnüksiz (mälim bolmadyk) kümüşsow guraly tapýar. Agtaryjylar ilkibada onuň nämä niýetlenenligini aňşyryp bilmändiler. Aradan ençeme ýyl geçenden soň onuň gadymy döwürdäki keserdigini takykladylar. Galyberse-de, olar bu guralyň häzirki döwürdäki (sap demirden ýasalan) haly kesendigini tekrarlaýarlar. Gadymy keserler tapylanda olaryň ýany bilen haly dokamakda ulanylýan beýleki närseleriň-de käbirleriniň her hili nusgalaryň, aralygy ölçeýjiniň we ş.m. tapylmagy tötänlik däldir.

Hünärmenleriň bellemeklerine görä, haly gurallary miladydan öň III asyra degişli diýip çaklanylýar. Muňa garamazdan, has çylşyrymly gurallaryň käbirini meselem, keserleri miladydan öň IV müňýyllyga degişli hasaplamak bolar.

Türkmenistanyň howa şertleri önümleriň geçen müňýyllyklardaky keşbiniň görküniň saklanmagyna päsgel beripdir. Başgaça bolmagy mümkinem däl. Galyberse-de, ol hemişe jaýa düşelipdir, ulanylypdyr, başgaça aýtsak, hyzmat ediş serişdesi bolupdyr.

Belki-de, nakgaşlaryň – gadymy keramikaçylaryň ýene bir zady aňan, duýan bolmaklary ähtimal. Ýagny olaryň geljekki nesillerine haçan hem bolsa haly sungatynyň nähili, neneň – niçik emele gelendigini, dörändigini äşgär etmek maksady bilen – keramiki şekillere geçiren bolmagy mümkin.

Bu gün şol müdimi şekillere, nusgalara nazar aýlap, seredip, gaýta-gaýta haýran galýarsyň. Biziň öňümizde daş asyryndan “möhürlenen” – “şekillenen” iň naýbaşy, iň hakyky haly janlanýar. Bu nusgalygy-bu şekili döredenler beýik pederlerimize buýsanjymyz artýar.

**Öwez Gündogdyýew,**
**“Türkmen dünýäsi” gazeti, 14.09.2002 ý.**

## TÜRKMEN HALYSYNYŇ SYR-SYNASY

**Beýik Saparmyrat TÜRKMENBAŞY:**

***-Eger-de biz halynyň ýüzündäki syrly ýazgylary okamagy başarsak, onda taryhymyzy okap bileris.***

Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy mukaddes Ruhnamada “Haly biziň üçin sungat, ata-babalarymyz üçin bolsa, haly ylmy hem dünýägaraýyş bolupdyr” diýýär. Türkmen halysynyň gadymlygy barada dürli döwürlerde dürli pikirler aýdylýar. Türkmen halylary barada ilkinji ýatlamalaryň birini XIII asyrda Italaýan syýahatçysy Marko Polo galdyryp gidipdir. Ol öz kitabynyň XXI babynda, şeýle ýazýar: “Bu ýerde, bilýäňizmi, dünýäde iň nepis we owadan halylar dokalýar, şonuň ýalyda bijaý gowy, gymmatbaha gyzyl hem başga reňkli matalar dokalýar”. Häzirki döwürde dünýä boýunça iň gadymy el haly Daglyk Altaýyň Pazryk depesinden tapylan 2500 ýaşly türkmen halysy hasap edilýär.

Gadymy dünýäde ynsan zehini bilen döredilip, sungat derejesine ýetirilen zatlar köp. Bilermenler türkmen halysyna “Türkmeniň senenamasydyr” diýip ýazýarlar. Emma, türkmen halysynyň çitimlerinde näme aýdyljak bolunýandygyny beýan edýän ýazgylar biziň günlermize gelip ýetmändir. Şonuň üçin hem bize halylaryň göllerindäki nagyşlara mümkin boldugyça ýakynlaşyp, syrlary açmaga synanşaýmak galýar. Türkmen halylary örän köp ugurlydyr. Entek beýleki ugurlary içgin öwrenip ýetişmämizsoň, diňe ahal-teke halysynyň “gyşly göli” barada söhbet ederis.

Gadymy türkmen sungatynyň eserlerine düşünmek üçin olaryň döwründe ulanylan, döredilen zatlary öwrenmeli, deňeşdirip görmeli. Şonuň üçin hem geliň, ilki “guşly gölüň” gurluşyny jikme-jik beýan ediliň.

### “GUŞKY GÖL”

Häzirki döwürde “guşly gölüň” 22, 27, 33, 35, 38, 52, 57 gyrymlygy duşýar. Aslynda gölüň gyrym sanynyň köpelip azalmagy halynyň ululygy-kiçiligi bilen bagly bolýar. “Guşly göl” türkmeniň ahal-teke halysynyň iň köp ulanylýan hem-de dünýäde tanalýan gölüdir.

Türkmenistanda 2002-nji ýyla çenli dokalan äpet halylaryň dördüsiniň-de merkezi bölegini “guşly göller” bezeýändir. Ol äpet halylaryň ilkinjisini, ýagny, 193.5 inedördül metr ululykdaky el halyny 1941-1942-nji ýyllarda 40 sany ussat türkmen halyçylary döretdi. Şol äpet halynyň merkezi böleginde dikligine 16, keseligine 19.5 göl ýerleşdirilendir. 1992-nji ýylda Beýik Saparmyart Türkmenbaşy bu halyny “Türkmen kalby” diýip atlandyrdy.

Ikinji äpet haly 1996-njy ýylda dokaldy. 266 inedördül metr bolan äpet halyny Türkmenbaşy diýip atlandyrdylar.

Üçünji äpet haly 1998-nji ýylda dokaldy, Prezident diýlip atlandyrylan bu halynyň 294 inedördül metr meýdany bardyr.

Dördünji äpet haly 2001-nji ýylda Beýik Garaşsyzlygymyzyň 10 ýyllyk baýramçylygyna dokalyp gutaryldy. “Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň Altyn asyr” diýlip atlandyrylan bu halynyň 301 inedördül metr meýdany bardyr. Bu halynyň beýlekilerden esasy aýratynlygy uly hem-de kiçi gölleriň aralaşdyrlyp salynmagydyr. Uly göller dikligine 18, keseligine 25 bolup, her gölüň içinde Prezidentiň ştandartynyň, ýagny, bäş kelleli bürgüdiň şekliniň dördüsi ýerleşdirilendir. Äpet halynyň 21.5 metr, boýy 14 metr bolup, agramy 1.2 tonnadyr.

## 33. GYRYMLYK “GUŞLY GÖLÜŇ” GURLUŞY

Göl-sekiz taraply süýrüräkden togalak nagyşdyr.

Gölde jemi ýedi dürli reňki sapak ulanylýar.

“Guşly gölüň” orta gögi, ýagny dikligine hem-de keseligine göni çyzyklar ony dört bölege bölýär. Şonuň netijesinde gölde emele gelýän nagyşlaryň hemmesinde gölüň dörtden bir bölegindäki nagyş gaýtalanýar.

Gölüň ýaňaklarynda ulanylýan reňkler gyýtaklaýyn birmeňzeş ulanylýar. Tutuş halynyň dowamynda gölüň iki ýaňagy narynç gyzyl sapak, beýleki iki ýaňagyna bolsa, nil gök ýa-da ýaşyl sapak çitilýär. Reňkleriň ýerleşiş tertibi ahyryna çenli dowam edýär.

Gölüň orta gögüni sary damdyrmalar böleklere bölýär. Gölüň keseligine geçýän orta gögünde on üç ýere sary damdyrylýar. Şolaryň gölüň daşky aýlawynda hem-de merkezinde iki jübüt, bir gyrymdan, galan ýerlerinde bolsa, bir jübüt bir gyrymdan çitilýär.

Gölüň dikligine geçýän orta gögüniň, bir gyrym ýaňak bilen kesişýän aşaky hem ýokarky tarapynda iki jübüt, bir gyrym sary damdyrma bar.

Gölüň orta göginiň ugurlaryna sary damdyrmalar damdyrylýar. Olar orta gök bilen aralaşyp, ýigrimi dokuz bölege bölünýändir.

Gölüň orta gögüniň kesişýän ýeriniň töweregine gülgüne çitilen çitimlere “nowçanyň içi” diýilýär. Onuň daşyndaky akja nagyşa “nowça” diýilýär. Gölüň içinde dört sany ýaňak ýerleşýär. Kese “gök ortanyň” iki tarapynda “çökmez” nagşy ýerleşýär. Ýaňaklaryň daşyna aýlanýan sary ýa-da ak “çybygyň” üstinde “çökmezden” soň “ýetim guş” oturýar. Ondan aňyrda bolsa, “setir guş” ýerleşýär. Çybyk başynyň üstündäki

toýnagyň üstünde bolsa, “doňuz burun” oturýar. Gölüň töweregine bir gyrym gyzyldan soň, bir gyrym ýaňak aýlanýar. Gölüň içinde jemi on iki sany nagyş ýerleşýär.

Gölüň dörtden bir bölegininiň içinde ýerleşen “ýarty tegbent”, “doňuz burun”, “ýetim guş”, iki sany “setir guş”, “çökmez” nagyşlarynyň sany alta deňdir. Tutuş göldäki nagyşlar bolsa, ýigrimi dörde deňdir.

Gölüň dörtden bir bölegine ýerleşen 1 “tegbent”, 1 “doňuz burnuň” özi hem-de oturan “toýnagy”, “ýetim guşyň” 3 dyrnagy, “goşa guşuň” hersiniň 3 dyrnagy, 1 “çökmez”, şularyň sany jemi 13 bolýar. **13x4=52** bolýar.

## AHAL-TEKE HALYSYNYŇ 33 GYRYMLYK “GUŞLY GÖLÜNDE” GABAT GELÝÄN OGUZ NYŞANLARY

Halynyň ululygyna görä, “guşly gölüň” gyrym hem-de erişleriň oýnam sany üýtgäp bilýär. Meniň pikirimçe, ahal-teke “guşly goluň” ikinji nusgasy 33 gyrym, 16 oýnam, bir jübüt erişlik göldür. Sebäbi Oguz hanyň elipbiýi hasap edilýän runo elipbiýiniň nyşanlarynda 33 gyrymlyk “guşly gölüň” nagyşlary has laýyk gelýär.

Gölüň “orta gögüniň” kesişýän ýeriniň töweregine gülgüne çitilen çitimlere “nowçanyň içi” diýilýär. Nowçanyň içi Oguz elipbiýiniň 22-nji nyşany bolan □ N harpyny emele getirýär.

“Nowçanyň” daş ýüzi garalanýar. Şol gara çyzyk süýrüräk dörtburçlygy emele getirýär. Şonuň ýaly elipbiýiň 6-njy nyşany bolan X K harpyny emele getirýär.

Gölüň orta gögüni gyýarak synlasaň elipbiýiň 7-nji nyşany bolan ≤ G harpyny emele getirýär.

Kese gök ortanyň iki tarapynda ýerleşýän “çökmez” nagşy elipbiýiň 4-nji nyşany bolan ╒ A harpyny emele getirýär.

Ýaňaklaryň daşyna aýlanýan sary ýa-da ak “çybyk” elipbiýiň 16-njy harpy bolan S harpyny emele getirýär. Ч

“Ýetim guşyň” ýa-da “setir guşuň” dyrnaklaryna gölüň merkezinden daşyna seretseň, elipbiýiň 15-nji nyşany bolan R R harpyny emele getitýär.

“Ýetim guşuň” ýa-da “setir guşuň” dyrnaklaryna gölüň merkezine tarap seretseň, elipbiýiň 17-nji nyşany bolan ↑ T harpyny emele getirýär.

“Çybyk başynyň” “orta göge” birleşýän kellesi hem-de aýaklary elipbiýiň 23-nji nyşany bolan O harpyny emele ◇ getirýär.

“Doňuz burnuň” oturan toýnagyndan ýokarsy elipbiýiň 21 nji nyşan bolan ⌠ L harpyny emele getirýär.

Gölüň töweregine aýlanýan “bir gyrym” “ýaňagyň” “orta gök” bilen birleşýän ýerinde elipbiýiň 2-nji nyşany bolan

⌒ U, Ü harplary emele gelýär.

Gölüň orta gögi elipbiýiň 11-nji nyşany bolan ⊥ I harpyny emele getirýär.

Şeýlelikde, 33 gyrymlyk “guşly gölünden” okap bolýan harplardan **TÜRK-IMAN OGUS OGLI GÜN BINASI** diýen sözlem emele gelýär. Ine, şu sözlem “guşly gölüň” Oguz han atamyzyň uly ogly Gün hanyň adyna döredilen göldür diýen pikiriň üstinden eltýär. Biz bu sözümize açykdan aýdyň delilleri indiki makalalarymyzda dowam ederis.

Hormatly doganlar! Biz şu makalany ýazmak bilen “täze bir açyş etdim” diýip magtanmak islämizok. Şindi türkmenler “Aýdylmadyk söz ýok. Eşidilmedik söz bar” diýýändir. Ilçilikdir türkmen halysynda Runo-Oguz elipbiýiniň barlygyny bilýänler bardyr. Ýöne biziň haly sungaty bilen çynlakaý meşgullanmak bilen maksadymyz ene-mamalarymyzyň haly sungatynda goýup giden sünnäli yzlaryna togap etmekdir…

**Ogulabat Rüstemowa,**
**“Edebiýat we sungat”gazeti, 22.11.2002 ý.**

## TÜRKMENLERDE AÝ-GÜN HASAPLARY

### Türkmenler asyrlar boýy aý-güň hasaplamalaryna ussat bolupdyrlar

XX asyryň soňlary dünýäde uly öwrülişikleriň bolup geçen döwri hasap edilýär. Bu döwürdäki biziň üçin örän ähmiýetli wakalaryň biri hökmünde, 1991-nji ýylyň 27-nji oktýabrynda Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň ýolbaşçylygynda Türkmenistanyň öz Garaşsyzlygyny gazanmasyny görkezmek bolar...

Garaşsyzlygymyzyň alynan ilkinji gününde Türkmenistanda gymmatly geçmiş miraslarymyza eýe çykmaklyk, olary öwrenmeklik işleri amala aşyrylyp başlandy. “Türkmen halkynyň taryhy aňyrsyna göz ýetmeýän okean mysalydyr. Biziň taryhymyzyň belli-belli döwürleri şol okeandaky asyrlaryň dowamynda doňy çözülmän gelýän buzly daglara meňzeýär. Ol okeanyň aňry çägine ýetmek üçin 6000 ýyllyk ýoly gulaç-gulaç ýüzmek gerek. Şu paý hem Türkmenistanyň ýaşlarynyň paýyna düşýär” diýmek bilen, Beýik Serdarymyz milletimiziň örän gadymy geçmişiniň bardygyny nygtady. Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň pähim-paýhasy bilen döwrümiziň milli ýörelgelik, törelik kitaby bolan Mukaddes Ruhnama kitabynda hem türkmen ruhynyň birinji eýýamynyň biziň eýýamymyzdan öňki V müň ýyllykda başlanýandygy agzalýar. Ilkinji aý-gün hasaplary hem, Oguz han Türkmeniň eýýamy atlandyrylýan şol döwürlerden gözbaş alyp gaýdypdyr...

Dünýä halklarynyň ýaşaýyş durmuşynda we olaryň gymmatly miraslarynyň içinde aý-gün hasaplaryna degişli adatlar, däpler we baýramlar möhüm orny eýeleýärler. Ýylyň dowamynda amala aşyrylan zähmet öndürijiligi bilen bagly halk adatlary çylşyrymly jemgyýetçilik hadysalary bolup durýarlar. Olar halklaryň taryhy ösüşiniň

dürli döwletlerindäki milli, durmuşy-syýasy we taryhy-medeni ýaşaýşyny görkezýän hususyýetliklerdir. Aý-gün hasaplary bilen baglanyşykly adatlaryň däpleriň we baýramçylyklaryň durmuşyň dowamlygyny, adamzat nesliniň ölmez-ýitmezligini, ömrüň uzalmasynyň möhümligini, iliň abadanlygynyň, yrsgallylygynyň, bagtlylygynyň wajypdygyny, bol hasyl almaklygynyň we mal sanynyň köpeldilmesiniň hökmandygyny ündeýän pikirleri ilatyň olara bolan baglylygyny döredipdir.

Has gadymy döwürlerden bäri adamzadyň, ýaşaýşy, onuň iş öndürijiligi tebigatyň aýlanyşygy, ummanyň /kosmosyň/ aýlanyşygy bilen bagly bolupdyr. Ilkinji adamlaryň tebigatdaky durmuşy howply we kynçylykly-agyr ýagdaýda geçipdir. Olar mydama howplardan özüni goramaly we ýaşaýyş üçin göreşmeli bolupdyrlar. Ilkinji döwürlerde olar daş-töweregi gurşap alan düýäniň gurluşy barada oňly zat bilmändirler. Döwürleriň geçmegi bilen olar daş-töweregini gaplap alan dünýäniň jümmüşine aralaşyp başlapdyrlar. Tebigaty öwrenip başlapdyrlar. Daşlardan, süňklerden we beýleki zatlardan zähmet gurallaryny ýasamagy öwrenipdirler. Aw awlamagy we balyk tutmagy öwrenipdirler. Haýwanlary eldekileşdiripdirler. Topragy, ýeri işlemegi öwrenipdirler. Gadymy adamlar bolup geçen hadysalara günüň, aýyň, ýyldyzlaryň täsirleri bardyr öýdüpdirler. Olaryň aň düşünjeleriniň ösmegi bilen hem her hili ynançlara uýmaklyk peýda bolupdyr.

Çarwaçylygyň, ekerançylygyň döremegi hem-de ösmegi bilen irki aý-gün hasaplary, ýyl öwretmeleri döräp başlapdyr. Ýylyň dowamynda gije bilen gündiziň birsydyrgyn gaýtalanyp durmagy göz öňünde tutulyp, her möwsümde edilmeli işlere baglanyp ýyl hasaplamalary düzülipdir. Çarwaçylyk we çomurçylyk işleriniň wagta, möwsüme görä böleklere bölünip işlenmeginde ýyl hasaplarynyň uly ähmiýeti bolupdyr. Mukaddes Ruhnamada agzalýan türkmen ruhunyň birinji eýýamynyň başlanýan döwürlerinde, ýagny biziň günlerimizden ýedi-sekiz müň ýyl ozal Türkmenistan topraklarynda ekerançylyk medeniýeti döräpdir. Şol döwürlerde-de ildeşlerimiz ekerançylyk işlerinde ýyl hasaplaryny /kalendary/ ulanypdyrlar. Muňa mysal hökmünde, Tejen etrabynyň Göksüýri sebitinde ýerleşen “ Ýalaňaçdepe” atly ýadygärlikden tapylan gadymy ekerançylyk kalendaryny
/aý-gün hasabyny, ýylnamasyny/ görkezmek bolar. Bu ýadygärlik ýerinde gazuw-agtaryş işleri geçirileninde, Oguz han Türkmen eýýamynyň mis-daş/ ýagny, “Eneolit”/ döwrüne degişli keramiki heýkeljik tapyldy. Heýkeljigiň endamyndaky tegelek sudurly şekilleriň 15 aýdan ybarat bolan gadymy ekerançylyk kalendarynyň aý görkezijileridigi alymlar tarapyndan anyklandy. Taryh ylmy Türkmenistanda mis-daş döwrüniň biziň eýýamymyzdan öňki V müň ýyllykda başlanyp, biziň eýýamymyzdan öňki III müň ýyllykda tamamlanandygyny görkezýär. Mukaddes Ruhnamadaky Oguz han Türkmen eýýamy atlandyrylan bu döwürde ildeşlerimiz ekerançylyk we meýdan işlerinde aý-gün hasaplamalaryny ulanypdyrlar.

Tejenli Begmyrat Saryja oglundan ýazylyp alan aý-gün hasaby baradaky maglumatymyzda hem türkmenleriň gadymy döwürlerden bäri ýatdan aý-gün hasabyny ýöredip gelendigi agzalýar. Bu gadymy türkmen ýylnamasynyň 5773-nji ýyly, şu günki ulanýan ýylnamamyzdaky 2002-nji ýyla gabat gelýär. Begmyrat aga bu ýylnamany

agalaryndan Hojaberdi Şamyrat oglundan ýadygärlik alypdyr. Oňa-da bu hasap atalaryndan arkama-arka geçip gelipdir. Bu ýylnamada aý atlary-da, hepdäniň günleriniň, atlary-da türkmençedir. Bu ýylnamada hem ildeşlerimiz täze ýyly 21-nji martda garşylapdyrlar. Türkmen ýylnamasynyň 21-nji martda başlanmasy asyrlar boýy dowam edipdir. Ildeşlerimiziň arasyna arap-pars dilleriniň aralaşmasy bilen türkmen ýylnamasynyň käbirleri arapça-parsça atlandyrylyp başlanypdyr.

***Bu gadymy ýylnama Oguz han Türkmeniň döwri bilen baglanyşdyrylýar***

| **Begmyrat Saryja ogulundan ýazylyp alynan gadymy ýylnamadaky aý atlary** | | | |
|---|---|---|---|
| *N Aý atlary* | ***Günleriň sany*** | ***Möwsümiň günleri*** | ***Häzirki kalendardaky günlere gabat gelşi*** |
| **1. Ak suw** | 28-29 gün | ***Ýaz*** 89-90 gün | 21-nji mart-17-18-nji aprel aralygy |
| **2. Bakja** | 31 gün | | 18-nji aprel-18-nji maý aralygy |
| 3. **Ortak ülker** | 30 gün | | 19-njy maý-17-nji iýun aralygy |
| **4. Bişikçilik** | 31 gün | ***Tomus*** 92 gün | 18-nji iýun-18-nji oýul aralygy |
| **5. Üç ýyldyz** | 30 gün | | 19-njy iýul-17-nji awgust aralygy |
| 6. **Ýaldyrak** | 31 gün | | 18-nji awgust – 17-nji sentýabr aralygy |
| **7. Çemelen** | 31 gün | ***Güýz*** 92 gün | 18-nji sentýabr-18-nji oktýabr aralygy |
| **8. Goç-Teke /ikinji ady Goşulyşyk/** | 30 gün | | 19-njy oktýabr-17-nji noýabr aralygy |
| 9. **Jyza çyg** | 31 gün | | 18-nji noýabr-18-nji dekabr aralygy |
| **10. Duýdurgyç /ikinji ady Ak düşek /** | 30 gün | ***Gyş*** 92 gün | 19-njy dekabr-17-nji ýanwar aralygy |
| **11. Çille mes** | 31gün | | 18-nji ýanwar-17-nji fewral aralygy |
| 12. **Doýduran** | 31gün | | 18-nji fewral-20-nji mart aralygy |

Şeýle ýylnamanyň mysalynda, aý atlary – Nowruz, Ülker, Aralyk, Üç ýyldyz, Ýaldyrak, Mizan, Akrap, Gyş, Garagyş, Uly çille, Kiçi çille, Türkmen nowruzy görnüşinde aý atlary bolan aý-gün hasabyny görkezmek mümkindir. Mundan başga-da ýyldyz ýylnamasy hem bardyr. 22-nji dekabrdan başlap, indiki ýylyň dekabrynda tamamlanýan ýyldyz ýylnamysynyň döwürleriniň atlary bolsa: Jedi, Daluw, Hut, Hamal, Sowur, Jöwza, Seretan, Eset, Sünbüle, Mizan, Akrap, Kowusdyr. Bu döwürleriň atlary käbir edebiýatlarda türkmençä geçirilip: Owalak, Gowa, Balyk, Guzy, Öküzçe, Ekizler, Leňňeç, Ýolbars, Başak, Terezi, Içýan, Keman-görnüşinde berilýär. Ýöne bu atlaryň Dag tekesi, Gowa, Balyklar, Goýun, Öküzçe, Ekizler, Leňňeç, Şir, Gyz, Mizan, Içýan, Abdalgolak – görnüşinde berilýän edebiýatlaryň-da bardygyny aýtmagymyz gerek. Häzirki döwürde bolsa ildeşlerimiz hijri we milady ýylnamasynyň aý atlaryny ulanýarlar.

Astronomiýa ylmyna musulman alymlary “Heýet” ýa-da “Ylmy Pelek” / “ilm-i Felek”/ adyny beripdirler. Gündogar alymlary bu ylymda örän uly üstünliklere ýetipdirler. “Ylmy pelek” ylmyna daýanýan münejjimçilik bölekleýin orta asyr syýasatçylyk sungatyna giripdir. Münejjimler ýyldyzlaryň ýerleşişine görä söweşleriň nähili gutarjakdygyny, syýasy birleşmeleriň ykbalyny, urşuň netijesini we parahatçylyk baglanyşmagyň mümkinçiliklerini bilmäge çalşypdyrlar. Al-Kindi, al-Faraby we beýleki köpsanly orta asyr akyldarlary ýerdäki amala aşyrylýan işleriň asman jisimleriniň hereketlerine baglydygy baradaky pikire ynanypdyrlar. Jemgyýetdäki üýtgeşmeleriň gidişine düşünmek islän orta asyr akyldarlarynyň ýyldyzly asmana ýüzlenen gezegi az bolmandyr. Orta asyr kitaplarynda ýyldyzlar şekillerde şekillendirilipdir. “Ylmy Pelek” ylmynyň esasynda kalendarlar / ýylnamalar/ düzüpdirler. Beýik Seljuk türkmenleriniň döwletiniň meşhur soltany Jelaleddin Mälik şa Türkmen bilen Alp Arslan Seljukynyň islegi boýunça Seljuk türkmenleriniň döwletiniň alymlary seneleriň artyk günlerini üns bilen hasaba almak bilen bir kalendar düzüpdirler. Onda-da Jelaleddin Mälik şanyň adyny berip, “Jelali takwimi” diýipdirler.

Bu “Jelali kalendarynda” 3770 senede bir günlik, häzirki ulanýan milady ýa-da “Grigorýan kalendarynda” bolsa 3330 ýylda bir günlik hata bardyr. Munuň özi “Jelali kalendarynyň” “Grigorýan kalendaryndan” has dogry bolandygyny görkezýär.

Musulman alymlary ýyldyzlary, planetalary öwrenmek bilen olaryň köpüsini hasaba alypdyrlar. “Zodikal” ýyldyzlaryň ýerlerini belläp olara atlar dakypdyrlar. Aýyň we günüň hereketlerini öwrenip olaryň tutulmalarynyň sebäbini takyklapdyrlar. Dünýäniň ekwator çyzygyny ölçäp, şu günlerde ulanylýan sanlarymyza örän ýakyn bolan sanlary alypdyrlar. Dünýäniň Ýerşarynyň togalakdygyny, planetalaryň näçe seneden bir gezek ýerden aýlanýandygyny öwrenipdirler. Olar Gündogaryň dürli ýerlerinde “Göge bakyşhanalar”
/“rasathanalar”- “obserwatoriýalar”/ we bakyş gurallaryny gurupdyrlar. Öwrenen maglumatlarynyň netijelerini, bilen zatlaryny kitaplaryň içine ýazyp, örän gymmat bahaly eserler döredipdirler.

**Kakajan Baýramow,**
**“Nesil” gazeti, 13. 07. 2002 ý.**

## ÄRSAK ŞA

**Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň**
**mukaddes Ruhnamasyndan:**
***-Türkmen taryhynda Beýik Parfiýa döwletini gurup, rimliler bilen darkaş guran Ärsak şa öz döwründe ylahy Ärsak şa adyny göteripdir.***

Türkmen halkynyň örän baý hem-de şöhratly taryhy bar. Halkymyzyň geçmişde döreden 70-den gowrak döwletleriniň içinde Parfiýa şalygy ady bilen taryha giren döwlet özüniň jemgyýetçilik-syýasy derejesi, medeniýeti bilen dünýä taryhynda uly orun tutupdyr. Ärsak şanyň döreden bu döwleti öz döwründe ýokary medeniýetli, harby kuwwaty bilen dünýä ýaň salypdyr. Ärsak şanyň şahsyýeti baradaky gürrüňe geçmezden ozal, onuň ýaşan döwri bilen tanyşmak ýerlikli bolardy. Ýagny, biziň eýýamymyzdan ozal, III asyryň 250-nji ýyllary Merkezi Aziýada, esasanam, Türkmenistanda keseki grek basybalyjjylarynyň süteminiň iň güýçlenen döwri bolupdyr. Şol döwürde grekleriň Türkmenistandaky – şu toprakdaky dikmesi Androgor özüniň zalymlygy, halka sütem, akylsyz nadan ýolbaşçylygy bilen ýakasyny tanadan adam bolupdur.

Belli taryhçy W.W.Bartold şol döwrüň gerek taryhçysy Trog Pompeýiň işlerine salgylanyp, Ärsal diýen serkerdäniň asyl begzada neslindendigini ýazýar. Gyzyl imperiýa döwri Ärsak şanyň şahsyýeti bilen baglanyşykly gyzykly maglumatlar üsti basyrylmalara ýa-da bolmasa ýoýulmalara sezewar boldy. Taryhy kitaplaryň köpüsinde onuň ady “Arşak” diýlip ýazylypdyr. Emma belli taryhçy arheolog G.A.Koşelenko özüniň “Parfiýalylaryň Watany” /M., 1980 ý./ diýen işinde “Ärsak” sözüni “är’ hem “sak” diýen gadymy türkmen sözünden durandygyny ýazýar. Ol özüniň bu işinde türkmenlerde özüniň harby başarnygy, erjelligi, mertligi, gaýduwsyzlygy bilen tapawutlanandygyny belläp geçýär. Ärsak şanyň hem şeýle adamlaryň hatarynda durýandygyny, onuň öz halkyny keseki zulumynda azat edendigini, galyberse-de, onuň beýik şahsyýet bolandygyny guwanç bilen ýazýar. Bu pikiri taryhçy, professor K.W.Trewer hem goldap, Ärsak adyny “är” sözi bilen baglanyşyklydygyny nygtaýar.

Biziň eýýamymyzdan öňki 250-nji ýylyň baharynda Nusaýa salgyt pajyny ýygnamaga gelen keseki basybalyjjylaryň harbylary parfiýalylar tarapyndan yzyna it salnyp kowulýar. Bu waka bolsa ýerli ilatyň Ärsagyň baştutanlygyndaky göreşiniň başyny başlapdyr. Şol ýylyň ahyrynda Nusaýyň eteginde keseki basybalyjjylar bilen Ärsagyň baştutanlygynda parfiýalylaryň arasynda gazaply söweş bolup geçýär. Dişinden dyrnagyna çenli ýaraglanan gereklere Androgor ýolbaşçylyk edýärdi. Bu taryhy söweş barada şol döwrüň grek taryhçysy Ýustiniň işlerinde gyzykly maglumatlar saklanyp galypdyr. Ärsak ilki öz goşunyny wagtlaýynça Oh derýasyna / şol döwürde Tejen derýasy grek taryhçylary tarapyndan şeýle atlandyrylypdyr – A.A. / tarap yza çekipdir we boljak aýgytlaýjy söweşe taýýarlapdyr. Watanyň azatlygy ugrundaky söweşe ýerli halkyň ählisi diýen ýaly gatnaşypdyr. Taryhy çeşmeleriň hiç birinde-de iki tarapyň hem goşun sany barada hiç hili maglumat berilmeýär. Emma Ärsagyň goşunynyň köp bolandygyny bilmek bolýar. Bu ezilýän ýerli ilatyň aşa köp bolup, bu beýik serkerdäniň daşyna jemlenmegindendir. Oh derýasynyň boýunda Ärsak öz goşuny bilen iň soňky maslahatyny geçiripdir. Gelmeşek, keseki basybalyjjylardan dynmagyň wagtynyň gelendigini, Watan üçin iň soňky damja çenli söweşmelidigini, kesekiniň bu toprakda ruhunyň pes bolýandygyny düşindirip, halky Watan ugrundaky taryhy söweşe çagyrypdyr. Bütin halk Ärsagy goldapdyr. Her kim ýerinden turup, Ärsagy eýýäm

özleriniň şasy hasaplaýandyklaryny, uruşda onuň aýdan sözlerinde we onuň özünden ruh alyp söweşjekdiklerini Ärsak serkerdäniň öňünde onuň adyndan we ata Watandan ant içip, kasam edipdirler.

Maslahata Androgor dikmäniň çapary gelipdir. Ol öz baştutanlarynyň bütin halky ýygnan, Ärsak batyrdan uruşdan el çekmegini talap edýändigini, eger uruşdan el çekseler Andogoryň günä geçýändigini, baştutan Ärsagyň hem azat boljakdygyny, salgyt paçlarynyň hem azaldyljakdygy hakdaky habary getiripdir. Ärsagyň duşman çaparyna beren jogaby şeýle bolupdyr:

- Indi sizi yzyňyza-Ýunanystana hem gitmäge wagt ýok. Siziň baştutanyňyza we onuň ýanyndaky ýalýagylaryna nähili ykbalyň garaşýandygyny ýerli halkyň özi çözer. Biz bu ýerik Watanymyzy azat etmek üçin ýygnanyşdyk. Halka eden sütemleriňiz, döken nähak ganlaryňyz üçin bu topragyň adamlary siziň bilen haklaşmak isleýär. Söweşe taýýarlanyberiň. Bu sözleri eşiden ilçi yzyna dolanypdyr. Onuň getiren habaryndan gazap donuny geýen Androgor boljak söweşe çynlakaý taýýarlanyp ugrapdyr. Androgor ilkinji bolup Nusaýyň etegine öz goşunlaryny getiripdir. Öňem belläp geçişimiz ýaly, biziň eýýamymyzdan öňki 250-nji ýylyň aňzakly gyş günlerinde Ärsak hem öz goşunlery bilen bellenilen ýere ýetip gelipdir. Androgor öz goşunlaryna gozgalaňa ýygnalan ähli goşuny gylyçdan geçirmegi buýrupdyr. Ärsagy bolsa ýesir almagy aýratyn tabşyrypdyr. Akademik W.W. Bartold şol döwrüň grek taryhçysy Arrianyň işlerine salgylanyp, şol söweşiň gidişini suratlandyrýar. Söweş diýseň gazaply bolupdyr. Ahyr-da söweş ýerli halkyň watanperwerlik duýgusyny ýarag edunip, bir gysym toprak üçin aýgytly söweşmegi we Ärsagyň dogry harby söweş sungatyny alyp barmagy netijesinde keseki basybalyjylaryň doly ýeňlişi bilen tamanlanypdyr. Bu söweşden soň Androgoryň ýerlerdäki häkimleridir dikmeleri Ärsagyň tarapyna geçýändiklerini yglan edipdirler. Emma akylly, harby serkerde Ärsak bu işlerden dogry netije çykaryp bilipdir. Öňem Androgora hyzmat eden, asyl gelip çykyşy boýunça greklerden bolan ol adamlaryň özüne we halkyna wepaly hyzmat etmejegini bilen Ärsak olaryň ählisini hem halk goldapdyr. Şu ýerde bir zady belläp geçmelidiris. Taryhçy Arrianyň berýän maglumatlaryna görä, Gündogarda, aýratynam, Parfiýada Androgoryň ady Antejeş diýlip atlandyrylýan eken. Ýokarda belläp geçen taryhy söweşimiz grek taryhy çeşmelerinde “Parfiýalylaryň gozgalaňy” ady bilen bellenilip geçilýär. Emma bu söweşe gozgalaň diýip bolmaz. Ol söweş özüniň many-mazmuny boýunça Watany, topragy azat etmek ugrundaky hakyky watançylyk urşudy. Ol uruş netijesinde bu gadymy toprak keseki basybalyjylardan doly azat edilip, halka öz azatlygy gaýtarylyp berilýär. Şundan soň Ärsagyň ady, abraýy arşa göterilýär. Biziň eýýamymyzdan öňki 250-nji ýylda Ärsagyň ýolbaşçylygynda Parfiýa özbaşdak şalyk diýlip yglan edilýär. Ärsak bolsa ähli halk tarapyndan Parfiýanyň şasy diýlip yglan edilýär. Ärsak şa köne Nusaý şäherini şalygyň paýtagty diýip yglan edýär. Onuň hem sebäbi, bu şäher gadymdan bäri köp medeniýetleri özünde jemleýär, onuň geografik ýerleşişi hem uly söwda ýolunyň çatrygyndady. Ähli amatlyklary bolan bu gadymy şäherde Ärsak şa resmi ýagdaýda şalyk täji geýdirilýär. Parfiýada ýaşaýan beýleki halklar hem Ärsak şany özleriniň beýik howandary, halasgäri diýip ykrar edýärler. Ärsak şa ylahy şa ady

berilýär. Ärsak şa rim taryhçysy Ýustiniň maglumatlaryna görä, Nusaýyň etegindäki obalaryň birinde doglupdyr. Taryhçy, professor K.W.Trewer hem onuň aslynyň Nusaý şäherindendigini öz işlerinde belläp geçýär. Belli taryhçy, arheolog W.N.Pilipko hem Ärsak şanyň Günorta Türkmenistanda ýerleşýän gadymy Nusaý şäherinde ýaşap geçendigini beýan edýär. Nusaý şäherinde Ärsak şa resmi ýagdaýda şa diýip yglan edilenden soň, ýurtda tiz wagtda özüniň syýasy häkimiýetini berkidýär. Parfiýa döwletiniň Garaşsyzlygy jar edilensoň, ilkinji geçirilen uly syýasy çäräniň biri hem Ärsagyň ady ýazylan şaýylyk pullaryň zikgelenmegidir. Parfiýanyň bu şaýlyk pullary drahma hem-de tetradrahma diýip atlandyrylypdyr. Ärsak şa ýurtda öňki hereket edýän, ýüzlerinde grek basybalyjylarynyň şekili bolan pullary dolanyşykdan aýrypdyr. Parfiýa döwletiniň Ärsak şanyň şekili bolan pullary ýurduň içinde we daşynda hereket edip başlaýar. Ärsak şanyň şekili çekilen bu pullar öňki grek şekilindäki pullardan düýpgöter tapawutlanypdyr. Parfiýa pullarynyň ýüzünde Ärsak şanyň şekili şeýle bolupdyr: Ärsak şanyň kellesinde teletinden edilen, ýumşak başlyk geýen keşbi bolupdyr. Ol pullaryň arka tarapynda Ärsak şanyň sada, ýonekeý çarwa eşiginde we eli ýaýly oturany şekillendirilipdir. Ol pullaryň iki ýüzünde “Ärsak” diýen ýazgy bolupdyr. Parfiýa pullary barada taryhçylar W.N. Pilipko we S.Loginowyň bilelikdäki “Parfiýa drahmasynyň hazynasy” / Aşgabat “Ylym” 1994 ý./ diýen işinde örän baý hem-de gyzykly maglumatlar berilýär. Ärsak şa ýaýy Parfiýa döwletiniň milli nyşanlarynyň birine öwrüpdir. Parfiýa döwletiniň hem baýdagynda ýaýyň şekilini girizipdir. Ýaý şol döwürde durmuşda uruş hem-de aw guraly hökmünde uly orunda durupdyr. Parfiýanyň pullarynyň ilki döwürlerinde “Şa Ärsak” diýen ýazgy bolsa, birneme gijiräk ol atlaryň yzyna “Allanyň nazar salan şasy Ärsak”, “Beýik şa Ärsak” , “Hem Hudaý, hem şa” , “Watanyň söýýän” diýen ýazgylar goşulypdyr. Bu ýagdaý Ärsak şanyň abraýynyň ýurduň içinde we daşynda gitdigiçe göterilip ugrandygyny subut edýär. Ärsak şa ýurduň gülläp ösmegi üçin örän adyl hem parasatly içeri we daşary syýasaty alyp barypdyr. Ol Eýranyň demirgazyk-gündogar welaýaty bolan baý Girikaniýanyň halklaryny grek basybalyjylaryndan azat edenden soň, Grikaniýany Parfiýa döwletine birleşdiripdir. Ärsak şa Parfiýa döwletiniň serhetlerini günbatara tarap giňeltmelidigini, ýurduň garaşsyzlygyny alan ilkinji günlerinden bilipdir. Parfiýa diňe günbatardaky beýik Jahan döwleti-Rim imperiýasyndan howp abanyp biljekdi. Ýene-de bir ýagdaý. Şol döwür Rim bilen Hytaýyň arasynda alnyp barylýan halkara söwda ýoly bolan “Beýik ýüpek ýoly” hem Parfiýa şalygynyň üstünden geçýärdi. Nusaý şäheri uly söwda we ykdysady merkeze öwrülip başlapdy. Ärsak şa söwda gatnaşygynyň kadaly ýola goýulmagy üçin rimliler bilen belli bir ýagdaýda parahatçylygy alyp barmalydygyny, ýöne ätiýajy elden bermeli däldigini bilen ökde syýasatçy bolupdyr. Ärsak şanyň tagallasy netijesinde Rim bilen köp wagtlap kadaly söwda gatnaşygy ýola goýlupdyr. Rim imperiýasy şol Gündogarda baý döwlet bolan Hindistana göz dikýärdi. Emma Hindistan ýolunda Ärsak şanyň döreden Parfiýa döwleti olara ir-u-giç päsgel berip biljekdi.

Ärşak şa Parfiýa döwletinde atçylygyň ösdürilmegine uly üns beripdir. Goja Köpet dagyň eteginde at saraýlary gurupdyr. Sebäbi Köpetdagyň etegindäki Nusaý, onuň daş-töweregindäki gözel tebigatyň, ýerli, howa şertleri tüýs Parfiýa tohumy

diýilýän atlary ösdürip ýetişdirmäge amatly bolupdyr. Şol döwürde Parfiýa, Hindistana, Hytaýa syýahat eden rim taryhçysy Ýüstin özüniň syýahaty barada gyzykly we gymmatly maglumatlarynda Parfiýa döwletiniň howa şertleri, Parfiýa tohum atlary we parfiýalylaryň atly goşuny barada guwanç bilen belläpdir. Parfiýalylaryň atly goşunyndan rimliler howatyrlanypdyrlar. Sebäbi nusaý atlary söweşde üsti ýükli we agyr gorag enjamlydygyna garamazdan, çarpaýa galyp söweşipdirler, kyn pursatlardan baş alyp çykyp bilipdirler. Bu gujurly, işeňňir atlara ýörite harby-seýisler tarapyndan söweş tälimleri öwredilipdir. Şol döwrüň rim taryhçysy we syýahatçysy Plutarhyň Parfiýa atlary baradaky käbir setirlerini ýatlap geçeliň: “Parfiýalylar ähli söweşlerde ýeňiş gazanýarlar. Onuň syrly sebäbi bar. Olaryň ýyndam we gaýduwsyz atlary bar. Ol atly goşun ähli kynçylyklary örän tiz wagtda çözmegi başarýar, duşmanlary ýeňlişe sezewar edýärler, ol hem olaryň artykmaçyklary”.

Ärsak şanyň atçylyk baradaky alyp baran işleri hakda Hytaýdan Rime gidýän hytaý syýahatçylarynyň işinde, ýol ýazgylarynda duş gelýändigini taryhçy N.Ýa. Biçurin öz işlerinde ýatlap geçýär. Parfiýada Ärsak şa atly goşun bilen bir hatarda ýaýçy goşuny hem döredipdir.  Ýaýçy goşun hem atly hem pyýada düzümden ybarat bolupdyr. Parfiýada ökde, mergen ýaýçylaryň ýörite atyjylyk mekdepleri bolupdyr. Ärsak şanyň özi köplenç, ýaýçy goşuny harby türgenlişiklerden geçirip durupdyr. Bir zady şu ýerde aýratyn bellemelidiris. Ärsak şanyň özi örän ökde ýaýçy mergen bolupdyr. Parfiýanyň kümüş pullarynyň ýüzünde onuň eli ýaýly şekiliniň bolmagy hem biziň bu aýdanlarymyza güwä geçýär. Ärsak şanyň buýrugy bilen uruşda ilki bilen güýçli atly goşun /olar hem at üstündäki ökde mergenlerden-ýaýçylardan, naýzaçylardan / öň hatarda hereket edýär eken. Olaryň yzyndan bolsa diňe ýaý bilen ýaraglanan pyýada goşun herekete başlap, söweşiň ykbalyny tiz wagtda kesgitläpdir. Parfiýada ýaý sungaty bilen baglanyşykly döredilen ýörite harby-hünär mekdepleri bolupdyr. Hindistandan we Hytaýdan gelen harbylar şu mekdepde Ärsak şanyň tagallasy bilen birnäçe ýyllap okap, harby hünär alypdyrlar.

Rim taryhçylary parfiýanyň atly goşunyna “uçýan atly goşun” diýip baha beripdirler. Şol ady dünýä dolan meşhur atlaryň nesilleri hem biziň ahal-teke bedewlerimizdir. Bu eýýäm dünýä atşynaslary tarapyndan jedelsiz subut edilen hakykatdyr. Ärsak şa Parfiýa şalygynda dokmaçylygyň we üzümçiligiň ösmeginede uly ähmiýet beripdir. Ol ömrüniň soňky ýyllarynda öz döwletiniň serhedini gündogara tarap giňeldipdir, ýagny, Hytaýyň günbatar welaýatlary salgyt almak şerti bilen, Parfiýa döwletine garaşly edilipdir. Bu barada N.Ýa.Biçuriniň işinden käbir mysallara ýüzlenip göreliň: “Hytaý ilçileri özleriniň parfiýalylara garaşly bolan günbatar ýerleri /TÝAOÇŽ/ we hut Parfiýa döwleti hakynda aýry-aýry ýazan habarlarynda: “Ol ýerde oturymly durmuş alyp barýarlar we ekerançylyk bilen meşgul bolýarlar: Tüwi hem bugdaý ekýärler, üzümden çakyr ýasaýarlar” diýip, maglumat beren mahallarynda özleriniň ünsüni diňe ekerançylyga jemläpdirler. Suwaryş üçin suwuň ýetmedik mahalynda, tüwi ekini diňe käbir ýerlerde we az möçberde hasyl beripdir. Beýleki ekinler, üzümçilik we ondan çakyr ýasamaklyk munuň tersine, giň ýaýrapdyr. Ärsak patyşanyň ýaşaýan ýeri bolan Nusaý şäheriniň töwereklerinde üzüm bagçylyklary bolupdyr. Şol üzüm

baglarynyň käbirleri aýratyn gür we uly bolupdyr. Her hasyl möwsüminde ortaça 2 müň litr çakyr patyşanyň Nusaýdaky hazynasyna tabşyrylypdyr. Patyşanyň hazynasynda bolsa palçykdan ýasalan içi çakyrly humlaryň ýüzlerçesi bolupdyr”. Şu ýokarky mysallardan görnüşi ýaly, Nusaý çakyrlaryny ýüpek-söwda ýolunyň üsti arkaly söwda maksady bilen, hytaý täjirleri Rime äkidipdirler. Ärsak şa gazylyp alynýan peýdaly magdan önümçiligine hem uly üns beripdir we ony ýurt möçberindäki işe öwrüpdir. Bu barada ýene-de ýokarky ady agzalan işe ýüzleneliň: “ Ýer astyndan alynýan peýdaly magdanlaryň Ärsagyň we ondan soňky şalaryň döwründen tä soňky Parfiýa şasyna çenli güýçli ösüpdir. Mundan başga-da dürli-dürli keramiki toýun palçyklaryň işlenilmegi we tebigy boýaglaryň önümçiligi hem özüniň oňyn netijesini beripdir. Beýik we halkara söwda ýolunyň çatrygynda ýerleşen Nusaý şäheriniň ösmegi bilen dürli-dürli gurluşyk önümleriniň – gipsiň, ýaşyl daşyň, Horasan mermerleriniň öndürilmegi ýokary derejede ösüpdir. Nusaý şäherinden we onuň töweregindäki obalaryndan tapylan arheologiki tapyndylar Nusaý piruzasynyň we her dürli gymmatly daşlaryň, ylaýtada dag dür daşlarynyň, steatitiň köp alnandygyna şaýatlyk edýär. Bu bezeg we gymmat bahaly daşlar Nusaý şäheriniň we ýurduň beýleki şäherleriniň owadan binagärçilik keşbini döretmekde uly ähmiýete eýe bolupdyr. Ärsak şa Parfiýa şalygynda uly orun tutýan günorta-gündogar welaýat bolan Margiana hem uly üns beripdir. Bu welaýat şol döwürde “Margiana demri” ady bilen dünýä belli, ýokary hilli demir we polat öndürilipdir. Welaýat beýik söwda ýolunyň ugrunda ýerleşipdir. Sözümizi delillendirmek üçin ýene-de şol eserden mysallara ýüzleneliň: “Parfiýada şol zamanda – Ärsagyň zamanynda demir gazyp almak we ondan peýdalanmak uly ähmiýetli pudak bolupdyr. “Margiana demir” diýen at bilen belli bolan demir Parfiýa üçin has uly ähmiýete eýe bolupdyr. Parfiýa şalygyndan gazylyp alynýan demir özüniň aýratyn hili üçin gowy görüpdirler. Aýratynam, bu demirden Parfiýa ýaragy adyny alan ýaraglar ýasalypdyr. Parfiýa ýaraglarynyň, uruşda goranyş serişdeleriniň arasynda göz gamaşdyrýan ýaldyrawuk tuwulçalar we sowutlar, özboluşly ýaýlar aýratyn ussatlyk bilen ýasalypdyr. Bu zatlaryň jöwherli polatdan ýasalan bolmagy hem mümkin. Margiana demriniň Rimde hem hyrydary ýetikdi. Sebäbi bu demir hili boýunça meşhur Hytaý demirinden hem ýokary derejede bolupdyr”. Mahlasy, Parfiýada Ärsak şanyň demir gazyp almak we ondan peýdalanmak baradaky pudaga uly üns berendigi barada şol döwrüň Rim taryhçysy we geografy Plininiň işlerinde hem köp mysallara duş gelmek bolýar.

Ärsak şa Parfiýa şalygynyň paýtagty Nusaý uly bir söwda merkezine öwrüpdir. Rim söwdagärleri Gündogarda uly söwda merkezi hökmünde Nusaý uly bir bäsdeş hökmünde seredipdirler. Ärsak şanyň buýrygy bilen Hytaýdan Rime barýan, Rimden Hytaýa barýan halkara söwda ýolunda Nusaýda berk gözegçilik hem howpsuzlyk çäreleri ýokary derejede ýola goýlupdyr. Indi bolsa gürrüňimizi Ärsak şanyň ömrüniň soňky ýyllaryndaky rimliler bilen parfiýalylaryň arasyndaky gatnaşyklarda ýüze çykan şowsuzlyklar dogrusynda dowam etdireliň. Bu barada A.W.Bokşaniň özüniň “Parfiýa we Rim” diýen işinde örän degerli we gymmatly maglumatlary berýär: “Ärsak şanyň döwletiň serhedini günbatar tarap giňeltmegi Rim imperatorlaryny biynjalyk edip

başlapdyr. Şonuň bilen bir hatarda, Parfiýa täjirleri kerwenler bilen söwda we hoşniýetli gatnaşyklary ösdürmek üçin bütin Kawkaza, Arabystana, Palestina, Müsüre baryp ýetipdirler. Şol wagt Müsür dolulygyna rimlileriň garamagynda eken. Rim imperatory şol döwürde Nusaý ýollan hatynda ýaňky ady agzalan ýurtlarda Parfiýa täjirleri üçin söwda işinde gadaganlyk girizilendigini ýazypdyr. Ärsak şa ahyry şeýle karara gelipdir: ol ýüpek ýolunyň Margianadan we Nusaýdan geçýän ugrunyň rim täjirleri üçin hem ýapykdygyny beýan edýän haty Rime ýollaýar. Söwda ýollaryndaky bu düşünişmezlik Ermenistanyň çäginde Ärsak şanyň baştutanlygyndaky parfiýalylar bilen rimlileriň ganly urşy bilen tamamlanýar. Bu harby çeşmelerde görkezilmeýär. Şol döwrüň Rim çeşmelerinde hem bu söweşde rimlileriň wejere bolup ýeňlendigi barada maglumat berilýär. Alym A.W.Bokşanin Ärsak şa bilen rimlileriň arasyndaky bu söweşiň iki sany uly ýurduň arasyndaky ilkinji uly söweşidigini, ol söweşiň biziň eýýamyzdan öňki III asyrda bolandygyny ýazýar. Bu söweşden soň rimliler parfiýalylaryň talabyny ýerine ýetirmäge mejbur bolýarlar. Ol talap parfiýalylaryň täjirleriniň günbatar ýurtda erkin söwda etmegini, Nusaýdan we Margianadan geçýän halkara ýüpek-söwda ýolunda Rim täjirleriniň Gündogara we Günbatara geçende töleg paçlaryny kesgitlenen möçberde, tölemekden hem-de Parfiýa şalygyny şol döwrüň beýik döwleti hökmünde ykrar etmekden ybarat bolupdyr. Ärsak şa şeýdip, Parfiýa şalygynyň şol dürde Gündogarda beýik şalykdygyny Rim imperiýasyna ykrar etdiripdir. Şu wakadan soň Ärsak şanyň ady rim taryhçylarynyň esasy gahrymanyna öwrülipdir. Olar, ýagny, Ýüstin, Troç, Pompeý, Strabon we beýlekiler Ärsak şanyň beýik gahrymançylykly ýoluny hakykatyň tarapynda durup beýan edipdirler. Ol taryhçylaryň eserleriniň örän az sanlysy biziň günlerimize gelip ýetipdir.

Ärsak şa ykrar edilen beýik serkerde bolmak bilen çäklenmän, ol ylmyň we medeniýetiň hem beýik howandary bolupdyr. Emma basybalyjy greklerden ýurdyň özbaşdaklygyny gaýtaryp alandan soň, bu topraga öz döwründen ýüz ýyldan-da gowrak wagt öň gelen, b.e.ö.IV asyrda Aleksandr Makedonskiniň basybalyjylygy bilen ornan grek medeniýetini düýp-teýkary bilen ýok etmändir. Käbir mysallara ýüzlenip göreliň. Belli taryhçylar hem-de arheologlar M.Ýe.Masson we G.A.Pugaçenkowa özleriniň bilelikdäki “Nusaýyň parfiýa ritonlary” /Aşgabat, 1959 ý., tom IV / diýen işini Parfiýanyň medeniýetine bagyşlapdyrlar. Ol işde Ärsak şanyň Parfiýada ilkinji şa hökmünde alyp baran işleri barada giňişleýin taryhy maglumatlar getirilýär. Parfiýada Ärsak şanyň dolandyryşynyň ilkinji ýyllarynda grek hem-de parfiýa dili dowam edipdir. Ýüz ýyllap parfiýalylaryň süňňüne ornan grek dilini az wagtyň içinde ýok edip bolmaýandygyna gowy düşünen Ärsak ur-tut grek dilini gadagan etmändir. Şonuň üçinem, Nusaýdan tapylan tapyndylaryň irki Parfiýa, ýagny, Ärsak şa döwrüne degişlilerinde köplenç iki dilde – grek hem-de parfiýa dilinde ýazgylary bolupdyr. Ärsak şa Parfiýanyň medeniýetiniň ösmegine uly ýardam eden döwlet ýolbaşçysydyr. Ol Parfiýa dilini ösdüripdir. Nusaýdan tapylan pil süňkünden ýasalan ritonlaryň köpüsinde parfiýalylaryň medeniýeti şekillendirilipdir. Ärsak şa grek teatryny Parfiýadan az wagtyň içinde aýryp taşlamandyr. Ärsak şanyň Parfiýa şekillendiriş sungatynda, edebiýatynda Parfiýa atlaryny wasp edýän eserleriň hemişe ilkinji nobatda,

durmalydygy barada görkezmeler berendigini Rim taryhçylary ýatlap geçýärler. Şonuň üçinem Parfiýa edebiýatynda grek Hudaýlarynyň keşbini görkezýän eserler kem-kemden öz täsirini ýitirip başlapdyr. Ärsak şadan soňky parfiýa şalary hem Ärsak şanyň medeniýet baradaky bu asylly ýörelgesini özlerine ýörelge edinipdirler. Soňky Parfiýa şalary döwründe eýýäm Parfiýanyň durmuşyny görkezýän sözüň doly manysyndaky Parfiýa medeniýeti kemala gelipdir. Ärsak şanyň başyny başlan Parfiýa medeniýeti dünýä medeniýetleriniň içinde naýbaşy medeniýete öwrülipdir. Ol adamzat gymmatlyklarynyň hazynasyna uly goşant goşan medeniýet hökmünde taryha girdi. Ärsak şadan gaýdýan Parfiýa medeniýeti barada dünýä taryhçylary eýýäm ajaýyp eserleriň ençemesini döretdiler.

Ferdöwsiniň meşhur "Şanama" eserinde Ärsak şa we onuň nesillerinden bolan şalygy dowam etdiren şalar dürli atlar bilen beýan edilýär. Awestanyň "Täze wesýetler" diýen bölüminde Ärsak şanyň ady getirilýär.

Ärsak şa özüniň beýik serkerdeligi, danalygy, akyl-parasady bilen taryha giren şa bolupdyr. Onuň ady rowaýatlarda, ertekilerde baş gahrymana öwrülip gidipdir.

Beýik Serdarymyzyň mukaddes Ruhnamasynda hem Ärsak şanyň ady iki ýerde getirilýär.

Mukaddes Ruhnamadan Ärsak şa türkmen bilen baglanyşykly aýdylan ajaýyp sözleriň birine ýüzlenip göreliň: "Türkmen taryhynda pygamber kibi yz goýan, ylahy adyny göteren şahslar Ärsak şadan başga-da gaty köp...".

Halkymyzyň baý hem-de şöhratly taryhyny öwrenmekde Beýik Serdarymyzyň mukaddes Ruhnamasy bize uly bir taryhy çeşme bolup hyzmat edýär. Geljekde mukaddes Ruhnamamyzyň dürdänelerinden ruhlanyp, Ärsak şa türkmen ýaly taryhda uly yz goýan şahsyýetlerimiz hakynda ajaýyp eserleriň dörediljekdigini ikuçsyzdyr.

**Agajan Ataýew,**
**"Edebiýat we sungat" gazeti, 11. 07. 2003 ý.**

## ISTEMI HAN TÜRKMEN

***Beýik Saparmyrat TÜRKMENBAŞYNYŇ mukaddes Ruhnamasyndan:***
***-Türkmeni galp taryh ýazyp kiçeldip bolmaz, sebäbi onuň örän uly taryhy bar. Milli buýsanç, Milli galkynyş öz halkyň taryhyny öwrenmekden we bilmekden başlanýandyr.***

Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň mukaddes Ruhnamasynda Oguz han atamyzyň nesilleri tarapyndan esaslandyrylan kuwwatly türkmen döwletleriniň biri bolan Göktürkmenleriň döwletiniň taryhyna uly ähmiýet berlipdir. Çünki, bu döwlet 552-nji ýylda Bumyn han tarapyndan esaslandyrylyp, soňra Bilge hanyň /716-734 ý.ý. /

döwründe uly ösüşlere eýe bolupdyr. Göktürkmenleriň döwletini esaslandyrmak, ony dünýäniň kuwwatly döwletleriniň hataryna goşmak üçin Oguz atamyzyň döwlet gurmak, ile hanlyk etmek däplerine eýeren ençeme han-begler we serkerdeler bimöçber uly işleri edipdirler. Gojaman geşde halkymyz dünýä tanadan, türkmeniň deňli-derejeli döwletiniň bolmagy üçin güýç-gaýratyny gaýgyrmadyk gerçekleriň biri-de türkmen we dünýä taryhynda öçmejek yz galdyran meşhur serkerde Istemi handyr.

Dürli ýurtlaryň taryhy eserleriniň şaýatlyk etmegine görä, Istemi han diňe bir şöhratly serkerde bolman, ol özüni meşhur döwlet işgäri we ajaýyp diplomat hökmünde hem tanadypdyr. Ol IV asyrda bütin dünýäde özüni tanadan, soňra ady rowaýata öwrülen Sasany patyşasy Anuşirwan Adyl /resmi ady Hosrow Anuşirwan, 531-579 ý.ý./, Wizantiýanyň imperatory Ýustinian /527-565 ý.ý./ bilen bilelikde giňden tanalypdyr. "Ýagşy ýigidiň ady köp bolar" diýlişi ýaly, Istemi hany hytaýlylar Şidýanmi, Şedimi, Sedimi, grekler / rumlular/ Dizawul, Silzawul, Stembi hagan, araplar Sinjibu, parslar bolsa, "Hakan-i-çin" / "Hytaýyň hany" / diýip atlandyrypdyrlar. Bu mysallar merdana türkmen gerçeginiň dabarasynyň dag aşandygyna, onuň dünýä taryhynda öçmejek yz galdyrandygyna şaýatlyk edýär. Hakykatdan hem Istemi Göktürkmenleriň döwletiniň hany bolmasa-da, /ol döwletiň Günbatar ýurtlary we ülkeleri bilen alyp baran halkara gatnaşyklaryny kesgitlän we ony özbaşdak alyp baran şahsyýet bolupdyr. VI asyryň 60-70-nji ýyllarynda bolsa, Sasanylaryň we Wizantiýanyň bäsdeşlik etmeklerine garamazdan dünýä syýasatyny hem özbaşdak kesgitläpdir we Anuşirwan Adylynam, Ýustinianyňam onuň mirasdüşerleri Ýustiniňem /565-575 ý.ý./ şol syýasata boýun bolmaklaryny gazanmaga çalşypdyr.

Istemi Han göktürkmenleriň döwletiniň syýasy taýdan jebis bolmagy ugrunda aladalanypdyr. Agasy Bumyn han ölenden soň, oguzlaryň köne däbi boýunça, hökümdar bolmaga hukugy bolsa-da / häkimiýet türkmenlerde nesil şalygynyň iň ýaşulusyna miras galyp bilipdir/, ilhan bolmaga razylyk bermändir. Ägirt uly halkara abraýy bolsa-da, agasy Bumynyň ogullary Gara hanyň /552-553 ý.ý./ we Mugan hanyň /553-586 ý.ý./ häkimiýetlerini ykrar edipdir, olary ähli meselelerde goldapdyr, emma ömrüniň ahyryna çenli merkezi häkimiýete tabynlygyny saklapdyr. Şonuň üçin hem döwletiň VII asyrda Gündogar we Günbatar Göktürkmen döwletlerine bölňky nesilleriň hökümdarlygy döwründe bolup geçipdir.

Istemi han bilen gatnaşyklar açmak we onuň bilen ýaran bolmak Anuşeriwan Adylyňam, Wizantiýanyň imperatorlarynyňam ýetip bilmeýän arzuwlarydy. Istemi hanyň gyzynyň Anuşirwan Adyla aýal edilip bermegi, göktürkmenleriň Sasany döwletinden pesde duranlygyny däl-de, tersine, ondan rüstem gelendigini aňladýardy. Sebäbi şol döwrüň döwletara gatnaşyklarynda gyz bermeklik däbi, gyz berýän tarapyň güýçlüdigini, şeýle döwlet bilen gatnaşyk etmäge gyz dileýän tarapda islegiň uludygyny görkezipdir. Döwletiň kuwwatyny harby güýç kesgitler garşydaşlaryny öz patyşa gyzlaryna öýlenmäge mejbur edipdirler. Sebäbi garşydaş tarapyň gyzyndan doglan ogullar tagtyň mirasdary diýlip yglan edilýärdi. Bu bolsa, ýurduň patyşasyna daşyndan täsir etmäge we bu döwletiň içki işine keseden gatyşmaga mümkinçilik berýärdi.

Taryhy çeşmeleriň şaýatlyk etmegine görä, Göktürkmen döwletiniň hökümdary Muga han Istemi hana Günbatarda täze ýerleri eýelemegi we döwletiň ýerlerini giňeltmegi buýrupdyr. Şonuň üçin hem ol Günbatara ediljek täze ýörişlere taýýarlyk görüp ugrapdyr. “Tan nesil şalygynyň taryhy” eseriniň şaýatlyk etmegine görä, munuň üçin 100 müňlük saýlantgy goşun ýygnapdyr.

Günbatara ýörişler 554-nji ýylda Istemi hanyň baştutanlygyndaky göktürkmen goşunlary okgunly herket etmek bilen, 555-nji ýylda Hazar we Aral deňizleriniň kenaryna çykmagy başarypdyr. Gündogaryň meşhur şahyry Abul Kasym Ferdöwsi /934-1025 ý.ý./ özüniň “Şanama” eserinde Çyn-Maçyndan Jeýhunyň we Gülzariunyň /Syrderýa/ kenarlaryna, ondanam Çaça /Daşkende/ çenli ýerleriň Istemi hanyn mülküne öwrülendigini belläpdir. Sogdiana we Buhara ol döwürler göktürkmenleriň esasy garşydaşlarynyň biri bolan eftalylaryň elindedi.

Istemi hanyň goşunlary günbatara süýşdügiçe, garşylyklar güýçlenipdir. Aral deňziniň demirgazyk kenarlarynda Istemi han sarmatlaryň, alanlaryň, ugorlaryň we awarlaryň garşylyklaryna sezewar bolupdyr. Ýöne 558-nji ýylda göktürkmenler bu halklary hem boýun egdirip, boýun egmedik awarlary bolsa kowalap, Itiliň /Wolga/ boýlaryna çykypdyrlar. Awarlara göktürkmenleriň zarbasyndan sypmak başardypdyr we olar Gündogar Ýewropa-Rumystanyň araçäklerine gaçyp gidipdirler. Istemi han awarlary boýun egdirmek maksadyndan el çekmändir. Ýöne Merkezi Aziýada eftalylar bilen gatnaşyklaryň ýitileşmegi, Istemi hany Ýewropa tarap ýöriş etemk hyýalyndan ýüz öwürmäge mejbur edipdir. Şol sebäpden-de VI asyrda ýaşan grek taryhçysy Menandryň ýazmagyna görä, Istemi han: “Awarlar göktürkmenleriň gylyjynyň zarbasyndan sypar ýaly, gökde gaýyp, uçup ýören guş däl. Olar suwa çümüp, deňziň düýbünde gizlener ýaly, balygam däl. Olar ýer üstünde enteşip ýörler. Eftalylary boýun egdirenimden soň awarlaryň üstüne çozaryn. Olara meniň güýjümden sypmak ýokdur” diýipdir.

Dört ýyllap dowam eden /554-558 ý.ý./ söweşiň netijesinde, Göktürkmenleriň döwletiniň serhetleri Koreýadan Hazar deňzine we boýlaryna çenli uzalyp gidipdir.

Bütin Aziýa sähralaryny öz içine alýan ägirt uly oguz imperiýasynyň döremegi Hytaýyň, Rumustanyň /Wizantiýa/ we Sasanylar döwletiniň daşary syýasatyna güýçli täsir edipdir.

Göktürkmenleriň döwletiniň serhetleriniň Sasany ýerlerine golaýlaşmagy, Anuşirwan Adylyň ünsüni özüne çekipdir we Istemi han bilen ýakynlaşmagyň ýollaryny agtarypdyr. 554-nji ýylda Anuşirwan Adyl Istwmi hanyňka ilçi iberipdir. Sasany ilçisi Istemi han bilen ýaranlyk hakynda şertnama baglaşypdyr. Ýaranlyk şertnamasy baglaşylandan soň, Istemi hanyň Asylzada gyzy Anuşirwan Adyl aýal edilip berlipdir. 555-nji ýylda Anuşirwan Adylyň Istemi hanyň gyzyndan ogly bolupdyr. Ol Hormizd IV ady bilen şa tagtynyň mirasdüşeri diýlip yglan edilipdir.

Eftalylar diňe bir göktürkmenleriň däl, sasanylaryňam duşmanydy. Eftalylaryň çozuşlaryna döz gelip bilmän, sasanylar köp ýyllardan bäri olara salgyt töleýärdiler. Istemi han bilen ýaranlyk şertnamasynyň baglaşylmagy we garyndaşlyk gatnaşyklarynyň açylmagy Anuşirwan Adylyň ýagdaýyny ýeňileşdiripdir. Eftalylar

göktürkmenleriň duşmany žužanlaryň ýaranydy. Haçan-da, Bumyn han žužanlary derbi-dagyn edende, Merkezi Aziýada agalyk edýän eftalylar Hytaýyň Günbatar Weý döwletine göktürkmenlere garşy ýaranlygy teklip edipdirler. Ýöne Günbatar Weý döwleti Bumyn hanyň ýaranydy, üstesine-de Günbatar Weý patyşasy Ýuýwyň Taýyň gyzy Bumyn hanyň hatynydy. Şonuň üçin hem ol eftalylaryň ýaranlyk hakyndaky tekliplerini ret edipdir. Netijede, dürli taraplardan daşy gabalan eftalylar çykgynsyz güne düşüpdirler. Bularyň üstesine-de, eftalylar özara oňuşmandyrlaram. Eftaly patyşasy Gatfaryň weziri Kutulf hökümdara öz ýagdaýlarynyň gowy däldigini aýdypdyr we goňşy döwletler bilen uruş etmezlige çagyrypdyr. Emma Gatfar Kutulfy masgaralap, onuň mertebesini peseldipdir. Tejribeli we hilegär Kutulf Eýrana gaçypdyr we ölýänçä Anuşirwan Adyla sadyklyk bilen gulluk edipdir.

560-njy ýylda eftalylar bilen göktürkmenleriň arasynda uruş hereketleri başlapdyr. Urşa Gatfaryň özi sebäp bolupdyr. Ol Istemi han bilen Anuşirwan Adylyň ýakynlaşmagyndan heder edipdir we iki döwletiň özara gatnaşyklaryna päsgel bermäge jan edipdir. Sogdiýananyň üsti bilen sasanylaryň paýtagty Ktesifona /häzirki Bagdat şäheriniň töwerekleri/ barýan göktürkmen ilçileri Gatfaryň görkezmesi bilen öldürilipdir. Ilçilerden diňe bir adama gaçyp sypmak başardypdyr we ol Istemi Hana bolan pajygaly waka barada habar beripdir. Emele gelen ýagdaýda uruş hereketleri gutulgysyzdy. Istemi han özüniň ähli güýçlerini bir ýere jemläpdir we eftalylara garşy urşa häzirlenipdir. Göktürkmenleriň goşunlaryna eftalylaryň öňki ýaranlary hotanlylar hem goşulypdyr.

Anuşirwan Adyl Istemiden öňürdipdir we 562-nji ýylda eftalylara agyr zarba urupdyr. Ýöne munuň bilen uruş gutarmandyr. Sebäbi agyr ýeňlişe sezewar bolsa-da, Gatfara esasy güýçlerini saklap galmaklyk başardypdyr.

Gowy taýýarlyk işlerini geçireninden soň, Istemi han goşularyny eftalylaryň esasy güýçleriniň jemlenen ýeri bolan Sogdiýananyň üstüne sürüpdir we ýüzüniň ugruna Çaça / Daşkendi/ eýeläpdir. Istemi hanyň goşunlary Çyrçyk derýasyndan geçip, Samarkandyň golaýyndaky Maýmurd galasynda jemlenipdir. Eftalylaryň goşunlary bolsa, Buharanyň etegindedi. Ýöne Gatfar göktürkmenleriň atly goşunynyň öňünde durup bilmejekdigine göz ýetirip, Nesefe / Garşy / tarap yza çekilipdir. Şeýlelikde, Nesefiň eteginde Istemi han bilen Gatfaryň goşunlarynyň arasynda gandöküşikli söweş başlaýar.

Ferdöwsiniň ýazmagyna görä, göktürkmenleriň hüjümleri döwründe eftalylardan ejir çeken sogdiýanalylar köp gözýaş döküpdirler. Ýöne eftalylar üçin söweş etmek islemändirler. Nesefiň etegindäki söweş sekiz günläp dowam edipdir we ol eftalylaryň doly derbi-dagyn edilmegi bilen tamamlanypdyr we eftalylaryň aman galanlary Gatfary tagtdan agdarypdyrlar. Çaganiýanyň häkimi Fagonişi patyşa saýlapdyrlar we ony Anuşirwan Adyla ýapja bolmaga mejbur edipdiler. Şeýlelikde, Merkezi Aziýada ýarag güýji we zalymlyk bilen agalygy ýola goýlan eftalylar derbi-dagyn edilipdir.

VI asyr Merkezi Aziýa üçin ykdysady we medeni taýdan ösüşleriň döwri bolupdyr. Şäherler ulalyp, ekerançylyk, senetçilik we söwda ösüpdir. Sogdiýananyň ilaty bu döwürler ussat we başarjaň söwdagärler-araçylar bolupdyrlar. Olar Hytaý bilen

Orta ýer deňziniň aralygynda gyzgalaňly söwda işlerini ýola goýupdyrlar. Munuň üçin gadymy söwda ýollaryny peýdalanypdyrlar. Emma söwda işlerine ilki žužanlaryň, soňam eftalylaryň talaňçylykly agalygy uly päsgelçilik döredipdir. Bumyn hanyň žužanlary, Istemi hanyň hem eftalylary derbi-dagyn etmekleri Sogdiýananyň işewür halkyna söwda işlerinde ýene-de giň mümkinçilikleri açypdyr. Sebäbi göktürkmenler Hytaý bilen Rumystanyň / Wizantiýanyň / aralygyndaky ähli ýerleri birleşdirip, söwda işleri üçin ajaýyp mümkinçilikleri döredipdirler.

Merkezi Aziýadaky ýeňişlerden soň, bütin Merkezi Aziýa göktürkmenleriň döwletiniň aýrylmaz bir bölegine, sogdiýanalylar bolsa Istemi hanyň wepaly we işewür raýatlaryna öwrülipdirler. Şeýle raýatlaryň bolmaklygy hanyň özi üçin hem, Göktürkmen döwleti üçin hem bähbitlidi.

Demirgazyk Hytaýdaky patyşalyklary, şeýle hem Merkezi Aziýany eýelemek bilen göktürkmenler diňe bir harby-syýasy taýdan däl, eýsem ykdysady babatda-da kuwwatly imperiýa öwrülipdir. Sebäbi Gündogary Günbatar bilen birleşdirýän “Beýik ýüpek ýoly” gaýtadan pajarlap ösüp ugrapdyr. Üstesine-de, bu ýol Göktürkmen döwletiniň üstünden geçýärdi.

“Beýik ýüpek ýolunda” örän gyzgalaňly söwda alnyp barylýardy. Hytaýlylar Eýrandan öz patyşa aýallary üçin iňňän gyt gymmat haryt hasaplanylýan sürmedir wesme alypdyrlar. Türkmen halylary hem örän gymmat, şonuň bilen bir hatarda uly isleg bildirilýän haryt hasaplanylýardy. Gymmat bahaly daşlara bolan islegler hem Hytaýda ýokary bolupdyr. Ýöne söwda ýolunyň esasy harydy Hytaýdan gelýän ýüpek we ýüpek matasydy.

Alyslardan gelýän bu haryda Wizantiýada-da isleg örän ýokary bolupdyr. Köşgüň we begzadalaryň isleglerinden başga-da ýurduň imperatorlary ýüpegi walýute-altyn pul hökmünde-de giňişleýin ulanypdyrlar. Wizantiýanyň hökümdarlary Günbatar Ýewropanyň ýarym wagşy halklarynda düzülen hakyna tutma goşunlarynyň esgerlerine pul deregine, köplenç ýüpek beripdirler. Emma Wizantiýa gelýän “Beýik ýüpek ýoly” Eýranyň üstünden geçýärdi. Bu döwleti özüniň esasy bäsdeşi we garşydaşy hasaplaýan sasanylar Wizantiýany hem harby taýdan, hemem ykdysady taýdan güýçden gaçyrmak isleýärdiler. Dogry, Wizantiýa hytaý ýüpegini başga bir ýol bilen – Hazar we Gara deňizleriniň demirgazyk kenarlarynyň üsti bilenem äkidip boljakdy. Ýöne ol ýerlerde parahatçylyk we asudalyk ýokdy. Söwda kerwenleri häli-şindi ol ýerleriň doly döwlet gurluşyny görmedik, ýarym çarwa ilaty tarapyndan talaňçylyga sezewar edilýärdi.

Eýran tarapy Hytaýdan gelýän bu harydyň bahasyny çökder galdyrypdyr we Wizantiýadan mümkin boldugyça köp altyn pul alyp, ony harby-ykdysady taýdan gowşatmaga, ýüpek Eýranyň üsti bilen näçe gymmat bahadan alynsa-da, ol Wizantiýa üçin barybir, bähbitlidi. Çünki, Günbatar Ýewropanyň ýarym wagşy döwletjikleriniň hökümdarlary hytaý ýüpegini höwes bilen satyn alypdyrlar, onuň üçin serişde gaýgyrmandyrlar. Şonuň üçin hem sasanylar Wizantiýa ýüpegi ýokary nyrhdan satmak bilen bir hatarda, satylýan ýüpegiň mukdarynam çürt-kesik azaldýardylar. Elbetde, Wizantiýa beýle ýagdaý bilen ylalaşmak islemeýärdi we ol ýüpek söwdasy üçin has amatly ýollary gözleýärdi.

Merkezi Aziýadan Eýrana, onuň üstaşyry Wizantiýa äkidilip satylýan ýüpekden başga-da Istemi hanyň özünde we göktürkmen begzadalarynda bu harydyň ummasyz köp mukdary jemlenipdir. Sebäbi Hytaý tarapy her ýylda göktürkmenlere müňlerçe top ýüpek matasyny we ýüpegiň özüni salgyt hökmünde töleýärdi. Şonuň üçin hem göktürkmenler munça artyk ýüpegi näme etjeklerini bilmändirler. Sogdiýanalylar Istemi handan bu baýlyklary satyp bermäge özlerine rugsat bermegini sorapdyrlar. Hemişe at üstünde gezip ýören, söwda endikleri ýeterlik bolmadyk halkyň hökümdary Istemi han muňa göwünjenlik bilen rugsat beripdir. Gysga wagtyň içinde ezber söwdagärler bolan sogdiýanalylar Eýrany ýüpekden dolduryp, täze bazarlary agtarypdyrlar. Olar indi ýüpegi Eýranyň üsti bilen Wizantiýa satmagyň arzuwyndadylar. Sogdiýanalylar maksatlaryny öz hanlary Istemä ýaňzydypdyrlar we bu işiň döwlet üçinem, raýatlar üçinem bähbitli boljakdygyny aýdypdyrlar.

Istemi han sogdiýanaly Maniýahy Eýrana – Anuşirwan Adylyňka ilçi edip ugradypdyr. Maniýah sasany patyşasyna Eýranyň üsti bilen ýüpegi Wizantiýa satmak isleýändiklerini, şeýle hem bu özara bähbitli işe Anuşirwan Adylyň, özüniňem goşulmagyny teklip edipdir.Elbetde, sasany hökümdarlygy muňa razylyk bermändir. Sebäbi ýüpegiň Wizantiýa barmagy onuň harby-ykdysady, onuň esasynda bolsa döwletiň syýasy kuwwatynyň ýokarlanjakdygy ikuçsuzdy.

Anuşirwan Istemi hanyň ilçisi bilen bolan duşuşukda ýüpegiň diňe bir Wizantiýa däl, eýsem öz ýurdunyň içinde-de satylmagyna garşydygyny ýaňzydypdyr. Çunki, göktürkmenlerden ýüpegiň satyn alynmagy Anuşirwan Adyl işjeň daşary syýasat ýöretmek üçin zerur bolan altyn pullaryň keseki döwlete gitmegine getirjekdi. Üstesine-de, ýurduň ilatynyň satyn alyjylyk mümkinçiliklerem pesdi. Anuşirwan Adyl Istemi hanyň ilçisiniň ýüpek söwdasyny ýola goýmak hakyndaky tekliplerine garşy bolmaga-da çekinipdir. Çünki, onuň bu hereketi iki döwletiň özara gatnaşyklaryna zeper ýetmegi mümkindi. Emele gelen ýagdaýdan Anuşirwan Adyl özboluşly çykalga tapypdyr. Onuň täze maslahatçysy, hilegär Kutulfyň teklibi bilen Manýahyň öz ýany bilen getiren ýüpeginiň bahasy tölenilip, sasanylar tarapyndan satyn alnypdyr. Ýöne şol ýüpek ilçileriň gözüniň alnynda, bir ýere uýşürilip otlanylypdyr. Şanyň we köşk adamlarynyň bu hereketi sasanylaryň göktürkmenler bilen ýüpek söwdasyny etmek islemeýändigini, şeýle hem ýüpegi Eýrandan üstaşyr geçirmäge-de ýol bermejekdigini aňladypdyr.

Sasanylaryň bu hereketinden nägile bolan Maniýah we onuň ilçiler topary baryp, Istemi hana arz edipdirler. Emele gelen ýagdaýy düzgünleşdirmek maksady bilen Istemi han Ktesifona göktürkmen beglerinden düzülen täze ilçileri iberipdir. Ýöne olara-da bu meseläni çözmek başartmandyr. Üstesine-de, ilçiler öz ýurtlaryna gaýdyp gelmändirler. Menandyryň ýazmagyna görä, Istemi hanyň ilçileri şanyň weziri Kutulfyň maslahaty bilen zäherlenip öldürilipdir.

Sasanylar tarapynyň bu hereketi iki dostlukly döwletiň arasyny bozupdyr. Istemi han urşa taýýarlanyp ugrapdyr we şunuň bilen bir wagtda-da 568-nji ýylda Wizantiýanyň paýtagty Konstantinopola / häzirki Stambul / ýene-de Maniýahy ilçiler toparynda birnäçe göktürkmen begleri hem bar eken. Menandryň belleýşi ýaly, ilçileriň elinde Istemi hanyň adyndan Wizantiýanyň imperatory Ýüstin II üçin iberilen “skif /

oguz/ dilinde” we “skif / oguz / hatynda” ýazylan ynanç haty hem bar eken. Şeýle hem ilçiler köp sanly sowgat-serpaýlary hem getiripdirler.

Sasanylaryň döredip biläýjek päsgelçiliklerini göz öňüne tutup, ilçiler Hazar we Gara deňizleriniň demirgazyk kenarlary bilen Konstantinopola gelipdirler. Istemi hanyň ilçileri Ýustiň II tarapyndan uly dabara bilen garşylanylypdyr. Ilçileriň getiren hatyny Ýustin terjimeçileriň kömegi bilen okapdyr we göktürkmenleriň döwleti, onuň hökümdary Istemi hanyň şahsyýeti bilen içgin gyzyklanypdyr. Imperator ilçilerden eftalylaryň we awarlaryň nähili boýun egdirendiklerini uly gyzyklanma bilen sorapdyr. Sebäbi eftalylar bilen awarlar Eýrany kyn güne salyşlary ýaly, on ýyllyklaryň dowamynda Wizantiýada gün ýamanyny görkezýär ekenler. Ilçiler Ýustine eftalylaryňam, awarlaryňam doly derbi-dagyn edilendiklerini we mundan beýläk olar döwletera gatnaşyklaryna päsgel berip bilmezler diýip ynandyrypdyrlar. Köşkde geçirilen duşuşyklaryň netijesinde Ýustin Istemi hanyň harby-ykdysady we syýasy kuwwatyna doly göz ýetiripdir. Netijede 568-nji ýylda Göktürkmen döwletiniň we Wizantiýanyň arasynda hoşniýetli goňşyçylyk we harby ýaranlyk hakynda ikitaraplaýyn şertnama baglaşylypdyr.

Istemi hanyň ilçiler Konstantinopolda bolanlarynda, şäheriň köçelerine, onuň gözel ýerlerine aýlanyp görüpdirler we bu täsin şäheriň ajaýyp ymaratlaryna geň galyjylyk bilen tomaşa edipdirler.Sebäbi Konstentinopola türkmenleriň ata-babalarynyň ilkinji gezek gelip görüşleridi. Bu wakadan soň türkmenler dünýäde iň uly we iň gözel şäher bolan Konstantinopola köp gezek gelip görerler. Wagt geler, Konstantinopol-Stambul-türkmen şäherine öwrüler…

Ýustin II göktürkmenler bilen ýaranlygyň alamaty hökmünde 568-nji ýylyň Alp Arslan aýynda yzyna dolanan Maniýahyň ýanyna öz ilçisiniň, Wizantiýanyň gündogar şäheriniň serkerdesi Zemarh Kilikýalyny goşup, göktürkmenleriňkä ugradypdyr.

Istemi han hem rumly ilçini öz paýtagty Akdagda gowy garşylapdyr we Wizantiýa bilen ýaranlygyň alamaty hökmünde Zemarha sasanylar garşy uruşda öz ýanynda bolmagyny teklip edipdir. Menandr Istemi hanyň milletinden bolan bir gyrnagy Zemarha sowgat berendigini belleýär. Zemarh we onuň egindeşleri göktürkmenleriň ýurduna gelenlerinde, bu döwletiň hakykatdan hem kuwwatlydygyna, onuň hökümdary Istemi hanyň beýik bir şahsyýetdigine doly göz ýetiripdirler. Istemi hanyň adamlary Zemarh demirden edilen her hili önümleri görkezipdirler we şol ýer-de Rum tarapy isleg bildirse, Wizantiýanyň bazarlaryna çykarmaga mümkinçilikleriniň bardygyny aýdypdyrlar. Zemarh göktürkmenleriň ýöne bir sähralarda gezip ýören çarwa halk bolman, ähli zatdan baş çykarýan, şäherli-galaly ösen bir halkdygyna göz ýetiripdir. Grekleriň bu zatlara azda-kände ynamsyzlyk edýändiklerini duýan göktürkmenler olara magdan alynýan känlerinem görkezipdirler. Zemarhyň we onuň ýanyndaky ilçi grekleriň geň galýandyklaryny gören begler şindi Bumyn hana çenli göktürkmenleriň žužanlara demir salgydyny töländiklerini degişmä salyp aýdypdyrlar.

Birnäçe hepdä çeken myhmançylykdan soň, Istemi han zemarhy ýanyna alyp, sasanylara garşy ýörişe başlapdyr. Anuşirwan Adylyň göktürkmenler bilen urşasy gelmändir. Ol Istemi hanyň güýç-kuwwatyndan we halkara abraýndan çekinipdir.

Üstesine-de, ol göktürkmen-rum gatnaşyklary, Zemarhyň Akdaga gelendigi barada-da habarlydy. Şonuň üçin hem ol göktürkmenlerinkä gyssagly ilçiler toparyny ugradypdyr. Talas jülgesinde sasany ilçileri Istemi hanyň goşunlarynyň öňünden çykypdyrlar. Rumly we sasany ilçileriniň hormatyna guralan meýlis mahaly Istemi han Zemarhy we onuň ýanyndaky ilçileri sasanylardan has hormatly ýerde oturdypdyr. Üstesine-de, Istemi han grekleriň ýanynda sasany Ilçilerine igenipdir. Şeýlelikde, Anuşirwan Adylyň ilçileri uruş hakyndaky habar bilen yzlaryna dolanypdyrlar. Şundan soň Istemi han Zemarhy yzyna goýberipdir. Rumly ilçini isteminiň doly ygtyýarly ilçisi Tagma Tarhan, täzelikde aradan çykan Maniýahyň ogly we birnäçe göktürkmen begleri Konstantinopola çenli ugradypdyrlar.

Istemi hanyň hökümdarlygyndaky welaýatlaryň we halklaryň häkimleri Zemarhyň yzyna dolanandygyny we onuň bilen göktürkmen begleriniň Wizantiýanyň paýtagtyna ugrandyklaryny eşidip, olaram öz adamlaryny Rumystana ibermek isläpdirler. Emma Istemi han öz raýatlaryndan diňe wepaly sogdiýanalylara we köneürgençlilere /horezmliler/ Wizantiýa gitmäge we onuň bilen söwda etmäge rugsat beripdir. Bu mysal, Istemi hanyň hemişe Göktürkmen döwletiniň harby-ykdysady we syýasy bähbitlerinden ugur alandygyna şaýatlyk edýär.

Ýustin II ilçisi gideninden soň, sasanylar bilen göktürkmenleriň arasynda uruş hereketleri başlaýar. Urşa ýüpek söwdasyndan başga-da, salgyt meselesem sebäp bolupdyr. Öňler eftalylaryň agalygy döwründe sasanylar olara salgyt töleýärdiler. Indi Istemi han şol eftalylara tölenen salgydyň göktürkmenlere berilmegini sasany hökümdaryndan talap edipdir. Anuşirwan Adyl salgyt tölemekden boýun gaçyrypdyr. Etrek derýasyndan geçip, Gürgene giripdir. Uruş hereketleri ýaýbaňlanypdyr. Ýöne akyl-paýhas uruşdan üstün çykypdyr we 569-njy ýylda uruş hereketleri togtadylypdyr. 571-nji ýylda göktürkmenler bilen sasanylaryň arasynda parahatçylykly şertnama baglaşylypdyr.

Wizantiýa bilen dostlukly gatnaşyklaryň dowam edýän döwründe Istemi han Günbatarda täze-täze ýerleri eýelemekligi dowam etdiripdir. 567-571-nji ýyllarda göktürkmen goşunlary Uraly, ltil /Wolga/ boýlaryny, bütin Demirgazyk Kawkazy we Gara deňziniň demirgazyk kenarlaryndaky ähli ýerleri öz hökümdarlygyna geçiripdir we Wizantiýa bilen araçäge – Bosfora çykypdyr. Bu bolsa Istemi hana Wizantiýa bilen gatnaşyklaryň islendik görnüşini, şol sanda ýüpek söwdasyny hem päsgelçiliksiz amala aşyrmaga mümkünçilik beripdir. Göktürkmenlere boýun egmän, gaçyp ýören awarlar bolsa, has Günbatara gitmäge mejbur bolupdyrlar. Şu ýyllarda Wizantiýa hem göktürkmenleriň döwlet bilen arada dowam edýän dostlukly gatnaşyklara uly sarpa goýupdyr we dürli ýyllarda Anangastyň, Ýewtihiniň, Walentiniň, Irodionyň, Pawel Kilikiýalynyň we ikinji gezek Walentiniň ýolbaşçylygynda yzly-yzyna Istemi hanyňka ilçiler iberip durupdyr.

Istemi hanyň döwründe göktürkmen halkynyň durmuş şertleri gowulanypdyr. Il-gün bolelin durmuşda ýaşapdyr. Göktürkmen halkynyň we beg-töteleriniň gowy durmuşda ýaşandyklaryny grek taryhçylary häli-şindi nygtapdyrlar. Grek ilçileriniň sözlerine esaslanyp, Menandr Istemi hanyň köşk durmuşyny şeýle beýan edipdir: “…

olar /grek ilçileri/ naharlandylar we uzakly güni şol çadyrda meýlis bilen geçirdiler. Çadyr dürli reňkli ýüpek matadan edilipdir. Ertesi gün olary ýüpek matadan edilen başga bir gözel çadyra geçirdiler. Ol ýerde altyndan edilen dürli görnüşli tabakdyr gaplar bardy. Dizawul /Istemi/ altyndan ýasalan kürsüde otyrdy. Çadyryň ortarasynda altyndan edilen dürli görnüşdäki kündükler we gaplar, altyn çelekler durdy. Olar ýene-de meýlis guradylar we gepleşik geçirip, soňra dagadylar. Ertesi gün olar başga bir uly otaga geçdiler. Otagyň içindäki sütünleriň daşyna altyn çaýylandy. Şeýle hem otagyň içinde aýaklary tawus guşuň şekilindäki altyndan ýasalan kürsüler durdy. Bosagadan otagyň törüne çenli uzynlygyna altyn arabajyklar goýlup, olaryň üsti altyn-kümüşden ýasalan gaplardan, sebetlerden, dört aýakly dürli görnüşdäki jandarlaryň şekillerinden doludy. Özem olaryň çeperçiligi bizde bar bolan şeýle zatlardan ýokary bolmasa, pes däldi".

Onuň özüniň başarjaň serkerde we inçe syýasatçy bolşy ýaly, Istemi hanyň ogullary hem döwrüniň edenli we tanymal adamlary bolup ýetişipdirler. Şol döwrüň hytaý, sasany, grek taryhy çeşmeleri istemi hanyň iki oglunyň adyny getirýärler. Olaryň iň görnüklisi göktürkmenleriň döwletiniň Merkezi Aziýadaky ýerleriniň häkimi, "Tarduş han" derejeli Buga han /lakamy Gara Çor / bolupdyr. Istemi hanyň ikinji ogly Tamgan han / grek çeşmelerinde Tuksanf/ bolsa, ltil boýlarynyň, Uralyň we Demirgazyk Kawkazdaky ýerleriň hökümdary bolupdyr.

575-nji ýylda Wizantiýanyň imperatory Ýustin II, 576-njy ýylda bolsa, merdana hökümdar Istemi han aradan çykypdyrlar. Şundan soň iki goňşy döwletiň özara gatnaşyklaryna sowuklyk aralaşyp ugraýar. Ýustiniň ogly Tiweriý göktürkmenleriň zarbasyndan gaçyp ýören awarlar bilen şertnama baglaşýar. Tiweriniň bu hereketi atasynyň ornuna göktürkmenleriň döwletiniň Günbatar ganatynyň hökümdarlygyna gelen Tamgan hanyň uly nägileligini döredýär. Ol 576-njy ýylda göktürkmenleriňkä ikinji gezek ilçi bolup gelen Walentini sowuklyk bilen garşylapdyr. Şonda Tamgan han Walentiniň hökümdary Tiwerini ikiýüzlüklikde aýyplapdyr. Menandryň ýazmagyna görä, Tamgan han Walentine:

"Siz rumlylaryň on sany diliňiz bar, birem kezzaplygyňyz" diýipdir. Şeýlelikde, Istemi han bilen Ýustiniň bilelikdäki tagallalarynyň netijesinde kemala gelen hoşniýetli göktürkmen-rum gatnaşyklary bozulypdyr. Muny soňky ýyllarda başlan özara uruşlar tassyk edýär.

Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň mukaddes Ruhnamasynda aýdylyşy ýaly, 579-njy ýylda sasanylaryň şalar-şasy "Anuşirwan Adyl kapyr halynda wepat bolupdyr". Anuşirwan Adylyň ogly, Istemi hanyň bolsa agtygy /gyzynyň ogly/ Hormizd IV Eýranda şa tagtyna göterilipdir. Ferdöwsi Hormizdiň adalatly patyşalyk etmekde kakasy Anuşirwan Adyldanam ozdurandygyny belleýär. Emma Hormizdiň ykbaly pajygaly gutarypdyr. Halka uly eglişikleri edýänligi, başyna giden begzadalara dözümli daraýanlygy, şeýle hem keseki /göktürkmen/ gatanjynyň bolandygy üçin köşk adamlarynyň bir bölegi, aýratyn hem aýalynyň garyndaşlary ony ýigrenipdirler. Olar Hormizdiň ogly ýaşajyk Hosrowy şa tagtyna çykarmagyň we onuň arkasyndan ýurtdaky dolandyryşy öz ellerine almagyň ýollaryny gözleýärdiler.

Sasanylar döwründe orta pars /Pehlewi/ dilinde ýazylan “Hwadaýnamak” / “Hudaýnama” – “Patyşalar /hakynda/ kitap”/ eserinde Hormizdiň hakykatdan hem adyllykda kakasyndanam ozduranlygy görkezilýär. Hormizdiň adyl şa bolandygyny, garyp-gasarlara garaşyk, daýhanlara, senetçilere ýardam edendigini belli taryhçy at-tabari / 838-923 ý.ý./ hem özüniň meşhur “Pygamberleriň we patyşalaryň taryhy” / “Taryh ar-rusul wal-mulyk” / atly eserinde aýratyn nygtap belläpdir.

Hormizd IV din meselesinde-de adalatlylyk ýol-ýörelgelerine eýeripdir. Ol Sasanylar döwletiniň ilatynyň ep-esli bölegini tutýan hristianlara, ýahudylara we butparazlara-da garaşyk edipdir, olaryň Eýranyň resmi döwlet dini bolan zoroastrçylygyň wekilleri tarapyndan yzarlanylmagyna ýol bermändir. Şonuň üçin hem zoroastr ruhanylary Hormizde nägilelik bildiripdiler.

590-njy ýylda Hormizdiň aýalynyň iki erkek dogany Bindoý bilen Bistam Hormizdiň garşysyna dildüwşük gurnaýarlar. Sebäbi Sasany şalar- şasynyň garşysyna onuň baş serkerdesi Ermenistanyň we Azerbaýjanyň häkimi Bähram Çubin topalan turzupdyr. Bindoý bilen Bistamyň ýolbaşçylygyndaky dildüwşüjiler Bähram Çubiniň topalaňyndan peýdalanypdyrlar we şanyň otagyna kürsäp girip, Hormizdi tagtdan agdarypdyrlar. Biçäre Hormizdiň gözüni oýup, zyndana taşlapdyrlar we ol ýalňyzlykda ejir çekip ölüpdir.

Umuman alanyňda, Istemi han türkmen halkynyň öçmejek yz galdyran beýik şahsyýeti bolupdyr. Ol döwürler bolsa halkymyzyň ykbalynyň çözülýän pursatlarynyň biridir. Çünki, göktürkmenleriň batyrlygynyň we güýjüniň garşysyna goňşy döwletleriň hilegär daşary syýasaty we para-peşgeş hereket edýärdi. Şeýle hem goňşy döwletleriň gowy türgenleşdirlen we kämil ýaraglar bilen üpjün edilen hakyna tutma goşunlarynyň söweşjeňligi uruşlar wagtynda sähraly çapyksuwarlar bolan göktürkmen atlylarynyňkydan pes däldi. Ýöne muňa garamazdan, göktürkmenlerde we olaryň merdena han-beglerinde Hytaýyň, Sasanylar döwletiniň we Wizantiýanyň hilegär syýasatyndan, olaryň hakyna tutma goşunlaryndanam güýçli bir gymmatlyk-mukaddeslik bardy. Ol gymmatlyk-mukaddeslik bolsa Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň mukaddes Ruhnamasynda aýdylýan Beýik Taňry tarapyndan türkmene berlen Ruhubelentlik we gaýduwsyzlykdy. Göktürkmenleriň gahrymançylykly taryhyny öwrenen daşary ýurt alymlary şol döwürde biziň gadymy ata-babalarymyzyň şeýle güýçli döwleti gurup bilendiklerini haýran galmak bilen belläpdirler. Olar şeýle kämil gurnalan we güýçli syýasatlary bolan Hytaý, Sasany döwleti we Wizantiýa ýaly döwletler bilen syýasy we ykdysady gatnaşyklary alyp baran göktürkmenleriň döwletiniň 200 ýyldan soň ýykylandygy geň däl-de, bu döwletiň şunça ýyllap ýaşap bilendigi geňdir-diýip ýazypdyrlar. Şu ýerde Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň mukaddes Ruhnamasyndan bir pähimli jümle biygtyýar ýadyňa düşýär: “Gahrymançylygy durmuşyň mazmunyna öwren halk edermen bolar!”

Jumadurdy Annaorazow,<br>“Edebiýat we sungat “ gazeti. 13. 06. 2003 ý.

## NYZAMY GENJEWI:
## “NEKISA AŇK BOLDY OŇ OWAZYNA”

**Türkmen ruhunyň birinji eýýamynda ýaşap geçen meşhur kompozitor, sazanda Barbad Merwezi barasynynda kelam agyz**

***Dünýä saz sungatynyň taryhyna beýik şahsyýet hökmünde giren Barbad Merweziniň döredijiligini üns bilen öwrenip, biz öz saz sungatymyzyň geçmişde näderejede bolandygyna has-da çuňňur göz ýetirýäris. Şol sungatyň beýleki halklaryň saz sungatyna eden täsirini açýarys. Köp ýerlerde emele gelen saz mekdepleriniň döremeginde onuň täsiriniň uly bolandygyny ýüze çykarýarys.***

Hawa Barbad Merweziniň durmuşyna, sungatyna degişli maglumat çeşmeleri dünýä ylmynda ýok däl.

Emma, gynansak-da, türkmen saz sungatynda işläp, şu ugurdan çörek iýýänler bu barasynda düýpli bir zat aýdyp biler diýsem öte geçerin. Munuň ilkinji sebäbi hökmünde totolitar sowet düzgüni agzalsa, dogry bolar. Bu döwürde türkmene öz hakyky geçmiş taryhyny, ata-baba gadymy gymmatlyklaryny öwrenmäge, bilmäge kän bir ejaza berilmedi. Şol döwürde ussat Merwezi hakda metbugatymyzda bary-ýogy iki sanjak makala çap edildi.

Barbad Merwezi çaklamalaryň birine görä, VI asyryň başlarynda Nusaýda doglyp, soňra Merwe göçüp barypdyr. Şol ýerdäki saz mekdeplerini üstünlikli tamamlabam, Sasaniler döwletiniň şasy, Hysrow Il Pöwriziniň köşgünde baş sazanda, kompozitor diýilip ykrar edilipdir. Edebi çeşmelerde Barbad Merweziniň ady Fahlabad, Fahylbad, Pahlabat, Fahliz ýaly görnüşlerde hem gabat gelýär. Ady dürlüräk görnüşde ýazylsa-da, onuň yzyndan gelýän “Merwezi” sözi sazandanyň Diýaryny görkezýän nyşan bolup, saklanyp gelipdir.

Atlary dünýä edebiýatynda uly hormat bilen tutulýan meşhur Ferdöwsi, Rudaki, Nyzamy Genjewi, Nowaýy ýaly belli şahsyýetler özleriniň eserlerinde Barbad Merweziniň, onuň döreden eserleriniň, ýerine ýetirijilik ussatlygynyň waspyny ýetirip gidipdirler. Şol eserlerde ady agzalýan ýene-de bir sungat wekili bar. Özünem, ol mydama Barbadyň bäsdeşigi hökmünde görkezilýär. Ol gahryman Ferdöwside Sarkaş, Nyzamyda bolsa, Nekisa diýlip atlandyrylýar.

Geliň, Nyzamynyň “Hysrow we Şirin” eseriniň bu iki sany sazandanyň bäsleşigi barasyndaky setirlerine üns bereliň:

Özara söhbetler kiparlan bada,
Gezek ýetdi Nekisadyr Barbada,
Çang bilen berbediň owazyn goşup,
Ikisi saz çaldy şeýle üýtgeşik.

Seri serhoş etse gurallaň biri,
Beýlekiň owazy – derdiňe däri.

**BARBADYŇ AÝDYMY**

Barbad ud çalmasyn bes etdi welin,
Çangyna uzady Nekisaň eli.
“Hisary” owazy ýaňlandy batly,
Ol edil gyzlaryň lebi deý datly.

Nekisa sazyny çalyp bolanda,
Seta owaz etdi Barbad golunda.

**BARBADYŇ AÝDYMY**

“Rast” bilen ajaýyp “Uşşagy” goşup,
Barbad gazal aýtdy gaýnaýyp, joşup.

**NEKISANYŇ AÝDYMY**

Nekisa saz çaldy “Ýene jadyly”,
“Rahowinem” Goşdy düşüp ýadyna.
Gözleriňi süzüp diňledi şa-da,
Barbad öz gezegin aldy şol bada.

**BARBADYŇ AÝDYMY**

Ol seta guralnyň tarlaryn dartdy,
“Zarafkand” öňküleň üstüni örtdi.
Ajap gazal aýtdy goşup sazyna,
Nekisa aňk boldy oň owazyna.

Şeýle hoş labyzda saýranda Barbad,
Ýokdur asla oň deňinde durjak zat.

Nyzamynyň setirlerine içkin üns bersek, Barbadyň öz kärine ussat bolandygyna, her sapar bir saz guralyny çalsa-da, oňa ezberlik bilen erk edip, aýdym aýdyp, saz çalandygyna göz ýetirmek bolýar. Bulardan başga-da bu setirlerdäki “Yrak” perdesi, “Rahowin”, “Zarafkand” ýaly sözleriň häzirki döwür saz sungatynda ulanylýan “major”, “minor” sözleriniň gadym Gündogarda ulanylan görnüşleridigini aýdyp geçmegimiz gerek.

Ýokarky setirlerde Barbadyň döwründäki saz gurallarynyň atlaram bar. Barbatdan soňra ýaşap geçen birnäçe adamlar özleriniň ýazan işlerinde Barbada garşydaş bolup çykyş edýän Nekisa hakynda hem käbir zatlary aýdyp gidipdirler. Meselem, Abumansur Saalabynyň (961-1038 ý.) “Ýatimatat-dahr”atly işinde ýazmagyna görä Nekisa hem gadymy Merwde dünýä inip, Barbad bilen bir mekandan diýlip görkezilýär. Başga käbir işlerde Nekisa ermeni zenany bolmaly diýilýär.

Barbad Merweziniň ömrüniň soňky ýyllary barasyndaky maglumatlar-da dürli-dürli. Käbir Hysrow II Pöwrizi 628-nji ýylda tagtdan düşürilende, Barbady zäherläp öldüripdirler diýlen pikiri öňe sürse (A.Saalow), başga birnäçeleri Barbadyň öz dogduk Diýaryna dolanandygyny (Ibn Abu Pabbih, Abulfaraž Ispahany) aýdypdyrlar.

Umuman Beýik Serdarymyzyň mukaddes Ruhnamasynda görkezilýän türkmen ruhunyň birinji eýýamyndaky saz sungatynyň görnükli wekili Barbad Merwezi kopleriň ünsüni özüne çeken uly şahsyýet bolupdyr. Ol Hysrow şany wasp edýän “Hysrowýany” atly eserler toplumynyň, ýagny, 360 aýdym bilen 30-dan gowrak (käbir işlerde 100-den gowrak diýilýär) dürli gurallar goşulup çalynýan sazyň hak eýesi bolupdyr. Taryhy maglumatlarda Barbadyň takmynan 35-40 ýaşlarynda aradan çykanlygy aýdylýar.

Barbad barasynda aýdylan sözleriň käbirlerine nazar aýlalyň.

“Hysrow II Pöwriziniň şalyk eden ýyllary aýdym-sazyň, köşkde, halk arasynda iň bir pajarlap ösen döwri hasaplanýar. Barbadyň, Sarkabanyň, Nekisanyň, Ozodwar Çangçynyň döreden eserleriniň aýratyn rowaçlyk alan ýyllary. Olaryň arasynda has tapawutlanýan Barbad bolupdyr” diýip, Abulfaraž Ispihany (897-967 ý.ý.) “Kitabal-agani” (“Aýdymlar kitaby”) atly eserinde ýazypdyr.

Daniýaly Gündogarşynas A.Hiristensen: “Barbad özüniň sungaty bilen Sasaniler döwrüniň saz sungatyna iň bir köp goşant goşan sungat wekili. Şol döwrüň medeniýetinde ondan uly yz galdyran adam ýok diýsem ýalňyşmaryn. Ol 360 sany aýdymy, 30-dan gowrak sazy miras goýup gidipdir. (“Sasaniler döwrüniň saz sungaty”, Köpengagen 1925 ý. diýip ýazsa, professor W.Winogradow: “Arap we pars dilinde gepleýän halklaryň saz sungatynyň esasy çeşmesiniň Barbadyň döredijiligi bolandygyny hökmany aýtmak gerek (“Klassiçeskiýe tradisii Iranskoý muzyki”. Moskwa, 1982 ý.).

“Türkmen sazy” kitabynyň awtorlarynyň biri, professor W. Belýaýew bolsa:

“Barbadyň türkmen ýa-da däldigini entek anyk aýtmak kyn, onuň eserleriniň yzlarynyň häzirki türkmen sazynyň düýp özenidigini welin, hiç kim inkär edip bilmez” (“Türkmen sazy” 1979 ý.) diýip ýazypdyr.

Köp alymlar Ýewropanyň “Andaluz saz mekdebi” öz gözbaşyny gönüden–göni gadymy Merwden-Barbadyň sungatyndan alyp gaýdýar diýip nygtaýarlar.

Barbad dünýäden ötenden soňra, ýörite bäsleşikler geçirilip, ýeňijilere Barbadyň adyny göterýän baýraklaryň berlendigi, olara “Ikinji Barbad” diýlip hormatly at dakylandygy barasynda hem maglumatlar gabat gelýär. Meselem, şeýle atlaryň birine Abdyrahman ibn Suraýj (743 ý. dünýäden öten) mynasyp bolupdyr. Bu sungat wekili barasynda Abu Nasr al Farabynyň ( IX-X asyr) Kitab-al musiki al kabir” (“Saz baradaky uly taglym”) kitabynda: “Egnindäki eşigine kiçijik jylajylar ( jaňjagaz)

dakylan Abdyrahman ibn Suraýj aýdym aýdyp, saz çalanda, şol jylajylar saza goşulyp, özboluşly depgin berýärdi” diýen setirler bar.

Orta asyr sazy boýunça belli hünärmen, özbek alymy, sungaty öwreniş ylymlarynyň doktory Abdumanon Nazarow gürrüňi edilýän Abdyrahman ibn Suraýjyň aslynyň türkmenlerdendigini bize gürrüň beripdi. (Şu setirleriň awtory öz döwründe bu alymyň öýünde ýaşapdy).

Käbir alymlar Merweziniň eserleriniň hatda tebigat hadysalary, asman ýyldyzlary, pelekler we olaryň hereketleri bilen-de baglanyşyklydygyny öz işlerinde görkezýärler.

**Çaryýar Juma,**
**“Türkmenistan” gazeti, 12.06.2002 ý.**

## AHALTEKE BEDEWLERI ÇYN-MAÇYNDA

Türkmen milletiniň göz-guwanjy bolan ahalteke bedewleri dünýäniň ähli halklarynyň üsüni özüniň çekip gelipdir. Köne Jahanyň ähli beýik hökümdarlary olary edinmäge çalşypdyr. Ol wagytlar Gündogar ýurtlarynda, şol sanda Hytaýda hem olara ýokary baha berilýärdi.

Şol uzak zamanlarda Hytaýdan Gara deňize çenli ägirt uly çäkleri türkmenleriň ata-babalary-gunlar, massagetler, daklar, ýagny, turanlylar diylip, umumy atlandyrylýanlar ýaşapdylar. Biziň eýýamyza çenli 1 muň ýyllykda “Asman astyndaky imperiýanyň” çäklerinde Turanyň gazaply atlylarynyň peýda bolmagy, hytaý harby emeldarlaryny atçylygy ösdürmäge mejbur edýär. Sebäp diýeniňde, az öwrümli, agyr hytay söweş arabalaryna goşulan atlar hun-türkmenleriniň ýeňil atly goşulany bilen bäsleşip bilmändirler. Serhet ýakasynyň hökümdary Çžaonyň dowam edýän däbi ütgedip, hunlaryň eşigini geýip, at üstünde oturmak edebini we ýaýdan ok atmak tilsimini öwrenip başlamagy ýöne ýerden däldir.

Hytaý harby birikmeleriniň dogumlylygy gunlaryň atly goşunlarynyňkydan asgyn bolmazlygy üçin köp sanly çydamly we yüwrük atlar hem gerekdi. Şoňa görä-de hytaýlylar öz nazarlaryny Merkezi Aziya gönikdiripdiler.

Meşhur syýahatçy Čžan Sýan barypýatan yrymçyl adam bolup, ol imperator U-de “Asman” atlary hakynda habar berýär. Ol şonda Turanda “…ajaýyp atlar köp. Ol atlar dörände deriň ýerine gan çykýar, ol behişti atlarynda Kunlun daglaryna uçasy we Gögüň eýesi Siwanmu bilen görişesi gelipdir. Ol bu hyýaly uçuş babatda b.e. ozalky 118-nij ýylda şeýle setirleri hem düzüpdir:

Gelerler Behişti bedewler,
Açylar uzakda derwezeler.
Münip şol bedew atlara
Ugraryn, Kunlun daglara.

“Behişti” atlar hakdaky gürrüňler atlaryň ölemen aşygy U-de güçli täsir edipdir. Munuň üçin hem ol Merkezi Aziýa çapar ugradýar. Ýöne, haçanda çapar ajaýyp atlaryň satylmaýandygy baradaky jogap bilen dolanyp gelende, imperator gahar atyna atlanýar. Gahar –gazaba münen imperator goşuny bilen Amyderýa ýakalaryndaky ýerlere aralaşyp we bu ýerden taýçanaklaryň onlarçasyny hem-de baýtallaryň 3000-den köpürägini sürüp alyp gidýär.

Hytaýlylar özlerinde ajaýyp atlary ösdürip ýetişdirer ýaly, atlaryň halaýan mu-su otunuň, ýagny (ýorunjanyň-Ö.G.) bu gymmatly ot-iýmlik ösümligiň tohumyny hem alyp gaýdýarlar, çünki onsuz bedew atlar tiz horlanýar. “Behişti” bedewleriň tohumynyň sanynyň köpelişi ýaly, gaýry ýerlerden gelýän wekiller hem köpeldi, onda Asman Ogly (ýagny, imperator-Ö.G.) daşky şäher köşginden açyklykda uly giňişlikde üzümi we mu-su ösümligini ekdi.

Birnäçe ýüz ýyllylaryň dowamynda ýagny, 624, 726, 727, 744, 750-nji ýyllarda Merkezi Aziýadan Hytaýa ahal-teke atlarynyň tutuş bir sürüsi gelip gowuşdy.

Hytaýdan hatda butparazlygyň döremeginiň we turanlylaryň-massagatleriň ýurdunyň at bilen baglanşykly bolmagy, iň ilkinji but ybadathanasynyň bolsa Baýma (Ak at) diýip atlandyrylmagy örän geň.

Rowaýata görä, imperator Min-de düşünde töweregini ak şapak gurşap alan uly altyn adamy görýär. Düýşüne girenini Budda hasap edip, imperator topary üpjünläp ýola düşmäge buýruk berýär. “Uly Ýueçžeý” (massagetler) ýurdunda ony meşhur wagyz edijilere garşy tanaýarlar. Ak atlara budda kadalarynyň kitaplaryny we Buddanyň heýkelini ýükläp, olar bilelikde Hytaýa dolanyp gelýärler. Bu wakanyň hormatyna imperator b.e.68-nji ýylynda ybadathana, onuň ýanynda bolsa ak ata ýadygärlik gurmaga buýruk berýär.

Hytaýa ajaýyp ahal-teke bedewleri bilen birlikde, türkmenleriň ata-babalarynda bar bolan “suw” we “asman” atlary hakyndaky rowaýatlar hem geçýär. “Bir sapar Basydan (ýagny, Horasandan Ö.G.) baýtal sürüsini sürüp getirdiler, olary her ýyl gyşda buzlykda – Kukanor adasyna kowdular. Bir ýyldan soň olaryň ählisi suw atyndan gara-ak taýçanaklary öndürdi, olary “lunçžun” (aždarhanyň tohumy) diýip atlandyrdylar. Olardan köpüsi hökman çapyşyk aty bolar”.

**“**Hanşuini” ýyl ýazgysy başga bir rowaýaty hem getirýär, onda Turanda beýik dagyň bardygy aýdylyp, şeýle ýazylýar: “…olarda atlar atlaşyp ýörler, olary tutmak bolmaýar. Şoňa görä-de, bäş reňkli baýtaly dagyň eteginde ýerleşdirýärler; Behişti atlar bilen höwre goýulmasyndan derlände der ýerinden gan çykýan taýçanaklar dogýar.Şu alamatlary boýunça olaryň nesline Behişti bedewi diýilýär”.

Türkmen atlary Hytaýa diňe bir Turandan däl, eýsem Hytaý bilen serhetdeş oguz-türkmen taýpalarynyň wekillerinden hem gelip goşulýar. Mysal üçin, 647-nji ýylda

oguzlar –karkynlar imperatory Toýsuna at sürüsini sowgat edýärler. Imperator olardan 10-sanysyny saýlap, her birine mynasyp at berip, poemany bagyşlaýar.

Hytaýlylar sibir tohumlaryndan aýratyn ýiti tapawutlanýan karkynlaryň atlaryna ýokary baha berdiler. Hususan-da, hytaý ýazuw çeşmelerinden biri şeýle habar berýär: "Olar (karkyn atlary-Ö.G.) kellesi bilen düýä meňzeş, güýçli, beýik, her gün ýüzlerçe ýoly geçip biljek".

Ýazuw çeşmeleri boýunça biz Hytaýa ahalteke atlarynyň gelip düşüşini yzarlap bilýäris. Mysal üçin, 1387-nji ýylda Timur eminiň Hytaýdaky ilçisi Mawlýana Hafiz imperator ahalteke bedewleriniň 15-sini sowgat hökmünde berýär. Şonda soň atlar ýylyň-ýylyna iberilýär, hat-da müňüsi iberilipdir.

Sözümiziň ahyrynda Hytaýda Behişti atlary hakynda henize-bu güni çenli ýatlap gelýändiklerini, hytaýlylaryň bu hakyky ajap atlaryň tohumyny döredijileriň hut türkmen halkydygyny bilýändiklerini belläsimiz gelýär.

**Öwez Gündogdyýew**
**"Türkmenistan" gazeti, 21.05. 2003 ý.**

## KOLHLARYŇ GÖZLEGINDE

Taryhy maglumatlar Kolhida ýurduny emele getiren bu gadymy taýpanyň türkmen topragy bilen baglanyşygynyň bolaýmagynyň mümkindigini aňladýar.

Men Kolhida hem kolhlaryň taryhy bilen köpden bäri gyzyklanýaryn.

Biziň seljerip gören taryhy maglumatlarymyzda kolhlaryň türkmen topragy bilen baglanyşygynyň bolaýmagynyň mümkindigi baradaky deliler hakykata has golaý. Dünýäniň halklarynyň gelip çykyşynda, kemala gelşinde köp täsinlikler bar. Irki taryhy döwürlerde taýpalaryň beýik göçüşleriniň bolandygy mälimdir. Bir yklymdan başga bir yklyma ýörişler eden dürli-dürli taýpalar sebitlerde öz yzlaryny galdyrypdyrlar. Türkmen topragynyň üstünden hem beýik göçüşler bolupdyr.

Mertebesi belent Perezidentimiz Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň baştutanlygynda türkmen taryhynyň her bir döwrüniň içgin öwrenilýän, türkmenler hakdaky hakykatyň dikeldilýän wagtynda kiçijik maglumatlar hem gymmatlydyr. Kolhlaryň türkmen topragy bilen baglanyşygy baradaky şu delillerimiz hem okyjylary gyzyklandyrar diýip, hasap edýäris.

* * *

Oguz han Türkmeniň miladydan öňki üçünji müňýyllykda döreden kuwwatly döwleti, şol zamanyň birinji müňýyllygynyň birinji çärýeginden gowşap ugraýar. 550-nji ýyllarda Pars aýlagynyň sebtinde Ahemenit döwleti döreýär. Miladydan öňki 530-

520-nji ýyllarda Oguz han Türkmen neslinden bolan massagetleriň Fraadyň ýolbaşçylygynda Marguş ülkesindäki ýa-da Köpetdag eteginiň ilatynyň dagynyk hereketleri ahemenitleriň zulumynyň garşysynda durmaga mümkinçilik bermändir. Şonuň üçin hem çarwa taýpalaryň üstünden Ahamenitler agalyk edipdir.

Ahemenit imperiýasy ýykylandan soň, miladydan öňki 331-nji ýylda Jeýhun derýasynyň aşaky akymynda paýtagty Köneürgenç bolan döwlet döreýär. Ol şähere awestada Urwa diýýärler. Hytaý ýazuw çeşmelerinde Ýuesýan diýlip agzalýar. Köneürgenjiň milady ýyl hasaby boýunça VI-VIII asyrlarda Hamjirt, IX-XIII asyrlarda Gürgenç, soňra Ürgenç diýlip atlandyrylandygy bellidir. Şol döwletiň türkmen taryhynda uly orny bar. Ol hakda gadymy ýazgylarda-da köp maglumatlar galypdyr. Oguz han Türkmeniň neslinden bolan ganlylaryň döwleti miladydan öňki 330-njy ýyldan başlap, miladynyň II asyryna çenli dowam edipdir.

Haçan-da Aleksandr Makedonskiý Orta Aziýa ýöriş edip, Samarkanda baranda, onuň ýanyna ganlylar döwletiniň şasy Farasman görme-görşe gidipdir. Miladydan öňki 328-nji ýylda bolan şol duşuşykda Farasman Makedonskä özüniň tabyn bolmakçydygyny aýdypdyr hem-de eger ol Kolhida ýurduny eýelemekçi bolsa, oňa özüniň kömek bermäge taýýardygyny mälim edipdir. Gadym ýazgylarda ýatlanylýan şol Kolhida ýurdy, kolhlar baradaky gürrüňi köp taryhçylar Kawkaz sebiti bilen baglanyşdyrýarlar.

Käbir alymlar /W.W. Bartold, S.P.Tolstow/, gepleşikde ýatlanylýan Kolhidany, kolhlary Gara deňze, Azow deňziniň ýakalaryna, ýa-da häzirki Kohida saýylýan Günbatar Gürjüstana baglaýarlar. W.W.Bartold kolhlaryň Orta Aziýa bilen gatnaşygy söwda bilen baglanyşykly bolmaly diýip, çaklasa, S.P.Tolstow Demirgazyk Kawkaz Jeýhunyň aşaky akymyndaky döwletiň tabynlygynda bolan bolmaly, diýip düşündirmekçi bolýar.

Hakykatdan-da, eger Aleksandr Makedonskiý Demirgazyk kawkaza ýöriş etmekçi bolsa, orta aziýalylardan kömege mätäç bolmazdy. Onsoňam, ol ülkäni onuň öň tabyn edenligi köre hasa. Onuň üçin-de, iki hökümdaryň arasynda bolan gepleşikde ýatlanylýan Kolhidany, kolhlary Köneürgenç şalygyna golaý, olara howp salýan maldarlar, Sarygamyş-Hazar aralygy bilen baglanyşdyrsak hakykatda üzňe bolmasa gerek.

Miladynyň I asyrynyň rim taryhçysy Kwint Kursiý Rufyň habarynda massagetleriň /maldarlaryň/ taýpasy bolan derbikleriň iki müň atly we kyrk müň pyýada esgeriniň ahemenitleriň soňky şasy Daraýuş III-niň goşunynyň düzüminde gulluk edendigi, Amyderýanyň aşaky akymyndaky ülkäniň /Köneürgenjiň/ şasy Farasmanyň miladydan öňki 328-nji ýylda 1500 atlysy bilen Aleksandr Makedonskiý Samarkantdaka onuň ýanyna gepleşik geçirmäge barandygy barada agzalýar. Şol bir maglumaty, miladynyň II asyrynyň grek taryhçysy Arrian başgarak görnüşde gaýtalaýar. Onuň berýän maglumatlaryna görä, Aleksandr Makedonskiniň ahemenitleri derbi-dagyn edip, Baktriýa ýeteninden soň, esasy maksady Hindistana ýöriş etmek bolupdyr. Şonuň üçin ol Farasmanyň teklibini kabul etmändir. Farasmana Baktriýanyň dikmesi Artabazy we beýleki goňşy satraplaryň dikmelerini hödürläpdir.

Gürrüňiň äheňinden, Farasmanyň Kolhidaly mesele boýunça, ýurduna netijesiz gelendigini, ýöne welin, grek-makedonlylar bilen birlik baglaşandygyny çaklamak mümkin.

Ganlylar döwleti barada ilki bilen aýyl-saýyl edilmeli mesele, Amyderýanyň aşaky akymyndaky ülkäniň Kolhida, kolhlar bilen baglanyşygynyň anyklamak. Ol ülkäniň /köneürgençlileriň/ ahemenitleriň zulumyndan boşan wagty içki ýagdaýy hakda-da bilmek zerur.

Jeýhunyň aşaky akymyndaky ülkäniň zorluk bilenmi, meýletinmi, Ahemenit döwletiniň täsirine düşendigi hak. Daraýuş Beýigiň /Dariý I/ Bisütün gaýasyndaky ýazgysynda, ol ülkäniň Ahemenit imperiýasynyň düzümine girendigi hakynda maglumat bar. Oňa, Daraýuş Beýigiň Suz şäherinde gurduran köşgünde, köneürgençli ussalaryň öz gurluşyk enjamlary /pöwrize ýa-da şoňa meňzeş timarlyk daşlary/ bilen baryp, köşk gurluşygynda işländikleri-de şaýatlyk edýär. Ondanam başga, ol ülkäniň esgerleriniň ahemenitleriň uzak aralykdaky, şol sanda, Müsür sebitindäki serhet goşunlarynda-da gulluk edendikleri taryhçylara mälim.

Kwint Kursiý Rufyň ýazgysyndan, massaget /maldar/ taýpasy bolan derbikleriň iki müň atly we kyrk müň pyýada esgeriniň – ahemenitleriň goşun bölüminiň hatarynda bolandygy belli.

Maglumatlardan görnüşine görä, Jeýhunyň aşaky akymyndaky ülkede we Tüniderýada /Uzboýda/ ýaşaýan ilat, uzak wagtlap ahemenitleriň täsirinde bolupdyr. Ol ülke şol döwürde, hatda özbaşdak satrap hem bolman, eýsem, Parfiýa, Sogdiana we Ariýa bilen bilelikde, Ahemenit döwletiniň 16-njy satrapynyň düzüminde bolmak bilen olara, 300 talant /9 tonna golaý kümüş/ gümrük tötäpdir. Onuň üçin-de, Köneürgenjiň şasynyň, özbaşdak, haýsydyr bir uzak aralykdaky ýurdy özüne tabyn etmäge döwtalap bolmandygyna okyjylar indi göz ýetiren bolsalar gerek.

Hatda köneürgençlileriň, şol asyrlarda, goňşy Syrderýanyň aşaky akymyn-da täsiriniň bolandygyny makullaýan arheologik maglumatlar häzir belli däl. Onuň üçin-de, ýokarda getirilen maglumatlarda, Gara deňziň sebitindäki Kolhidanyň, kolhlaryň gürrüňiniň edilmeýändigini aýtsa bolar.

Aleksandr Makedonskiniň huzuryna uly ilçi toparynyň iberilmegi bolsa, edil şol döwürde Jeýhunyň aşaky akymyndaky ülkäniň ilatynyň ahemenitlere garaşly bolmandyklarynyň anyk şaýady. Emma, ol garaşsyzlygyň haçan alnandygy barada hiç hili maglumat ýok. Şeýle-de bolsa, ýokarda getirilen maglumatlara salgylanyp, käbir çaklamalary aýtmak mümkin.

Birinjiden, derbikleriň ahemenitleriň goşunynyň düzüminde bolmagy, ikinjiden, Aleksandr Makedonskiniň Samarkantda Farasmany kabul etmegi şol döwürdäki ýagdaýlar barada pikir öwürmäge mümkinçilik berýär.

Miladydan öňki 331-nji ýylyň 1-nji oktýabrynda Mesopotamiýanyň Gawgameli obasynda, ahamenitler bilen grek-makedonlylaryň arasynda bolan aýgytly söweşde ahemenitleriň doly ýeňlendigi hakykat Ahemenitler bilen urşa gatnaşan derbikleriň ykbaly barada hiç hili maglumat ýok. Miladydan öňki 330-njy ýylda Daraýuş III Baktriýaly satrap Bess tarapyndan öldürilýär. Elbetde, ol wakalardan soň derbikleriň

ahemenitleriň goşunynyň hatarynda galmandyklary öz-özünden belli. Daraýuş III öldürilenden soňra imperiýanyň dargandygy-da belli. Şulary göz öňünde tutup, miladydan öňki 330-njy ýylda Amyderýanyň aşaky akymyndaky ülke özbaşdaklygyny alan bolmaly diýsek, hakykatdan üzňe bolmaz. Jeýhunyň aşaky akymyndaky ülkäniň şasy Farasmanyň öňünde diýseň kyn, syýasy-diplomatik mesele duran bolmaly. Birinjiden, ot-ýalyn bolup duran howpdan /grek makedonlylardan/ nädip sowulmak gerek? Ikinjiden, düýnki goňşulary-taýpadaşlary derbikler grek-makedonlylaryň garşysyna, olaryň duşmanlary bolan ahemenitleriň hatarynda urşa gatnaşandyklary hemmä mälim, Ahemenitleriň tarapdary bolan derbikleriň bolsa grek-makedonlylara gol ýapýan Farasman bilen oňuşmajagy belli.

Gadym zamana degişli grek-rim ýazuw ýadygärlikleri bilen içgin iş salyşýan alym I.W.Pýankow miladydan önki 329-njy ýylyň tomsunda Aleksandr Makedonskiniň Samarkantdan Berda diýen jansyzyny skifleriň ýaşaýan ýurdunyň tebigatyny we halkyny öwrenmäge ýollandygyny ýatlaýar. Taryhçylar Aleksandr Makedonskiniň wekiliniň Jeýhunyň aýagyndaky ülkä aralaşan bolmagy-da ähtimal diýip çaklaýarlar. Berda bir ýyldan soň, Köneürgenç şasy Farasman bilen bir wagtda Samarkanda gelipdir.

Belki Berda  Farasmana täsir edendir? Farasmanyň Aleksandryň ýanyna gelmegi welin, döwlet möçberindäki parasatlylygyň alamaty bolmaly.

Gadym awtorlaryň ýazgylarynda üç sany aýry-aýry derýa-Kura derýasynyň goşandyna, Amyderýa we Wolga Araks, Don bilen Syrderýa Tanais, iki sany suw howdanyna – Sarygamyşa we Azowa meotidy diýip meňzeş at berendikleri ylma mälim. Şonuň üçinde Farasmanyň agzaýan kolhlarynyňda, hökman Kawkazdaky kolhlardygyny tassyklamak nädogry bolsa gerek.

Onda Farasmanyň ýatlaýan kolhidasy we kolhlary nirede bolmaly?

Umuman, kolhida sözi näme? Dil babatda jikme-jik düşündirmegi dilçilere goýup, diňe tebigy aýratynlyklaryna esaslanyp, jeňňel, gamyş basan, derýa  hanalarynyň tory bilen gurşalan, batgalyk ýerlere kolhida diýilýändigini aýtsak, onda kolhidany diňe bir Gara deňiz sebitinden gözlemegiň hökman däldigi düşnükli. Olar ýaly ýer-ýurt Hazaryň gündogarynda, köneürgençlilere goňşulykda-da bolup biler diýen netijä gelmek mümkin.

Kaspiden Gündogarda Sarygamşyň günbatar kenary, Uzboýuň ýokary akymy bilen Assakehowdan çöketligini-de öz içine alýan ýeri kolhida diýip atlandyryp bolar. Sarygamyş kölünden sakasyny alýan Uzboýuň aşaky akymynda-da kolhida bolan bolmaly. Gepleşigiň äheňinden, gürrüňi edilýän Kolhida we kolhlar Amyderýanyň aşaky akymyndaky ülkeden /Köneürgenç döwletiniň serhedinden/ uzak aralykda bolman, eýsem, olara howp salýan golaýda ýerleşýän güýç bolmaly. Ony bolsa, Sarygamyş sebitinde Tünideryada ýaşaýan, hojalygynyň esasy pudagy maldarçylyk bolan ülkede görmek bolar.

Ýeri gelende ýatlasak, arheologik ýadygärlikler, maglumatlar, ýazuw çeşmeleri bilen takyklanan gürrüňe görä, demirgazyk-günbatar Türkmenistanyň gadymy ýaşaýjylary bolan maldarlardan /massagetlerden, dahlardan, parnlardan we beýlekilerden/ ahamenitleriň gazaply şalary-da ätiýaç edipdirler. Şol ülkäniň maldarlary-

da, miladydan öňki asyryň ortalarynda Oguz han Türkmen nesliniň Parfiýa döwletini döredýärler.

Farasmanyň teklibinden çen tutsaň, Köneürgenç şasyna ahamenitleriň goşunynyň hatarynda gulluk eden 42 müň derbik esgerleriniň howpy imperiýa darganyndan soň, olaryň ata Watanyna gaýdyp gelmekleri bilen has-da artan bolmaly.

Miladydan öňki VII-VI asyrlardan miladynyň III-IV asyrlaryna çenli Jeýhunyň ýene-de Sarygamyşa gowşandygyny we Tüniderýadan bol suw akandygyny ýazuw çeşmeleri-de, arheologik ýadygärlikler-de tassyklaýar. Şol zamanlarda Jeýhunyň Sarygamyş hanalarynda suwuň diýseň köp bolandygyny X-XI asyryň sepgidinde ýaşan belli alym Abureýhan Biruniniň ýazgylaryndan hem aňmak bolýar. Abureýhan Biruni miladydan öňki müňýýyllygyň birinji ýarymyndan – miladynyň III-IV asyrlary aralygyndaky döwrüni suratlandyranda, Jeýhunyň Mazdubast /günorta Döwdan/ hanasyndan köp suw akanlygy zerarly, ähli ýaşaýyş üçin amatly meýdany suwuň basandygyny, ol ýeriň ilatynyň – alanlaryň we aslaryň Hazar ýakasyna çekilmäge mejbur bolandyklaryny aýdypdyr. Eger-de şeýle bolsa, belki, häzirki Günbatar gürjüstandaky kolhlar hem ol sebitlere şol zamanlarda Sarygamyş-Hazar aralygyndan baryp aralaşandyrlar? Belki, şol zamanlarda, kolhlar hem esasan maldarçylyk bilen meşgul bolan halk bolandyr? Belki, skifler, massagetler, saklar, dahlar, daýlar we başgalar ýaly “kolh” sözi-de maldar manysyny berýändir!

Ine, şu soraglara jogap tapmak üçin biz kolhlar barada ylmy gözleglerimizi dowam etdirýäris.

**Hemra Ýusubow,**
**arheolog.**
**“Edebiýat we sungat” gazeti, 2.07.2002 ý.**

## TÜRKMENLERIŇ DÜNÝÄ ÝAÝRAMAGYNYŇ SEBÄPLERI BARADA

**Beýik Saparmyrat TÜRKMENBAŞY:**

**- Ykbal, taryhy wakalar türkmeni dünýäniň dört künjegine çykarypdyr. Onuň bir ujy Hindistandan çyksa, beýleki ujy Kiçi Aziýa, Arap ýurtlaryna baryp ýetipdir. Biz bitewi bir milletdiris, hemmämiz bir türkmendiris, hemmämiziňem ganymyz, dilimiz, ruhymyz, adatlarymyz birdir.**

***Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy türkmeniň Baş Kitaby mukaddes Ruhnamada öz halkynyň taryhyna aýratyn üns berýär. Beýik Serdarymyz bu taryhy taglymatynda türkmenleriň taryhyna täzeçe garaýyş örän adalatly hem çuňňur beýan etdi. Şol***

***garaýyşlaryň örän möhümleriniň biri hem halkymyzyň döreýşi we dünýä ýaýraýşy baradaky düýpli ylmy nazaryýetdir. Bu barada mukaddes Ruhnamada şeýle bellenilýär: "Türkmen taryhda münlerçe ýylyň dowamynda türkmen atly beýik milleti döretdi". Biziň milletimiziň dörän topragynyň hem Türkmenistan bolup, şu ýerden dünýä ýaýrandygyny tekrarlamak bilen: "Dünýäniň dört çünküne ýaýran türkmenleriň ählisi hut şu gudratly toprakda kemala geldi, ösüp-örňedi hem-de şaha ýaýratdy" diýip, Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy adalatly belleýär.***

Hakykatdan hem türkmenleriň ata-babalary Aziýanyň, Ýewropanyň we Afrikanyň dürli ýerlerine ýaýrap, uly-kiçi döwletleri döredipdirler. Türkmenler ýaşan ýerlerinde uly şöhrata eýe bolýarlar. Döwlet gurluşynda, sungatda, ylymda, din ugrunda goşan goşandy üçin, türkmenler adamzadyň taryhynda we medeniýetinde mynasyp orun tutýarlar. Mähriban Serdarymyz Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy türkmen taryhynyň bäş eýamyny has anyk görkezdi. Şolaryň dördüsinde türkmenler başga ülkelere ýaýraýarlar. Oguz han eýýamynda türkmenler dünýäniň köp ýerlerine hereket edýärler, ol ýerlere eýeçilik edip, höküm sürýärler. Taryhy çeşmeleriň we arheologiki barlaglaryň maglumatlaryna görä, bürünç eýýamynda ilatyň Altyndepeden göçüp gidenligi bellidir. Şol göçe-göçlügiň sebäpleri häli-häzire çenli hem alymlaryň arasynda uly gyzyklanma döredip gelýär.

Gorkut ata, Görigly beg Türkmen we Magtymguly eýýamlarynda türkmenler köpçülikleýin Kiçi Aziýa, Kawkaza, Eýrana we Ýakyn Gündogar ýurtlaryna göç edýärler. Türkmenler öz ata watanyndan şeýle göçe-göçlük edip, dünýäniň dürli künjeklerine ýaýrapdyrlar. Olaryň şonuň ýaly göçe-göçlük edip, dürli ýerlere ýaýramaklarynyň sebäbi nämedenkä? Şeýle ýagdaýlar beýleki halklarda-da bolupdyrmy?

Göçe-göçlük hereketleri adamzat taryhynyň gadymy döwürlerinde hem bolupdyr. Emma orta asyrlarda – II-III asyrlarda, X we XVI asyrlarda ilatyň ýüz ýyllyk gurakçylyga sezewar bolmagy zerarly, Merkezi Aziýa sährasy bütinleýin boşap galýar. Şol ýagdaýyň ilaty kopçülikleýin dagynyklyga hem-de heläkçilige getirendigi hakynda belli taryhçy alym L.Gumilýew hem öz işlerinde birin-birin nygtaýar.

Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy ol barada şeýle belleýär: **"Geçmişde gurakçylyklar bolupdyr. Ýüz ýyllyk gurakçylykda adamlar göçmäge mejbur bolupdyrlar. Şolar ýaly göç-hä-göçlükleriň birinde türkmenleriň Orhon-Ýeniseýe baryp gelen bolmagy mümkindir".**

Şol bolan göç-hä-göçlükleriň esasy sebäplerini alymlar, birinjiden, ilatyň ýyllarsaýyn köpelmegidir, tebigy baýlyklaryň (öri meýdanlarynyň , ekerançylyk üçin amatly ýerleriň, suwuň) ýetmezçilik etmegi bilen, ikinjiden, daşky duşmanlaryň zorlukly hereketleriniň (uruşlar, çozuşlar) güýçlenmegi bilen düşündirýärler.

Türkmen ýigitleriniň harby gulluga alnyp, gaýry ýurtlara iberilmegini hem olaryň köpçülikleýin göçmeklerine getiren sebäpleriň biri hasap etmek bolar. Käbir taryhy maglumatlara görä, türkmenler VII asyrda arap ýurtlaryna ýaýraýarlar. Meşhur arap taryhçysy Tabariniň ýazmagyna görä, arap serkerdesi Abdallah bin Ziýad ilkinji bolup,

iň ezber türkmen eserler toparyny Horasandan öz watanyna iberipdir. Başga bir taryhçy Ibn Hordadbeh bolsa öz işinde türkmenleriň baran ýurtlaryna tiz uýgunlaşyp, goşunda uly wezipelere çekilendiklerini, başarnyklaryny görkezendiklerini aýratyn nygtap belleýär. Taryhy ýazuw çeşmeleriniň görkezişi ýaly, halyflar Mamunyň we Mutasimiň döwründe türkmenler yslam tagtynyň has ygtybarly goragçylary bolupdyrlar. Omeýýatlaryň ýerine gelen abbasilerem türkmenlerden özlerine goşun saklapdyrlar. Horasanda höküm süren Abdallah bin Tahyr her ýyl iki müň adamy halyfata goşun gullugyna iberipdir. 755-nji ýylda Horasanyň walysy Fazi ben Ýahýa al Barmaki 20 müň türkmen esgerini Yraga ugradypdyr. Soňabaka türkmenler halyflygyň paýtagtynda ýokary harby dolandyryş wezipelerini eýeläp, döwletiň syýasy durmuşyna uly täsir edip başlapdyrlar.

Türkmenleriň ata-babalarynyň gadymy döwürlerdäki Parfiýa döwleti, hunlaryň (gunlaryň) döwleti we başgalar, orta asyrlarda bolsa Göktürkmen döwleti, Beýik seljuk türkmen imperiýasy, Köneürgenç türkmenleriniň döwleti köp ýerleri özlerine birikdiripdirler. Şunlukda, türkmenleriň uly toparlary şol gaýry ülkelerde mesgen tutupdyrlar. Munuň özi bolsa ol döwletleriň güýçli döwlete öwrülendigini aňladýar.

Göç-hä-göçlüge getiren ýagdaýlaryň biri hem, öň belleýşimiz ýaly, daşky duşmanlaryň basybalyjylykly-çapawulçylykly çozuşlary sebäpli bolupdyr. Şonuň ýaly pajygaly ýagdaýlar XIII asyryň başlarynda mongol basybalyjylarynyň häzirki Türkmenistanyň çägine aralaşyp, ony eýelemegi netijesinde ýüze çylýar. Türkmenler köpçülikleýin ýagdaýda ýurtdan çykyp gitmäge mejbur bolýarlar.

Jemläp aýdylanda, türkmen halkynyň taryhy geçmişde göçe-göç etmeginiň esasy sebäpleri şulardan ybaratdyr diýip çaklamak bolar:

1). Tebigy ýagdaýlaryň özgermegi;

2). Türkmen ýigitleriniň ynamdar esgerler hökmünde gaýry döwletlerde gulluk etmekleri;

3). Türkmenleriň eýelän ýurtlarynda döreden döwletleriniň güýçlenmegi;

4). Daşarky basybalyjylaryň ýurdy eýelemegi.

Türkmenleriň göçüp-gonmagy haýsy ýerlerde we haçan başlandy?

Türkmenleriň ata-babalary gadymy döwürlerden Kiçi Aziýa taraplaryna ýönelipdirler. Käbir ýazuw çeşmeleriniň berýän maglumatlaryna görä, orta asyrlarda, has takygy, IV asyrda olar Kiçi Aziýada ymykly ornaşyp başlapdyrlar.

Arap halyflygy berkarar bolandan soň, halyflar türkmen esgerleriniň ýardam bermegi bilen Anadolyda köp ýerleri eýeleýärler. Halyf el Mahdiniň permany bilen ol esgerleri Kiçi Aziýanyň Adan, Ahlat, Malazgit, Malatýe, Maraş, Tarsus we Erzurum etraplaryna ýerleşdirýärler. Wizantiýa imperiýasynyň howpuny saklap biljek güýç hökmünde, esasan, türkmenler serhet goragynda durupdyrlar. Taýpa-tireleriň ýolbaşçylary soňabaka şol ýerleriň emirleri bolupdyrlar. Munuň özi olaryň ynama girip, ähtibar adamlar hasaplanandyklarynyň aýdyň mysalydyr. Amaçur, Ahmet ibn Dogan, Ahmet ibn Kaýy, Balakçur, Wasyf al Türki, Rustem ibn Burdu, Hakan, Ýazmaz ýaly emirleriň atlary geçmişiň taryhy çeşmelerinde yz galdyrypdyrlar. XV asyryň taryhçysy

Halyl al Zahiri öz işinde Gazydan Diýarbekire çenli ýaýran türkmen taýpalarynyň atlaryny getirýär.

“Türkmenleriň ata-babalary seljuk türkmenleriniň ýörişlerinden hem has öň Kiçi Aziýanyň topragyna baryp ýerleşipdirler. Şol döwletlerden başlap, olar ýerli ilatyň hem türkileşmegine ýardam edipdirler. Gaznaly türkmen döwletiniň hökümdarlarynyň alyp baran içerki syýasatyna çydaman, türkmen taýpalarynyň bir bölegi ýaşaýan ýurduny taşlap, Anadoly tarapa gitmeli bolupdyr” diýip, orta asyr taryňçysy Gardizi ýazýar.

Dedem ogly atly türkmen şahyryň öz dessanlarynda XI asyryň 20-nji ýyllarynda Firuz beg serdaryň ýolbaşçylygynda müňlerçe türkmen öz maşgalalary bilen Horasandan Anadola göçmäge mejbur bolandyklaryny giňişleýin beýan edýär. “Türkmenleriň Anadola göçmegine öri meýdanlarynyň ýetmezçilik etmegi hem sebäp bolupdyr” diýen pikir bar.

Beýik seljuk-türkmen jahan döwleti döränden soň, Kiçi Aziýanyň çäkleri türkmen taýpalaryndan dolýar. Şonuň üçin Kiçi Aziýa ulkesine “Türkmenleriň ýurdy” hem diýipdir.

Türkmenleriň ol ýerlere köpçülikleýin ýaýramagy soltan Alp Arslanyň döwründe (1030-1072) başlanýar. **“Ol türkmenlere Rum iliniň derwezesini açan soltandyr, onuň ogly Mälik şa seljuklaryň ýurdunyň serhetini gaty giň ýere ýetiren hökümdardyr”** diýip Beýik Serdarymyz mukaddes Ruhnamada belleýär. Alp Arslan 1071-nji ýylda Malazgirt söweşinde Wizantiýanyň imperatory Roman IV Diogeni çym-pytrak edenden soň, türkmenler ol ýurtda ornaşyp başlaýarlar. **“Onsoň şol döwürde on iki sany beglik döredilýär. Olaryň her biri özbaşdak ýerleri eýeleýär, kyn günde arkalaşmagy wada edýärler. Şol döwür hem türkmen begllikleriniň döwri taryhda iň bir asylly döwürleriň biridir”** diýip, Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy belleýär.

Kiçi Aziýada ilkinji dörän türkmen beglikleriniň hataryna Türkmenleriň tulynylar begligini (868-969), Türkmenleriň ihçidiler begligini (935-969), Türkmenleriň Izmir begligini (1081-1098), Türkmenleriň Dilmaçogullary begligini (1085-1192), Türkmenleriň danyşmentliler begligini (1092-1178), Türkmenleriň ahlatşalar begligini (1100-1207), Türkmenleriň artyklylar begligini (1102-1408) we başgalary goşmak bolar.

Beglikler soň-soňlar kem-kemden özlerine Garaşsyzlyk aljak bolup, merkezi häkimýete boýun egmän başlaýarlar. Olaryň birnäçesi özbaşdak döwlet döredendiklerini yglan edýär. Şolardan Arslan hanyň ogly Gutulmyşyň ogullary tarapyndan düýbi tutulan Anadolydaky seljuk türkmenleriniň döwletini (1075-1308) mysal hökmünde görkezmek bolar. Şol döwletiň tutan orny Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň mukaddes Ruhnamasynda şeýle kesgitlenilýär: **“Bu döwlet Anadolyny seljuk türkmenleriniň watany ýagdaýyna getirmegi, yslam dinini ýaýratmagy hem türkmen beglikleriniň güýçlenmegine sebäp bolmagy bilen meşhurdyr”.**

Kiçi Aziýa ýaýran türkmenler şol döwürlerde öz döreden döwletleriniň raýatlary bolup ýaşadylar. Ol döwletleriň iň meşhurlary Beýik Seljuk türkmenleriniň imperiýasy (1040-1194), Rum seljuk türkmenleriniň döwleti (1092-1307), Köneürgenç türkmenleriniň döwleti (1097-1231), Garagoýunly türkmenleriň döwleti (1378-1469),

Akgoýunly türkmenleriň Osman türkmenleriniň soltanlygy (1299-1922) we başgalar. Şeýlelikde, Kiçi Aziýa göçüp baran türkemenler ilki şol ýerde ornaşyp, soňra öz begliklerini-döwletlerini, hatda imperiýalaryny hem döredipdirler. Türkmeniň ady we ruhy Kiçi Aziýanyň taryhyna ömürlik girip, ebedi saklanyp galypdyr.

Biziň ata-babalarymyz gadymy döwürlerden Hytaýa hem aralaşypdyrlar. Türkmenistanyň Prezidenti Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy türkmeniň Baş Kitabyna öwrülen mukaddes Ruhnamada ata-babalarymyzyň geçmişde Hytaý (Çyn-Maçyn) sebitlerine ýeten Oguz türkmenleriniň Beýik Hun döwletini döredendigini buýsanç bilen nygtaýar. Ol döwletiň hökümdary, oguz taýpasyndan çykan Mete han (hytaýça Mao-tun) bolupdyr. Bu barada Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy: **“ Beýik Hun hökümdary 26 döwleti häkimiýetiniň astyna ýygnandy, olary 84 welaýata böldi. Bir tarapy Hazardan tä Hindi ummanyna çenli, ýene bir tarapy Gimalaý daglaryndan Sibire çenli uzalan 18 million inedördül kilometr meýdana häkim boldy. Mete handan soň onuň ogly Gök han tagta geçdi”** diýip, öz mukaddes Eserinde ýazýar.

Soňabaka dürli türk dilli taýpalar – hunlar, sýanbiler, dilinler, žužanlar we başgalar şol ýere baryp, hökmürowanlyk ugrunda hytaýlylar bilen göreş alyp barypdyrlar. Şol taýpalaryň käbiri ýeňiş gazanyp, şol ýerde ornaşyp galypdyrlar, emma hytaý medeniýetiniň täsirine düşmegi bilen uzak ýyllaryň dowamynda öz dilini we medeniýetini ýitiripdirler. Hytaý döwletleriniň Han (b.e.öň II a.), Tan (VII-VIII a.) güýçli bolandyklaryna garamazdan, Demirgazyk Hytaý iki gezek türk gilli çarwa taýpalarynyň gol astyna düşýär.

Hytaý çeşmeleriniň berýän maglumatlaryna görä, Parfiýa täjirlari hytaý we hindi harytlaryny Günorta Türkmenistanyň şäherleriniň üstünden geçirýärdiler. Milady eýýamynyň başynda arsaklar tiresinden bolan şazada An-Şi-gao Hytaýda buddizmi wagyz edýär. Ol sanskrit dilindäki golýazmalary hytaý diline terjime edipdir.

Göktürkmenleriň döwletiniň serheti gündogarda Hytaý bilen araçäkleşýärdi. VI asyrda hytaýlylar Konstantinopol bazarlaryndaky harytlaryň nyrhyny göz öňünde tutmaly bolupdyrlar, wizantiýalylar bolsa hytaý patyşasynyň pully-pully adamlarynyň sanyna üns bermeli bolupdyrlar.

Türkmenleriň döreden döwletleridir imperiýalary hem Hytaýa uly üns beripdirler. Seljuk türkmen döwleti belli bir derejede yslam döwletinde oguz-türkmen däplerini dowam etdirip, örän uly sebite-Yssambyldan Çyn-Maçyna çenli bolan aralykda hökümdarlyk edip, bütin yslam dünýäsiniň ähli jogapkärçiligini öz gerdenine alan beýik imperiýa öwrülendigi bilen meşhurdyr.

XIV asyryň ortalarynda türkmenler Hytaýa birnäçe tapgyr göçüş edipdirler. Türkmenleriň salyr taýpasynyň uly topary, käbir maglumatlara görä, Mawerannahrda harby-syýasy ýagdaýyň çylşyrymlaşmagy bilen baglanyşykly, 1370-nji ýylda Samarkandyň ýanyndaky Nurata daglaryndan Hytaýa geçýär we ol ýerde ýerleşip galýar. Häzirki wagtda Dünýä türkmenleriň ynsanperwer birleşiginiň üsti bilen hytaýly türkmenler bilen aragatnaşyk ýola goýuldy.

Dünýäniň gadymy, baý we täsin gözelligi bilen meşhur ýurtlarynyň biri hem Hindistandyr. Ol ýere biziň ata-babalarymyzyň aralaşmagy gadymy döwre we orta

asyrlara degişlidir. Günorta Türkmenistanda köp ýyllaryň dowamynda alymlaryň geçiren arheologiki gözlegleri netijesinde Altyndepe we Harappa ady bilen belli gadymy ösen medeniýetli döwletleriň arasynda söwda gatnaşyklarynyň dowam edendigi anyklanyldy.

Has gadymy döwürlerde ariý taýpalary Orta Aziýanyň çäklerinden göçüp-gonup, Hindistana barypdyrlar. Olar bu ýurduň taryhynda wedler döwrüni-Hindistanyň gadymy edebi ýadygärlikleriniň, hindi-arileriň medeni ýadygärlikleriniň ýüze çykan döwrüni esaslandyrypdyrlar.

Beýik Ýüpek ýoly türkmen-hindi gatnaşyklarynyň ýaýbaňlanmagyna ýardam edipdir. Türkmenleriň ata-babalary bolan parfiýalylar halkara söwda gatnaşygyny açyp, ykdysady we medeni ösüşe eýe bolýarlar. Söwda ýollarynyň bir ugry Amuldan Owganystana we Hindistana, beýleki biri bolsa gadymy Ürgenje we Merwe barýardy.

Orta asyrlarda türkmenleriň ata-babalarynyň döreden beýik döwletleri-imperiýalary Hindistany öz ýerlerine birikdirjek bolup synanyşypdyrlar. Şolaryň hatarynda Kuşan, Eftalylar döwletlerini, Göktürkmenleriň döwletini, Gaznaly türkmen döwlerini, Beýik Seljuk türkmen döwletini, Köneürgenç türkmenleriniň döwletini mysal hökmünde görkezmek bolar. Türkmenleriň öz ata Watanynyň çäginden daşarda Hindistan sebitlerinde döreden döwletleriniň hatarynda Halajy türkmenleriniň döwleti (1202-1323 ý.), Deli (Dehli) türkmenleriň soltanlygy (1204-1414 ý.) Togalaklar türkmen döwleti (1414-1555 ý.) Kutub şa türkmenleriniň döwleti (1512-1687 ý.) muňa aýdyň mysaldyr.

Irki orta asyrlardan başlap, türkmenleriň ata-babalary gunlar öz hökümdarlygyny Ýewropa döwletlerine ýetirmek bilen çäklenmän, eýsem goňşy hindi patyşalyklaryny hem tabyn edipdirler. V asyrda Toramyn patyşanyň ýolbaşçylygynda demirgazyk Hindistan eýelenip, ol uzak wagtlap gunlaryň goragynda bolýar. Eftalylaryň hökümdary Mihirakula Kaşmir bilen Penjaby basyp alýar. Göktürkmenleriň döwletiniň serheti günbatarda – Wizantiýa, Gündogarda-Hytaý, günortada bolsa Eýran we hatda Hindistan bilen çäkleşýärdi. Günbatar Göktürkmen hanlygynyň döremegi bilen biziň ata-babalarymyz Owganystanyň üsti bilen demirgazyk-günbatara Hindistana aralaşypdyrlar.

Gaznaly türkmen döwletiniň soltany Mahmyt Gaznaly hem (970-1030 ý.) köp ýerleri eýeleýär. Mukaddes Ruhnamada bu barada şeýle diýilýär:

**“Onuň döwletiniň ýeri gysga wagtyň içinde Horasana, Köneürgenje, Yraga, Balha, günorta-gündogar Eýrana, demirgazyk Hindistana çenli giňeýär”.**

Gaznaly türkmen hökümdarlary Hindistanda uly we owadan binalary – köşkleri, ymaratlary, metjitleri, medreseleri gurupdyrlar. Gaznaly türkmen döwletinden soň, Beýik seljuk türkmen döwleti, Köneürgenç türkmenleriniň döwleti öz tutýan ýerlerini giňeldip, söwda we kerwen ýollarynda howpsuzlygy üpjün etmek arkaly şäherleriň ykdysady, syýasy we medeni taýdan ösüşine itergi beripdir.

Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy hindi-türkmen halklarynyň geçmişdäki doganlyk gatnaşyklaryny ýatlap, şeýle nygtaýar: “Dürli sosial we köp milletli gurluşlar döredilip, hindiler we türkmenler olaryň düzümine girdi, ýöne olaryň arasyndaky özara hoşniýetlilik we birek-birege sarpa goýmak hemişe saklanyp galdy. Gadymy hindi

çeşmelerinde türkmenleriň ata-babalary bolan seljuklaryň demirgazyk Hindistanyň arhitektura keşbinde özboluşly yz galdyrandygy hakynda maglumat bar. Seljuk binaçylary, senetçileri Lal Kapyň, Siriniň, Tuglakabadyň täsin taryhy ýadygärliklerine öwrülen köp binadyr desgalary döretmäge gatnaşypdyrlar”. Iki halkyň beýik ogly Baýram han Türkmeniň, onuň ogly Abdyrahym hanhananyň Mongollar imperiýasynyň döredilmeginde we berkemeginde görkezen edermenliklerini, umuman, beýik Hindistan üçin bitiren hyzmatlaryny hindi halky hiç wagt unutmaýar.

Biziň ata-babalarymyzyň gadymy döwürlerden başlap, dünýäniň iň gymmatly we baý medeniýetli halklary bolan hytaý we hindi halklary bilen ysnyşykly gatnaşyklary olaryň birek-birek bilen ýakynlaşmaklaryna we halklaryň medeni hem ruhy gymmatlyklarynyň özara baýlaşmagyna getiripdir.

Türkmenistanyň Prezidenti Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy halkymyzyň göçe-göçlügini, onuň taryhda geçen ýollaryny kesgitläp, şeýle belleýär: “Türkmeniň bäş eýýamynda köp hem dürli ýol-ýörelgeler ýüze çykdy we durmuşa ukyplylygyny görkezdi. Hut şol ýollar bilen gidip, türkmen türkmenligini görkezdi. Türkmeniň ýoly belentlikden belentliklere barýan ýoldur”.

Şeýlelikde, uzak taryhy dowamynda türkmen halkynyň göçe-göçlügi, dünýäniň dürli künjeklerine ýaýramagy, dürli kynçylyklary başdan geçirmegi olary nähili agyr günlere getiren-de bolsa, hemme ýerde türkmen öz adyny, abraýyny, namysyny, dilini, dinini, däp-dessuryny saklamagy başaran halkdyr. Ol oňa hemişe hötde gelip bilipdir. Ol berk başarnyk bolsa halkymyzyň Oguz han Türkmenden gaýdýan milli medeniýetiniň saklanyp hem barha baýlaşyp, biziň günlerimize gelip ýetmegine ýardam edipdir.

**Muhammet Aýdogdyýew,**
**Handurdy Gurbanow**
**“Türkmenistan”gazeti, 17.04.2003 ý.**

## ŞAM TÜRKMENLERI

Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň mukaddes Ruhnama kitabynda görkezilişine görä, Seljuk türkmeni Atabeg Imadeddin Ziňňi 1127-nji ýylda Yraga hökündar bellenýär. Şol ýylda öz welaýatyna Bagdat bilen bilelikde Mosuly, Sanjary, Jeziräni we Harrany, soňra (1128 ý.) Halaby birikdirýär. Ol musulmanlary haç göterijilerden goramakda aýratyn tapawutlanýar. Imadeddin aradan çykandan soňra onuň hökümdarlygy ogullary – haç göterijileriň ýiti garşydaşy Şamy (Şamny) dolandyran Nureddin Mahmydyň we Mesopotamiýa bilen Mosula hökümdarlyk eden Seýgeddin Gazynyň arasynda bölünýär. Beýik Serdarymyz Saparmyrat Türkmenbaşy özüniň köp sanly çykyşlarynda türkmenleriň Şamda we beýleki golaý Gündogar ýurtlarynda

taryhyň her hili döwürlerinde ýaýrandyklaryny we olaryň uly taryhy, syýasy we medeni ähmiýete eýe bolandyklaryny belläp geçýär.

Gulluk borçlaryma görä, men arap ýurtlarynda, şol sanda Şamda hem, ömrümiň epesli wagtyny eziz Watanymyza hyzmat edip geçirdim.

Adamzat taryhynda Şam meşhur hyzmatlary bitiripdir. Bu ýurt hakynda ýurt ösüşleriniň ilki dörän Ýeri diýip aýdýarlar. Onuň sebäbi, adamzat medeniýetinde gazanylan we soňra bolsa bütin äleme ýaýran meşhur üstünlikleriň gözbaşynyň gadymy Şamda bolmagyndadyr.

Alymlaryň görkezmegine görä, köp dini we pelsepe ýörelge-ugry esasy, söwdanyň, şäher gurluşygynyň we diplomatiýanyň başlangyjy, medeni hyzmatdaşlygyň endikleri Şamda ýüze çykýar. Golaý Gündogarda bolan Şam bilen tanyşmak – bu adamzat taryhy bilen daş asyryndan häzirki zamana çenli tanyşmakdyr. Ýeri gelende aýtsak, bu ýurt jahankeşdeler üçin hem möhüm merkezdir. Bu toprakda geçmişiň gaýtalap bolmajak suratlary-ybadathanalar, arap galalary, metjitler, köşkler gyzygy olardan pes bolmadyk häzirki döwür bilen utgaşyp gidýär.

Bu gözel ýurtda asly türkmenler köp, emma öz dilini ýatda çykarmadyklaryň sany bir milliondan geçýär. Olar diýsiň gyzgyn ýürekli we Garaşsyz hem-de baky Bitarap Türkmenistana uly mähir bilen seredýärler. Oňa buýsanýarlar. Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň parasatly ýolbaşçylygynda ýurdumyzda alnyp barylýan giň möçberli, halk bähbitli işlere haýran galyjylyk bilen guwanýarlar. Şamdaky kowumlaryň arasynda türkmenleriň sany boýunça ikinji ýerde durýar. Ýerli türkmen alymy Ibragim Salyhyň öýünde köp gezek boldum. Onuň esasy baýlygy-kitap iki gatdan durýan öýünde uly kitaphanasy bar. Alymyň aýtmagyna görä, maşgalaň harajatlaryndan artýan puluň hemmesine ol kitap alýar. Onda-da diňe Şamda çap edilen däl, eýsem beýleki ýurtlarda, öwletlerinde neşir edilen türkmene we beýleki Gündogar halklaryna degişli maglumatlary ýygnaýar. Ibragim akyl-paýhasy bilen türkmenlere özüni aldyrypdyr. Ol araplaryň arasynda uly hormata eýe bolupdyr.

Bu alymyň maglumatyna görä, batyrgaý, merdana we söweşjeň, türkmen atlylar 1064-nji ýylda Beýik Alp Arslanyň döwründe Şama tarap myrat (Ýewfrat) derýasyny kesip geçýärler. Olar ýurduň demirgazygyndan başlap, onuň hemme künjegine ýaýraýarlar. Şam ýurtlarynyň ilkinji şäheri bolan Halapda türkmenler öz häkimligini gurýarlar. Soňra öz ýeňiş baýdaklarynyň astyna Şamyň ýurtlaryny – bütin Şamy, Lordaniýany, Palestinany we Liwany birikdirýärler. Türkmenler bu sebitde köp ýyllaryň dowamynda agalyk edýärler we ol ýerde ýaşap, göreşip, gurup, ýeňiş gazanyp, özleri hakynda köp ýadygärlikleri galdyrýarlar. Häzirki nesiller üçin olar şöhratly geçmişiň bu günki buýsanjydyr.

Bäş milionly Şamyň paýtagty Damaskyň (Dymşygyň) Muhajirin diýen ýerinde bir myhmansöýer türkmen maşgalasy ýaşaýar. Uly ýoluň gyrasynda ýerleşýän bu jaý şäheriň iň gadymy hem gözel ýerinde bolup, mähirli seredýän gapysynyň mydama açyklygy bilen tapawutlanýar. Bu öýe gelýän täjirleriň, arap diplomatlarynyň, şahyrdyr pelsepeçileriniň yzy üzülenok. Olary hormat bilen garşylap, çaý-suw hödür edip, degişli meseleler boýunça pikir alşyp kabul etmek bu öýüň däp-dessuryna öwrülipdir.

Maşgalada mähir-edeplilik ýaly adamkärçilikli sypatlar mydama duýulýar. Bu öýüň eýeleri Abdyrahym, Kemal, Muhammet, Emir, Wesim, Ak Sonkarlar tutanýerli we edermen ýigitler bolup, özleriniň golaý Gündogarda XII asyrda hökümdarlyk eden, asly türkmen topragyndan gelip çykan Seljuk türkmenlerinden bolan Nureddin Mahmyt Ben Zeňňi Ak Sonkaryň asyrlar boýy hormatlanylýan maşgalasynyň dowam etdiriji nesilleridigini höwes bilen gürrüň berdiler.

Bu arap topraklarynda ady belli, adyganlygy, bilimi, akyl-huşy we batyrlygy bilen özüni tanadan Nureddin Mahmyt Ben Zeňňi Ak Sonkar 1118-nji ýylda Şamyň Halap şäherinde dogulýar. Ol kakasy Imadeddin aradan çykansoň, otuz ýaşynda Halap ýurdunyň emiri bolýar. Az wagt geçenden soň, ol daşky duşmanlardan araplary azat etmek üçin Dymşygy hem öz şalygyna birleşdirýär.

Nureddin Mahmyt Yslam dinine hyzmat etmekde, araplaryň agzybirligini gazanmakda uly bir serkerde bolýar. Özüniň adyllygy, akyl-paýhaslylygy bilen hem ol ýerli millete özüni aldyrýar. Arap akyldarlary bu serkerdäniň bitirýän işlerini göz öňünde tutup, onuň asyl adyna – Mahmyda Nur ed Din – “Diniň nury” diýen lakamy goşupdyrlar.

Arap we musulman raýdaşlygynyň baýdagyny belent göteren, akyl-parasatlylygy bilen tapawutlanan, öz döwrüniň beýik döwlet işgäri bolan, adyl şa adyny alan Nureddin Mahmyt soňra öz şalygyna Mosuly, Diýarbekiri, Saud Arabystanyny, Müsüri, Demirgazyk Afrikanyň arap ýurtlaryny we Ýemeniň bir bölegini birleşdirýär.

Söweşlerde, has-da haçparazlara garşy göreşlerde Nureddin esgerleriň iň öňki tapgyry bilen gidip, aýratyn şahsy batyrlygyny hem görkezipdir.

Ol döwlet işlerine we halkyň hal-ýagdaýlaryna uly üns beripdir. Ýerli milletleri her hili töleglerden boşadypdyr. Haja gidilýän ýollarda musulmanlar üçin degişli hyzmatlar, dynç alyş nokatlaryny döredip, uly alkyşlara eýe bolupdyr. Şonuň üçin Medine şäherinde namaz wagtlary onuň şanyna dogalar okalypdyr.

Nureddin halkyň parahat ýaşamagy üçin uly işleri bitirýär. Ol Şamyň Damask (Dymşyk), Halap, Hama we Liwanyň Baalbek şäheriniň daşlaryny gala bilen berkidipdir.

Halkyň aň-düşünjesini ýokary galdyrmak üçin metjit-medreseler saldyrypdyr. Şamda iň ilkinji saglygy goraýyş jaýyny gurdurypdyr.

Nureddin mähirli hem nurana adam bolupdyr. Ol alymlar bilen gatnaşyk edip, olar bilen dürli meseleleri çözer ekeni. Ol Şamda ilkinji adalat jaýyny saldyryp, halka degişli meseleler çözülende hut özi gatnaşar ekeni.

Nureddin Allatagala, Muhammet pygambere golaý adam hasap edilipdir. Ol bir gün düýş görýär. (Ol barada “”Medinänyň taryhy” diýen kitapda beýan edilýär. Kitabyň awtory Muhammet ibn Matari). Bir nurana adam gelip, oňa: “Mahmyt, sen meni iki sany sary adamdan halas et” diýýär. Mahmyt oýanýar, ýerinden turup, namaz okap, ýene-de ýatýar. Emma bu düýş üç gezek gaýtalanýar. Öz gezeginde Mahmyt hem bu nurana adama ýüzlenip: “sen kim, kimden seni goramaly?” diýip soraýar. Onda nurana adam: “Men Muhammet pygamber, Allanyň Resuly. Bu iki adam gelip, meniň jesedimi ogurlamak isleýärler” diýip, olaryň daşky sypatlaryny beýan edýär. Nureddin Mahmyt

bu üç düýşden soňra akyldar wezirini çagyryp, oňa görenlerini aýdyp berýär. Wezir bu zatlary kellesinde aýlap: “Eý, meniň parasatly Soltanym, Muhammet pygamberiň şäherinde (Medinede) bir uly iş gopýar, onuň çözgüdini Sizden başga hiç kim başaryp bilmez” diýýär.

Nureddin Medinä gitmek üçin hyzmatkärlerine goşuny taýýarlamagy boýurýar. Parasatly serkerde Nureddin öňünden habar bermän, duýdansyz Medinä gelýär. Ol uly sadaka berip, şäheriň hemme ilatynyň gelmegini, olar bilen salamlaşjakdygyny aýdýar. Özüniň emri ýerine ýetensoň, Nureddin “Hemme adam geldimi?” diýip, ýene bir gezek soraýar. Onda oňa, şäherde diňe iki alym adam galdy. Olar “Sadaka barjak däl, bizi isleýän bar bolsa, onda onuň özi gelsiň” diýýärler diýip, habar berýärler.

Nureddin Mahmyt bu habary eşidip, olaryň ýanyna barýar. Ol “alymlary” görüp, olary düýşünde eşiden adamlarynyň daşky sypatlary bilen deňeşdirýär. Olaryň hut şol düýşünde Pygamberiň aýdan adamlarydygyna anyk göz ýetirensoň, Nureddin olaryň kimdiklerini soraýar. Olar: "Biz Muhammet pygamberiň metjidine goňşy bolmak üçin “haçparazlaryň” ýurdundan gelen musulman alymlary" diýip jogap beripdirler. Nureddin olaryň sözlerine ynam etmän, assyrynlyk bilen myhmanlaryň öýlerini barlamagy tabşyrýar. Barlap görseler, ol öýüň içinden Muhammet pygamberiň gabryna garşy ýeriň astyndan kürüm gazylypdyr. Bu iş aýan bolansoň, Nureddin olara dogrusyny aýtdyrýar. Onda ol iki adam, ähli musulmanlara ahyrýet gününe çenli ahmyr çekdirmegi maksat edinip, Muhammet pygamberiň jesedini ogurlamak wezipesi bilen gelendiklerini beýan edýärler. Nureddin bu sözlerden netije çykaryp, halkyň öňünde olary jezalandyrýar. Bu ýerde toplanan märeke bolsa Nureddine alkyşlar aýdýarlar. Öwlüýäni goramak üçin ýene bir iş etmegi serkerdeden haýyş edýärler. Nureddin oýlanyp, Muhammet pygamberiň guburynyň dört tarapyny üç metrlik çuňlukda gazdyrýar. Oňa berklik üçin gurşun guýdurýar.

Nureddin bu ýagdaýdan soň ýene bir haýyr işiň – birinji Kubla hasap edilýän Kudus şäherini “haçparazlardan” azat etmek meselesiniň ýolunda bolýar. Emma onuň bu hyjuwy başa barmaýar. Sebäbi, ol agyr demgysma keseli bilen keselläp, 1174-nji ýylda Dymşyk şäherinde aradan çykýar. Ýöne bu möhüm wezipe hem Nureddiniň şägirdi we ýetişdiren dini adamsy, arap serkerdesi Salah hudin Aýýubi tarapyndan türkmen göreşijileriniň gatnaşmagynda ýerine ýetirilipdir.

Nureddiniň ýogalany baradaky habar bütin Yslam älemini sarsdyrypdyr. Dürli ýurtlardan gelen musulmanlar onuň alnyna dogalar okap, Nureddini öz Dymşykda saldyran medrese-metjidinde jaýlaýarlar. Ol şäheriň merkezinde meşhur “Hamidiýa” bazarynyň köp gelim-gidimli çetinde ýerleşýär. Asly türkmen bolan Nureddin guburyna zyýarat eden adamyň doga-islegi kabul bolýar diýip, arap dini-taryhy kitaplarynda ýöne ýerden aýdylmandyr.

Ýokarda atlary agzalan Nureddiniň nesilleri Türkmenistany asyl Watanymyz diýip bilýärler. Olar ykdysady taýdan ýagdaýlarynyň oňatdygyny, (firmalarynyň) bölümleriniň Amerikada we Ýewropa ýurtlarynda hem bardygyny aýtdylar.

Türkmenleriň köpüsi Dymşyk, Halap, Hama, Latakiýa, Homs şäherlerinde we olaryň eteklerinde ýaşaýarlar. Türkmenler bu ýerlere sekizinji asyrdan başlap, taryhyň

dürli döwürlerinde gelipdirler. Olar Türkmenistana guwanç duýgysy bilen seredýärler. Onuň bilen öz umyt-arzuwlaryny baglanyşdyrýarlar.

Ýurduň paýtagty Dymşykda türkmenler esasan hem Meýdan, Jüber, Garadaşly, Barza, Muhajirin diýen ýerlerde tohum görnüşinde ýaşaýarlar. Jüberde bolsa olaryň aýratyn öz metjitleri hem bar. Ondan başga-da Dymşygyň eteginde iki türkmen obasy bar.

Türkmenleriň uly bölegi Halap şäherinde, onuň demirgazagynda Türkiýä golaý ýerlerde ýaşaýarlar. Olar her hili senetçilik, söwda, oba hojalygy we başga ulgamlarda işleýärler.

Latakiýa şäheri we Ortaýer deňziniň Şamdaky kenary türkmenleriň sany boýunça ikinji ýeri eýeleýär. Bu şäher bilen Türkiýäniň serhedine çenli aralykda 56 sany türkmen obasy ýerleşýär.

Türkmenleriň sany boýunça üçünji ýeri ýurduň merkezi böleginde bolan Homs şäheri eýeleýär. Ondan başga-da, olar şäheriň töwereginde ýerleşýän 35 obada ýaşaýarlar. Ýerli milletiň aýtmagyna görä, Homs şäheriniň 40 göterimine golaýy türkmenlerden ybaratdyr. Bu şäherde geçen döwürlerden galan "Türkmen derwezesi", "Türkmen köçesi" we "Türkmen mähellesi" diýen ýerler saklanyp galypdyr. Şäheriň ilatyna seredeniňde, olaryň köpüsiniň nurana keşbi, mähirli garaýyşlary türkmen milletiniň adamlaryny ýatladýar. Kuneýtra welaýatynyň Golan belentlikleri türkmenleriň sany boýunça dördünji ýeri eýeläpdir. Olar on dört obada ýaşap, bu belentlikler 1967-nji ýylda basylyp alnanyndan soň, Dymşyk şäherine göçüpdirler.

Bulardan başga-da, türkmenler Hama şäherinde we onuň eteginde sekiz obada ýaşaýarlar.

Türkmenler özleriniň adatlary we milli eşikleri boýunça beýleki kowumlara garanda, araplar bilen köp derejede gatyşypdyrlar. Emma olar maşgala meselesinde özleriniňkiden gyz alyp, ogul öýerip, olara hem gyz bermegi gowy görýärler.

Türkmenler syýasy, ykdysady, harby, medeni, söwda we beýleki ulgamlarda zähmet çekýärler. Olaryň arasynda harby we medeni gullukda we döwlet işlerinde uly wezipelerde işleýänleri bar.

Şam Osman imperiýasyndan azat bolansoň, onuň birinji goranmak ministri Ýusup Al-Azma damaskly türkmen bolup, ol fransuz ezijilerine garşy göreşde Dymşygyň eteginde wepat bolupdyr. Onuň uruşda gahrymanlygyny we şahsy göreldesini göz öňünde tutup, Şamyň hökümeti her ýylda onuň ýogalan güni Ýusubyň guburyna gül desselerini goýup gelýär.

Şam Garaşsyzlygyny alandan soň, ýurduň Pzeridenti wezipesine üç sany türkmen hem saýlanypdyr: damaskly Şukry Kuwwatly we Homsly Haşim al-Atasy we Nureddin al-Atasy.

Şamyň birinji wise-prezidenti A.H. Haddam bilen bolan duşuşuklarda ol maňa: "Goý, siziň alymlaryňyz gelip, biziň ýurdumyzdaky türkmeniň taryhyna dahylly maglumatlaryny öwrensinler" diýip aýtdy. Dogrudan hem, bu dostlukly ýurtda biziň Garaşsyz baky Bitarap Diýarymyzyň alymlaryny, ýazyjylarydyr žurnalistlerini gyzyklandyryp biljek Türkmenistanyň taryhyna dahylly maglumatlar köp.

**Gurban Weliýew**
**“Türkmen dünýäsi”, 15.11.2002 ý.**

# SELJUK BEG TÜRKMEN

**Beýik Saparmyrat TÜRKMENBAŞYNYŇ**
**mukaddes Ruhnamasyndan:**
**- Beýik seljuk türkmen döwleti belli bir derejede yslam döwletinde oguz-türkmen däplerini dowam etdirip, gaty uly sebite, tä Yssambyldan Çyn-Maçyna çenli bolan aralykda hökümdarlyk edip, bütin yslam dünýäsiniň ähli jogapkärçiligini öz gerdenine alan döwlete öwrülendigi bilen meşhurdyr.**

Syrderýa Oguz ýabguwy döwlet meselelerini çözende geňeşdarlaryny hernä öýüniň gapdalyndaky ullakan çadyra ýygnaýardy. Ýaş subaşy Seljuk beg hem her gezek bolşy ýaly, ýene-de oňa çagyrylypdy. Seljuk beg çakylyga baranda, çadyr eýýäm dolabara bolan ekeni. Ol işikdäki türkmen halysyny serpip, içeri ätlände, ak şempa telpek ýokarky söýä galtaşyp, tas aşak gaçypdy. Her niçik-de bolsa, ony gaçyrman saklamak eýesine başartdy. Telpegini kellesine geýip duran Seljuk aljyrandygyny bildirmejek bolup gülen boldy. Içerdäkiler her näme-de bolsa, çalarak ýylgyryşmak bilen oňdular. Seljuk beg sesiniň sagdynlygyny özüçe içinden bir barlap gördi. Onsoň batly ses bilen salam berdi. Şeýlelik bilen, bu hadysajyk sowuldy diýip hasap etdi. Ýöne weli, söýe bilen çaknyşmagyny ýagşylyga ýorüp bilmedi.

Gartaşan ýabgu hemişekisi ýaly. Seljugyň çynar ýaly syrdam boýuny höweseklik bilen synlap durşuna, elini bir gapdala uzatdy. Bu onuň oturara ýer görkezdigidi. Ýöne onuň salgy beren ugrunda boş ýer bolmansoň, Seljuk aňyrrak bir ýerik geçip oturmaly boldy. Ol taýda munuň deň-duşlary, dogrusy, ýabgunyň ogullary hem otyrdylar. Ýabgu maslahata ýaşy ýeten-u-ýetmedik ogullaryny hem getirerdi. Aýalyny hem aýratyn hormatly bir ýerde oturdardy. Olar hökümdar öýüň agzalary bolandyklary üçin, döwlet işlerine goşulmaga haklydyrlar.

Geňeş, esasan, başga dinleriň ýurda aralaşmak howpunyň öňüni almak barada boldy. Günorta tarapdan-Samany memleketinden yslam dininiň ýalynly epgek bolup salkyn howaly ýeriň duran adamlaryny ýakyp-ýandyryp barha gaty dalaýandygyna ýabgu janyýangynlyk bilen zeýrenýärdi:

-Ynha, soňky ýyllardaky başymyzda inen gurakçylygy görýärmisiňiz? Bu şol mährewsiziň ýakynlaşmagynyň alamaty. Ol bar zady guradyp taşlar. Siz bu diniň öýjügi bolan Arabystan ýurduny eşidipmidiňiz? Täjirler onuň ýowuzlygyndan zeýrenenlerinde,

agyzlaryndan ot syçraýar. Bu diniň ýaýran ýurtlary Eýran, Turan hem şeýle. Kerbela, Deşti-Kebir. Garagum, Gyzylgum… atlaryny dagy gör, biri-birinden eýmenç: Uly çöl, ýagny öňi-ujy ýok çöl, Garagum, heý, gara bar ýerinde görk-görmek bolarmy! Gyzylgum, bu gyzyl, ýalaňaç manysandadyr. Kerbela-dilsiz-agyzsyz bir bela! Aňyrda ondan aýylganҫlary bar: Sahara, bir nägahanlyk, hiç, görünen – eşidilen zat dälmiş, başgalary hem şonuň ýaly … Bu ahyrzamananyň dini bolmaly. Kyýamaty şu gopdurmaly. Ony olaryň öz ulamalary aýdýarlar. Şol biziň ýurdumyza aralaşmasyn, ornaşmasyn. Kim şoňa uýýan bolsa, jeza beriň. Olaryň özara diýip bir zady bar. Adam aç gezip, özüne kast etmelimişin. Heý, şeýle-de bir adamhorluk bolarmy. Duýdurman, gizlin özara tutýanlar barmyş içimizde. Kime guman etseňiz, suw içirip görüň. Şonda belli bolar…

Ýabgu bir salym samyrdady. Ony diňläp oturmak Seljuk bege kyn düşýärdi. Asla, hiç kim hem oňa ullakan yrlyk baranokdy. Onuň bilen deň gopup oturan bäşdir-üçdir adam “inip gelýän” howplara kowuma üçin nähilidir bir porhan kysmy hereketler edýärdiler. Nämelerdir kowýan ýaly ellerini bolaýlaýardylar, käte bir wagşyýana ses hem çykarýardylar. Olar ýörite başga ýurtlara iberilip, okuw-tälim alyp geçen adamlardy. Ýabgunyň hökümetinde şolardan ylymly adamlar ýok hasap edilýärdi. Olaryň okan ýerleri hakynda gürrüň edenlerinde, Taňry Mekany, aý, Taňry daglarynyň hem depesinden aşyp geçmelimiş diýip syrly bir zatlary aýdýardylar. Olar bu dünýäde adamlara her hili “oýunlar” görkezýän bolarlar. Hatda, kelläniň içinde dörän gurçygy çykaryp iýýärmişler, bir gijede ulagsyz Ýenikentden Jendä baryp-gelýärmişler, gury ýer bilen barýan adamyny eşiklerini çykaryp, “suwdan” geçmäge mejbur edýärmişler… Olar hakynda şular ýaly gürrüňler köpdi.

Seljuk beg olaryň görkezýän oýunlary bilen hiç wagt gyzyklanmady. Çünki pikir edenokdy. Ol zatlaryň aňyrsynda jadygöýlik, gözbagçylyk ýaly bir pyrryldaklar bardyr diýip hasap edýärdi. Pyrryldagyň bolsa hakyky din bilen bir ýere sygyşmajakdygyna munuň akyly gowy ýetýärdi.

Ýabgunyň hatynyň özleri tarapa agras nazary bilen garaýandygyna Seljuk begiň birki gezek gözi düşdi. Näme, üýtgeşik bir zat barmyka? Onuň gözlerinde ýigrençmi, göriplikmi bir ýakymsyz garaýyş uçganaklaýar dälmi? Ýa-da munuň göwnünemikä? Üns bermedik kişi bolan Seljuk ýene-de az salymdan ol tarapa seredenini duýman galdy. Gözleri ýene-de biýygtyýar oňa sataşdy. Ýok, bu ýalňyşmandyr. Şol ýakymsyz garaýyş. Näme üçin ol başgalar bilen işi bolman, diňe muny yzarlaýar? Bu oňa näme zyýan etdikä? Bu az salym öňüni – soňuny ýatlady. Arassa wyždany çirksiz yzyna dolanyp geldi. Be? … Ýa-da munyň beýlekilerden ýokary çykyp duran, entegem bu sebitlerde doly ýoň bolmadyk türkmen telpegi, isleseň-islemeseň gödek kaklyşyp durmuka? Bolup biler. Mümkin, telpek onyň kän bir gözüne gelýän däldir? Ýöne diňe şonuň üçin şeýle ýylgaryşa sezewar edilmelimikä? Aý, näme, hökümdar hökümdar bolar-da. Näme eşitseler, edenleri gidip dur. Onsoň ynjygrak bolar-da. Seljuk telpegini çykaryp, gapdalynda goýdy. Az salym garaşdy. Emma ýagdaý üýtgemedi. Ýok, munuň egninde ýokarsy hem saýlanyp dur ahyry. Seljugyň özi ony mydama-da bilýär. Ylaýta-da soňky wagtlarda, Seljugyň gapdalynda ýabgunyň oglanlary oturdylar. Ol özüniň

olaryň üstüne ep-esli abanyp oturandygyny häzir şu mahal bütin süňňi bilen syzdy. Dogrudan hem bu näme boldugy? Ol öz ýanyndan ejap etdi. Hawa, hut ejap etdi. Hatynyň näme üçin alarylýandygyny indi muňa düşnükli bolup ugrady. Beýdäýmeli däl ahyry…

Bu ýygnakdan soň Seljuk bir hili müýnli gezdi. Ondan-mundan gulagyna sowuklaç gürrüňler degip ugrady. Hatyn ogullarynyň ýanyna baryp oturmagyny halamandyr. "Ol kimmiş ýabgu ogullary bilen deňleşip oturarça! Tör onuň ýeri däl ahyry" diýýärmişin. Şondan bäri ol ýabguny ýatsa-tursa gününe goýanokmyşyn. "Ol öz ýerini tananok. Şeýdýän bolsa, bizi äsgermezligi bolýar. Ol seniň ogullaryňdan öňe düşüp, ýurdy eýelejek bolýandyr. Aý, garaz, gybat etjege gybat gytmy, töhmet etjege delil gytmy!

Seljuk beg soňky wagtlarda ýabgunyň özüne sowuklaç garaýandygyny aňlap ugrady. Ol sowuklyk, asla, ýigrenje öwrülip barýan bolsa-da ähtimal? "Munuň atasy Demir Ýaýly baryp ýatan gedem dälmidi? Bularyň dişinde et galdyrdyň. Indi gijä goýman, şunuň ýoguna ýan" diýip Hatyn ýabgunyň gulak etini guradýarmyşyn. Şu kysmy gürrüňler hem aşaklykdan eşidilýärdi. Seljugyň ynjalygy bütinleý gaçdy. Ol çynlakaýdan pikirlenmeli boldy. Päliň düzüwdigini ýabguna ynandyrjak bolmalymy? Ýok, ol berk ýerden içirilenden soň, seňkä gulagam asmaz. Ýabgu bilen darkaş etmelimi? Ýok. Ol mümkin däl. Onuň entek senden has güýçlüdigi şübhesiz. Ýa-da töwekgellige salyp, humary atmalymy?.. Aňyrdan gelişlerine seredeniňde, bu nebere bular ýaly oýunlary göre-göre gelýän bolmaly. Bular gaçalygyny aldyrsalar, gaty aýylgançdyrlar". Ýa-da "Bular bir aýaga galmasyn, öňünde durubiljek ýokdur" diýip tanalýan nebere bolmalydy. Emma seljugyň ýagdaýy başgaça. Munuň gaty uzakdan tutulan örän uly maksatlary bar. Ony munuň özi bilýär. Ol tutumy, ol maksady bolsa, bu hiç halatda humara goýup biljek däldi, hiç zada çalşyp biljek däldi. Gaçalak hakynda aýdylanda bolsa, bu ony entek aldyranok, gaçalak entek bar.

Ýagdaýlary görüp duran garyndaşlary, dost-ýarlary Seljuga ýabgudan arany açmaklygy maslahat berdiler. Munuň bilen nirä gitmeli bolsa gidip, arka daýanyşjakdyklaryny hem aýtdylar.

Seljuk beg ýurdy terk etmekligi isläp duranokdy. Hatda ýabgunyň alyp barýan yslama garşy syýasaty hem ony beýle ädim ätmäge mejbur edip biljek däldi. Seljuk uly iliň yslamy özüne duşman saýmaýandygyny görýärdi. Il yslamda özüne duşmançylykly bir hereket duýmandan soň, dagy nähili bolsun. Hiç bir jemagat, hiç bir halk özüne zordan duşman tapjak bolup ýören däldir ahyry. Kimdir biri bilen barlyşyga ýol galmasa, ana, şonda nälaçdyr. Özi bilen yslamyň arasynda ullakan bir çaprazlyk bolmanyndan soň, asla ony näme üçin inkär etsin? Taňry bir! Bu ýeke-täklik-Tewhid-mazmuny babatdan özüne uýýan dürli şekilleri özünde birleşdirýär. Eýsem, bir çarçuwa girenden soň, onuň gitjek ýeri nire? Onsoň boldugy bor-da. Jemagatlara "darlyk" edýän şu derdeserlin ýalançynyň agzalalyk üçin başga sebäpleri, başga aladasy azmy?

Ýagdaýa dogry baha bermän, öz ýagdaýyny boýun almazlyk-bihuda ýere pida bolmak dälmi? Seljuk ony islänok. Bu başga töwir adam. Munuň öz ömrüni, gelejegini

beýle arzan satasy gelenok. Arzy-bahany tapmak üçin göreşmeli. Göreşmek üçin bolsa, durumuňy sazlamaly, oňarmaly. Arkaňy berke diremeli.

Şu pikirler bilen ýaşaýan Seljuk beg neberesini, dost-ýarlaryny, başga-da yzyna düşen adamlaryny alyp, amaty bilen Jende tarap göterildi.

Jent bilen Ýenikendiň arasy uzak däldi. Ikisi hem Syrderýanyň boýunda-biri orta, beýlekisi aşak akymlaryndady. Jent hem şol ýabgunyň soraýan ýeridi. Emma bu ikisiniň arasynda düýpli tapawut bolup, ol hem durmuşlarynyň başga-başgalygyndady. Jent, esasan musulman ülkesi bolup, diňe bu ýerde ägirt uly hormat goýulýardy. Bu ülkede dünýädäki ähli zatdan öňürti musulmançylyk soralýardy. “Dini ygtykadyň haýsydyr?” diýilýärdi. Şol sowala sen “Alhemdülilla, musulmanam” diýseň, onsoň hemme zat gülala-güllükdi. Onsoň sen ynama girýärdiň. Aralykda derrew hoştap howa emele gelýärdi. Esasy mesele, hat-da müşgülat hem bolsa, çözülýärdi. Onsoň, islediginçe gepleşiber. Siziň araňyzda edere gürrüň, duýgudaşlyk hem näçe diýseň tapdyrar. Bu ýerde adamlaryň ýüzüne ýagty röwüş çaýylan ýalydy. Çünki adamlar bir ýokary ruhy umyt bilen iýmitlendirilendi. Bu ýerde-de garyplar, kembagallar bardy. Derwüşler, diwanalar hem köpdi. Emma olaryň hiç haýsy ruhy taýdan beýle çökgün däldiler. “Bäş günlük ýalançynyň” her zat etseňem ötýändigine, baky we bagtyýar ýaşaýşyň hakyky gowy ýaşaýşyň soňra başlanýandygyna her kimiň akyly ýetýärdi. Ahyry gowy bolsa, başga näme gerek saňa? Onuň gowy bolmagynyň bolsa, ähli şerti öz elinde. Iň gowy ýeri şol. Hemme zat özüňe bagly.  Ilden bitmeli zadyň ýok. Şeýle bolandan soň, ony gazanyp bilmeseň, kör bol. Onuň şertleri bolsa, aňsat. Onsaňam bu zähmet bilen döräp, zähmet bilen ýetişen, zähmet bilen ýaşap, zähmet bilen dünýeden gidýän adam üçin öz eliňden gelýän zadyňam bir kyny bolarmy! Bilene, onuň zähmeti duran bir lezzet, ýetip biljek sepgidiň bilen deňeşdireniňde, biçak arzan, diňe zandy düzüwlik gerek.

Bu ýerde dünýäni gaplap alan, iň ýokary ynanç, iň ýokary sütün-yslam. Hemme zat şondan soňra başlanýardy: adyňam, soýuňam, neberäňem, taýpaňam, milletiňem. Bu diýarda adamlar biri-birine mähirli, özara bir hemaýatçylyk bar. Adamlaryň bileleşip, ýowar edip işleýändiklerini ýygy-ýygydan görüp bolýar. Jamilerde namaz okalan mahallary biri-biri bilen mümkin boldugyça, gysby ýagdaýda, egin-egne berşip durýarlar.Yslam şony dindeşleriň hemmesiniň ruhy dogandygyny ündemek üçin girizipdir. Adam şol wagt dünýäniň millionlarça ynsanyndan emele gelen ymmat bilen, gaýybana hem bolsa, eginbe-egin durandygyny duýýar.

Jentde maldarçylyk bilen birlikde, ekerançylyk hem giň gerim alypdy. Baglar, bakjalar belli-belli zolaklarda dünýäni tutup ýatyrdy. Al-ýaşyl öwsüp oturan agaçlar, sonar meýdanlar göwnüňi göterýärdi. Ol datly nygmatlaryň lezzetini diýsene. Bütin dünýäniň tagamy şu ýerik üýşürilen ýaly. Olar giden bir baýlyk, dünýäniň görki we eşreti. Bu eşrete öwrenen adam munuň ýok ýerinde ýaşap bilmese gerek. Bu ýerde, köp ýurtlarda bolşy ýaly, adamlaryň dişleri saralaşyp ýa-da gädilişip duranok. Bu miwe hem-de gök önümleriň oňyn oýny.

Bir kysymlykdan başga zady görmedik seljukly türkmenler bu ýerde bir bada gysyljak ýaly etdiler. Soňra öwrenişdiler. Bir ýaýnadylar. Hemme zat nähilidir, bolmalysy ýalydy. Durmuş hem gyzykly, hem köp taraply. Ýöne ýerli ilat bilen dil

babatdaky aýratynlyk birbada kynçylyk döretjek ýaly etdi. Emma onuň iki taraplaýyn ýakynlaşmak alamatlary peýda bolýardy. Bu bolsa, diňe bir dilleri däl, halklary birbada bulara geňräk göründi. Birhili ownukçyllykdan düzülen ýaly. Käbir halatlary, hatda, gülkiňi hem tutduryýar. Salamlaşanlarynda dagy, soraşyp-edeşip tükedenoklar, ölüp – öçüp barýarlar. Bir jaýda ýatyp-tursalar-da, ertir irden biri-birine salam berşip otyrlar. Duz datmak üçin nan uzadanlarynda dagy, ýany bilen tagzym edip, eräp-akyp barýarlar. Bu zatlar, göwnüne ýasama ýaly bolup, ýüregine düşjek bolýar. Hirmat-sylag seniň kalbyňda bolsun, näme etjek ony ýörite görkezjek bolup? Haçan-da sen ony görkezmänem edip bilýän bolsaň, ol diňe şonda hakyky hormat bolmaýarmy näme?..

Emma bu zatlar öwrenişmezçe däl ekeni. Goý, şeýle bolsun. Özi hem bular örän aňyrdan gelýän däp-dessurlar ýalyla? Örän durnukly. Özlerinden juda hoş. Goý, şeýle bolsun. Ol gylyk-häsiýetden başgalara peýda bolmasa, zyýan ýok.

Bu ýerde türkmenler hem az däl. Ölaryň öz däpleri bar, elbetde. Bularam şondan el çekenlerinden, her zat edenlerini gowy görýärler.

Seljukly türkmenler täze ýerduň aladasy, gürrüňi bilen ýygy-ýygydan ýygnanyşýardylar. Bularyň durmuşdan nägilelikleri ýokdy. Gelen batlaryna, bir işe derrew girişmelidiklerine seljukly türkmenler göz ýetirdiler. Ol bolsa musulmançylyga geçmekdi. Bu teklibe garşy bolmak-ha däl baýaky hatda ikirjinlän hem tapdyrmady. Seljukly türkmenler “Allahu akber” diýşip, Gorkut ata dessuryny tutup, bu mübärek ýola höweseklik bilen gadam goýdular. Bular, bolmanda-da, ezelden kalplary bilen imanlydylar ahyry. Öz içlerinde karara gelenlerinden soň Seljuk beg Samany döwletiniň Uç walisiniň ýanyna adam iberdi. Türkmenleriň “Üç wala” diýip atlandyrdygy bu walilik, olaryň Oguz döwleti bilen serhetleşýän ýeridi. Sananiler şol walililikden bärdäki musulman jemagatlary bilen aragatnaşyk saklaýardy. Wali bu adamy höwes bilen kabul edipdir. Onsoň bular bilen dini aragatnaşygy ýola goýup, musulmançylygy öwretmek üçin falyhlar /aýanlar/, kuran we başga-da kitaplar, sowgatlar iberipdir. Ak pata beripdir. Ine, şeýlelik bilen seljukly türkmenler musulmançylyga geçdiler.

Şundan soň seljuklylar şahsyýet hökmünde bir gez ösdüler diýseň, lap etdigiň boljak däldi. Olar özlerini başgaça duýup başladylar. Indi bular has mertebelidiler, ruhubelentdiler, özlerinden göwnühoşdylar.

Bu uly öwrülişik, ylaýta-da, Seljuk bege güýçli täsir etdi. Ol heziller edindi. Munuň ruhy indi has belentdi. Subaşylygy taşlaly bäri mazalyja ezýän bikärligiň ahyrym tenekary tapylypdy. Bu özüne mynasyp iş gözleýärdi. Öz göwnüňe makul, saňa kanagatlanma, buýsanç berýän iş. Onuň ýaýy iş bolsa, Seljuk begiň pelsepesiçe, Watan goragyny egniňe çekmek ýaly derwaýys we mukaddes wezipelerdi. Bu şolar ýaly wakalaryň jümmüşinde, şolar ýaly howada, yklymatda ýaşapdy, önüp-ösüpdi, terbiýelenipdi, taplanyp ýördi. Indi onuň, heý, eli gijemezmi!

Seljuk begiň kalbyna bir ajaýyp pikir gelip doldy. Häzirki zamana üçin diňe döwlet ugrunda däl, sebit, musulmançylyk ugrunda göreşýänler gerek ahyry! Onda-da biçak zerur. Bu tutuş yslam dünýäsiniň talyby. Yslamyň garşysyna çykanlar, ýoluny bökdeýänler, oňa kast edýänler kän. Yslamy goramak-ha baýaky, ony ýaýmak hem bularyň borjy. Bu borjuň ähmiýeti, bularyň ýaşadygy Mawerannahr /Derýa ara/

ülkesinde aýratyn uly, derwaýys häsiýetde. Çünki bu ýere yslam dünýäsiniň gündogar serhedi diýýärler. Tüýs gaýry muslimler bilen ýüzbe-ýüz durlan ýer. Bu taýy, bir tarapdan, yslam siliniň dyňzap barýan, garşylyklaýyn tarapdan onuň öňüne böwet basylýan ýer. Bu taýy yslamyň iň güýçli, iň syrly, aňyrsy hiç görünmeýän goňşulary bilen aralykdaky uç serhet. Günbatar uçda, yslamyň beýleki semawy /asman/ dinleri bilen garyndaş bolandygyndan ötri, belli bir umumylyklar galypdyr-da, düşünişmek üçin köprüjikler tapdyrýar. Bu jelegaýlarda bolsa, din üsti bilen düşünişmek çetin.

Eýsem, yslamy kim goramaly? Kim ösdürmeli, kim ýaýmaly? Her ýerde yslam dünýäsiniň ähli ýerindäkiden, künjegindäkiden güýçli diýseň ýalňyşmasaň gerek. Jahankeşdelik edýän ýazarlaryň aýtmagyna görä, jihat ugrunda Mawerannahrdaky ýaly rabatlar, galalar saldyrýan barly adamlary başga ýerlerden tapyp bilenokmyşyn. Bu sebitdäki mukaddes şäher Buharaýy-şerif dünýäsiniň Bagdat, Dymaşk, Kahir, Merw ýaly uly merkezleri bilen bäsleşýän merkez. Köp babatda Buhara artykmaçlyk hem edýärmişin. Iň bir çetde beýle uly merkeziň bolmaklygy birbada geňräk görünse-de, ol ynandyryjy deliller bilen üpjün. Çünki hälki şertler munuň şeýle bolmagyny talap edýär. Onsoňam bu topraklaryň ilaty tebigat tarapyndan işeňňir, çalyşgan, zähmetsöýer, şonuň üçin-de metr, zehinli edip ýetişdirilipdir. Bu şäheriň ulamalarynyň öňünde çözüp bolmajak bir mesele ýokmuşyn. Bularyň ahunlyga fetwa bermäge ylmy hukuklary ýetikmişin. Buharaýy-şeribiň beýikligini şeýle zatlar bilen kyýaslamak /deňeşdirme/ bolardy. Yslam ygtykadynyň iman, ynanja iň ýetik /eren/, iň hyjuwly müjtehitleriniň biri, Ymlam Agzam mezhebini dowam etdiriji Ymam Maturidi Baharalydy. Ol Seljuk türkmenlerinden bolup Maturidi obasynda doglup, ýetişendi. Ähli-Sünnetiň şerigat, hukuk /fykh/ meseleleri boýunça öz wagtynda dörän dört Sütüniniň dört Mezhebiniň /Ymam Agzam Ebu Hanafiýe, Ymam Mälik ibn Enes, Ymam Muhammet Şafygy, Ymam Ahmet Hanbeli/ içinde ýa-da arasynda asyrlaryň dowamynda ýüze çykýan sowallary çözmek üçin müjtehitleriň pikir ylalaşygy gerek bolýardy. Ol “ylalaşyk” “fukahat” atlandyrylýan fakuh birleşmelerinden saýlanyp alynýan “Ummeti ijmaidi”. Şonuň bir agzasy Ähli Sünnetiň soňky iki beýik alymynyň bir Ymam Agzamdy.Diýmek ol hezreti Pygamberimizimiň “Ümmatym ýolumyzy ýoýmak üçin toplanmaz” diýip öz ýoluny ynanyp giden müminlerindendi.

Seljukbeg Ymam Agzamy görüpdi. Ol aradan çykanda, Seljuk beg elli ýaşlaryndaky adamdy.

Mahlasy Seljuk beg bir ýüz atlysy bilen gazylyga girmäge pugta karar etdi. Olar hemişe bir elleri kuranly, beýleki elleri gylyçly, seresap we söweşjeň gazylaryň bu ýerdäki ojagyna-Dorul Jihada goşuldylar.

Gazylyk gerekmi ýa-da döwletiň uly emeldarlygy diýseň, indi Seljuk begiň saýlap aljak zady bellidi. Gazylyk-ha munuň tüýs bir arzuw edýän zady ekeni ahury. Sen subaşy bolup, bir Watana gulluk edýän bolsaň, gazy bolup külli yslama gulluk edýärsiň. Sen munda diňe hökümdara ýakyn däl, Biribaryň özi bilen ýakynlaşýarsyň. Bu rehber üçin-de, ýönekeý gazy üçin-de şeýle.

Seljuk beg dagy derrew söweşe hem gatnamaly boldular. Ol söweşler serhet aňyrsyndan gelýän deryanyň müşrikler tarapyndan kesilmegine garşy edilipdi. Ahyrda

gazylar serhediň iki tarapyndaky daýhanlara hem ekerançylyk alyp barmaga gerekli bolan şertleri ýola goýmaklygy gazanyp bildiler.

Bir gezek serhet aňyrsyndan gelen orda seljuklylaryň bir bölek düýesini sürüp äkidipdir. Seljuklylaryň özleri bilen bilelikde Jendiň gazylary derrew ýygnanyşyp, kowgy guradylar. Garakçylar bulardan öňürti serhetden aşan ekenler. Gazybaşy serhedi ýaryp geçmeklige buýruk berdi. Gazylar öňlerinden uly güýçleriň hem çykaýmagyndan heder etmän, öňe sürdüler. Ala-tozan bolup barýan garakçylar beýle bolaryna garaşmadyk bolarly, indi arkaýynlaşypdyrlar. Gazylaryň barşyny okgunly gördüler gerek, garakçylar düýeleri taşlap, ökjäni göterdiler. Bular düýeleri başy-bütin alyp gaýtdylar.

Şu waka netijesinde “musulman gardaşlardan” örän minnetdar bolan Seljuk beg bu jemagata bir uly hyzmat görkezmekligi ýüregine düwdi.

Ýabgu döwletiniň ygtyýarynda bolan Jendiň üstüne her ýyl Ýenikent tarapyndan salgytçylar – tahysyldarlar gelýärdiler. Döwlet salgydynyň ýok ýeri barmy, oňa her kim kaýyl bolupdy. Agyryly hem bolsa, ilat ony çekmeli bolýardy. Salgyt örän agyrdy. Şu mesele babatda fakyh bilen gepleşen Seljuk beg bir ýyl tahsyldarlar gelenlerinde, öňlerinden çykyp:

-Musulman adamsynyň öz salgydy bar. Oňa hüşür bilen zekat diýilýär. Bu salgytlary töleýän adam başga salgytlara borçly däl - diýdi.

Tahsyldarlaryň baştutany:

-Olar öz dininiň salgydyny beripdirler. Ýöne şu döwletde ýaşaýandygy üçin döwlet salgydyny bermeli bolar – diýip talap etdi.

-Biziň dinimiz boýunça, dini salgyt, şol bir wagtyň özünde döwlet salgydy. Ony hem musulman jemagatynyň peýdasyna harçlamaly. Sen bolsa ony etmersiň.

-Döwlet alan salgydyny nähili islese, şonuň ýaly harçlar. Asla siz biziň salgydymyzy berersiňiz. Galan zat bilen işiňiz bolmasyn – diýip tahsyldar özüniňkini tutdy.

-Siz ony musulman jemagatlaryň garşysyna uruşetmek üçin ulansaňyz, biziň günä etdigimiz bolar. Biz musulmanyň garşysyna uruşýan, iş görýän döwletiň güýçlenmegine ýardam edip bilmeris.

Tahsyldar ahyrynda:

-Bermeseňiz zorluk bilen alarys – diýdi.

-Sen entegem musulmany gowy tanamaýan ekeniň –diýip, seljuk oňa jogap berdi. –Munuň ýaly ýerde musulman kellesini goýjakdyr. Päliňe azyp, gylyjyňa ýapyşaýmagyn.

Seljuk begiň tutuşyny berk gören, ýanyndaky atlylaryň hem “Ur” diýse, kellelerini aljagyna gözi ýeten salgytçylar, ýan berip ugradylar. Hawa-da, musulman diýlen halk göwnüne pis gören zadyny edenden, kelle kesişenini gowy görýändigini kim bilmeýär. Bular üçin ölüm hem gowply däl. Bular, barybir, ikinji ýaşaýşyň bardygyna ynanýarlar. Hakyky ýaşaýşy şonda ýaşarys diýýärler. Bu halk din, namys meselesinde başgalar üçin gorkunç. Dinine dil ýetirdigiň, derrew gylyjyna, hanjaryna ýapyşýar.

Tahsyldarlar şundan soň ýurduň içindäki gaýry-muslim ilatyň üstüne döküldiler. Olar atlaryny dabardadyp, her öýüň gapysyndan barýardylar. Salgydy töläp bilmese, öýündäki degerliräk zatlaryny sypyryp alýardylar. Salgyt bolsa köpdi, agyrdy. Hyraç diýip öý başyna salynýan bir salgyt bardy. Has erbedi, jan başyna salynýan jyza diýen salgytdy. Ol adamyň etinden ötüp, süňňüne ýetýärdi. Bitmez ýara salýardy. Bütin ömrüne agyr ýük göterip gezen düýedir eşek ýaly mallaryň ýagyrnysyna bir ýagyr oturýandyr-a. Ol hiç wagt bitýän däldir, bir hili jijjigem däl-de, gapaklabrak durandyr. Ana şoňada jyza diýilýändir. Ýöne haýwandaky jyza onuň hakyky ady däl. Ol ýaňky salgyt bilen häsiýetdeş bolandygy üçin, goşmaça şol ady alandyr.

Musulman jemagat Seljuk begiň gazylaryndan örän hoşal bolupdy. Indi muňa has hormat bilen garap başladylar. Munuň töweregindäki gazylaryň sany barha artyp ugrady. Bu indi ile soň goşulan "gelmişeklikden" il agasyna öwrüldi. Il indi mundan maslahat sorap, iň hormatly ýerde oturdyp, uly işlerde öňe tutup ugrady.

Iň bir fazyletli zatlar şundan soň başlandy. Salgytçylar soňkusy ýyl gelenlerinde, Jentden özlerine salgyt töleýän hem tapmadylar. Kimiň ýanyna barsalar, "Biz musulmançylyga geçdik" diýip, "Kelemeýi şahadaty" öwrüp otursa nätjek? Bolan iş belli: musulman bolanyňda az salgyt tölemek bilen dynýan bolsaň, ondan amatly näme bar, ondan hezil näme bar?.. Indi musulman ruhuna girenlerinden soň, öz kastyna, öz musulman gardaşynyň kastyna ulanyljak serişdäni berersiň diýip, baryp bilseň bar-da olaryň ýanlaryna? Gyzgyn gany gaýnan musulman indi seniň bilen baý döwüşer-ä. Eger-de şonuň güýjüni ulansaň, bularyň gazylary herekete gelerler. Olar misli bir bürgüt ýaly, atyljak bolup otyrlar.

Seljuk begiň ýanyna gelen tahsyldarbaşy:

-Siz adamlary azdyrypsyňyz – diýip, hykarat edip başlady.

-Sözüň agzyňda – diýip, Seljuk beg ýaňsyly gülümsiredi. –Olar, aslynda azdylarmyka ýa-da azandan halas boldularmyka? Hany, entek, şonuň arasyny açaly.

Nähili jogap berjegini bilmedik tahsyldy:

-Siz edil bir ýokanç kesel ekeniňiz. Ýokanja bolsa, alaç ýok –diýip hüňürdedi.

-Ynsanyň kesel gözlemek edähedi bolýan däldir. Ynsan özüne derman gözleýändir.

-Siziň dermen beräýşiňiz?.. Adamlary aç daňyp!..

-Zyýan edýän bolsak, girmezdiler. Gaçardylar. Derdiňe dermen tapýandyr, gelýändir.

-Gaçardylar! Siz gaçanyna goýýarmyzyňyz! Gaçan bilen gylyçly gepleşýärsiňiz.

-Galat! Siz özüňiz osýansyňyz. Ýa-da mydama şu boş, pöwhe dumana duwlanýarsyňyz. "Yslam gylyç bilen girizildi!"Ynha siziň bileniňiz biteniňiz! Sada adamlary ynandyrýarsyňyz. Geliň hakykatyň gözüne dogry garalyň. Yhna, görşüňiz ýaly, biz hiç kimiň garşysyna gylyç ulanmadyk, hiç kime gylyç bilen ne ýara saldyk, ne haýbat atyp, gokuzdyk. Emma birki ýylyň dowamynda, gör, näçe adam musulmançylyga geçdi. Hany, hasabyny çykar. Sen özüňi bir pikir edip gör: akmak bolmadyk adam münewwer musulmançylyk barka, seniň jyzaňy çekermi?

Çynlakaýdan gyzyklanmaga mejbur boldy gerek, tahsyldarbaşy:

-Siziň şu jihadyňyz, gazawadyňyz näme-aýt? –diýdi.

-Hä. Jihat, ynha şu görüp duran zatlaryňyz. Biz ýaragsyz ýagdaýda yslamy hem garaýarys, hem ýaýýarys. Bu biziň mukaddes göreşimiz. Eger-de kimdir biri biziň garşymyza ýaragly çyksa, biz oňa garşy gazawat edýäris.

Tahsyldar bu hakda gaýdyp sesini çykarmady.

Seljuk beg sözüniň üstüni ýetirdi:

-Ynha, gör-de duruber, ýene-de, üç-dört ýyldan soň özüň hem geçersiň musulmançylyga!

Tahsyldarlara hüňürdeşip, yza gaýtmakdan başga alaç galmady.

Dogrudan hem Seljuk begiň aýdyşy ýaly boldy. Munuň dili dogaly ekeni. Birnäçe wagtdan soň musulmançylyk Ýenikende hem ýaýrady. Birnäçe onýyllykdan soň bolsa, ol taraplar tutuşlygyna musulman ýurda öwrüldi.

**Ýazyrmat Mämmedi,**
**Türkmenistanyň halk ýazyjysy, taryhçy alym.**
**“Edebiýat we sungat” 15. 11. 2002 ý**

## TÜRKMEN PIRI MÄNE BABA

**BEÝIK** Serdarymyz Saparmyrat Türkmenbaşynyň döreden Mukaddes Ruhnamasynyň bahasyna ýetme ýokdur. Mukaddes Ruhnamanyň içinden türkmen topragynda ýaşap geçen beýik şahsyýetlerimiz baradaky maglumatlar hem eriş-argaç bolup geçýär.

Biziň gürrüňini etjek bolýan şahsyýetimiziň ady Mukaddes Ruhnamanyň üç ýerinde agzalyp geçilýär. Ol orta asyr musulman ylmynyň we medeniýetiniň öçmejek ýyldyzy, şygyr sungatynyň taýsyz senetkäri, meşhur aryf we keramatly pir hasaplanylýan Abu Sahyt Abu Haýyr-Mäne babadyr. Onuň ady külli musulman dünýäsinde giňden tanalypdyr, hatda dünýä belli alym Ibn Sina hem ony öz halypasy hasaplapdyr. Ol 968-1049-njy ýyllar aralygynda Haweranyň Mäne obasynda /häzirki Kaka etraby/ ýaşap geýär we sopyçylygyň aňrybaş derejesine ýeten şahsyýet hökmünde tanalýar. Beýik Seljuk türkmenleriniň kuwwatly zamanasynda “söz äleminiň soltany” diýen ada eýe bolup, yslam dünýäsinde ýedi weliniň biri hökmünde tanalan Mäne babanyň Beýik Taňrynyň nazary düşen biziň türkmen topragymyzda doglup, şu toprakda ýaşap geçmegi bizi diýseň buýsandyrýar.

Sowet zamanasynda biziň geçmiş taryhymyzyň, baý edebiýatymyzyň köklerine palta urlanam bolsa, häzirki wagtda Beýik Serdarymyzyň saýasynda öz medeni gymmatlyklarymyzy gaýtadan dikeltmäge doly mümkinçilik tapdyk. Ol döwürde türkmeniň beýik şahsyýetlerini öwrenmek çetindi. Nähili-de bolsa, halkymyz Mäne baba bilen az-kem tanyşdy. Sebäbi biziň edebiýatçy alymlarymyz A.Meredow / “Seljuklar döwrüniň edebiýatynyň taryhyndan”, “Ylym” neşirýaty, Aşg. 1968 ý., sah.57, 63/ hem-de N.Güllaýew / “Gadymdan galan nusgalar”. “Türkmenistan” neşirýaty, äşg. 1986 ý., sah. 70-79/ bu barada azda-kände maglumat beripdiler.

Türkmen we eýran halklarynyň beýik akyldary Abu Sahyt Abu Haýryň dünýäden gaýdanynyň 950 ýyllygy bilen bagly 1999-njy ýylyň Bitaraplyk aýynyň 7-8-inde Eýran Yslam Respublikasynyň Aşgabatdaky medeniýet merkeziniň we Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň bilelikde guramagynda halkara ylmy-amaly maslahat geçirildi. Abu Sahyt Abul Haýry öwrenmekde bu maslahatyň ähmiýeti diýseň uly boldy. Şu maslahata bagyşlanylyp, Mäne baba barada birnäçe kitaplar hem neşir edildi.

Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň Mukaddes Ruhnamasyndan belli bolşy ýaly, dünýäde "beýik" diýen ady alan Seljuk Türkmen döwletini esaslandyranlar Çagry beg bilen Togrul beg hem ýörite Mäne babanyňka salama gelip ondan döwlet-syýasy, il-ýurt bähbitli işleri üçin ak pata alypdyrlar. Muny Beýik Serdarymyzyň Mukaddes Ruhnamasyndaky "Daňdanakan söweşinde tutuş Aziýa sebitine däl, dünýäde iň bir kuwwatly türkmen döwletiniň soltany Mahmyt Gaznalynyň ogly soltan Masudyň goşunyny çym-patrak eden türkmen hanlarynyň kyrka golaýy bir saçagyň başynda jem bolup, täze türkmen döwletini yglan edýärler. Şonda yslam dininden iki ýola hyrka geýen beýik alym, pir Abu Seýit Abul Haýyr-Mäne Baba hem Çagry beg bilen Togrul bege döwlet patasyny berýär. Daňdanakan söweş meýdanynda tylla tagt goýýarlar, emma ilçilik, "Edil bu ýerde tagt goýmaly däl, bu gün sähet däl" diýenem tapylýar. Şonda Mäne Baba:

-Allanyň saýlan ýerinde ýaramaz ýer bolmaz, Allanyň ýaradan günleriniň sähet däli bolmaz! Döwletimiz halk döwleti bolup, Hakyň-Allatagallanyň ýoly bilen türkmeniň halallyk, adalatlylyk ýoly bilen gitseňiz, almajak galaňyz bolmaz-diýipdir diýlen sözler hem aňryýany bilen subut edýär. Şu ýerde Beýik Serdarymyz Abu Sahyt Abul Haýry iki ýola hyrka geýen diýip agzap geçýär. "Hyrka" musulman dininden, yslamdan düýpli maglumata eýe bolan adama berilýän lybasdyr. Bu bolsa onuň yslam dininden näderejede baş çykarlanlygyndan habar berýär. Ýene-de Mukaddes Ruhnama kitabynda Beýik Serdarymyz türkmen taryhynyň keramatlylygy barada gürrüň edeninde Mäne Baba bilen baglanyşykly şeýle jümleleri getiripdir. "Gudraty bilen külli yslam dünýäsini baglan, paý-u-pyýada aýlanyp, doga okap, zikr eden Mäne Babanyň katra-katra gözýaşy ýatyr bu toprakda". Başga-da Gorkut ata türkmen, Magtymguly Türkmen, Görogly beg, Hoja Ahmet Ýasawy, Bahawetdin Nagyşbendi, Nejmeddin Kubra, Salar baba ýaly beýik şahsyýetlerimizi ýetişdiren türkmen topragynyň hakykatdanam keramatdygyny belläp geçipdir.

Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy öz Mukaddes Ruhnama kitabynda "Asmandaky Alla zemindäki adamy ýalňyz dünýä indermändir! Her bir adamyň ýanynda ýoldaşy bardyr, ýagny türkmenler aýtmyşlaýyn – halaty!" diýmek bilen Mäne babanyň hem ýoldaşly bolandygyny şeýle beýan edýär: "Oguz han Türkmen, Gorkut Ata, Mäne Baba, Magtymguly ýaly adamlaryň ýoldaşly bolandygyny halkymyz ykrar edýär". Biziň beýik nusgawy şahyrymyz Magtymguly atamyz hem Mäne Baba ýaly beýikleriň derejesine ýetmäge ymtylymdyr. Magtymguly şygyrlarynyň birinde:

**Abu Sahyt, Omar Haýýam, Hemedany,**
**Ferdöwsi, Nyzamy, Hafyz Perwany,**

**Jelaleddin Rumy, “Jemg el many”**
**Alarnyň ýanynda menem san bolsam.**

-diýýär.

Türkmen we pars edebiýatynyň görnükli wekilleriniň biri bolan Abu Sahyt Abul Haýryň egsilmez şan-şöhrata ýetendigi barada, Eýran alymy Dehhoda tarapyndan düzülen pars dilindäki sözlükde şeýle diýilýär: “Her ýerde Abu Sahydyň gürrüňi gitse, hemme ýürekler şadyýan bolardy. Sebäbi Abu Sahyt “men” ýa-da “Biz diýip” gepleşmeýärdi. Pars dilinde çykan ygtybarly çeşmeleriň birinde Abu Sahyt Abul Haýyr barada şeýle diýilýär: “Ol sopuçylygyň garaýyşlaryny şygyr bilen beýan eden ilkinji şahsyýetdir”. Taryhy çeşmeleriň ýene birinde şeýle diýilýär: “Onuň işi şeýle bir derejä ýetýär, hat-da soltanlar, oňa toý lybasy bilen bezelen 400 sany at sowgat berýär. Abu Sahyt Abul Haýyryň neberelerinden we agtyklaryndan iki sany adam ol barada kitap ýazypdyrlar. Sopuçylyk we taryh kitabynda Abu Sahydyň adatdan daşary geň wakalary, keramatlary barasynda 100 hekaýat beýan edilipdir”.

Kaka etrabynyň Mäne obasyna golaýlaşarsyňyz welin, kalbyň nurlanyp gidýär. Ussatlyk bilen bina edilen, ýer bilen gögüň arasynda howalanyp, görünýän mawzoleýe gözüň düşer. Şeýle ajaýyp mawzoleýi Seljuk Türkmen hökümdarlary Çagry beg bilen Togrul beg Mäne baba dünýäden gaýdandan soň onuň guburynyň üstüne galdyrýarlar. Ölmeziniň öň ýanynda ýatyrka, onuň özünden ölensoň tabydynyň ýanynda Gurhandan näme okamalydygyny soranlarynda, ol Gurhan meniň mazarymyň başynda okardan uludyr, şoňa görä-de, munuň üçin şu beýiler ýeterlikdir – diýip, şu rubagysyny aýdypdyr:

**Heý, dünýede mundan gowy ne iş bar:**
**Dost-dosta sataşsa, duşsa ýara-ýar,**
**Bolupdy gam, şatlyk, hoş söz, biten iş…**
**Bes, şolardan il-gün bolsa minnetdar.**

Şeýle uly hormata mynasyp bolan, türkmen topragynyň meşhur perzendi Mäne baba halkymyzyň ýüreginde müdimilik galar. Beýik şahsyýetlerimize uly hormat-sarpa goýup ýaşamak, halkymyzyň ajaýyp häsiýetli aýratynlyklarynyň biridir. Sözümizi Beýik Saparmyrat Türkmenbaşymyzyň Mäne baba bilen baglanyşykly aýdan sözleri bilen jemläsimiz gelýär: “Ol keramatly ynsan, sarpaly pir hökmünde halkyň arasynda Mäne baba ady bilen hut gün hem uly sylag-hormatdan peýdalanýar. Beýle bagt juda seýrek adamlara miýesser edýär…”

**Arazmuhammet Arazalyýew,**
**Magtymguly agyndaky TDU-nyň**
**Daşary ýurt dili we edebiýaty fakultetiniň**
**pars dili we edebiýaty bölüminiň talyby.**

## TÜRKMENLERE ŞAN GETIREN MALAZGIRT

**Türkmenleriň Alp Arslan aýynda gazanan ajaýyp ýeňişiniň kyssasy.**

**Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň Mukaddes Ruhnamasyndan:**
**“1071-nji ýylda Çagry Batyryň ogly Alp Arslan Rul iliniň derwezesini açmak üçin Wizantiýa hökümdarlygy bilen gazaply söweş edýär. Bu söweşde türkmenler uly ýeňiş gazanýarlar. Gysga wagtyň içinde tutuş anadolyny ele geçiren türkmenler bu ýere yslamy ýaýradyp, halkyny türkmenleşdirip başlaýarlar. Malazgirt söweşiniň netijesinde Anadoly türkmenleriň eline geçýär”.**

***Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň ýolbaşçylygynda bedew bady bilen öňe barýan türkmen iliniň her bir güni guwançly wakalardan dfoly. Ýakynda Türkmenabatda geçen Türkmenistanyň Ýaşulularynyň XII Döwlet maslahatynda ençeme döwletli kararlar, çözgütler kabul edildi. Beýik Serdarymyz, aý, hepde atlaryny millileşdirmegi teklip etdi. Halkymyz bu teklibi goldady. Üstümizdäki aýa, ýagny, öňki awgust aýyna, ömürlik Serdarymyzyň teklibi bilen, taryhda “Beýik” adyny alan Seljuk-türkmen döwletiniň soltany Alp Arslanyň ady dakyldy. Hut şu aýda türkmenler taryhda şanly ýeňişleriň ençemesini gazanypdy. Şolaryň birem türkmenlere şan getiren Malazgirt söweşidir.***

On birinji asyryň ortalarynda Merwde düýbi tutulan beýik Seljuk-türkmen imperiýasy asyryň 70-nji ýyllaryna çenli öz çäklerini has-da giňeldipdir. Döwletiň paýtagty Merwde galan Çagry beg inisi Togrul begi Günbatara tarap ýollapdyr. Togrul begiň ýolbaşçylgynda Seljuk türkmenleri Hazar deňziniň Demirgazyk Günorta kenarlary bilen özleri üçin amatly, otly-suwly täze mekana-Anadoli topraklaryna aralaşyp ugradylar. Türkmenleriň Anadola akgynlary beýik Seljuk-türkmen Soltany alp Arslanyň döwründe has-da güýclendi. Özüniň Gündogar serhetlerinde söweşjeň türkmenleriň peýda bolmagy Wizantiýa imperatory Roman Diogeny ynjalykdan gaçyrýardy. Alp Arslanyň 1070-nji ýylda Siriýa ýörişi mahalyndaky üstünlikleri Rum kaýsarynyň (türkmenler Wizantiýa Imperatoryny şeýle atlandyrypdyrlar) teşwüşini hasam artdyrypdyr. Ol 1070-1071-nji ýylyň gyşynda türkmenleri öz imperiýasynyň topraklaryndan yzyna kowmak üçin uly bir goşun toplapdyr. Onuň düzüminde Balkan ýurtlaryndan hem-de Bitiniýa, Kapadokiýa, Kilikiýa, Trabzon ýaly welaýatlardan esgerler toplanypdyr. Musulman we hristýan çeşmelerinde bu gurşunyň sany 200 müňden 600-müňe çenli aralykda görkezilýär. Bu goşun dürli halklardan düzülen ekeni. Bolgarlar, Slawýanlar, Nemesler (Godlar), Franklar, Ermeniler, Gruzinler, Hazarlar, Peçenekler, Uzlar (Hristýan Oguzlar), Gypjaklar Roman Deogenyň bu agyr leşgerniň

düzüminde bolupdyr. Döwrüniň senenamalaryndan uzlaryň 15 müň atlysynyň Wizantiýa goşunynyň esasy zarwa urujy güýji bolandygy nygtalýar.

Goşunynyň ululygyna buýsanan Roman Deogen Seljuklary ýeňjegine şüwhelenmändir. Ýeňişi öz tarapynda duýup, serkerdelerine täze topraklaryň häkimligini wada edipdir. Olaryň arasynda Anadolynyň öň Wizantiýanyň golastynda bolan etraplaryndan başga-da, Yrak, Siriýa Horasan we Reý hem bardy. Rum kaýsary metjitleriň ýerinde ybadathanalary gurmagy wada berýärdi.

Wizantiýa Imperatory Roman Diogen agyr goşuny bilen 1071-nji ýylyň 13-nji martynda Istambulda (Konstantinopol) ýola çykypdyr. “Seljuknama” eserinde onuň ýola çykmazdan öň Wýasofiýa ybadathanasynda dini ybadatlary amala aşyrandygy aýdylýar. Imperator Eskişekir tarapyndan gyzyrylmagy geçip (yrmak-derýa) Siwasa barypdyr. Siwasdan Erzuruma baransoň, 20 müň adamlyk goşunyny Gürjüstana, 30 müň adamlyk goşunyny bolsa Malazgirt we Ahlat etraplaryna ýollapdyr. Olara uly goşunyň geçjek ýolyny saýlap almak hem-de azyk ätiýaçlygyny taýýarlamak tabşyrylypdyr.

Orta asyr taryhçysy Ibn ül-Esir özüniň “kämil fit taryh” kitabynda Soltan Alp Arslanyň Wizantiýa imperatorynyň özüne garşy ýörişe çykandygy baradaky habary Azerbaýjanyň Hoý şäherinde alandygyny ýazýar. Derhal weziri Nyzamyl –mülki ýanyna çagyryp aýalyny, çagalaryny Hemedana ýollapdyr, goşmaça kömek ibermek barada Mara habar ýetirmegi buýrupdyr. Bu döwürde Alp Arslan Seljuk goşunynda Togrul begiň döwründen bäri gullik edýän, indi ýaşy bir çene baran esgerlere jogap, berip ýerine ýaş, gujurly esgerleri alypdyr. Elbetde, Wizantiýa imperatory bilen garşylaşmaly pursatda Alp Arslanyň goşunynyň sany 15 müňden köp bolmandyr. Emma bu goşun sanynyň azlygyna seretmezden, “söweşde ýüz müňe taý bolan”, Görogly gaýratly ýigitlerden düzülendi. Olara soltanyň daşyny ülker ýaly gallap duran Sawtegin, Aýtegin, Törsuk, Göwheraýyn, Artyj beg, Tutak ýaly dogumly serkerdeler baştutanlyk edipdir.

Soltan Alp Arslan Wizantiýa goşunynyň tabyny barlamak üçin Ahal etrabyna barlag ýörişini geçiripdir. 1071-nji ýylyň Alp Arslan aýynyň 24-inde seljuklaryň öňki kuwwatlary Wizantiýanyň oňki birliklerini dargadyp, onuň serkerdesi Basilakesi ýesir alypdyr. Alp Arslan Malazgirdiň 10-12 km golaýyndaky Rahwa sährasynda öz goşunynyň karargähini gurupdyr.

Garpyşmaly iki goşunyň arasynda birnäçe tapawutlar göze ilýärdi. Wizantiýa goşuny san taýdan agdykdy. Ýöne ol dürli milletlerden, tapawutly dini ynançly adamlardan, biri-birine düşünmeýän, hatda duşman bolan toparlardan düzülendi. Onuň sepiniň gowşakdygy eýýäm türkmenler bilen ilkinji çaknyşykda aýan bolupdy. Käbir serkerdeleriniň turuwbaşdan ökjäni göterip başlamagy imperatory uly alada goýupdy. Göwni iňkisden doly Roman Diogen serkerdelerine özüne wepalydygy barada kasam etdiripdir. Olara täze ýerlere häkimlik wadasyny dowam etdiripdir. Wizantiýa goşunyna ýetmeýän esasy zat esgerleriň agzybirligi hem-de söweşjeň ruhudy. Alp Arslanyň goşuny, san taýdan azat bolsa, öz soltanyna wepalydy. Olaryň ählisi ölümini boýununa alan esgerlerdi. Emma duşmanyň köplükdigi soltan Alp Arslany endişä goýýardy.

Bardy-geldi şehit düşäýse, ogly Mälik şanyň mirasdüşer bolmalydygyny aýdyp, esgerleriniň oňa wepaly boljakdygyna kasam etdirdi.

Soltan Alp Arslan başaryp bolsa Wizantiýa bilen boljak uly çaknyşygyň öňüni almaga çalşypdyr. Şu maksat bilen Bagdat halyfynyň ilçisi bilen bilelikde öz wekili Sawtegini imperatoryň ýanyna ýollapdyr. Ilçiler imperatoryň soltan Alp Arslanyň iki döwletiň arasynda hemişelik parahatçylygy we dostlugy ýola goýmak baradaky teklibini ýetiripdirler. Taryhçy Ibn ül Esiriň ýazmagyna görä, imperator soltanyň ilçilerine: "Ýaraşyk Reýde (Tähranyň golaýynda – J.G.) baglaşylar" diýip jogap beripdir. Tekepbir imperator: "Yspyhan oňatmy ýa-da Hemedan?" diýip, ilçilerden sorapdyr. Hemedanyň sowugrakdygyny eşidensoň: "Biz Yspyhanda, mallarymyz bolsa Hemedanda gyşlar" diýip ilçileriň üstünden gülmekçi bolupdyr. Jany ýanyp duran ilçilerem onuň jogabyny nagt edipdirler: "Haýwanlaryňyz ol ýerde gyşlar, ýöne siziň nirede gyşlajagyňyzyň bellisi ýok".

Soltan Alp Arslan öz ilçileriniň şum habar bilen yzyna dolananyna gynanypdyr. Emma buharaly ymamy Muhammet bin Abdylmälik soltany söweşe ruhlandyryp, şeýle diýipdir: "Sen Allanyň beýleki dinlerden üstün tutýan we ýeňiş gazandyrmagy wada edýän yslam dini ugrunda söweşýärsiň. Allatagalanyň bu ýeňişi saňa nesip etdirjegine ynanýaryn. Juma güni zowal wagtyndan soňra hatyplaryň münberde bolup, Watan ugrunda göreşijiler üçin Allatagala doga edýän we şol dogalaryň kabul bolýan pursatynda duşmana garşy hüjüme geç!"

Malazgirt meýdanynda boljak söweşiň tutuş yslam dünýäsi üçin ähmiýeti uludy. Bagdat halyfy yslam dininiň wepaly goragçylary bolan türkmenleriň bu söweşde ýeňiş gazanmagyny doga edip, ähli metjitlerde doga edilmegini emr etdi.

Söweş bolmazyndan bir gün öň agşam seljuk goşunynda duşmany dowla düşürmek üçin uzyn gijeläp söweş sazlary çalyndy. Ertirki ýeňiş üçin dogalar okaldy.

1071-nji ýylyň tomsy. Türkmen ýyl hasaby bilen Alp Arslan aýynyň 26-sy, hepdäniň anna güni. Beýik soltan Alp Arslan esgerlerini toplap, juma namazyny kyldy. Allatagala mynajat etdi: "ÝA rebbim, seni özüme wekil edärin, beýikligiň öňünde başymy egýärin hem-de seniň ugruňda söweşýärin. Eý, Taňrym! Niýetim halysdyr, maňa kömek et, sözlerim ýalan bolsa, meni gazabyňa duçar eýle!". Esgerleri hem soltany bilen doga edip, "Omyn" diýdiler. Alp Arslan namazdan soňra ak eýdi. Ata-babalarynyň däbine laýyklykda atynyň guýrugyny elleri bilen daňdy. Okuny-ýaýyny egnine alyp, eline gylyjyny we topuzyny aldy. Segräp atyna atlanan soltan esgerlerine ýüzlenip: "Eý, esgerlerim! Eger şehit bolaýsam, bu ak lybasym meniň kepenim bolsun. Şol wagt meniň ruhym göklere çykar.

Mälik şany ýerime tagta çykaryň we oňa tabyn boluň. Ýeňiş gazanaýsak, öňümizde köp haýyrly günler bolar". Ýene-de esgerleriniň söweş ruhyny galkyndyrmak üçin şeýle diýipdir:

"Biziň näçe az bolsak bolaly, olar (wizantiýalylar) näçe köp bolsa bolsunlar, bütin musulmanlaryň münberlerde biziň üçin doga edýän şu sagadynda özümi duşmana garşy söweşe oklaýaryn. ÝA üstünlik gazanyp, maksadyma ýeterin, ýa-da şehit bolup, jennete düşerin. Kim meniň bilen gitse, yzyma düşsün, yzyna dolanmagy rowa görenler yzyna

dolansyn. Bu ýerde buýruk berýän soltan we tabyn esger ýokdur. Alladan başga soltan ýokdur.Ähli buýruk onuň elindedir. Bu gün men edil siziň ýaly söweşiji gazydyryn. Şonuň üçinem söweşmek üçin meniň bilen öňe gitmekde ýa-da aýrylyp, yza dolanmakda özbaşdaksyňyz”.

Soltanyň bu sözleri esgerlerine örän ýiti täsir edipdir. Gözlerinde söweş ody uçganaklan esgerleriň ählisi: “Alla emrinde aýrylmarys!” diýip gygyryşypdyrlar. Esgerleri şeýdip ruhy taýdan galkyndyrmak söweşiň ykbalyny çözüpdir. Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy mukaddes Ruhnamada: “Serkerdeler ýigitlerne: “Eger duşmany ýeňeýin diýseňiz, eger diri galaýyn diýseňiz, söweşe girmezden burun ölümiňizi boýun almalydyr!” diýip ündew eder ekenler. Serkerdeler mamla, ölümini boýun alan şirleriň öňünde duşmanyň basyp alyp, talaňçylyk etmäge gelen goşuny durup bilmeýär” diýip ýere bellänok.

Türkmen goşunynyň söweşe taýýarlanýan pursatynda Wizantiýa goşunynda dini dabaralar geçirilipdir – poplar ellerindäki haçlary bilen esgerleri ruhlandyrmaga çalşypdyrlar. Gün öýleden agansoň, iki goşun hem biri-biriniň garşysynda söweş nyzamyna düzülipdir. Wizantiýa goşunynyň merkezinde imperatoryň özi, şol ganatda ýerleşen anadoly birliklerinde Kapadokiýaly Alestes, sag ganatdaky Rumeli birliklerinde Nikephoros Breýennios, yzdaky kömekçi kuwwatlaryň başynda bolsa Andronikos durupdyr.

Soltan Alp Arslan öz goşunyny dört bölege bölüpdir. Goşunyň esasy kysymyny tutýan iki bölegini golaýdaky depeleriň aňyrsynda bukuda ýerleşdiripdir. Okçularyň goldawy astynda türkmen goşunynyň zarba urujy bölegi Wizantiýa goşunyna tarap okdurylypdyr. Şeýlelikde, döwrüniň iň uly jeňleriniň biri, taryhda Malazgirt meýdan söweşi adyny alan söweş başlanypdyr. Kös, boru, dowul ýaly söweş saz gurallarynyň galmagaly astynda türkmenler “Alla!” diýip, duşmanyň üstüne sürnüpdirler.

Alp Arslan Malazgirt söweşinde duşmanyna garşy “Ýarymaý (Turan)” söweş tilsimini ulanypdyr. Bu tilsime “Gurt oýny” hem diýilýär. Goşunynyň az sanly öňki kuwwatyny duşmanyň üstüne sürüpdir. Türkmenler pahna şekilinde biz zarbada duşman goşunynyň arasyna giripdir. Soňam ýalandan ýeňilýän, gaçýan ýaly görnüş döredip, yza çekilipdir. Bu yza çekilmäni garşydaşynyň ýeňlişi hasap eden Wizantiýa goşuny olary kowalap, Alp Arslanyň öňden bukuda goýan kuwwatlarynyň üstünden gelipdir. Bukudaky seljuk goşuny Wizantiýa goşunyny çar tarapdan gysaja salyp, onuň üstüne umumy hüjüme geçipdir. Söweşiň gyzgalaňly gidýän pursatynda Wizantiýa goşunynyň sag we sol ganatlarynda ýerleşen uzlar we peçenegler seljuklaryň tarapyna geçipdirler. Muny gören Wizantiýa goşunynyň arasyna döwul düşüp, ol bozguna ugrapdyr. Söweşiň gyzgalaňly pursatynda Wizantiýa goşunynyň ýardamçy kuwwatlarynyň baştutany Andronikos Dukas imperatoryň ölendigini yglan edip, söweş meýdanyny taşlap gidipdir.

Soltan Alp Arslan bolsa söweşiň gidişini öz gözegçiliginde saklaýardy. Güýçlerini paýlap, olary gerekli ýerine ugradýardy. Özi hem gylyjyny syryp söweşe girýärdi. Serkerdesi Aýtegin bolsa soltanyň öňünde başyny egip, onuň özüni goramagyny towakga edýärdi. Gün batýança söweşiň ykbaly çözülipdir. Wizantiýa

goşuny agyr ýeňlişe sezewar bolupdyr. Ibn ül-Esiriň ýazmagyna görä, söweş meýdany öldürilenleriň jesetlerden dolupdyr. Imperator Roman Diogeni Serkerde Göwher aýynyň esgerlerinden biri ýesir alypdyr. Ony tanamansoň öldürmekçi bolupdyr. Imperatoryň ýanyndakylar ony tanadansoň, ony öldän, hojaýynyna tabşyrypdyr.

Soltan Alp Arslan huzuryna getirilen ýesir imperator Roman Diogeni uly merhemet bilen garşylapdyr. Imperatoryň söweş mahalynda ulanan tagtyny öz tagtynyň gapdalynda goýup, ony tagtynda oturdypdyr. Alp Arslan ondan näme üçin ilçi iberip, ýaraşyk baglaşmakçy bolanynda bu teklibi ret etmeginiň sebäbini sorapdyr. Imperator oňa: "Men kysmatyma kaýyl, maňa artykmaç azap berip durmada, isläniňi et!" diýip jogap beripdir. Soltan ondan: "Eger men saňa ýesir düşen bolsam, näme ederdiň?" diýip sorapdyr. "Duşmana näme edilýän bolsa, şony ederdim". Imperatoryň mert jogaby göwnüne ýaran soltan oňa: "Men seni näder öýdýärsiň?" diýip ýüzlenipdir. Imperator oňa: "Meni öldürip bilersiň – bu gassabyň işidir. Ýeňşiňi ile ýaýmak üçin şäherlerde aýlarsyň we satarsyň – bu serrabyň işidir. Üçünjisini aýtmaga bolsa dilim baranok" diýip jogap beripdir. Düşbi soltan onuň: "Meni tagtyma oturdarsyň, menden saňa dostluk galar, ýyllyk bergimi ödärin, saňa tabynlykda galaryn. Islän wagtym atlylarym bilen saňa kömege ýetişerin. Meni öldürmekden saňa ne peýda! Ýerime başga birini imperator goýarlar, o-da saňa duşman bolar" diýmekçi bolýandygyna düşünipdir. Söweşiň öň ýanynda ýeňiş gazanaýsa imperatora degmejekdigini äht eden soltan Alp Arslan Roman Diogeni ýesirlikden boşadypdyr. Iki hökümdaryň arasynda ýaraşyk barada ylalaşyk baglaşylýar. Oňa laýyklykda imperator bir ýarym million dinar öweztölegini tölemelidi. Ol Beýik seljuk türkmen döwletine her ýylsa 360 müň altyn dinar tölemäge borçlanypdyr. Wizantiýanyň çäklerinden ähli musulman ýesirler boşadylmalydy, zerur halatynda imperator soltana goşun ýollamady. Malazgirt, Urfa, Membiç, Ahlat, Witanýa etraplary seljuklaryň eline geçmelidi.

Soltan Alp Arslan Roman Diogeni ep-esli ýere çenli özi hormatlap ugradypdyr. 10 müň dinar ýol harjyny beripdir. Ýanyna bir bölek esger goşup, ony serhede çenli ugratmagy tabşyrypdyr. Roman Diogen ýurduna baranda tagty täze geçen imperator Mihail tarapyndan tutulyp, gözleri oýulyp, zyndanataşlanypdyr. Brýik türkmen soltany Alp Arslan tarapyndan uly merhemet edilen Rum kaýsary öz ilinde gözgynylykda aradan çykypdyr.

Malazgirt meýdanynda gazanylan ýeňiş türkmenleriň şanyny dünýä ýaýypdyr. Alp Arslan bütin yslam ülkelerine ýeňiş habaryny ýollapdyr. Bagdat halyfy Kaim bi Emrillaha gönderilen habar 1071-nji ýylyň Ruhnama aýynyň 12-sinde uly märekäniň öňünde okalypdyr.

Hyýalymyzda wagtyň çarhyny 931 ýyl yza aýlalyň! 1071-nji ýyl Alp Arslan aýynyň 26-sy. Malazgirt meýdany. Türkmenleriň 15 müň adamly goşuny Wizantiýanyň 200 müň adamly goşunynyň garşysynda Beýik soltan Alp Arslan namaz okap, doga kylandan soň, şehitlik kepenini geýýär. Esgerlerini söweşe ruhlandyrýar. Ata-baba aslyňa ar getirmejek bolsaň, hökman bu söweşde ýeňäýmelidi. Onuň üçin bolsa ölümiňi boýun almalydy. Nagara-dowullaryň zenzelesi astynda türkmenler söweşe okdurylýar. Gylyç gylyja, galkan galkana kaklyşýar. At tozundan töweregi saýgarar ýaly däl. Gan

sil bolup akýar. Ýaraly esgerler iňňildeşýär. Gün gyzaryp, özüni depeleriň aňyrsynda gizleýär. Malazgirt meýdanynda ümüştamyşlyk. Depedäki çadyryň öňünde gurlan tagtynda oturan haýbatly soltan Alp Arslanyň öňüne eli gandally, tekepbir Rum kaýsaryny getirýärler. Beýik soltan oňa merhemet edip, günäsini geçýär. Türkmeniň Beýik ogly Alp Arslan Malazgirtde türkmeniň şanyny dünýä ýaýdy. Türkmenleriň ýeňişden doly bolan bu aýyna Alp Arslan adyny dakan Beýik Türkmenbaşymyzyň ömri uzak, işi rowaç bolsun!

**Jumamyrat Gurbangeldiýew,**
**“Türkmenistan” gazeti, 26.08.2002ý**

## TÜRKMEN SOLTANY SÜLEÝMAN ŞA

**Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň mukaddes Ruhnamasyndan:**
***-Bu döwlet seljuk türkmenlerinden Arslan hanyň ogly Gutulmyşyň ogullary tarapyndan 1075-nji ýylda gurlup, 1308-nji ýyla çenli dowam etdi. Bu döwletiň binýat edilmeginiň esasy sebäpleriniň biri soltan Alp Arslanyň 1071-nji ýylda Malazgirt söweşinde ýeňiş gazanmagydyr. Rum ýurdunyň derwezesinden giren seljukly türkmenler Gutulmyşyň ogly Süleýman şanyň töwereginde jemlendiler. Ol Konýany alyp, 1075-nji ýylda has içlere gitdi. Yznygy eýeledi, özüne paýtagt etdi. Soň Süleýman şa Tarsus, Adana, Mesis, Malatyýa şäherlerini aldy. 1085-nji ýylda Antakyýany ele geçirdi. Türkmen seljuk döwletiniň ikinji soltany Gylyç Arslandyr. Bu döwlet Anadolyny seljuk türkmenleriniň Watany ýagdaýyna getirmegi, yslam dinini ýaýratmagy hem türkmen begalikleriniň güýçlenmegine sebäp bolmagy bilen meşhurdyr.***

Beýik Seljuk-türkmen döwleti soltan Mälik şanyň döwründe öz ösüşiniň iň ýokary derejesine ýetipdi. Onuň mülkleri Altaýdan Egeý deňzine, Araldan Arabystan deňzine çenli ýaýylypdy. Bu aralykda otuz ýyl gowrak mundan öň onlarça döwlet ýaşaýardy. Olaryň arasynda musulmanlardan daşary, isaýylar-da, ýahudylar-da bardy. Olaryň hemmesi bir döwlete birleşip, Orta we Ýakyn Gündogarda ägirt uly güýje öwrülipdi. Uzak bolmadyk wagtyň içinde şeýle äpet döwleti guran seljuk Gerçekleri nesip eden ýerdäki guburlarynda öz ykballaryna düşen döwüşli we jenjelli, sahawatly we hormatly, gazaply we jebirli döwrüň synaglaryndan mynasyp geçip, Allatagalanyň dergähinde asuda ýatyrdylar. Ýok, olar özlerini dünýä inderen, ösdürip ulaldan, terbiýelän, kämillige getiren perzentleriniň otuz ýaş ömürde nähili pälwanlyga ýetendigine tolgunma we buýsanç bilen syn edýändirler. Türkmende "Ynsan otuz ýaşda göýä bir algyr şirdir" diýen bir jaýdar söz bar ahyry.

Mälik şa ol Gerçekleriň hemmesini bilýärdi. Atasy Çagry begi, agasy Togrul begi oglanlykda, doganoglan agasy Gutalmyşy, Ybraýym Ýynaly, Gurdy /Kawut/, kakasy Alp Arslany ýigdekçelikde, ýigitlikde görüpdi.

Olar indi ýurtlaryny täzeläpdiler, emma Mälik şa henizem olaryň arasynda ýalydy. Şol beýik dabaralar, uly söhbetler, ýörişler, söweşler, köşk şagalaňlary, meýdan oýunlary, awşikarlar henizem dowam edip durandyr öýdýärdi.Hawa, Mälik şanyň ol adamlaryň wepat bolandygyna ynanasy gelenok. Birden bolsa, ol äpetleriň her haýsynyň göteren bihasap ýüki birleşip, öz üstüne düşen ýaly, ýegşertjek bolýardy. Ýok, ýok, beýle däl, her neneň ýük hem bolsa, oňa myzaýyk etseň, onda seniň seljuk nesli bolmadygyň bolar. Gep başga zatda. Gep munuň çolasyraýandygynda, ýekesirýändiginde.

Mälik şa kakasynyň wepatyny ýa-da saldy. Şeýle äpet çynaryň ýykylmagy ýeri-gögi sarsdyrypdy diýseň, lap etdigiň bolmazdy. Seljuklylar babatdaha baýaky. Uly ýitginiň matamy hem uly bolupdy. Uly il, bütin ýurt ýas tutupdy. Ylaýta-da Alp Arslanyň çagalyk we söweşjeň dostlary Afşin, Buldajy, Ärsagyn, Artyk, Atsyz, Çawly… Hemmeden agyr ýas tutmaly, hemmeden beter aglamaly Mälik şa ýalydy. Emma, gaýtam ol hemmeden mert durupdy. Alp Arslanyň iň ýakyn adamlaryna, döwletiň iň uly erkanyna ýüzlenip: "Beýle matam bizi gowşadar. Duşmanlara bolsa geregi şol. Şonuň üçin-de, mert durup, ahypygany atyp zyňyň. Siz, eger-de Alp Arslanyň işiniň rowaçlyk bilen dowam etmegini isleýän bolsaňyz, şeýdiň" diýipdi.

Şol sözleri tapan adam şol sözlere wepaly bolup hem galmalydy. Galdy hem. Bu ýükdenem basylmaz, çolalygam ýeňer. Näme seljuk nesliniň indiki ösdürimleri pese gaçmaly diýen zat barmy? Nähili gerçekler ýetişip geldi. Olar munuň daşyny gallap durlar ahyr.

Öz gardaşy Tutuşy Yraga-Şama iberdi. Arslan Arguny ýurduň iň uly, iň jogapkärli ülkesi bolan Horasana mälik edip goýdy… Mäliklik döwletde soltandan soň iň abraýly orundy. Ol diňe hanedan neslinden bolan şazadalara berilýärdi. Mälik şa käbir ýaş şazadalaryň ýanyna güýçli we tejribeli adamlardan atabegler hem belledi.

Döwletiň iň ýakyn, çylşyrymly meseleleriniň biri Anadolydy. Ol entek aglaba Wizantiýanyň elindedi ahyry. dogry, 1071-nji ýyldaky Malazgirt söweşinden soň Wizantiýa imperatory Roman Diogen bu ülkäniň köp ýerini seljuklylyra beripdi. Emma Konstantinopola gaýdyp baran wagtynda, ony tagtdan düşürip, baglaşan şertnamasyny ýatyrypdyrlar. Şondan bäri hem gadym musulman ýurdy bolan Anadolyny ýene-de gaýdyp almak Seljuk döwletiniň wajyp wezipesi bolup durýardy.

Mälik şa bu hakda derrew kesgitli karara geldi. Bu işe kimi ibermelidigi hem ýadyna düşdi. Ýok, ol munuň mydama ýadyndady. Amatly pursada garaşyp ýördi. Ine-de şol pursat. Mälik şa bu işi Gutalmyşyň ogly Arslan beýgunyň agtygy Süleýmana tabşyrdy. Dogrusy, Süleýmanyň baştutanlygynda Gutulmyşyň ogullary tutuşlykda bu işe wezipelendirildi. Olar Süleýmandan başga Mansur, Akpilik, Döwlet dagydy.

Mälik şanyň Gutalmyş ogullary babatda aýratyn pikirleri bardy. Olara örän uýtgeşik we täsin pikirler diýseň hem boljakdy. Mälik şa Gutalmyş ogullarynyň öňünden özüni müýnli saýýardy. Olary gaýgyrýardy. Olara haýpy gelýärdi. Şol bir wagtyň

özünde olardan aşaklyk bilen çekinýärdi. Ätiýajy elden bermek islänokdy. Ýöne bu duýgularyň hemmesini ol örän gizlinlikde saklaýardy. Bu duýgulary aç-açan ýüze çykarmaklygy Mälik şa öz beýiklik mertebesini, soltanlyk ornuna bolan hukuga sahypdygyny gürrüňsiz ykrar edilmegini gorap bilmezlik diýip hasaplajakdy. Seljuklaryň hanedan taryhyndan habardar okyjy eýýam gürrüňiň näme hakyndadygyny aňlan bolsa gerek. Şeýle-de bolsa, ol hakda ýene-de bir gezek ýetlamaklyk artykmaçlyk etmezmikä diýýäris.

Seljuk begiň döwlet başyna geçen ilkinji ogly Arslanyň /Ysraýy/ Gazanaly soltany Mahmyt tarapyndan tutulyp, Hindistana iberilendigi we şol ýerde ömrüni geçirmeli bolandygy hem hakydadadyr. Şol wagtlar entek uly döwlet gurmaga ýetişmedik seljuklar ony ýesirlikden boşatmaklygyň çäresini tapmandyrlar Arslan beýgunyň ogly Gutalmyş gardaşy Resul  Tekinbilen bu ugruna çykypdyr. Emma Mahmyt Gaznaly kim, bular kim, Mawerannahr, Jent  nirede, Hindistan nirede? Taryhçylaryň çaklamalaryna görä, ullakan netije çykmajagdygyny bilendikleri üçinmi ýa-da ýürekden ýapyşmanmydyrlar, Arslan beýgunyň  gardaşy Mukaýylyň ogullary Çagrydyr ogrul begleriň bu işe ýürekden ýapyşandyklary hakynda hiç hili maglumata duşulanok.

Arslan beýgu heläkçilige düşenden soň seljukleryň başyna, iş ýüzünde Çagrydyr Togrul beg geçipdirler. Ýöne olaryň il içinde, halk arasynda agramlary-abraýlary, tutýan orunlary entek onçakly saldamly däldi. Olar entek ýaşdylar, özlerini görkezmöne olardan bir zat garaşyp boljakdygyna il ynanman duranokdy. Nähili hem bolsa, Arslan beýgunyň yzyna düşenler bu ýaş kethudalary pisint edenokdylar. Arslan olaryň ýanyna hem barmak islänokdylar. Şol gögele oglanlarmy Arslan beýgunyň ýerini tutjak, yzyny ýöretjek? Onsoňam, Arslan beýgunyň özi hem bulary kän bir öwrenişdirip barmandy. Üstesine, bular näme üçin beýguwyňkylar bilen bilelikde agalaryny boşatmagyň ugruna çykmadylar?.. Şeýlelik bilen Jent türkmenleriniň ýaýrawynda aýratyn bir topar emele gelip başlapdy.

Her niçik-de bolsa, Çagrydyr Togrul begiň eňňitleri öňe tarapdy. Abraýlary aýma-aý, waka saýy artýardy. Ylaýta-da, garahanly hökümdarlary aldaw bilen öz ýanlaryna çekjekden bolup, hile bilen ele saljak bolanlarynda, per bermän, gabawdan sypanlaryndan soň, yz ýanyndan bolsa, garşylaryna iberilen goşuny derbi-dagyn edip goýberenlerinden soň türkmen-oguz çygryndan çykyp, bütin sebite ýaýrapdy.

Ýaş seljuk bürgütleriniň ganatyny “jüýjekä”gyrmak islän “Arslan beýguçylar”çaklaryny duýupdylar. Iliň agramynyň olara yňyp barýandygyny görüp, bulara kär edip bilmejeklerini bilip, başga hili ýollara ýüz urup başladylar. Olar ýaş seljuklaryň ygtyýarynda bolmak islemeýärdiler. Şonuň üçin-de, bular bilen ýurdy aýralamakçy boldular. Dört müň öýli jemagat Gaznaly Mahmytdan idin alyp, Horasana göçüp gitdi. Olar diňe Arslan beýgunyň ogullary bilen gatnaşyk saklaýardylar. Seljuklylaryň hökümdarlyk edýän türkmen ilaty bilen arany açdylar. Arkalaryna “şemal çalan”topar ýene-de hemişeki olja pişesine girişip ugrady. Bularyň serdarlary Buka, Gyzyl, Anas ogly, Ýagmyr hem-de beýleki köneden gelýän başbuglar hem däl-de, türkmen döwletçilik – syýasy babatdan aljyraňňy ýagdaýa düşen wagtynda öňe çykýan,

adamlary olja gyzykdyryp, yzyna düşürýän ýakasy gaýyşly serdarlardy. Ýöne Gaznaly hem sana ýurduny taladyp ýörmez ahyr. Uzak wagt geçmänkä bu toparlar ýurtdan gysylyp çykarypdyrlar we Yrak, Häzirbegjan taraplaryna süýşüp gitdiler.

On birinji asyryň otuzynjy ýyllarynda Mawerannahr türkmenleriniň Çagrydyr Togrul begler tarapyndan baştutanlyk edilýän bölegi hem Horasana-gadym watana gaýdyp geldi. Bu waka uly özgerilişik döredi. Türkmenleri sygrynmadyk soltan Masut bilen arada ýagyçylyk uruşlary başlady. Bäş ýyla çeken ul-uly-kiçilik çaknyşyklardan soň, 1040-njy ýylda Dandanakanda, dünýä belli bolan uly soweşde türkmenler dünýä belli ýeňiş gazanyp, döwlet ele aldylar. Şu wakadan soň, seljukly döwletiniňki alany ýanyna boldy. Başda atlaryny tutan soltanlarymyzyň her biri döwlete görülmedik goşant etdi. Günbatara ýöriş eden Togrul beg ýeňiş üstüne ýeňiş gazanyp, “Ähli musulmanyň soltany”hukugyny gazandy. Seljuk ýeňip alyşlaryny /fetihleri/ bady gaýtman, öňe gidýän wagtlarynda, hanedanyň köp agzasy, şol sanda Arslan beýgunyň ogly Gutalmyş hem bardy.Şol ýeňişlere onuň hem-de Togrul beg dagynyň atabaşga gardaşy Ybraýym Ýynalyň eden goşantlary örän uludyr. Şol bir wagtyň özünde betpygyl adamlaryň azdyrmagy bilen bularyň ikisi hem tagta dalaş edip, ykballaryna özleri palta urdular. Ilkinjini Togrul beg bir gezek geçirdi. Pitneçilikden el çekmäninden soň, ony jezalandyrdy. Ybrahym Ýynal ýaý kirşi bilen boglup öldürildi.

Gutalmyş ilki Togrul bege garşy çykyp ugrady. Bu 1061-nji ýyldady. Togrul beg olja däbine ýol bermändigi üçin, ep-esli toparlary özünden daşlaşdyrypdy. Ol toparlaryň esasynda bir wagtky “beýguçylar” durýardy. Olar Gutalmyşa özlerine baştutanlyk etmekligi, olja düzgünini ýöretmekligi, şeýle etse, Togruly ýykyp, ony soltanlyga çykarjakdyklaryny aýdýardylar.Ozaldan Mykaýy ogullary bilen ekjeşip tagta gyzyp ýören Gutalmyş şunuň ýaly gyzykly awuň öňünde nebsini örkläp biljekmidi ýa-da başarjak dälmidi – ony Alla bilsin, ýöne ýanjak bolup duran nebite ot bermäge Togrul begiň oklan uçgunlary hem az täsir etmedi. Gutalmyşyň bolşuny kän bir halaman ýören Togrul beg,soňuna galaýmaýyn diýen pikire hem eýgerse eýgerendir, bir zady bahanalap, “Sen Halypanyň duşmany hem-de öz garşymyza çykan Besasiriden ýeňildiň” diýip, Gutalmyşyň üstüne goşun iberipdi. Gutalmyş “Gird-Kuh” diýen, baryp bolmaýan bir galada gorandy. Ol şol galada iki ýyllap saklandy. Üstüne yzly-yzyna gelen serkderdeleri, gaýtam derbi-dagyn etdi. Soltan Togrul begiň aradan çykmagy bilen Gutalmyş has güýçlendi. Şol ýerden paýtagt Reýe ugrady. Munuň bu ýörişi tagty almak üçindi.

Belli bolşy ýaly Togrul Soltandan soň tagt hukugyny alan Alp Arslan hem öz Horasan döwletinden beýik Seljukly imperiýasynyň tagtyny ele almak üçin Reýe ýetip gelýärdi. Iki bäsdeş Reýiň ýakynynda çaknyşdy. Alp Arslan üstün çykdy. Gutalmyş ele düşmezlik üçin ýakyn adamlary bilen daglara, düzlere tarap tutduryp gitdi. Gardaşy Resul Tekin we uly ogly, başga-da köp adam ýesir alyndy. Gutulmyşyň özüni soň bir ýerden öli tapdylar. Onuň aty büdürän bolarly. Ýarag yzy ýok-da, gana boýalyp ýatan ekeni.

Jesedi imperiýanyň baş weziri Amidul-Mülk Kunduri garşylady. Hormat edim-gylymlaryny ol berjaý kyldy. Alp Arslan ahyrky gezek görüşmek we hoşlaşmak üçin

köpene çolanan jesediň huzuryna – Hokümet öýüne geldi. Şu jümläni soňlamazdan öň, ýurtdaky türkmenleriň Gutalmyş beglere, näme üçindir Çagrydyr Togrul beglerden ýakyn durmasalar, daş durmandyklaryny aýtmak isleýäris. Bu mydama ejiz tarapyn arkasyny tutýan türkmeniň bu ýerde hem öz köne gylygyna wepalylyk etdigimikä?

... Gutalmyş begiň ogullary köşk-saraýda, beýleki seljuklylar şol sanda Alp Arslanyň ogullary Mälik şa, Tutuş we beýleki nesiller bilen bilelikde ýaşapdyrlar. Bile iýip-içýärdiler, oýnaýardylar, okaýardylar, terbiýe tälim alýardylar. Bularyň hemmesi öz taryhlarynyň beýikdigini bilýärdi. Gürrüňler, hekaýatlar, rowaýatlar sanardan köpdi. Ýöne hanedan içinde bolan içki wakalary bularyň hemmesi bilip hem durmaýardylar. Ol zatlar çagalaryň ýanynda gürrüň edilmeýärdi. Terbiýeçiler şunuň ýaly zatlara örän sakdylar. Emma nähili hem bolsa, oglanlar ulalyp, gözleri gara düşdügiçe, nämedir bir zatlar bolup geçendigini aňyp başladylar. Soňabaka bolsa, hemmesi äşgär bolupdy. Közi çuwalyň içinde gizläp saklap bolanok ahyry.

Ýagdaýlar oglanlaryň arasyna sowuk şemal ýaly bolup aralaşdy. Kimleriňdir şol bir gyzgynlygy, ýakynlygy saklamaga jan edýändigine garamazdan, Gutalmyş ogullarynyň ýüzleri könelýärdi. Oňa olaryň özleriniň öňki terligi saklajak bolmaklary hem peýda edenokdy. Olaryň eginleri barha gysylýardy. Özlerini bu ýerde artykmaç, öweý hasaplajak bolýardylar. Bu ýagdaýlar adam eli bilen düzelerden aňyrdaky bir zatlarydy. Ony Mälik şa ýalynyň mylakatlylygy, her sözi aýtjak bolanda, her bir hereket edende, ýüzlenýän eserdeňligi hem düzedip bilenokdy. Käbir biperwaýraklaryň birden bile-bilmän çürkäýmegi bolsa, aradaky perdäni galnadýardy. Arada diş gamaşygy ýaly bir ýakymsyz zat emele gelipdi. Ol, heý, bir wagt aýrylarmyka?

Şuny hemmeden beter isleýän Mälik şady. Ýöne ol bu islegini gizleýärdi. Eger şeýle etmese, onda özüniňkileriň eden işlerini bütinleýin ýazgardygy boljakdy. Ýalňyşlyk goýberebdiklerini boýun aldyklary boljakdy. Ýöne Mälik şanyň etjegi içindedi: her zat etjek, günäni ýuwjakdy. Şu işi bolmadyk ýaly etjekdi. Şonuň üçin-de döwleti ele alandan soň ol derrew özüçe çärelere girişip başlady. Mälik şa Süleýmana berip biljek iň uly peşgeşini gaýgyrman bagyşlady: “Anadolyny al-da, döwlet gur. Özüňi soltan ederin”.

Öz tagtyňy beräýmejek bolsaň, şundan uly sylag ýokdy. Islendik soltan üçin şu jümläni agyzdan sypdyraýmak aňsat düşmezdi. Ýöne Mälik şa  Süleýman üçin edenini az görjekdi. Bu şol gamaşyk ýyllarda Süleýmanyň bilmedik bolup, ýiti duýmajak bolup, gardaşlaryna hem täsirini  ýetirjek bolup çeken azaplaryny görüpdi. Ol gardaşlyk, gandüşerlik mährini mahrum edip biljek oglan däldi. Ol döwlet, bitewilik bähbidini hiç hili şahsy bähbit bilen çalşyp biljek adam däldi. Ol kakasynyň günäsini hem bilýärdi. Özüni mydama şoňa ynandyrjak bolup çalyşýardy. Umuman, Mälik şa tas ähli zat barasynda Süleýman bilen özünde pikirdeşlik duýýardy. Bu “Seljuk döwletiniň bir ýerini al-da, ötägit” diýeninde-de, Süleýmanyň ony etmejegine ynanýardy. Süleýman Mälik şanyň teklibine:

- Maňa näme unwan berseň, ol seniň öz işiň. Seniň edeniň bize bolar. Ýöne meniň döwletim beýik Seljuklynyň çäginden çykmaz – diýip jogap berdi.

Ine, görýärmiň, Mälik şa Süleýmanyň ynsabyna bil baglaýardy ahyry.

-Onda meniň saňa berjek unwanym şu bolsun: Sen Süleýman şah! Seljuklarda şu ady wezipe mynasybeti bilen bilenikde birinji gezek sen alýarsyň.

Süleýman sag elini gursagyna ýetirip, çep dyzyna çökdi.

-Buýur, soltanym! Anadolyny biz, enşalla, alarys. Seniň sahawatyň bize kuwwat berer!

-Wezipe örän agyrdyr. Näme arzyň bar?

- Arzym, maňa goşuny saýlap almaga öziň bar.

- Saýlap al...

- Goşuny sap türkmenden düzjekdirin.

-Türkmenden? Olja meselesi nähili bolar?

- Goşuna türkmen sypahlaryny çagyraryn. Olar açgöz däl, dokmäde.

Mälik şa bir güldi.

-Sen, onda, olary Häzerbegjandan we Horasandan çagyraýgyn. Ýöne zybrym türkmen edip oturyberme. Ertirki agzybirlik üçin gowy däl.

- Emret, soltanym!

Bu gürrüňden öň hem Süleýman Anadolydaky türkmen fetihlerine goşulyp, günorta-gündogar Anadolyda seljukly topraklaryny giňeltmeklige uly goşantlar edip ýördi. Şundan soň ol gardaşlary bilen bilelikde Anadolyny fetih etmek işine has ymykly girişdi. Bularyň hereket meýdanlary ýurduň dürli ýerlerindedi. Iş hem gowy barýardy. Emma Gutulmyş-ogullarynyň näme üçindir, agyzlary aşa ýetende, burunlarynyň ganaýmasy bardy. Şol wagtlar döwlet emirlerinden Şekli diýen biri tapyldy-da, köp zatlary bulaşdyryp taşlady. Ol Gutalmyş-ogullarynyň birine “ Biz Patyşa neslinden bolmadyk Atsyzyň ygtyýarynda bolmak islämizok. Atsyzy ýykyp, Siriýany, Palestinany ele alalyň. Müsür fatimi döwleti bizi goldar” diýip hat ýazypdyr. Şeýdip Müssaýy döwletiniň hemaýatynda bolan Gutalmyşogullary syýasy birligi emele gelip ugrapdy. Bu ýagdaýy duýan beýik Seljukly imperiýasynyň şol sebitlerdäki emiri Atsyz beg türkmen / 1074 ý./ bularyň hemmesini derbi-dagyn edipdir. Şeklini ogly bilen bilelikde öldüripdir. Gutalmyşogullaryny ýesir alypdyr. Ýagdaýy Mälik şa soltana ýetiripdirler. Süleýman şa bu wakalaryň arasynda ýok ekeni.

Bolan wakalary eşiden Süleýman şa haýal etmezden, Siriýa gelipdir we ilçi iberip, gardaşlaryny özüne bermegi Atsyzdan haş edipdir. Emma onuň bu haýyşy bitmedi. Süleýman şa şol ýerden Wizantiýanyň elindäki Antakýa, ol ýerden hem Orta Anadola, soňra Mermer deňzi sebitlerine baryp, fetih hereketlerini dowam etdirdi.

1075-nji ýylda Süleýman şa Günbatar Anadolynyň iň güýçli şäherleriniň biri Iznigi aldy we ony paýtagt edinip, öz döwletini gurady. Bu waka indi rürkmenleriň Anadolyny ikinji gezek ýeňip alyşlarydy. mälik şa muňa örän hoş boldy we Süleýman şahy “ Türkiýe Seljukly döwletiniň hökümdary” diýen at bilen gutlady. Bagdat halypasy muňa “Nasyrudewle, Ebulfawarys we Ruknaddin” unwanlaryny iberdi. Süleýman şanyň indi Anadolyny Seljukly topragyna goşjagyna ynanýardylar. Hatda, onuň Hz. pygamberiň bir zamanlar, Stambuly irde-giçde bir türkmen gerçeginiň aljakdygy hakynda aýdanyny durmyşa geçirmegiň mümkindigi hakynda hen gürrüňler edilipdi.

Şol wagtlar Wizantiýda tagt göreşi ýitileşdi. Olaryň arasyndaky dawalardan peýdalanan, käbirine kömek beren Süleýman şa Bursa, Üsküdar, Kadykeý sebitlerini ele saldy. Deňiz kenarlaryna ýakynlaşdy. Bosfor bogazy iki döwletiň arasyndaky serhet ýagdaýyna geçip başlady. Açylan täze ýerler Hazirbegjandan, Horasandan gelýän türkmenler üçin ýurt tutunmak mümkinçiligini berdi.

Süleýman şany ähli üstünliklerine garamazdan, özüni Soltan Mälik şanyň tabyn diýip tanaýarlar.

Süleýman şanyň bir gerdaşy Mansur soňky wagtlarda Mukaýylogullary bilen hasaplaşmak hakynda köp gürrüň edip başlady. Munuň asla, hiç wagtam olardan içi ýylamandy. Başdan belli bolşy ýaly, ruhy ýara dolulykda ömrem bitjek däl ekeni. Ol Süleýman şaha: “ Şu wagtlar seniň eliň geldi. Döwlet edindiň. Güýjiň kän mälik şanyň ygtyýaryndan çyk-da, özbaşdak bol” diýip inirdeýärdi. Soňabaka ol şeý diýip Süleýman şa bolsa, bir wagtky oglanlykdaky bolşy ýaly, garyndaşlyk, hanedanlyk, bütewi döwlet bähbidini hemme zatdan öňe tutýardy. Soňabaka Mansur Wizantiýanyň täze imperatory Botantes bilen dildüwşik edip, Süleýman şahyň tagryna eýe bolmaga hyýal edip ugrady.Ozalam halys bizar bolan Süleýman şa gardaşynyň bolşuny Mälik şaha duýdurypdyr. Mälik şa onuň garşysyna Porsuk beg atly güýçli serkerdäni goşun bilen ýollady. Ep-esli kynçylykdan soň Porsuk beg Mansury syndyrdy.

Ýazarlaryň hekaýat etmegine görä, iki goşuny uruşdyrmak mümkin bolmandyr. Söweşiň öň ýanynda hem olar goňşokara alşyp ýören ekenler. Porsuk beg bilen Süleýman şa näme etjeklerini bilmän, bir güni geçiripdirler. Ahyrda uzyn gije pikir eden Porsuk beg, ir bilen atlanyp, Mansuryň çadyrynyň ýanyna dabyrdap barypdyr-da:

- Är kişi bolýan bolsaň, çykgyn! Söweşiň ykbalyny ikimiz çözmeli! – diýip, onuň janyna batar ýaly sözler aýdypdyr.

Başa-baş söweşde atdan agdarylan tejribeli garry Porsuk beg ýolbars ýaly bolup, mansur bagi ölüm halda ýaralapdyr.

Bu waka beýleden syn edip duran Süleýman şahyň bu pursatda başyndan geçiren pajygaly ýagdaýyny göz öňüne getirmek kyn.

Botanýatesi Brenigýos bilen bolan tagt dawasynda goldap, imperatorlyga çykmaga kömek eden Süleýman şady. Şonuň üçin hem ýaňky dildüwüşigi ol biçak gaty gördi. Dowam edip tagt dawalarynda soňra ony goldamady. Tagta 1081-nji ýylda Komnenos geçdi. Ýöne soňky dawalar wagtynda Süleýman şa ýene-de ep-esli ülkeleri eýeledi.

1081-nji ýyl. Süleýman şa bilen Komnenosyň arasynda Dragosly serhet meseleleri barada ylalaşyga gelindi. Süleýman şa ýene-de köp utuş gazandy.

Süleýman şanyň bir welisi karategin hem Gara deňiz taraplarda Sinop, cankyry, Kastamonu ýerlerini eýeläp, döwlete goşdy.

Süleýman şanyň meýilnamasyndaky has wajyp ülkeler Günorta we Günorta-Gübdogar Anadolydaky Wizantiýa tarapyndan entek pugta goralýan hem-de aňyrdaky Müsür tarapyndan göz gyzdyrylyp gelen welaýatlarydy. Ozal bu taraplara bir keşif saparyny geçiren Süleýman şa 1084-njy ýylda örän çalt we gizlin ýöriş bilwen duýdabsyzlykda Antakýanyň eteginde peýda boldy. Şol wagtlar Siriýa Seljuk

döwletiniň hökümdary Mälik şanyň gardaşy Täjüsdewle Tutuşdy. Ol Mosul arap emiri Muslim bilen birlikde, bu şäherden her ýyl salgyt alyp oturdy. Süleýman şanyň gyssagly hem-de duýdansyz gelmekligi, ýmanka şäheri almak üçindi. 1085-nji ýylda türkmen begi Menjekogly we käbir ýunan emeldarlarynyň ýardam bermekleri netijesinde Süleýman şa Antakýany zabt edip aldy. Süleýman şa şäherdäki isaýy halkyna hiç hili azar bermeli däldigi hakynda berk perman çykardy. Şäherde derrew iki sany kilisäniň gurluşyna başlatdy.

Şeýlelik bilen Wizantiýanyň uly daýançlarynyň biri seljuklylaryň eline geçdi. Bu habar paýtagt şäheri Isfahana baranda, soltan Mälik şa uly dabara tutdurypdyr.

Antakýany alandan soň Süleýman şa Bagras, Iskanderun, Derbesak, Gazyantep, Artah, Harim, Telbaşyr galalaryny basyp aldy. Süleýman şa bulardan başga-da ençeme galalary syndyryp, Halap şäheriniň alkymynda daýandy. Bu ýerde Süleýman şa hälki Muslim bilen çaknyşmaly boldy. Kurzahi etrapynda bolan söweşde Muslimi ýeňen Süleýman şa, sebitde arap täsiriniň güýçlenmeginiň öňüni alypdyr we ýurdy türkileşdirmegiň ýolunda ymykly işleri edipdir. Ýöne Süleýman şa şol wagtlar arap şerifi Ibnülhuteýtiniň çagyrmagy boýunça gelen Tutuş bilen hem çaknyşmaly bolupdyr. 1086-njy ýylyň 5-nji iýulynda Aýny Seýlem diýen ýerde bolan söweşde Süleýman şa ýeňlişe sezewar boldy. Bu ýeňlişe namys eden Süleýman şa şol ýerde janyndan hem jyda düşdi.

Süleýman şa bilen Tutuş – iki hökümdar – dolanandylar. Bile önüp-ösüpdirler... Jesediň başyna gelen Tutuş “Biz size zulum etdik. Sizi özümizden uzaklaşdyrdyk” diýip, agyr ökünç bilen geçmişi ýatlapdyr. Ony üýtgeşik gowy mata bile köpenläp, Halap Derwezei diýen ýerde jaýladypdyr.

Bu ajy habar eşitdirenlerinde, agzy öt ýaly bolan Mälik şa bir entirekläpdir. Uly wakalar bilen köp gezek ýüzbe-ýüz bolan, köplenç ýeňiş bilen çykan işi rowaç patyşa ýurduň, hanedanyň – neberäniň içinde dörän, eýýam näçenji gezek yza görüp, sypjyrylan bu ýaranyň bejererden geçendigini görüp, daşky şowsuzlyklardan beter azap çekdi. Her bir kerpijini emaýlyk bilen örüp dikelden bu binasy, ynha, gödeklik bilen ýykyldy. Ol öň Mansurly waka bilen agyr sarsgyn gören bolsa, bu gezek güpürdäp, tutuşlygyna gaýtdy.

Mäkik şa iki eli bilen kellesini tutup oturybermekden başga näme alaç galypdy? Ol agyr oýlary başyndan geçirdi. Ynha, indi, agabegleri Gutalmyşyň ogullarynyň-da hiç haýsy ýok... Gaty agyr! Elhenç agyr! Ýeri, indi Tutuşy hem öldürip, bu jyza öwrülen ýarany berçikdirjekmi? Palta astyna aljakmy? Ýok, bu Mälik şanyň usuly däl. Diňe gaýrat edip, ruhdan düşmän, irmän-arman, binany ýaňadandan dikeltmeli. Erjellik bilen işi dowam etdirmeli. Şonuň üçin-de, Süleýman şanyň ogullaryny öz eliň bilen getirip, öz ýanyňda aýawly we wepaly edip terbiýelemeli, ýetişdirmeli. Hut özüň atalyk bolmaly. Täze ymarady ogullarynyň biri bilen gurmaly. Goý, Rum hemişelik olaryň elinde bolsun! Tutuşa bolsa, ýurt başynda goýulmaga mynasyp adam däldigini aýdyp, mektubyna duýduryş göndermeli. Oňa şondan uly urgy bolmaz.

Soltan Mälik şa Anadoly Fatyhy / ýeňijisi/ Süleýman şanyň beýle ýagdaýa düşmegi sebäpli gaharly bir mektub ýazyp, Tutuşa iberipdir.

Şol ýylyň güýzünde soltan Mälik şa Demirgazyk Siriýa bir ýörüş edipdir. Şonda Süleýman şanyň maşgalasyny ýygnap, öz ýany bilen Isfahana alyp gaýdypdyr.

Taryhy çeşmeleriň hemmesinde “Anadoly Fatyhy we gazy” unwanlary bilen atlandyrylýan Süleýman şa ibn Gutulmyş ibn Ysraýyl, ibn Seljuk Türkiýe seljuk döwletiniň atasydyr. Ol döwlet “ Anadoly seljuk döwleti”, “Rum seljuk döwleti”, “Türkiýe seljuk döwleti” diýen dürli atlar bilen aňladylýar. Bu uly ülke Gündogar Rum, soňra Wizantiýa bir tarapdan Ahemeni, soňra Halypalyk ikinji tarapdan alnyp barlan mňýyllyk göreşleriň uruş meýdany bolupdy. Şonuň üçin hem örän berk galalar iki tarapdan hem örän köp salnypdyr. Süleýman şa, onuň ogullaryna Wizantiýa güýçlerine, soňra bolsa haçparazlara garşy şol galalaryň ählisinde uruşmak dogry gelipdi. Ahyrda olaryň hemmesi ýeňiş bilen türkmenleriň eline, onda-da gutarnykly suratda geçipdi. seýlelik bilen, ol ülke türkmen watanyna öwrülipdi. ol bolsa bir tarapdan Anadolynyň türkmenleşmegi, ikinji tarapdan milletiň ýewropalylar bilen gatnaşyklara girişmegi üçin örän ähmiýetli bolupdy.

Süleýman şanyn wepatyndan soň onuň soňky Antakýa-Halap ýörişi-de ornuna goýup giden adamsy Abulkasym döwleti dolandyrmaklygy we ýeňip alyşlary dowam etdirdi. Ol hem birnäçe galalary we kentleri eýeledi. Hatda, Izmiri hem aldy. Abulkasymyň Izmirdäki türkmen begi Çaka we Balkanlar tarapdan Wizantiýa girip gelýän peçenegler bilen ýakyn gatnaşyklarda bolandygy hakynda hem gürrüňler kän.

Abulkasymyň hereketleriniň garşysyna Wizantiýa imperatory Komnenos uly goşunlar iberipdir. Olar gelip, paýtagt şäher Iznigi gabadylar. Şol wagtlar soltan Mälik şa hem Porsuk begi aýratyn wezipeler bilen bu tarapa gönderipdi. Wizantiýa goşunlary bu habary eşidip, yza çekildi. Abylkasym bolsa, olaryň gapdalyndan urup, Iznigi ikinji gezek basyp aldy. Porsuk begiň Iznige ýakynlaşýandygyny gören Abylkasym syýasy durnuklylygy elden berip, Wizantiýa bilen ýaraşyk baglaşdy. Hatda, olaryň çakylygy bilen Konstantinopola hem gitdi. Şol wagtlara çenli Iznik, Porsuk bege kömek üçin iberilen serkerde Bozan tarapyndan gabaw ýagdaýyna salyndy.

Abulkasym şol ýerde Isfahana, soltan Mälik şanyň ýanyna eňdi. Ol Iznigi özüne galdyrylmagyny haýyş etjekdi. Emma Mälik şa ony kabul hem etmändir. Abulkasym gaýdyşyn Bozan tarapyndan tutulyp, öldürildi.

Süleýman şanyň guran Anadoly Seljukly döwleti birbada, aýdyşlary ýaly, hökümdarsyz ýagdaýynda galdy. Döwleti wagtlaýyn Abulkasymyň gardaşy Abulgazy dolandyrýardy.

Mälik şanyň /1086 ý./ Demirgazyk Siriýa eden ýörişi wagtynda Süleýman şanyň maşgalasyny özi bilen alyp gaýdandygy ýadymyzdadyr. 1092-nji ýyl. Mälik şanyň wepatyndan soň başlanan tagt dwalary wagtynda Süleýman şanyň ogly Gylyç Arslan gardaşy Dawut Gulan Arslan bilen bilelikde Iznige geldi. Şäher şol wagt hem Wizantiýa gabawynyň astyndady. Abulgazy şäheri Gylyç Arslana tabşyrdy. Şeylelik bilen Süleýman şanyň seljukly hanedan döwleti ýene-de dowam edip başlady.

Soltan Süleýman şadan soňra onuň nesillerinden 16 kişi ýurda hökümdarlyk etdi. Olaryň iň soňkusy Gylyç Arslan 1318-nji ýylda ähli seljukly nesli / şazadalary/ bilen

birlikde mongol Ilhany döwletiniň Anadolydaky häkimi Timurtaş noýon tarapyndan öldürildi.

Şeýlelik bilen, 1038-40-njy ýyllarda başlanan Beýik Seljuk imperatorlygy we onuň özboluşly dowamy bolan Anadoly Seljukly döwleti 180 ýyl ýaşandan soň türkmen halkynyň kalbynda uly armanlar goýup, ahmyr bilen syndy.

Ýöne bu synyş wagtlaýyn hadysady. Türkmeniň Ýyldyzy öçmeli däldi. Şeýle hem boldy. Ilki haçparaz çozuşlarynyň, soňra mongol agalygyynyň astynda adam we tebigy güýçlerini adatdan köp sarp etmeli bolan türkmen halky şol kyn we çylşyrymly ýagdaýlaryň jümmüşinde täze güýçleri ýetişdirip gelýärdi. 1299-njy ýylda ýaş türkmen Osmanly döwleti ers-mers bolup galdy we watanyň dadyna ýetişdi. Ol tizden dünýäniň iň güýçli döwletine öwrülip, alty ýüz ýyllap hökümdarlyk etdi.

**Ýazmyrat Mämmedi, taryhçy alym,**
**"Edebiýat we sungat" gazeti, 18.10.2002 ý.**

## ADYŇ AÝDA AÝAN, RUHYŇ ARŞA ROWAN, SOLTANYM!

**Beýik Serdarymyz Saparmyrat Türkmenbaşynyň emri bilen milli senenamamyzda mynasyp orun berlen Seljuk türkmen soltany Sanjar barada edebi-taryhy söhbet**

**Beýik Saparmyrat TÜRKMENBAŞY:**
**-Soltan Sanjar 50 ýyldan gowrak tagtda oturyp, ýurdy dolanbdyrdy. Onuň nesli 150 ýyllap Ýakyn Gündogary dolandyrdy. Şonuň üçin onuň ady aýlaryň birine dakylmaga mynasypdyr.**

***Türkmen topragynda adalatyň, sahawatyň çyragyny ýakan Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy özüniň döwlet dolandyryş sungatynda bir dessura eýerýär. Ol Beýik Serdarymyzyň ähli tutumlaryny mähriban halkyna geňeşip, onuň oňlamagyny almak dessurydyr. Garaşsyzlygymyzyň 11 ýylynyň içinde bu dessuryň sazlaşykly ýöredilmegi netijesinde onuň ençeme datly miweleri getirendiginiň şaýady bola-bola geläris. Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy halkymyzy nesilbaşymyz Oguz han Türkmenden gaýdýan milli akabalarymyza dolamak barada elmydama aladalanýar. Üstümizdäki ýylyň Alp Arslan aýynyň 8-9-ynda Ýaşulularyň Türkmenabatda geçirilen XII Döwlet maslahatynyň, Halk Maslahatynyň, Umumymilli "Galkynyş" hereketiniň bilelikdäki mejlisinde öz halkyna ýüzlenen Beýik Serdarymyz täze milli senenamamyzda aýlaryň birine seljuk soltany Sanjaryň adyny dakmagy teklip etdi. Halkymyzyň oňlamagy netijesinde Beýik Serdarymyz şu ýylyň Alp Arslan aýynyň 12-sinde gol çeken Permanyna laýyklykda, milady sene hasabynyň on birinji aýyna soltan Sanjaryň ady dakyldy. Biz Beýik Türkmenbaşy senenamasy boýunça ýetip gelen ilkinji Sanjar aýy***

***bilen halkymyzy mübärekläp, bu şahsyýet hakyndaky makalamyzy okyjylarymyzyň dykgatyna hödürleýäris.***

Orta asyr taryhçysy Ibn Kesiriň (1301-1373 ý.ý.) 16 jiltden ybarat “El-bidaýa wen-nihaýa fit-taryh” (“Başdan soňa çenli taryh”) atly kitabynda ýazmagyna görä, hijretiň 477-nji ýylynyň rejep aýynyň 20-sine Mälik şanyň bir ogly dünýä inýär. Bu sene miladynyň 1084-nji ýylyna gabat gelýär. Oňa Sanjarda dünýä inendigi sebäpli, Sanjar diýip at goýýarlar. Sanjaryň ejesi Mälik şanyň söýgýaly Sapariýe hatyndyr. Il iki sany Seljuk soltanyny – Muhammet Tapary we Soltan Sanjary dünýä inderen enedir. Türkmen taryhçylary K.Baýramow we Ö.Gündogdyýew ‘Türkmenistan zenan keşplerinde” diýen kitapçasynda Sapariýe hatynyň Mälik şanyň üçünji aýaly bolandygyny, onuň Ogulsapar hatyn, Sapargül hatyn ýaly atlarynyň hem bolandygyny ýazýarlar.

Mälik şanyň ölüminden soň Beýik Seljuk türkmen döwletiniň kuwwaty synmaga başlapdyr. Onuň ogurllarynyň arasynda başlanan tegt dawalary kuwwatly döwletiň sütünlerini hasam sarsdyrypdyr. Seljuklaryň öz arasyndaky oňşuksyzlyklardan peýdalanýan haçparazlar heşelle kakýardylar. Frank haçparazlary türkmenleriň elinden Nikeýany, Konýa soltalygynyň bir bölegini, Edessany we Antiohiýany alypdyrlar. 1099-njy bolsa olar Iýerusalime zrba urupdyrlar. Seljuk neberesiniň köp sanly agzalary merkezi häkimiýete tabyn bolmakdan boýun tapdan düşüp barýardy.

Sanjar ýaşlygyndan başlap özüniň serkerdelik ukybyny ýüze çykaryp başlapdyr. Ol ýaşlygynda atabegi Kamajyň tälim-terbiýesini alypdyr. Entek ol 11 ýaşynda mahaly enebaşga agasy Berkiýaruk tarapyndan daýysy Arslan Arguna garşy göreşmek üçin iberilipdir. Arslan Argun Horasany döwletden bölüp aýyrmak isleýärdi. Ýaşajyk Sanjaryň harby üstünliklerini gören soltan Berkiýaruk ony Horasanyň mäligi, ýagny, hökümdary edip belläpdir.

Sanjar 1102-nji ýylda, 16 ýaşynda mahaly Garahanly türkmenleriniň hökümdary Kadyr han Jebraýylyň Horasana çozuşynyň öňüni alypdyr. Sanjar Samarkandyň hökümdary edip, özüniň garahanlardan bolan ýegeni Muhammet Arslan belläpdir.

Horasanyň mäligi bolansoň Sanjar özüniň süýtdeş dogany Muhammet Tapary enebaşga dogany Berkiýaruga garşy göreşde goldap başlapdyr. Olar Berkýarugy Gürgene gaçmaga mejbur edipdirler. Indi Gürgende, Horasanda we Mawerannahrda Sanjar adyna hutba okalyp başlanypdyr.

1105-nji ýylda Berkiýaruk aradan çykypdyr. 1105-1118-nji ýyllarda Seljuk döwletini Muhammet Tapar dolandyrypdyr. Muhammet Tapar ölmeziniň öň ýanynda 14 ýaşly ogly Mahmydy tagt mirasdary diýip yglan edipdir.

Sanjaryň Horasanyň mäligi mahaly bitiren uly işi onuň Gaznaly türkmenleriniň döwletini seljuklara doly tabyn etmegidir. Mälik şanyň döwründen bäri seljuklar bilen gaznalylaryň arasynda paryndaşlyk gatnaşyklary dowam edip gelýärdi. 1116-njy ýylda Arslan şa Gaznaly türkmenleriniň döwletiniň tagtyna oturypdyr. Arslan şanyň ejesi Beýik Seljuk türkmen soltany Mälik şanyň gyzy Mehd’ül Yrak bolupdyr. Arslan şa öz

doganlaryna zulum edipdir. Olardan diňe Bähram şa gaçyp gutulypdyr. Ol daýysy Sanjaryň ýanyna sygynyp, ondan haraý isläpdir.

Sanjar 1117-nji ýylyň Baýdak aýynyň 25-inde Gazna giripdir. Ol Bähram şany özüne tabyn bolmak şerti bilen Gaznaly tagtynda oturdypdyr. Sanjar soltan Mahmyt Gaznalynyň döwründen bäri bu ýerde toplanan baý hazynany hem özüne alypdyr. Beýik Seljuk türkmen döwletiniň taryhynda bu wakanyň örän ähmiýeti bardy. Sanjar seljuk soltanlarynyň arasynda Gaznaly döwletini doly tabyn etmegi başaran ilkinji hökümdar hasaplanýar. Gaznada 40 gün galandan soňra Sanjar Horasana dolanypdyr.

Muhammet Taparyň ogly Mahmyt tagta çykansoň dürli güýmenjelere meşgul bolup, döwlet işlerine ähmiýet bermändir. Ol tagtda oturyp-oturmanka tagt ugrundaky dawalar täzeden möwjäpdir. Atabegler tarapyndan küşgürilýän Muhammet Taparyň kürpe ogullary ondan özleriniň häki paýyny talap edipdirler. Ýöne olar kakasy aradan çykandan soň seljuklar neberesiniň ýaşulusy bolup galan Horasanyň hökümdary Sanjaryň entek diridigini unudypdyrlar. Wezirler Mahmyt soltanyň adyndan hat iberip, Mazandaran welaýatyny goşundan arassalamagy we soltan gaznasyna her ýyl 200 müň dinar tölemegi talap edipdirler.

Gahary gelen Sanjar: “Meniň doganymyň ogullary çaga we olara wezirler hem-de hajyblar ýolbaşçylyk edýär” diýip, ilçilere jogap beripdir. Sanjar soltanlygy eýelemek üçin taýýarlyk görüp başlapdyr.

1119-njy ýylyň Alp Arslan aýynyň 11-inde Reýiň golaýynda bolan Sawe söweşinde Sanjar inisi Mahmydyň 30 müň adamlyk goşunyny derbi-dagyn edipdir. Ýeňiş habary Bagdada ýeten badyna halypa el-Müsterşid Billah 1119-njy ýylyň Ruhnama aýynyň 4-inde Sanjaryň adyna hutba okadypdyr.

Sanjar, ýaşlyk edip, özüne garşy ýegeni Mahmydyň günäsini geçýändigini aýdyp, ony ýanyna çagyrdypdyr. Hatda özüniň ogly bolmany üçin oňa gyzy Mahmal Hatyny (türk çeşmalarinde oňa Mehmelek Hatyn diýilýär) nikalap beripdir. Türkmenleriň ygtyýaryndaky Gazna, Mawerannahr, Horasan, Bagdat ýaly merkezlere hat ýazyp, özünden soňra Mahmydyň soltan bolmalydygyny bildiripdir. Reý şäherinden başga ähli ýerleri onuň ygtyýaryna beripdir. Özüne tabyn bolmak şert bilen ony soltan diýip yglan edipdir. Emma munuň bilen bu dawalary aradan aýyrmak soltan Sanjara başartmandyr.

Öz agasynyň tagt arzuwy gözlerini gapan, döwleti berkitmegiň ýerine, ony parçalap, kiçi “hanlyjaklara” öwürmek isleýän, paýhassyz ogullaryna soltan Sanjaryň örän gahary gelipdir. Olary ýeňip, özüne boýun egdiripdir.

Şundan soň soltan Sanjar Garahanlaryň gozgalaňyny basyp ýatyrmak üçin Mawerannahra gidipdir. Sanjar 1130-njy ýylyň baharynda Samarkandy eýeläpdir. Garahanly tagtyna Arslan hanyň ogly Mahmyt han çykarylypdyr. Ol daýysy Sanjara tabyn bolup, döwleti edara edipdir. Kaşgar hanlygyny hem özüne tabyn edipdir. Şeýlelikde, Mälik şanyň döwründe bolşy ýaly, bütin musulman Aziýasy Sanjaryň soltanlygyna tabyn edilipdir. Soltan Sanjaryň döründe türkmenleriň Gaznaly we Garahanly nebereleriniň guran döwletleri hem Seljuk türkmenlerine tabyn edilipdi.

### *Ötünç soramasaň…*

Soltan Sanjar Beýik Seljuk türkmen döwletiniň kuwwatyny saklamak üçin onuň hem Gündogaryna, hemem Günbatarsyna esewan bolmaly bolýardy. Döwletiniň Gündogar bölegindäki tertip-düzgüni ýola goýmak bilen meşgul bolýarka, soltanyň günbatardaky duşmanlary onuň garşysyna gecipdir. Günbatarda Wizantiýa musulmanlaryň üstüne çozuş edip, Seljuk döwletine howp salýardy. Bir gezek Wizantiýa imperatory Meýýafarikine nöker ibarip, şäheri haraba öwrüpdir, 50 müňden gowrak adamy ýesir edip äkidipdir. Ýesir edilen musulmanlar hat ýazyp, soltan Sanjardan kömek sorapdyrlar. Soltan Sanjar bu haty alandan soň imperatora hat ýazypdyr. Ol hatyň mazmuny şeýle eken: “Eşitmişimize görä, musulman ýurtlara hüjüm edip, jebir-sütem bilen olaryň käbirlerini ýesir edip, käbirlerini hem gylyçdan geçiripsiň, zatlaryna talaň salypsyň, ýene weli şeýtanyň alyna gidip, soňuň barada oýlanmansyň. Elhamdullillah, bu gün güýjümiz we esgerimiz öňkülerden esse-esse kän. Gündogardan Günbatara deňiç biziň hökmümiz ýöreýär. Her ýurdy biziň bir oglumyz ýa-da wekilimiz dolandyrýar. Yrak, Arabystan, Siriýa, Magryp welaýaty, Müsür we töwerekleride biziň raýatymyzdadyr. Bu ýurtlary Rum diýaryna çenli zabt etdik. Edil, şol wagt hem Meýýafarikindäki musulman ýesirleriň haty bize gelip gowuşdy. Biz gündogara tarap ýörüş etmegi niýet edip oturdyk. Ýesirleriň kömek sorap ýazan hatlaryny okanymyzdan soňra, haýal etmän ýüzümizi Ruma öwürdik we şeýle karara bardyk: o tarapa gideliň we hiç ýerde saklanmalyň we Meýýafarikine ulaşalyň. Yslamyň Allahü tealanyň haky üçin, eger rumlular ähli ýesirleri boşadyp, Yslam ýurtlaryndan alan zatlaryny başy bilen yzyna berip, ötünç soramasalar, Allahü tealanyň yzzat we jelaly bilen, pygamberleriň serweri Muhammet aleýhissalamyň hormatyna we şehit Soltan Mälik şanyň haky üçin söz berýärin. Eger, edil emr edişim ýaly terzde ýesirleriň hemmesi watanlaryna, ýurtlaryna baryp gowuşmasa, ýekeje çaga yzyna dolanyp barmasa, ýazan zatlarymyň baryny berjaý etjekdirin we bu älemlere sapak bolar. Meýýafarikinden Konstantinopole çenli hiç ýerde durman gitjekdirin”.

Soltan Sanjaryň bu haýbatly hatyndan gorkan Wizantiýa imperatory derrew ýesirleri boşatmak bilen bolupdyr. Soltan Sanjar ýokarky hereketi gan döküşikligiň öňüni alypdyr. Gylyjyň-gürziniň Bitirjek söz bilen bitirilipdir.

Mälik şanyň döwründe Horezme asly oguzlaryň begdili boýundan bolan Anuş hökümdar häkim bellenipdi. Ol ölenden soňra onuň ogly Kutbeddin Muhammet Herezm edara edip başlapdyr (1097-1128 ý.ý.) Onuň ogly Atsyz soltanlygynyň ilkinji ýyllarynda Sanjara tabyn bolup, döwletini edara edipdir. Atsyz Sanjaryň ähli ýörişlerine diýen ýaly gatnaşyp, ony goldapdyr. Emma Sanjar bilen arasy kem-kemden sowaşan Atsyz indi oňa garşy ýagdaýa geçipdir.

Soltan Sanjar 1138-nji ýylda Atsyz jezalandyrmak maksady bilen Horazme ýöriş edipdir.

1140-njy ýyla çenli soltan Sanjar öz häkimligini Beýik Seljuk türkmen döwletiniň öňki çäklerinde dikeltmegi başarypdyr. Eýran, Azerbaýjan, Horezm, Kaşgar we Mawerannahr ýene-de seljuk türkmenleriň häkimligi astyna alnypdyr. Bu döwletiň merkezi Horasan bolupdyr. Ýöne dünýäde baky zat ýok. Her bir zadyň ilki düýbi soňra kemala gelip, parlap ösüp, kem-kemden gowşap, iň soňunda-da dargamagy

tabigatyňam, taryhyňam mizemez kanuny. Isgender Sany (ikinji makedonly Isgender), Älemiň soltany atly beýik atlary göteren soltan Sanjaryň ömrüniň paýawlaýan mahaly hem Beýik Seljuk türkmen döwletiniň öz möwrütini tamamlan döwrüne gabat gelipdi. Gündogardan gelen gara bulut Seljuklaryň arassa asmanyny örtüpdi...

### *Katwan söweşi*

Sanjaryň döwleti özüniň öňki kuwwatyny barha ýitirip barýardy. Onuň kem-kemden gowşap, ahyrynda bolsa dargap gitmegine täsir eden birnäçe içerki we daşarky sebäpler bardy. Seljuk neberesiniň arasyndaky içerki oňşukçyzlyklar, tagt ugrundaky dawalar döwletiň birnäçe böleklere dargamagyna getiripdi. Beýik döwletiň ýerinde seljuk türkmenleriniň Kermandaky, Yrakdaky, Siriýadaky we Rumdaky döwletleri emele gelipdi. Beýik Seljuk türkmen döwletiniň sekizinji hem-de iň soňky soltany döwleti öňki çäklerinde dikeltmegi başaranam bolsa, onuň öňki kuwwatyny saklamagy başarmandy. Dünýäni sarsdyran ägirt döwletiň gowşandygyny onuň daşky duşmanlaryna hem äşgär boldy. Olar döwletiň bir gyrasyndan girip, ony ýykmaga girişdiler. Iň aýylganç howp Gündogardan abanypdy.

XII asyryň ikinji çärýeginiň başynda köp sanly kidan halky Ýedisuwy, Balasagun şäherini basyp alypdyr. Musulman awtorlarynyň işlerinde kidanlar “garahytaýlar” ýa-da “gaýry dinli türkler” diýip atlandyrylypdyr. Garahytaýlar Balasaguna gelip, ony özleriniň paýtagtyna öwrüpdirler. Garahanly türkmenleriniň döwletiniň Gündigar çäklerini tabyn eden bu çarwa halk, soňra onuň Günbatar bölegine howp salyp başlapdyr.

Taryhçy Ö. Gündogdyýawiň ýazmagyna görä, Garahytaý gürhany (hökümdar şeýle atlandyrylypdyr) Ýelýuý Daşi öz goşunyna köp sanly türki halklary, şol sanda garlyk türkmenleriniň 50 müňüsini birikdirip, Mawerannahra ýöriş edipdir. Garahytaý hökümdary seljuklardan we garahanlardan şikaýatçy bolup gelen garlyk türkmenleriniň tarapyny alypdyr.

1141-nji ýylyň Ryhnama aýynyň 9-y. Bu gün musulman dünýäsiniň taryhynda onuň bähbidine bolmadyk uly bir söweş bolupdy. Döwrüniň bu uly jeňi üçin Samarkandyň golaýyndaky Katwan düzlügi saýlanyp alnypdyr. Onda bir tarapdan Beýik Seljuk soltany Sanjaryň we onuň ýegeni bolan Garahanly hökümdary Mahmydyň birleşen goşuny, beýleki tarapdan bolsa garahytaýlaryň ägirt goşuny garşylaşypdyr. Söweş başlandan garahytaýlar seljuk goşunyny gabawa almaga aýlanyşypdyrlar. Sanjaryň goşunynyň bir bölegi yza çekilen mahaly golaýdaky derýada gark bolupdyr. Gabawy böwüsmek baradaky synanşyk başa barmandyr. Sanjar gabawdan çykmak üçin 300 atly bilen oňe müňzäpdir. Şol atlylaryň 15-sinden galany soltany halas etmek üçin şirin janyndan geçmeli bolupdyr.

Gazaply söweşiň netijesinde Seljuk – Garahanly goşuny derbi-dagyn edipdir. W.W. Bartoldyň maglumatlaryna görä, bu söweşde musulmanlar 30 müň adamsyny ýitiripdir. Sanjaryň aýaly we ogly, serkerdeleri Kamaç we Nasyr ýesir düşüpdir. Sanjar soňra aýaly Teren hatyn 500 müň, Kamajy we ogluny 100 müň dinar öweztölegini töläp, ýesirlikden boşadypdyr. Sanjar Termeze, ol ýerdenem Balha tarap çekilipdir.

Beýik Seljuk türkmen döwleti Katwan söweşindäki ýeňlişden soň aýňalyp özüne gelip bilmedi. Entek öňde Sanjaryň ýüregini para-para etjek wakalar bardy…

### *Atsyzyň gozgalaňlary*

Katwan şöweşiniň yzysüresi, 1141-nji ýylyň Garaşsyzlyk aýynda Atsyz goşuny bilen Horasana tarap ýönelýär. Ibn ül Ýesiriň berýän maglumatlaryna görä, Atsyz ilkibada Sarahsa, ol ýerdenem Merwe barypdyr. Atsyz uly söweş edip, aýyň 20-sinde şähere giripdir, köp adamy gyrypdyr. Soltan Sanjaryň tagtynda oturypdyr. Sanjaryň bütin hazynasy jemlenen sandyklary alyp, Horezme dolanypdyr.

Soltan Sanjar Katwan söweşinden soň Balhyň üsti bilen Merwe gelipdi. Onuň Atsyzyň eden weýrançylyklaryny, talaňçylyklaryny görüp, gahary gelipdir. Ýöne Sanjaryň bada-bat ony jazalandyrmaga mümkinçiligi ýokdy. Çünki ol Katwan söweşinde 3 mln. dinardan gowrak çykdaýjy edipdi. Esgerleri hor-homsy ýagdaýa düşüpdi. Merwdäki hazynany bolsa Atsyz Horezme äkidipdi. 1143-1144-nji ýyllarda soltan Sanjar Atsyzy jezalandyrmak üçin ýene Horezme ýöriş edipdir. Sanjar galada gizlenen Atsyzy özüne tabyn edip bilmän, Merwe dolanmaga mejbur bolupdyr. Atsyz Merwde talap alan hazynasyny ilçileriň üsti bilen Sanjara ýollapdyr hem-de özüniň oňa tabyn boljakdygyny aýdypdy.

### *Soltan Sanjar balhly oguzlaryň ýesirliginde*

Katwan söweşinden soň garahytaýlar Mawerannahrda ýaşaýan oguz türkmenlerini bu ýerden gysyp çykarypdyrlar. Köp sanly oguz türkmenleri Horasana ýönelipdir. Olar Balhyň golaýynda ýerleşipdirler. Balhyň häkimi emir Kamaç ilkibada oguzlaryň bu ýerde ornaşmagyna garşy bolanam bolsa, soňra olar bilen ylalaşypdyr. Oguzlar hiç kime azar bermän asuda ýaşap başlapdyrlar.

Emma biraz wagatdan soň emir Kamaç özüniň 10 müň atlysy bilen oguzlaryň üstüne ýöriş edipdir. Oguz begleri özlerine degmezligi, otluk ýaýlalaryny özlerine gaýtaryp bermegi haýyş edipdirler. Olar her öýden 200 dirhem kümüş puly salgyt tölemäge borçlanypdyrlar. Öz sözleri ýer almansoň oguz begleri gaýtadan maslahat edip, Kamaç bilen söweşmegi müwessa bilipdirler. Kamaç söweşde ýeňlipdir.

Kamajyň oguz türkmenlerinden ýeňlendigi baradaky habar derrew Merwe ýetipdir. Soltan Sanjar oguzlara habar gönderip, derrew öz döwletiniň serhetlerini terk etmegi olardan talap edipdir. Oguzlar ötünç sorap, günäleriniň geçilmegini sorap, köp mukdarda salgyt tölejekdiklerini soltana ýetiripdirler.

Soltan Sanjar üç ýyla golaý oguzlaryň elinde ýesirlikde galypdyr. Daşyndan seretseň oguzlar ony özleriniň soltany hasaplap, ähli däpleri berjaý edýärdiler. Taryhçylar Juweýni we Mirhond bu däbiň gündizlerine saklanyp, soltany gije demir kapasa salandyklaryny ýazýarlar.

Oguzlar Horasanyň köp şäherlerini, aýratynda Merwi we Nişapury aýylganç weýrançylyga sezewar edipdirler. Oguzlar Merwe gelenden oguz begi Bagtyýar soltandan özüne Merwiň ykta edilip berilmegini sorapdyr. Sanjar oňa: “Bu ýer paýtagtdyr, hiç kime ykta edilmegine razylyk berilmeýär” diýenine oguz begleri

gülşüpdirler. Bu ýagdaýy gören Sanjar tagtyndan düşüpdir we hangähine baryp hökümdarlygyndan el çekipdir.

Ibn, Ül Ýesiriň maglumatlaryna görä, soltan Sanjar 1156-njy ýylyň güýzüniň ahyrlarynda oguzlaryň ýesirliginden boşapdyr. ol 3 ýyl 3 aý ýesirlikde bolupdyr.

Soltan Sanjar 1157-nji ýylyň baharynda, 73 ýaşynda dünýäden ötüpdir. Sanjar ölmänkä ýerine ýegen Mälik Mahmydy mirasdüşer diýip yglan edipdir.

Soltan Sanjar aradan çykmagy bilen taryhda 117 ýyl dowam eden Beýik Seljuk türkmen döwleti dargapdyr, birnäçe böleklere bölünipdir. Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň belleýşi ýaly, soltan Sanjar 61 ýyl höküm sürüp, türkmenleriň at-owazasyny belende göteripdir. Şonuň 38 ýylyny ol Beýik Seljuk türkmen döwletiniň soltany, galanyny bolsa Horasanyň mçiripdir. Sanjar mäliklik döwründe Mälik, Ül Maşryk Abüddöwle, Mälik, ül Muzaffar ünwanlaryny, soltanlyk döwründe bolsa, Soltan, ül Älem Mugis, üd-dünýä we d-Din Ebül-Haris, Şahynşa ünwanlaryny göteripdir.

### *Soltan Sanjaryň ylma we medeniýete hemaýaty*

Soltan Sanjar dolandyran döwründe Seljuk döwleti ykdysady galkynmany başdan geçiripdir. Murgap derýasynyň suwarýan ýerleri gür bagly obalara we şäher kentlere öwrülipdir. Bu ýerde pamyk önümçiligi giňden ýaýrap, dokma önümleri köp mukdarda öndüripdir.Mukadders Ryhnamada Merwiň soltan Sanjaryň döwründe 2 milliondan gowrak ilatly bolandygy, XIII asyryň başynda Çingiz hanyň bu şäheri weýran edendigi nygtalýar.

Soltan Sanjar özüniň ýarym asyrdan gowrak dowam eden hökümdarlygynda ylma, medeniýete howandarlyk etmekde nusga bolan soltanlaryň biridir. Ol döwrüniň beýik alymlaryny öz töweregine jemläp, olara goldaw beripdir. Onuň döwründe merwli meşhur taryhçy we jugrafiýaçy Abu Sad as-Samany (1113-1167 ý.ý.) öz meşhur eserlerini döredipdir. Soltanyň obserwatoriýasynda meşhur müneçjim, şahyr Omar Haýýam işläpdir. Absyrahman Hazini öz barlaglarynyň netijesinde Seljuk döwletiniň düzümine girýän ýerleriň meridianlaryny, uzaklyk, giňişlik derejelerini görkezýän “Zij’ i Sanjary” –ny ýazypdyr. “Mizan’ ül hikmet” eseri fizika ylmyna uly goşant bolupdyr. Horezmli alym az-Zamahşary (1074-1134 ý.ý.) soltan Sanjaryň dostleryndan biri bolupdyr. Ol özüniň “Mukaddimet’ül edebi” Sanjara sowgat beripdir.

Soltan Sanjar ylymly-bilimli adamlara, şahyrlara uly hormat goýupdyr. Senenamaçylar Sanjaryň köşgüniň şahyrsyz we alymsyz wagty bolmandyr diýýärler. Soltanyň köşgünde Hasam Gaznaly, Abd al-Wasy, Emir Miýezzi, Aly Auhaddeddin Enweri, Mähesti we beýleki öz döwrüniň meşhur şahyrlary we alymlary jemlenipdir. Soltan elmydama olaryň öwütlerini diňlemegi hem-de döwleti edara etmekde bu gymmatly maslahatlary mümkingadar peýdalanmagy başaran adam bolan.

Soltan Sanjaryň edara eden döwründe Merw gürrüňsiz musulman dünýäsiniň ylmy merkezleriniň birine öwrülipdir. Bu ýerde köp sanly kitaphanalar bolan, ol bu kitaphanalardan peýdalanmakdan hiç hili päsgelçilik bolmandyr.

***Soltanlygyň şükri adalatdyr***

Soltan Sanjar Oguz han Türkmenden gaýdan gadymy oguz däbine eýerip, adalatlylygy elden bermezlige çalşypdyr. Soltan özüniň her bir söhbetdeşini ünsli diňläp, ondan netije çykaryp bilipdir. Bu barada şeýle hekeýat saklanyp galypdyr: "Günlerde bir gün soltan Sanjar döwletiň belli adamlary bilen at üstünde gezim edip ýörkä, öňlerinden duýdansyz ýagdaýda sal-sal eşikli derwüş çykaýmazmy. Ýiti nazarly, maňlaýy açyk, durşy ap-arkaýyndy. Soltanyň öňüne geçip, Allahyň munça eşretidir nygmatlary üçin şükür etmelidigi barada birki söz aýtdy. Soltan ony üns berip diňläp: "Nämäniň şükrüni, nähili berjaý etmeli?" diýip sorady. Derwüş öňki çynlakaý görnüşini bozman: "Allahyň seniň üstüňde biçak kän lutfy we ynsanlary bar, emma bularyň on sanysy örän möhümdir. Ozaly bilen şolaryň şükrüni berjaý eltmeli bolarsyň!"… Soltan : "Şol on nygmat barada gürrüň berip bilmezmiň?" diýdi. Onda derwüş: "Beýle bolsa, gulak goý!

1. Soltanlygyň şükri adalatdyr. Hükümdar näçe adyl boldugyça, şonça-da gymmaty artýandyr.
2. Giden mal-mülküň şükri, halkyň zadyna, namysyna we mertebesine göz dikmezlikdir. Milletiniň zadyna we namysyna göz diken, olaryň mertebesini depelän soltan peläketiň gapysyny açan betbagtdyr.
3. Baş bolmagyň şükri, halka hyzmat etmek, olaryň asuda durmuşda ýaşamagyny ýola goýmak we hukuklaryny goramakdyr.
4. Ykbalyň we bagtyýarlygyň şükri, garyplara rehim etmek, ýalňyz-ýekellileriň goltugyndan gop bermekdir.
5. Döwlet hazynasynyň baýlaşmagynyň şükri, ony diňe laýyk ýerlere we diňe zerur bolan halatynda harçlamakdyr.
6. Güýjüň we yzzatyň şükri, ýeri gelende biçäreleriň we ejizleriň günäsini ötmekdir.
7. Güýçli goşuna eýe bolmagyň şükri, bularyň eziji güýjüni halkyň asudalygy, döwletiň berkararlygy, din we döwlet duşmanlarynyň ýok edilmegi üçin ulanmakdyr.
8. Ýurduň ösüşiniň şükri, halkyň durmuşy hukuklaryny goramak, iş üpjünçiligini gowulandyrmakdyr.
9. Ylym we magaryfyň şükri, ahlakly, terbiýeli we bilimli nesil ýetişdirmekdir.
10. Beden we ruhyň segdynlygynyň şükri, gündelik ybadatlary birkemsiz berjeý etmek. Allah adyna gürlemek, Onuň adyna alyp-bermek, Onuň üçin söýmek we söýmezlikdir" diýdi.

Taryhçylar soltan Sanjaryň bu on nesihaty diňläp, örän hoşal bolandygyny bellemek bilen, bularyň altyn harplar bilen ýazdyrylyp, köşgüň iň bir gelim-gidimli ýerinde asylyp goýlanlygyny habar berýär.

**Garaşsyzlyk seýilgähi. Soltan Sanjaryň heýkeliniň golaýynda sekide oňa seredip, oýa çümüp otyryn. Daş-töwerek ümsümlik. Ir bilen örän guşjagazlar gülden-güle gonup, jürküldäp, öz dilinde bir zatlary biri-birine habar berýärler. Ýaňy dogan Günüň tyllaýy naýzalarynyň şuglasy daş-töweregi mylaýym mähri bilen çoýup ugrady. Duýgularym meni ýene-de erkime goýman, ata-babalarymyzyň ruhuna syýahata äkitdi… Göwnüme bolmasa,**

**Arşdan soltan Sanjaryň sedasy eşidilen ýaly boldy: “Bagt guşy depesine gonan türkmen ilim! Garaşsyzlyk meni tirsegime galdyrdy. Ruhum Watanymyň üstünde perwaz urýar. Beýik Serdaryň Permany bilen adym aýan bolup, ruhum Arşa sary rowan boldy Beýik Türkmenbaşynyň gadyryny biliň, ony söýüň, beýgeldiň, agzybir boluň!”**

**Jumamyrat Gurbangeldiýew**,
**“Türkmenistan” geziýeti, 4.11.2002 ý.**

## TÜRKMENLER - HALYFLAR.

**Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyñ mukaddes Ruhnamasyndan:**
***-Beýik seljuk türkmen döwleti belli bir derejede yslam döwletinde oguz-türkmen däplerini dowam etdirip, gaty uly sebite, tä Yssambyldan Çyn-Maçyna çenli bolan aralykda hökümdarlyk edip, bütin yslam dünýäsiniñ ähli jogapkärçiligini öž gerdenine alan döwlete öwrülendigi bilen meşgurdyr.***

Sarpasy belent Serdarymyz Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyñ Türkmenistana, türkmen halkyna baştutanlyk edip başlamagy halkymyza ýagty güneş şuglasy kimin mähir şöhlesi bilen çoýdy. Prezidentimiz Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyñ mukaddes Ruhnama eserini Halkymyza peşgeş etmegi bolsa, ähli ugurlarda bolşy ýaly, taryhçy alymlar üçin bahasyna ýetip bolmajak gymmatly hazyna boldy. Geçmiş taryhymyzy ýoýmaklyga, galplaşdyrmaklyga edilen öñki ähli synanyşyklaryñ köküniñ çüýrükdigini mukaddes Ruhnama öz sahypalarynda äşgär beýan etdi.

Musulmanlar Emeniler döwründe Amyderýadan geçip,Mawerannahra girýärler. 710-716-njy ýyllarda Emenileriñ umumy häkimi we baş serkerdesi Kuteýde ibn Müslim Mawerannahry basyp alýar. Samarkant, Buhara ýaly merkezler yslam döwletine birikdirilýär. Şol ýerde ýaşaýan tükmenler yslam häkimietini kabul edýärler.750-ýylda Emenileriñ ýerine Abbasylar geçeninden soñra musulman imperatorlygy araplardan üzñelikde özbaşdak musulman döwletine öwrülýär. Şeýlelik bilen, türkmenler ýuwaş-ýuwaşdan imperatorlygyñ içki işlerine goşulyp başlaýarlar. 850-nji ýyllarda türkmen saýlama goşunlary halyflaryñ tagtyny syndyryp biljek derejede güçlenýäler.

751-nji ýylda Kao-Siýen-Çeniñ baş serkerdeligindäki ägirt güýçli Hytaý goşunlary bilen bolan söweşde Ziýad ibn Salyhyñ serkerdeligindäki araplar bilen ýaranlykda türkmen goşunlary Talas meýdanynda gurlan söweşde uly eñiş gazanýarlar.

Talas ýeñşinden soñra, VIII asyrda araplar bilen türkmenleriñ dostlygy mäkämleşip, musulman dininiñ jahan möçberinde ýaýramagyna hem-de mukaddes Ruhnamada nygtalyşy ýaly, asly bir Tañryly bolan türkmenleriñ yslam dinine bolan hormatlarynyñ gitdigiçe artmagyna, musulmançylygyñ türkmen durmuşyna has-da ornaşmagyna getirýär.

Mundan soñra yslam dininiñ iñ ýokary ruhany merkezi bolan Abbasy halyflary we halafat bilen gatnaşyklary hem barha artýar. Çünki, türkmen milletiniñ ganynda we añynda bar bolan Oguz han Türkmenden miras galan döwlet gurmak we ony dolandyrmak düşünjesi olar musulmançylyga geçenlerinden soñra has-da äşgär duýulýar. Yslam dininiñ dessurlaryna görä, döleti kanunlaşdyrmak üçin yslamyñ iñ ýokarky baştutanynyñ, halyfyñ şol döwleti ykrar edip, dereje, sanjak-baýdak, tug bermegi hökmany bolupdyr.

Halyf-"halef" sözünden bolup, Pygamberden soñra oruntutar diýmekdir.Allatagalanyñ emri boýunça musulman dinini esaslandyryjy hezreti Muhammet pygamber 632-nji ýylda dünýäden gaýdandan soñra, çaryýarlaryñ halyflyk /Hilefaýy Raşid, 632-661 ý.ý./ döwri başlanýar.

Hezreti Ebu Bekr /632-634 ý.ý ./ Hezreti omar /634-644ý.ý./ Hezreti Osman /644-656 ý.ý./, hezreti Aly /656-661ý.ý./, halyf bolandan soñra Emenileriñ halyflygy dowam edip, 661-750-nji ýyllar arasynda jemi 14 halyf bolupdyr.Emenilerden soñra gelen Abbasylar döwründe /750-1258ý.ý./37 halyf musulmançylyga hyzmat edýär. Mongollaryñ abbasylary ýok etmekleri netijesinde, halyflyk Müsür türkmen memluklarynyñ eline geçýär we ol 1261-1516-nji ýyllara çenli dowam edýär.1516-nji ýylda Osmanly soltany Ýowuz Selim halyflygy Stambula geçirýär we ol dört ýüz ýyldan hem gowrak wagtlar, tä 1924-nji ýyla çenli dowam edýär. Türkmenlerden ýetişen 28 soltan halyf bolup, Ýer ýüzüniñ musulmanlaryna baştutalyk edýärler. Şeýlelikde, 632-nji ýyldan 1924-nji ýyla çenli jemi 101 halyf bolup geçýär.Şolaryñ 28-si türkmen soltanlarydyr.

1042-nji ýylda oguz-türkmenler Horezme häkimlik edýärler. Şol döwürde Ýusup ogly Ybraýym Horasana emirlik edýärdi. Ol emriñ Togrul beg bilen enelik garyndaşlygy bardy. Ybraýym Bagdada ýollan hatynda şeýle ýazýar: "Şahynşahy seljuky Togrul beg Horasanyñ we Horezmiñ hökümdarydyr. Zyýarat ýollarynda çarwa araplaryñ talañçylyk edýändiklerinden we ybadat üçin gidenleriñ Allanyñ öýünde "söýulýandyklaryndan" habar alandygy üçin ol Bagdada ýörişe çykmaga taýýarlanýar. Goşunlaryny hezzet-hormat we sowgatlar bilen garşylap, parahatçylygyñ we ylalaşygyñ bütin dünýäde häkim bolmagynyñ başlangyjy üçin taýýarlanyñ". Hatyñ başynda bir peýkam bilen bir ýaýyñ suraty çekilen.

1043-nji ýylda Togrul beg halyf Kaim Emrillahyñ ýanyna öz ilçisini ugradýar. Ol baryp halyfa şu sözleri etirýär: "Men Arap soltalygynyñ başynda duran şahsyýetiñ wekili, häkimi bolan ähli ülkelerimde halyfyñ adyny yglan etdim. Menden ozalky Mahmut we Mesud häkimleriniñ zulumyndan ilaty halas etdim. Men her bir badatda öñkülere meñzämok.Olar hem birnäçe ülkeleri dolandyran halyfyñ gullarydyr. Men bolsa azat ynsanlaryñ öwladydyryn we hunlaryñ hökümdarlyk hanedanynyñ agsasydyryn. Mundan başga-da, özümden ozalkylaryñ derejesinde halka hormat goýýanlygym bilen birlikde, maña edilýän hyzmatlaryñ hem-de meniñ tapawutly artykmaçlyklarymyñ olaryñkydan üstünlikli boljakdygyna berk ynanýaryn".

Aýdylyşyna görä, Togrul beg belent tagtyñ üstünde oturýan ýerinde galkanlar we naýzalar hem-de ajaýyp ýaý goýup, elinde barmaklarynda oýnamaga çenli bolan iki

peýkan saklaýarar eken. Egnine pagtadan bejerilen ak egineşikler geýerdi, hepdäniñ ikinji we bäşinji günlerinde oraza tutup,agyz bekleýärdi. Onuñ akyllylygy hakynda Bagdadyñ meşhur kazylary şeýle hekaýaty aýdypdyrlar: “Togrul bege ilçi hökmünde ugradylan wagtym, onuñ ýurdy dolandyryşyndan ynsapsyzlygyndan,bäş wagt namazyny Allahdan gorkusyna däl-de, ýöne göz üçin okaýandygyndan we başga-da gaýry meselelerden habar berýän haty maşgala agzalarymdan birine berip, Bagdada ugradypdym. Gaçyrylan hat Togrul begiñ adamlary tarapyndan tapylyp,oña elin eltilipdir. Togrul beg hatyñ manysyna düşünýän hem bolsa, menden ýüzüni öwürmeýşi ýaly, mañaedýän hemişelik hormatyny hem üýtgetmedi.Men hatyñ gaçyrylandygyny we onuñ eline düşendigini bilmeýärdim.Ýöne Bagdada baran wagtymyz dostlarymyñ biri ýagdaýy bolşy ýaly düşündirdi-de, haty beren adamyñ ony ýolda ýirendigini habar berdi”.

Togrul begiñ esgerleri topar-topar bolup, oña goýýan hormatlaryny görkezerdiler. Her topar iki müñ esgerden ybaratdy. Olar belli aralykdan atlaryndan düşüp, ýere öpüp tagzym edýärdiler we dim-dik durýardylar. Soltanyñ ýanyndaky adamlaryñ biri salamyñ kabul ediledigini görkezýän yşarat edýärdi. Esgerler bolsa, ýöne täzeden ýri öpüp, tagzym edenlerinden soñra,atlaryna atlanyp,öz orunlaryna barýardylar.Olaryñ ýernine beýleki topar esgerler gelýärdiler. Hiç kim oña golaýlaşyp, gürleşmäge milt edip bilmezdi. Esgerleriñ sany şeýle köp bolansoñ, her ülke olary bir hepdeden artykmaç ekläp bilenokdy.Şeýle bolansoñ, olar hem diñe durmuş-güzeran zeruryýetçilikleri sebäpli bir ýerden beýleki bir ýere göçüp  gitmeklige mejbur bolýardylar.

1044-nji ýylda halyf  Kaim ilçisini ugradyp,ondan Togrul bege dört meseleden habar baerýän namany ýollaýar. Emir-ul-mümin aýdýandyr,ýagny:1. “Eý,Emir Tigrul beg Muhammet. Seniñ basyp alan ülkeleriñ sany ýeter. Arap emirlerine degişli bolan gaýry ülkelere degme we olara zyýan ýetirme.

2. Bize tabyn bolanlygyñyz üçin bize garaşly sadyklykdan aýrylman, emirlerlerimize garşy durmajakdygyñyza söz bermegiñiz gerek we sözüñizi bozan halatyñyzda, bütin ähli aýallaryñyzyñ talak, erkin we gullaryñyzyñ azat boljakdygyna, bütin mallaryñyzdan el üzjekdigiñize ant içmegiñiz gerek.

3.Mydama dogry hereket edip, hileden saplanmaly we müminleriñ başyna kapyrlary geçirmekden çekilmelisiñiz.

4. Eýeleýän ülkeleriñizden ýygnalýan salgytlary üñden däp bolup gelşi ýaly, bize ugratmagyñyz hökmandyr. Bu işleri berjaý kylsañyz, sizi buýsançly derejeler bilen bezäris,hökümdar hökmünde tanaljak derejeleri bereris. Siz hem zulum ediji bolmakdan goranyñ ” .

Togrul beg şol dört meseläniñ birini hem kabul etmändir.

*1050-nji ýyldan başlap, Yspyhanyñ ilaty uzak wagytlap /dokuz aý/ Togrul begiñ gadawunda ejir çekendiklerini üçin halyf habar ýollap, soltanyñ dergähinde mylaýymlyk görkezmegini isleýärler.Togrul begiñ köpden bäri öz  hökümdarlygyna laýyk*

*derejeleri isleýänligi üçin halyf ilatyñ ol haýyşyny kabul etmeýär. Ýöne iñ soñ0unda şepagatly bolmagy kabul edip, oña “Kanuny hökümdar” we “Musulmanlaryñ Sygynagy”, “Rükneddin soltan Togrul beg” unwanlaryny ulanyp hat ýazýar we Yspyhanyñ ilatynyñ bähbidine haýyşlar edýär. Soñra bu haty ilçiden ugradýar.*

Şeýle habara garaşýan Togrul beg halyfyñ haýyşyny kabul edýär. Kaimiñ hazynasyna 20 müñ dinar ugratmakdan başda-da, döwlet başyndakylary hem 2 müñ dinar iberýär. Togul beg şol günden başlap, möhüriniñ üstünden ýaýyñ şekilini goýdyrýar . Ol bu üç derejäni hen anyklaşdyryp şekillendirýär we ol nysan “tugra” diýip atlandyrlýar. Tugrany ýazanlara tugraýy /tugrakeş/ diýilýärdi.

1054-nji ýylda Togrul beg Eýranyñ aglaba ülkelerini basyp alanyndan soñra, ýüzüni Rum ülkelerine öwrüp, Malazgirt galasyna hüjüm edýär. Ýöne galany basyp almak oña başartmaýar. Galanyñ töwereklerini tutuş eýeländen soñra, Erzu ülkesini alýar. Erzurum şol wagta çenli rumlilaryñ ülkesidi. Togrul beg gyş paslyny Häzirbegjanda geçirip, rum diýaryna täzeden ýöriş etmek isleýärdi.

Şol ýyl Togrul beg halyfa ýollan ilçisinden şele habary iberýär: Pygambere /Muhammede/ hyzmat etmek maksady bilen Mekgä gidip, daga we ybadat etmek isleýärin. Hajlaryñ gatnaýan ýollarynyñ aman bolmagy üçüin ýollarda garakçylyk edýän çarwa araplary ýok etjekdirin. Siriýaly azgynlara we ýalñyş ýol tutan müsürlilere garşy Allanyñ rugsady bilen söweşjekdirin” . Halyf islemese-de, jogap ýazmaga mejbur bolupdyr. Soltanyñ dine garaýşyny, açyk göwünliligini taryplap, onuñ Bagdada gelmegi gijikdirmezligini haýyş edipdir.

Bagdadyñ häkimligini doly ele alan soltan özüne degişli serkerdelerden häkimlerdir salgyt ýygnaýjylary belleýär. Türkmenler soltanyñ adyndan özleriniñ altyn we kümüş pullaryny ýasadýarlar. Soltan halyfa 50 müñ dinar bilen 5 müñ put bugdaýy öñki ýygnalýandan artykmaç ýollaýar. Soltan ant içip, şeýle diýär: “Musulmançylyga ýardam edýän esgerleriñ şeýle köp bolmadyk bolsa, türkmenleriñ halyfdan alan ähli zatlaryny özüne gataryp bererdim”. Halyf oña minnetdar bolýar. Ol araplar bilen soltanyñ arasynda dostlykly gatnaşyk dötetmek üçin seljuk şazadalaryndan soltan Togrul begiñ agasy Dawut Çagry begiñ gyzy Arslan Hatyna öýlenýär. Soltan halyfyñ köşgünin ýanynda belent tagtyrowan gurdurýar. Soltan şol beýik tagtyñ üstünde oturýar we raýatlar onuñ huzurynda durup, özleriniñ hormat- sylaglaryny görkezýärler.

1057-nji ýylda maaddiler /çarwa araplar/ Mosul töwereklerinde oguzlaryñ bir bölek goşuny bilen söweşýärler. Şol söweşde seljuklar 1200 töweregi urşujyny ýitirýärler. Türkmenleriñ serdary Gutulmyş halas bolan esgerleri bilen Sinjar daglaryna gidýär.Ýöne Şigar şäheriniñ ýaşaýjylary dewezelerini ýapyp, türkmenleri gala goýbermeýärler.

Soltan Togrul beg muny eşidip, örän gazaplanýar we Mosula ýöriş etmek isleýär. Halyf onuñ gitmegini islemeýär we şele habar ýollýar: “Bu wagtky gitmegiñiz makul däldir. Esgerlermiz Eýrandan gelip jemlenýänçä garaşyñ”. Soltan has gazaplanyp, oña

şeýle jogap iberýär :”Biz baradaky niýet-päliňiziň ýürekden däldigine indi ynanýaryn. Ilkibaşda bize gitmäň, diňe esger ugradaýyn “ diýip nesihat etdiňiz.Biz hem ony makul bildik.Indi esgerleriň heläk bolanyndan soňra, hem şol bir nesihaty berýärsiňiz”. Soltan on üç aýlap Bagdatda ýaşasa-da, heniz halyfa görmändi. Soltanyň emri bilen esgerler çadyrlaryny şäheriň daşyna çykarýarlar. Olar jemlenip, Bagdadyň gündogaryndaky binalary ýykýarlar we şol erdäki köprüleri berkitme hökmünde ulanýarlar.

Soltan Togrul beg Mosuldan Bagdatdan ýöriş edip Tagryt,Hazarasp, Mosul şäherlerini eýeleýär. Raýatlar onuň hökümdarlygyny ykrar edýärler. Çarwa araplar ilçileriniň üsti bilen ylalaşyp, ýaraşýarlar. Soltan Kardu adasyny hem özüne tabyn edýär.Ol yzyna ýöriş edip, Sigary basyp alýar we onuň ilatyna temmi berýär. Çünki, şigarlylar oguzlara garşy betniýetlilik edipdiler. Soltan Şigardan Mosula gelýär we ol ýeri ene  tarapyndan garyndaşy Seýfitdöwle Ybraýyma berýär.Seýfitdöwle az wagtyň içinde Mosul halkynyň ynamyny gazanýar.

Soltan Togrul beg Mosuldan Bagdada gidýär. Şähere golaýlaşanda, halyfyň weziri soltanyň öňünden çykyp garşylaýar we oňa gymmat bahaly daşlar, zümmerretler, zeberjetler, almazlar bilen bezelen altyn tabagy sowgat edýär. Wezir şol sowgady gowşuran pursadynda, şeýle sözleýär: “Musulmanlaryň emri gazanan ýeňişleriňize çäksiz begendi. Ol siziň ýakynyňyzda bolmagyndan köp teselli tapýar”. Soltan ol aýdylan sözlere minetdarlyk bildirip, şeýle jogap berýär: “Bu köşkden minnetdardyryn. Ýeke-täk islegim, pygamber ornunda oturan şahsyýet tarapyndan kabul edilmek şöhratydyr. Indi men bu buýsançly şöhratdan mahrum edilmek islemeýärin”. Wezir şeýle jogap berýär: “Siz indi halyf bilen şol bir hanedana degişli hasaplanýarsyňyz, çünki, duýgy-düşünje kybapdaşlygyňyz bilen biri-biriňize berk baglandyňyz. Onuň üçin sizi şeýle buýsançdan mahrum edip biljek päsgelçilik galmady”.Soňra wezir halyfyň ýanyna gaýdýar we bolup geçen gürrüňleri oňa beýan edýär.Soltan täze gurduran köşgüne gidýär.

Birnäçe günden soňra, soltan Togrul beg, halyf  Kaim tarapyndan köşge çagyrylýar. Soltan atyna atlanýar, ähli şazadalar bolsa, onuň üňünden pyýada barýardylar. Soltan halyfyň köşgüne golaýlaşanda, az salym atynyň jylawyny çekýär. Gapy açylýar, soltan howla girýär. Halyfyň huzuryndaky asylzadalar ony garşylamak üçin öňe süýşýärler. Gullaryň perdeleri syrmagy bilen soltan içki töre ýöreýär.Ondan soň beýleki bir perdr açylýar we soltan içere girýär. Ahry ol halyfyň erden ýokary ýedi arçyn beletlikdäki tagtyň üstünde oturandygyny görýär. Onuň başynda özüne gelşip duran gara sellesi bardy. Egnindäki eşikleri-de garady. Araplaryň Bagdatda geýýän lybaslary şeýledi. Ýöne halyflygyň /Fatimitler/ Müsüre geçmegi sebäpli, halyflar ak lybaslary geýýärdiler. Halyfyň elinde altyndan hasasy bardy. Onuň sagynda, solunda durýan iki geňeşdary bardy. Soltan halyfy görüp, başyny egip salam berýär.Halyfyň emr bermegi bilen, gullar soltany beýleki bir tagtyň üstüne galdyrýarlar.Ol tagt halyfyň tagty ýaly onçakly belent däldi, adamyň boýundan sähelçe ýokarydy.

Halyfyň terjimeçä şu söleri aýdýar: “Soltan aýt, ýagny, musulmanlaryň emiri hakyky gaýratlydygyňyzy alkyşlaýar, özüne ýakyn durýanlygyňyza guwanýar we şahsyýetiňizi söýär.Allanyň özüne bagyşlan ülkelerini we  welaýatlaryny elimize

berdi.Onuñ üçin Alladan gorkuñ we hükümiñiziñ astyndaky ülkelerde dogry hereket ediñ we Allanyñ hyzmatlaryna şükür ediñ”.

Halyfyñ emri boýunça, gullar soltanyñ egnine boýunbagy bir bolan ýedi sany gara lybas atyp,altyn bilen bezelen gara selläni başyna geýdirýärler. Selläniñ üstünde gymmat bahaly daşlardan düzülen sümmül bilen bejerilen ajaýyp täç durýardy. Her daşyñ üstünde uçursyz gözellikleri, ažaýplyklary güžeñleýän on bäş-on bäşden almazly hünži we olaryñ hersiniñ uçlarynda bolsa, iki altyn şelpe bardy.Soltan altyn ýakany kabul edmeýär. Ol altyn ýaka soltanyñ egninde goýulýar we ony gullar öñünden göterýärler. Soltan başyny egmek isläninde, kellesindäki agyr täç oña egilmäge mümkinçilik bermeýär. Halyf oña üsti altyn harplar bilen bezelen üç sany sanjak /tug, baýdak/ gowşurýar. Halyf oña şahana bezelen möhür berýär we ony “Gündogaryñ we Günbataryñ soltany” hökmünde yglan edýär.

Şu waka hakynda merhemetli Prezidentimiz Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy özüniñ mukaddes Ruhnamasynda eserinde jaýdar belläpdir. “1055-nji ýylda Togrul beg Bagdada girýär, halyflaryñ paýtagtynda solta diýip yglan edýär, ýedi yklymyñ patyşasy diýen derejede berilýär”.

1058-nji ýylda maaddileriñ goşun serkerdesi Besasiri bilen Kureýş adyny göterýän beýkeki serkerde , araplaryndan uly bir goşun jemleýärler. Şol goşunda Müsürdäki şaýy fatimitler halyfyna tarap bolan eýranlylar billen türki dilli kowumlar hem bardy. Besasiri Tel-Afr şäheriniñ garşysynda çadyrlaryny dikýär. Seljuklaryñ goşun serkerdesi llanak olardan ýeñlip, Musul galasyna giripdi. Maaddiler onuñ yzyndan kowup , Mosulyñ garşysynda çadyrlaryny dikipdirler. Seljuk-Türkmenleri köp kynçylyk we açlyk çekip,pajygaly hala düşüp ,Bagdada tarap gaçýarlar we hut soltanyñ özüniñ maaddilere garşy ýörişe çykmagyny isleýärler. Soltanyñ Bagdatdan çykanlygynyñ habaryny alan Besasiri Mosuly wes-weýran edip, ýykyp-ýumrup çöle çykýar.

Soltan Togrul beg Mosula gelen wagty şäheriñ doly habar edilendigini görýär. Oña garyndaşy Ybraýym Ýynalyñ gozgalañ etmegi niýetine düwendigini we Müsür halyfy bilen habarlaşýandygyny habar berýärler. Soltan Ybraýymyñ Eýrana häkim bolmagyndan we oguz-türkmen goşunlarynyñ onuñ bilen bilelikde gozgalañ etmeginden howatyrlanyp, gyssanmaçlyk bilen Eýrana ýöriş edýär. Soltan Hemedanda ýerleşip, Şahrazur daglarynda hereket edýän garyndaşyna garşy bir goşun ugradýar, ony tutdyrýar we ýaýynyñ kirşi bilen öldürýär.

Arap serkerdeleri, Basasiri bilen Kureýs soltanyñ uzaklaşandygyny eşdip Bagdada gelýäler we şäheri añsatlyk bilen eýeleýärler. Olar halyf Kaimi tutup, düýä mündürýärler we ony Hadise ugradýarlar. Halyfyñ köşgüni bolsa talaýarlar.Müsür halyfy bolan Mustansiri Bagdatda halyf yglan edýärler we onuñ adyndan altyn, kümüş pullary basdyrýarlar. Kazylara, müftülere, hafyzlara wezipe paýlaýarlar we olara müsürlileriñ adatlaryna görä ak eşikleri gedirýärler, gara lybaslary aýyrýarlar. Olar Kaimiñ wezirini, türkmenleri Bagdada getirmekde günäkärläp , gynap öldürýärler.

Halyfyñ aýaly –Çagry begiñ gyzy Arslan Hatyn Küreýşiñ eline düşdi. Soltan Togrul beg ilçi ugradyp, ony yzyna almak isläninde, Arslan Hatyny hezet-hormat bilen soltanyñ ýanyna gaýtarýarlar.

1058-nji ýylda soltan Togrul begiñ agasy emir Dawut Çagry beg ölýär we Alp Arslan atly ýetişen ogly bilen, iki kiçi ogullary yzynda galýar.Soltan Kureýşe ilçi ugradyp, Arslan Hatyn üçin minnedarlyk bildirýär we ilçiden şu sözleri ýollaýar: "Halyfyñ tagtynda gaýtadan oturdyp, ýurtyt dolandyryşyny eliñize alyñ. Men Bagdada gaýdyp gelmekçi däldirin we ýalñyz Eýranyñ ýurt doladyryşy bilen meşgur boljakdyryn. Ýöne islegiñize gulak gabartmajak Besasiri sebäpli aýdanlarymy erine ýetirmeseñiz, dostlaryñyzy jemläp, haýsy bolsa-da bir galada saklanmagyñyz ýada çöle çekilmegiñiz hökmandyr. Diñe şeýle edilende, esgerleriñ size we siziñ bilen bilelikde dolanlara zyýan ýetirmezlikleri mümkin bolar. Biz size uly hormat goýýarys. Çünki siz çagamyzy sagaman gaýtaryp berdiñiz".

Bolan ýagdaý sebäpli Kureýş Wastda ýaşaýan Besasire şeýle habar ýollaýar. "Biz bu agyr söweşleri kim we haýsy maksat üçin edýäris? Bagdatda halyflygyny yglan eden halatymyzda hem bize ýönekeýje hat ugratmadyk müsüri üçinmi? Şeýle ýagdaýda biziñ soltana çäksiz hormat goýup, halyfy öñki ornunda oturtmagymyz hökmandyr".

Besasiri ol sözler bilen ýola gelmändigi üçin, Kureýş mallaryny alyp çöle çekilýär.

Soltan bilen esgerleri täzeden Bagdada tarap ýöriş edýärler. Halyf tussaglykda saklaýan Hadiseniñ emri Kaimi soltanyñ huzuryna äkidýär. Soltan Togrul beg ony uly dabaralar bilen köşgünde ýerleşdirip,şeýle sözler bilen oña ýüzlenýär we bagyşlamagyny soraýar: "Meni gijä galdyran ýagdaý, doganym Çagry begiñ wepady we onuñ ogullarynyñ işleri bilen meşgul bolmak mejburyýýetinde galanlygymdyr.Soñra doganym Ybraýym maña dönük boldy, ýöne ol ýeñlişe sezewar edildi. Oguzlar tarapyna gaçan şol doganymyñ yzyndan kowup ýetdim. Oguzlar onuñ başyny getirdiler".

Soltan soñra göçme araplary söweşde ýeñip, tabynlygyny eýeläninden soñ Horasana gaýdýar.

1063nji-ýylda Togrul begiñ aýaly Hatyn aradan çykýar. Togrul beg io zenany çyn ýürekden söýýärdi we soltanlygyñ ähli işlerinde aýalynyñ orny örän ulydy. Soltan halyfa habar ýollap, onuñ gyzy bilen nikalaşmak isleýändigini mälim edýär.Halyf millet we hanedan boýunçakeseki bir şahsyýete gyzyny bermek islemeýändigini mälim edende,soltan gazaplanýar. Köp sanly gepleşiklerden soñra, arada duşmançylyk ýüze çykýar. Halyf gorkýar we diñe alaçsyz ýagdaýda gyzyny soltan Togrul bege berýär. Soltan Bagdada gelýär we gyzyñ galyñy hökmünde 100 müñ altyn dinary, 150 müñ kümüş puly we iñgymmat bahalymatalaryñ dört müñ topyny berýär we Kaimiñ gyzyny alýar.

1063-nji ýylyñ Ruhnama aýynyñ ýedisine Togrul beg Muhammet Eýranyñ Reý şäherinde aradan çykýar. Şol wagyt Togrul beg 70 ýaşyndady.30 ýyllap ýurda hökümdarlyk edipdi hem-de 8 ýyl Bagdatda häkimlik edipdi. Çagry begiñ ogly Aip

Arslan soltan Togrul begiñ ýerine hökümdar bolýar. Aip Arslan 1072-nji ýyldaky şöhratly Malazgirit ýeñşinden köp wagyt geçmänkä wepat bolýar.

1072-1092-nji ýyllarda Beýik Seljuk-türkmen imperiýasyna hökümdarlyk eden soltan Mälik şa öz döwründe döwletiñ serhet gyrlyşyny giñeldýär.Taryhçy Ebul Farajyñ gilýazmalaryna görä, Mälik şa Bagdada gelen wagty onuñ bilen halyf Muktedi Billahyñ arasynda bir dawa ýüze çykýar. Halyf soltan Mälik şanyñ gyzyna öýlenipdi. Soltan şol nikadan doglan çaganyñ /oglanyñ/ kakasyna oruntutar höünde yglan edilmegini talap edýär.Emma Muktedi onuñ talabyny ret edýär. Şeýle bolansoñ, soltan oña Bagdatdan çykmagy emr edýär.Halyf hem “Buýrugyñyzy ýerine ýetirerin, ýöne on gün puryja beriñ”diýýär. Ýedinji günde Mälik şa agyr sanjylama sezewar bolup ýogalýar.Halyfyñ buýrugy boýunça ony Hurdik atly guluñ zäherläp öldürendigini hakda maglumatlar bar. Soltanyñ ölüminden soñra onuñ aýaly Terkan Hatun ýurdy dolandyryşy eline alýar we Mälik şanyñ bäş ýaşly ogly Mahmut Bagdatda soltanlyga yglan edilýär.

Soltan Gyýaseddin Abu Şuja Muhammediñ Yspyhanda öldürilmeginden soñra /1118 ý./ onuñ ornuna Yrakda hökümdar bolan soltan Mahmut bilen şol ýyl Bagdatda ölen halyf Mustashiriñ ornuna geçen ogly Müsterşideñ arasynda duşmançylykly gatnaşyklar başlanýar. Göçme araplaryñ hökümdary Dubais bilen halyfyñ arasyndaky duşmançylyklar,atabeg Ymameddiñ Zeññi, soltan Mahmut, soltan Mesut,soltan Sanjar, soltan Togrul, şeýle-de halyf Raşit,Horasanyñ soltany Dawut, halyf, Muktesir döründäki ganly çaknyşyklar addasylaryñ ozalky howandarlary bewýik seljuk-türkmenleriñ soltanlygynyñ häkimiýetinden çykyp, döwleti özbaşdak dolandyrmak isleglериniñ ýüze çykyp başlamagy bilen dörändir. Şol islegleriñ netijesi bolsa, halyflygyñ Köneürgenç türkmenleriniñ döwleti /1097-1231 ý./ bilen eden nädogry gatnaşyklarynyñ ýüze çykmagy we mongollaryñ Köneürgenç türkmenlerini ýykanlaryndan soñra halyflyk mirasynyñ hem elden gitmegi bilen gutarýar.

Horezmşalar /Köneürgenç/ hökümdary Aleýeddin II Muhammet Eýranda Bagdady köşk kethudalarynyñ täsirinden halas eden we gündogarlygyna giñelýän abbasy halyfy En-Nasyryñ /1180-1225/ şöhrat paraz häkimiýeti bilen garşylaşýar.Abbasy hanedanynyñ ukyply syýasat adamy we akylly şahsyýet bolan En-Nasyr dolandyryşdaky şeýle köp ejizlikleri şaýylary yzygiderli howandarlyk arlaly ýok etmäge synanyşýar. Yrakda aslynda dürli serhetlerde din müjehitleriniñ arasyndan ýüze çykan, ýöne soñ-soñlar ülkäniñ içinde-de hereket eden ,gapma-garşylyklardan ýadalan döwürlerde, esasan, şäherlere howp salan, käwagytlar talañçylyklar hem eden, parahatçylyk günlerinde bolsa sufi guramalary bilen aragatnaşyklar saklan harby söweşjeñ guramalar bardy.Hasyr bu guramalary täzeden dikeltmäge we hut özi başyna geçmek bilen, öz syýasatyna bähbitli ýagdaýda getirmäge synanyşýar. Olar gahrymanlygyñ nyşany hökmünde we ynamlarynda Pygamberiñ giýewi Alyny pir saýýardylar. Halyf Aly neberesinden bolanlara şol täze harby guramasynda /Fütüwwet/

özüniñ ýurdy dolandyrmagynda howply bolmadyk hereket etmegine ähmiýet berýär. Ol gurama halyfyñ isleýän giñ syýasy şöhratyny berkidýär.Ýöne soltan Tekeş Gündogarda döwlet işleri bilen meşgul bolan wagty, halyfyñ weziriniñ Huzistan we oña goñşy Eýran welaýatlaryny basyp alandygyny görýär. Halyf Tekeş 1196-nji ýylda Huzistan bilen bilelikde basyp alan ýerlerini yzyna bermäge mejbur bilýar. Ýöne barybir Tekeş halyflygy En-Nasyryñ elinden alyp, Aly neberesinden bolan Aly ül Mülküñ halyf diýlip yglan edilmegini gazanýar. Horezmşa bu şahsyeti Bagdatda halyflyk ornunda oturtmak üçin goşun taýýarlaýar.Ýöne gyzyñ wagtyndan ir hem sowuk gelmegi sebäpli, goşunlargyrylýar we yza gaýtmaga mejbur bolýarlar .

Türkmenleriñ dünýä meşhur serkerdesi Jelaleddin Meñburny mongollary ençeme sapar ýeñlişe sezewar edip, Eýranda, Anadolyda, Kawkazda imperatorlygyny täzeden dikeldende, abbasy halyfy El-Mustansyr Billah /1226-1242 ý./ 1229-nji ýylda oña Soltanlygy ykrar edýän hökümdarlyk haladyny we derejesini ýollaýar.

Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyñ mukaddes Ruhnama eserinde adalatly görkezişi ýaly, Memluk türkmenleriniñ döwleti 1250-nji ýylda Müsürde soltan Aýbeg türkmen tarapyndan berkarar edildi. Onuñ hökümdarlygy 1257-nji ýyla çenli dowam etdi.

Memluk goşunlarynyñ asly türkmenlerden düzülendir. Özlerinden ozalky abbasylarda bolşy ýaly, eýýubylar hem mongollar tarapyndan Cündogardan gysylyp çykarylan türkmen esgerlerini goşunlaryna almaklyga çalyşýardylar.Şol goşunlaryñ serdarlaryndan, osmanly basyp alyşlaryny çenli Müsürde we Siriýada özlerini ykrar etdiren täze hökümdarlar nesli döreýär. Ol hökümdarlaryñ ilkinjisi bolan soltan lzeddin Aýbek eýýuby hökümdary Salyhyñ Nil derýasynyn adalaryndan Er-Rawzada ýerleşdirilen janpena ýygnyna degişlidir. Aýbegiñ atlandyran Bahryýa Memluklary ady şondan gelýändir.Soltan Aýbegiñ ogly Nureddin Alydan soñra soltan Gutuz 1260-nji ýylyñ Ruhnama aýynyñ 3-ine Palestinada,Aýyny Galut atlandyrylýan ýerde mongollaryñ baştutany Ketboga Noýony goşuny bilen bilelikde doly golyçdan geçirip,ajaýyp ýeñiş gazanýar. Şol ýeñişden soñra soltan Gutuz Beýbarsa wada beren Halabyñ umumy häkimligini bermekden boýun gaçyrýar. Beýbars Gutuzy helākleýär we 1260-nji ýylda soltanlygy öz eline alýar.

Resmi ýazgylarda “ed-Döwletüt Türkiýe”-türkmenleriñ döwleti atlandyrylan Memluk türkmenleriniñ döwletiniñ başyna soltan Beýbarsyñ /1260-1277 / geçmegi bilen, addasylar arada gatnaşyklar başlaýar. Hulagynyñ baştutanlygyndaky mogol goşunlary 1258-nji ýylda gazaply gyrgynçylyk we weýrançylyk edip, Bagdady basyp alypdyrlar.Şeýle-de halyf Müstasymyñ /1242-1258 ý./özüni garyndaşlarynyñ birnäçesi bilen bilelikde öldüripdirler. Halyfyñ garyndaşlarynyñ birnäçesi Müsüre gaçyp, ölümden halas bolýarlar we soltan Beýbars mongollaryñ tutuşlygyna diýen ýaly ýok eden abbasy halyflary hanedanynyñ bir agzasyna Kairde gaçybatalga beripdi.Soltan Beýbars özüniñ hökümdarlygyny kanunlaşdyrmak üçin, abbasylygyny El Mustansyr Billah /1261 ý./ ady bilen ykrar edeninden soñra, özüni soltanlygy alyp baryjy

hökmünde halyha tassykladýar.Halyf özüne Bagdady gaýtaryp almak üçin Beýbarsyñ goşun bermegini gazanýar.Köp güýç sarp edilip, köp gan we der dökülip dikeldilen kuwwatly ýeke-täk musulman döwletiniñ ýaşamagyny isleýän soltan Beýbarsyñ halyfa beren goşularyny mongollar añsatlyk bilen ýok edipdirler. Ondan soñky gelen halyflar bolsa,Memlyklar döwletinde hiç hili syýasy güýje eýe bolmazdan halyflygy saklapdyrlar.

Türkiýedäki osman türkmenleriniñ soltalygy 624 ýyllap dowam edýär. Türkiýede solyanlyk eden osman nesilşalygy 1299-nji ýylda Osman gazy tarapyndan esaslandyrylýar. Bu döwleti soltanlaryñ 36-sy yzly-yzyna dolandyrypdyr. Halyflar bilen syýasy, dini maşgala gatnaşyklary Osman türkmenleriniñ soltanlygynda hem dowam edýär.Ýöne osmanly türkmen soltanlary halyflyk gatnaşyklaryny düýpgöter başgaça çözýärler. Türkmen-osmanly imperiýasynyñ hökümdary Ýowuz 1 soltan Selim Han gazy, 1514-nji ýylda sefewileriñ hökümdary Şa Ysmaýylyñ ägirt goşunlaryny Çaldyran sährasynda ýeñlişe sezewar edip, ajaýyp üstünlik gazanýar. Birinji ýörişini şeýle möhüm ýeñiş bilen şöhratlandyran Ýowuz soltan Selimiñ ikinji bir hökümdarlyk ýörişi Müsür ýörişidir. Memluk soltany Kansu Guri Ýowuz soltan Selimi Halap şäherine örän ýakyn Dabyk düzlüginde Merji Dabykda sekiz sagatlyk söweşden soñra Ýowuz soltan Selim memluklaryñ üstünde guratnykly ýeñiş gazaýar.Söweşde soltan Kansu Guri öldürilýär. Şonda ýesir düşenleriñ arasyndaky ýesirleriñ iñ gereklisi abbasylardan yslamyñ halyfy Mütewekgil III-dir.

Ýowuz soltan Selim 1516-nji ýylyñ Aip-Arslan aýynyñ 28-ine Halap şäherine girýär.

Memluklar halyfy we mukaddes şäherine /Mekge, Medine, lerusalim/ ellerinde saklaýardylar.Ähli ruhy üstünlikler türkmen-osmanly imperiýasyna geçýärdi. Ýowuz Halaba giren gününiñ ertesi, ýagny, Alp Arslan aýynyñ 29-yna juma güni metjide özüni halyf diýip yglan etdirýär we onuñ ady hutbalarda halyf hökmünde okalmaga Başlanýar. 1517-nji ýylyñ Türkmenbaşy aýynyñ 22-inde Ryddaniýe ýeñşi /Siriýede/ hem türkmen-osmanly imperiýasyna Msüri boýun egdirmäge mümkinçilik berýär. Memluk türkmenleriniñ döwleti bolsa taryha çümüp gidýär.

Ýowuz soltan Selim1517-nji ýylyñ Alp Arslan aýynda Käbäniñ açarlaryny-da eline alýar.Ol Müsür ýörişinden gaýdanyndan soñra, abbasy halyfy Mütewekgil III-ni we beýleki ýokary derejeli şahsyýetleri özi bilen Stambula äkidýär. Şeýlelikde, Mütewekgil IIIhalyflaryñ 72-njisidir, abbasylardan gelenleriñ 54-njisi we Kairdäki abbasy nalyflarynyñ hem 17-njisidir. Ýowuz soltan Selim Muhammet pygamberden 73-nji halyfydyr. Ondan soñra osmanly soltanlary bolan türkmen hökümdarlarynyñ älisi şol bir wagtyñ özünde yslamyñ hem halyfydyrlar.

Kairdäki we Mekgedäki mukaddes ýadygärlikleriñ Stambuldaky Topgapy köşgüniñ “Hyrkaýy Şerif”” bölüminde ýerleşdirilmegi we lerusalimin, Mekge we Medinäniñ Türkmen-osmanly imperiýasyna birikdirilmegi bilen türkmen hökümdary Ýowuz soltan Selimiñ halyflyk sypaty öz beýanyny tapýar.

Türkmen-osmaly imperiýasynyň deňiz kuwwatlary 1517-nji ýylyň Magtymguly aýynyň 19-ynda gämileriň 301-inden ybarat güýçler bilen Iskanderiýa deňiz duralgasyna gelýärler. 1517-nji ýylyň Oguz aýynyň 7-inde Arabystan ýarym adasy bilen Hijaz hem Osmanly Türkmen imperatorlygyna birikdirilýär.Mekgäniň şerifi ogluny Kaire ýollaýar.Mukaddes ýerleriň /Käbe, Rawzai, Mutaharra-Pygamberiň türbesi/ açarlary, Mekge we Medinedäki mukaddes amanatlar Ýowuz Selime berilýär. Ol mukaddes amanatlaryň iň möhümleri Hezreti Muhammet pygamberiň "Sanjaky saadet" atlandyrylan hyrkasy, şeýle hem Hezreti Oamanyň we Hezreti Alynyň golýazmalary, häzirki Stambulyň Topgapy köşgünde Ýowuz soltan Selimiň döreden "Hyrkaýy Şerit"bölüminde saklanylýar.

Halyflygyň Osmanly türkmen soltanlygyna geçmegi bilen, Ýowuz soltan Selimden /1516-1520ý./ soňra osmanly soltanlarynyň 28-si yslamyň falyfy diýen belent derejäni göterýärler. Türkiýe döwletiniň gurulmagy we Osman imperiýasynyň dargadylmagy

bilen /Türkiýäniň Millet Mejlisi 1923-nji ýylyň Garaşsyzlyk aýynyň 29-ynda Türkiýa Respublikasy diýip yglan edilýär/ Mustafa Kemal Atatürk yslamyýetiň ruhany merkeziniň döwleti getirip biljek bähbitlerinden ýüz öwürýär.Türkiýe Beýik Millet Mejlisiniň 1924-nji ýylyň Nowruz aýynyň 3-ünde çykaran karary bilen halyflyk ýatyrylýar we Abdulaziziň ogly, iň soňky halyf Abdulmejit II ýurtdan çykarylýar. Dünýä musulmanlarynyň ruhany merkezi bolan halyflygy beýleki bir musulman döwletinde täzeden gurmak synanyşyklary netijesiz bolýar. Çünki başga hiç bir musulman ülkesinde halyflaryň işine makul şertler ýokdy.

Biz täze taryhy çeşmelere esaslanyp, abbasy halyflarynyň we türkmen hökümdarlarynyň esasylarynyň arasyndaky gatnaşyklary we bolan wakalary beýan etmäge synanyşdyk. Bu wakalardan başga-da, abbasy halyflarynyň türkmen hökümdarlary, serdarlary bilen gatnaşyklary örän ýygjam bolupdyr. Sebäbi ýokarda görkezişimiz ýaly, türkmenler kimin wepaly, arassa, gaýduwsyz,mert ,adalatly milleti abbasy halyflary başga hiç ýerden tapmandyrlar we türkmen soltanlary ýaly türkmen milleti hem özlerine degişli bolan döwlet gurmak ulgamynda yslamyň merkeziniň we yslamyň baştutanynyň soltan hökmünde ykrar edilmegine döwlet nyşanlaryny we derejelerini almagyna, eýeleýän topraklaryndaky häkimiýetiň tassyklanylmagyna zeruryýet görüpdirler.Şeýlelik bilen, howandarlykdan garyndaşlyga, tabynlykdan baştutanlyga geçilip ýetilen göreşli kyn ýyllardan soňra, türkmen soltanlary öz paýtagtlarynda hem soltan, hem halyf bolupdyrlar. Dünýäniň beýleki musulman milletlerinde şunuň ýaly mysaly tapyp bolmaz. Biziň şeýle belent ýolumyzyň we taryhy geçmişimiziň bardygyny sarpasy belent Prezidentimiz Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň türkmen halkyna baştutanlyk edip başlamagy bilen we mukaddes Ruhnama eserini halkymyza peşgeş bermegi bilen berk baglanyşyklydyr.

## NUSAÝ HAKYKATY

**“Nusaý”** adynyň arapça “nisa” sözünden, ýagny “zenan”sözündendigini aýdýan käbir alymlaryň subut edýän aşakdaky delili tutaryk edinýän bolmaklary mümkin.

Ol esassyz delili orta atan taryhçy Şeýhabeddin Abu Abdulla Ýadulla Ýakut Hemewi bolmaly. Çünki ol “Mo, ajm-ul-boldan” atly eserinde bu babatda şeýle ýazýar:

“Musulmanlar Horasanyň şol sebirine hüjüm edýärler hem-de Nesa şäherini basyp almagyň kül-külüne düşýärler. Şäheri basyp alyp, şähere giren musulman esgerleri örän geň wakanyň şaýady bolýarlar. Ýagny, görýärler ki, şäherde musulmanlara garşy söweşen hemme şäher goraýjylary zenanlar bolup, erkekler bireýýäm şäheri terk edip giden ekenler. Bu ýagdaýy gören araplar: “Hu la nisa!”, ýagny, “Bular zenanlar eken-ä!!!” diýip gygyryşypdyrlar. Şeýdip ol şäher Nisa şäheri bolupdyr…”. (Seret, **Şeýhabeddin Abu Abdulla Ýakut Hemewi, “Mo, ajm-ul-boldan”, Beýrut neşiri, 1979 ý., 23 sah.).**

Emma bu delil her Nusaý şäheriniň adynyň “Nusaý” bolmagynda ýapa degmeýän delildir. Sebäbi, ýokarda awtor: **“Musulmanlar… Nesa şäherini** basyp almagyň kül-külüne düşýärler…” diýip başlaýar. Diýmek, araplar öz basyp aljak şäheriniň adyna Nesa diýip bilýän ekenler. Eger Nusaýy entek basyp almadyk araplar onuň adyny Nesa diýip bilen bolsalar,awtoryň soňky şäheri diňe zenanlara taşlap, erkekler bolsa galadan çykyp gaçyp gidendiklerini aýdyp, araplaryň galany goraýjy aýallary görüp: “Hu la Nisa!” diýip gygyryşyp, bu şäheriň adyny Nisa diýip goýupdyrlar – diýmegi ýapa degmeýän zat volýar.

Onsoňam bu ýalan maglumatyň gadymy türkmen topragynyň iň mübärek we şerip şähere-de, aýallara-da şek getirýän bolgusyz maglumatdygyna biziň birimiziň düşünmegimiz gerek. Eger-de talaňçylykly uruşda ýeňlen tarapyň synan şäherinde ýaşaýanlaryň başyna nä günleriň salynýandygyny şol ýokardaky maglumaty il arasynda ýaýradýan alymlar bilmeýän bolsalar, biz-ä haýran!

Eýranly taryhçy Kazem Sebziwari 1997-nji ýylda Aşgabatda myhmançylykda boldy hem-de şu setirleriň awtoryny özüniň ýazan: “Täwanha-i mohiti şäherestan-ä Därgiz” atly taryhy-ylmy eseriniň kompýuterden çykan golýazmasy bilen tanyşdyrdy. Bu işiň 13-nji sahypasyndan “Şähra-i mohem daşt-e Haweran” (“Gündogar düzlügindäki möhüm şäherler”) diýen bölüm başlanyp, awtor Haweran düzlüginde ýerleýän şäherleriň iň gadymkysy we Möhüm Nusaý şäheri diýip belleýär hem-de: “Nusaý şäherini “Nesaýy”, “Nisaýe”… ýaly atly bilen ýatlasalar-da, bu şäheriň örän uzak geçmiş taryhy bolup, taryhyň dürli eýýamynda ol şäheriň ady dürli görnüşde bolupdyr …” diýip habar berýär.

Şeýle hem jenap Kazem Sebziwari özüniň şol eserinde sowet alymlarynyň Nusaý şäherini Parfiýa döwletini esaslandyryjy nesil bolan aşkanylaryň (arşakidleriň ) esaslandyrandyklary baradaky çaklamalaryny ret edýär. Çünki, Parfiýa döwleti biziň eýýamymyzdan öňki 250-nji ýyllarda esaslandyrylyp, biziň eýamymyzyň 224-nji ýylynda hem synan döwlet. Eýranly alym bolsa Nusaý şäheriniň adynyň zoroastr dininiň

Awesta kitabynda hem ýatlanýandygyny nygtap, ol mukaddes kitapda Nusaý şäheriniň adynyň arileriň ýurdy diýip hasaplanýan 16 ülkäniň arasynda sanaw tertibi boýunça 5-nji orunda gelýändigini ýazýar. Awesta kitaby bolsa Parfiýa döwleti esaslandyrylmazyndan ýüzlerçe däl, belki-de, müň ýyl ozal ýazylan bolmaly.

Ýöne bizde hem Nusaýyň adynyň Awesta kitabynda ýatlanylyşy barada degişli maglumat bar. Has takygy, Awestanyň “Wandid” diýen bölüminde Nusaý ady bir gezek ýatlanylýar hem-de: “Nusaý şäheri Merw bilen Balhyň arasynda ýerleşýär…”diýip habar berilýär. (Ýokardaky “Balh”sözüne Balkan daglary diýip düşünmeli). Awesta kitaby jemi 21 kitapdan ybarat bolupdyr. Emma biziň günlerimize çenli Awestanyň kitaplarynyň dörtden bir bölegi gelip ýetipdir.

Awesta kitaby 1990-njy ýylda Täjigistanyň paýtagty Duşenbe şäherinde aýratyn kitap görnüşinde rus dilinde neşir edilipdir. On dört bölümden ybarat şol kitapda gönüden-göni Nusaý şäheri barada anyk maglumat bolmasa-da, şol bir wagtyň özünde bu kitabyň “Gimn Mitre” (Ýaşt 10, “Mihr-ýaşt”) bölüminde türkmenlere degişli diýip hasplap boljak örän gyzykly maglumatlar bar ekeni. Türkmenler bu Awesta kitabynda käbir ýerde tur(lar) görnüşinde ýazylypdyr. “Tur” sözi bolsa Öküz (Oguz) diýmäni aňladýar diýip şu setiriň awtory türkmen metbugatynda Nusaý barada ýazan öňki makalalarynda ýatlapdy. Mysal üçin, “Gimn Mitre”atly bölümden käbir setirlere ýüzleneliň:

Biz Mitri ýagşylykda ýatlaýarys,
**Ol araba eýesi …** (Seret, görkezlen eser, 70 sah.)
Ol (Mirt) ilkinji bolup,
Asmandaky hudaýlaryň arasyndan,
Nurly Günüň öň ýanyndan,
Hara dagynyň gerşinde görünýär.
**Onuň bedewleri örän ýyndam.**
Ol ikinji bolup, altyn
Öwüsýän gerişlere ýetýär,
Ol ýerden ol hemme ari ülkelerini synlaýar.
Ýene-de
Biz Mitri ýagşylykda ýatlaýarys,
Ylahy gudratlylaryň arasynda,
Ilkinji bolup Hara (Gara) dagynyň gerşinden,
Gün şuglasy entek Zemine ýaýramaka,
**Ol özüniň örän ýyndam aty bilen,**
Hara dagynyň ajap gerşine çykyp,
Läle-reýhanlygyň içinde durup,
**Külli ari ülkelerin synlaýar.**
Ol ülkeler: gaýratlylaň ülkesi,
Giň derýalarda gämiler ýüzýär
Hanasyna sygmaýan ol derýalar
Öz şirin suwlary bilen

Par Işkatyna,
Haraýwdaky **Merwe barýar …** (57 sah.)
**Mitri berer ýyndam atlary,**
**Onda bar giň öri meýdany…** (54 sah.)

• * *

Sygynýaryn men gudratly Miträ
Ýaradylanlaryň iň güýçli ýaradylanyna!
(55 sah.)

Awestanyň bu bölümindäki Mitr, biziň pikirimizçe, Oguz han Türkmen bolmaly. Sebäbi, Oguz han Türkmeniň – Öküz, Oks, O:din, Tor, Tur, Torg, Burk (Börk) … ýaly lakamlarynyň bolandygy barada awtor türkmen metbugatynda ýazypdy.

Mitr adynyň aýdylşynda bolsa Tur, Tor atlary bilen meňzeşlik, umumylyk bar. Onsaňam ýokarda **Mitr "Araba eýesi"** diýip nygtalýar. Mukaddes Ruhnamada bolsa Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy Oguz han Türkmeniň leşgerinde ýöriş arabasynyň taryhda ilkinji bolup oýlap tapylandygyny habar berýär. Diýmek, **Oguz han Türkmen hem "Araba eýesi".** Umumy german halklarynyň taryhy barada habar berýän "Kiçi Edda" kitabynda hem Asgar (Nusaý şäherinden bolan) Tor (Tur) atly gudratly we gaýratly hökümdaryň lakamynyň "Eke Tor", ýagny, "Araba eýesi Tor (Tur)" bolandygy ýatlanylýar. Galyberse-de, "Kiçi Erda" kitabynda mundan müňlerçe ýyl ozal, Asmandaky "Uly Ýedigen" ýyldyzlar toplumynyň "Turyň arabasy" diýip atlandyrylandygy habar berilýär. Dogrudan, "Uly ýedigen" araba hem çalym edýär.

Awestada Mitr-Ýeňiş Hudaýy, ýyndam bedewleriň eýesi, arileriň ülkeleriniň üstünden hökümdarlyk süren, hudaýsypat ýaradylan şahsyýet hökümünde görkezilýär. Ol Hara (Gara) dagyň çür depesine çykyp, batyr arileriň mekany Merwi hem görýär, synlaýar ekeni. Diýmek, gadymy Mary şäheri hem ariýleriň mekany bolan. Şeýlelik-de, bu bolsa biziň geçen makalalarymyzda Mary adynyň "Ma ari şah-y-jahan" diýen sözdendigi, ol sözüň bolsa "Biz Älem-jahan hökümdarlyk edýän arileridiris" diýen manysynyň bardygy barada aýdanymyza goşmaça delil bolup hyzmat edýär.

Ýene-de Nusaýly meselä dolanyp gelsek, araplaryň bu şähere Nissa diýip at goýandyklary baradaky taslamanyň hakykatdan daşdadygyny aýtmakçy, araplaryň Nusaýyň basyp almaklaryndan, takmynan, 1150 ýyl töweregi ozal dünýä inen taryhçy Gerodot ýazgylarynda Nusaý babatda şeýle ýazgyny bize miras goýupdyr:

**"Huşýar şanyň ýunanlar (grekler) bilen bolan söweşinde, onuň söweş arabalaryny şol Nusaý atlary çekidiler …".**

Köp türkmen alymlary "Gerodot-Nusaý barada ýazgy goýan ilkinji taryhçy" diýip ykrar edýrler. Ýöne Gerodortyň Nusaý barada ýazan ilkinji awtor däldigini aýtmalydyrys. Sebäbi 1936-njy ýylda ABŞ-nyň Nýu-Ýork şäherinde G.Cameron atly awtoryň: "History of early lran" diýen kitaby neşir edilipdir. Şol kitabyň 148-nji sahypasynda awtor: "Nusaý (Nesa) baradaky iň gadymy ýazuw çeşmesi assiriýaly Tiglat Pilser III –niň (b.e.öňki 727-726-njy ýyllarda) Mad şäherlerine leşger süren

wagtyndaky ýazgylarda duş gelýär" diýip habar berýär. Şol ýazgylarda: "Nusaý uçýan atlaryň ýetişdirilýän mekany" diýip suratlandyrylypdyr – diýip habar berýär…

Diýmek, ol ýazgylar araplaryň Nusaýy basyp almaklaryndan 1370 ýyl töweregi ozal ýazylan ekeni.

Hut şonuň üçin hem Nusaý şäheriniň adyny araplar goýupdyr diýmek dürs däldir. Elbetde, Nusaýyň has gadymy adynyň Asgard bolandygy barada metbugatda çap edilen öňki makalalarymda nygtap geçipdim…

Hut şonuň üçin hem käbir alymlaryň "Nusaý sözi arap sözündäki "zenan" sözünden gelip çykypdyr" diýmekleri hakyky ylmy çözgütden daşdadyr.

Ýewropada ýaşaýan gadymy arileriň nesil şejeresi barada beýan edilýän gadym eserler bolan "Uly Edda", "Kiçi Edda" ýaly kitaplardaky maglumatlara görä, ariler Ýewropa, Merkezi Aziýadaky iň gözel şäher bolan Asgard şäherinden gidýärler. Asgard şäheriniň ýerleşişi, ondaky köşkler… barada aýdylýan maglumatlar Nusaý şäheriniňki bilen örän gabat gelýär. Arileriň iň güýçli hökümdary, olar Ýewropa ýöriş edenlerinde ýolbaşçylyk eden keramatly Odiniň hem türkmen milletiniň nesilbaşy Oguz han Türkmen bilen gaty kän umumylyklary bar.

**Birinjiden:** Odiniň ýanynda hemişe iki sany möjegi bolupdyr. Oguz han Türkmeniň hem ýörişe gidende öňüne asmandan inen nuruň içinden çykan möjek düşüpdir.

**Ikinjiden:** Odin guşlar, haýwanlar bilen gürleşmäni başaran bolsa, Oguz han Türkmen hem möjek gürleşýän ekeni.

**Üçünjiden:** Arileriň beýik hökümdary, keramatly Odin Ýewropa ýöriş bilen baryp, ol ýerdäki ýerli halklara medeniýeti, ýazmagy öwredipdir. Oguz han Türkmeniň döreden 25 harpy bilen bolsa, keramatly Odiniň Ýewropa halklaryna öwreden elipbiýiniň gabat gelmegi hem örän täsin delildir.

**Dördünjiden:** Keramatly Odiniň hem-de Oguz han Türkmeniň bir şahsyýet bolandygyny (galyberse-de, Awestanyň "Gimn Mitre" bölüminde keramatly Mitr barada hem "Ol araba eýesi" diýip habar berilýär ahyryn), olaryň ikisiniň hem "Araba eýesi" diýen lakamlarynyň bolmagy taryhy tötänlik däldir.

Onsoňam, Nusaý şäheri gadymy Änew medeniýetine degişli bolup, Merkezi Aziýada ýerleşýän, taryhy 5 müň ýyllykdanam has köpräk bolan ýeke-täk gadymy şäherdir.

Elbetde, bu gürrüňi näçe dowam etseň adibermeli. Enşalla, wagty geler, şonda ýene bu gürrüňe gaýdyp geleris.

**Juma Ataýew,**
**Žurnalist, gündogarşynas.**

# SELJUK TÜRKMENLERINIŇ YLMY WE BILMI

**Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy**
**Mukaddes Ruhnamasyndan:**

- **MÄHRIBAN WATANDAŞYM, BEÝIK TÜRKMEN OGULLARYNYŇ – MUHAMMET TOGRUL BEGIŇ,**
- **DAWUT ÇAGRY BATYRYŇ, ALP ARSLANYŇ, MÄLIK ŞANYŇ, SOLTAN SANJARYŇ DÖREDEN DÖWLETLERI, GAHRYMANLYKLARY, MERTLIKLERI, PARASATLYLYGY, ÖZLERINI BÜTIN YSLAM DÖWLETLERINIŇ SOLTANY DIÝIP YGLAN ETDIRIŞLERI DEŇI-TAÝY BOLMADYK WAKADYR. TÜRKMEN HALKYMYZ ÜÇIN OL BEÝIK ŞAHSLAR BARADA AÝRATYN KITAPLAR, MAGLUMATLAR ÝAZYLMALYDYR. GUWAN, TÜRKMENIM, ASLYŇA!**

Türkmenleriň Yslam dinini kabul etmegi bütin Gündogar musulman medeniýetine uly özgerişlikler getiripdir. Has gadymy döwürlerden gözbaş alyp gaýdan türkmen medeniýeti yslam medeniýetini has-da baýlaşdyrypdyr. Yslam dünýäsinde orta asyrlarda agalyk eden türkmenleriň dürli boýdur-taýpalaryndan çykan ynsanlaryň guran döwletleriniň zamanynda medeniýet ýokary derejä ýetipdir. Ýer togalagynyň dürli ýerlerinde gurlan bu döwletlerde we olardan öňki döwletleriň zamanynda musulmançylyk täze eýelenen ýerleriň adatlaryna we medeni şertlerine uýgunlaşdyrmak bilen halkyň içine ornaşdyrylypdyr. Şol bir wagtyň özünde milli medeniýetimiz, törlerimiz, däp-dessurlarymyz basylyp alnan ýerlerdäki topraklarda ýaşaýan milletler tarapyndan kabul edilip, şol ýerlerde ýaşamasyny dowam etdiripdir. Türkmenler nirede bolsalarda öz hususy wezipelerini we alyp barýan döwlet bähbitli işlerini şol ýerlerdäki daş-töweregi gurşap alan medeni syýasy we durmuşy ýagdaýa görä amala aşyrmaga ymtylypdyrlar olar baran ýerlerinde milli törlerimizi – durmuşy we ruhy ýörelgelerimizi ýerli ýagdaýlara görä ýöretmek bilen guran döwletlerini abadanlykda saklapdyrlar. Yslam medeniýetiniň özenine milli medeni gymmatlyklarymyzy ornaşdyrmak bilen "yslamyýetiň ikinji klassyk döwri" atlandyrlan döwrüň gelmegine ýol açan öwrülişigi amala aşyrýan türkmen hökmümdarlaryna bu eýelenen ýerlerde özleriniň häkmiýetini rahatlykda edara etmek üçin yslam dininiň bütin inçelikleriniň çuň derejede bilimekleri zerur bolupdyr.

Ildeşlerimiz haýsy dini kabul etselerde, şol diniň mukaddes kitabyny we ynançlaryny özleriniň milli mukaddesligine öwürmek bilen, şol diniň dilini we harplaryny ulanylyşa alypdyrlar. Arapça ýazylan keramatly Gurhan kitabyny

milletimiziň mukaddes kitaby hökmünde kabul edipdirler. Esasan-da, beýik Seljuk türkmenleriniň döwleti atlandyrylan ägirt imperiýanyň döwründe türkmenler dünýädäki beýik milletleriň birine öwrülipdirler.

1040-nji ýylyň Magtymguly aýynyň 23-ine oguz-türkmenleriniň kynynk boýundan bolan seljuk türkmenleri Gaznaly türkmen döwletiniň goşunlaryna garşy uly söweş edipdirler we ýeňiş gazanypdyrlar. Daňdanakan galasynyň ýakynynda bolup geçen bu söweş taryhy edebiýatlarda “Daňdanakan meýdan söweşi” adyny alypdyr. Bu söweşde gazanan ýeňişi bilen ruhlanan seljuk türkmenleri maddy güýçlerini, syýasatyny we ilçilik sungatyny ussatlyk bilen ulanyp örän köp ülkeleri boýun egdiripdirler we beýik Seljuk türkmenleriniň imperiýasyny gurmagy başarypdyrlar. Bu ägirt döwletiň gurulmagy we edara edilmegi üçin örän beýik bir syýasy güýjiň eýesi bolan syýasatçylar gerekdi. Muny başaran seljuk türkmenleriniň syýasatynyň we ilçilik hereketleriniň ýokary derejede bolandygy görünýär. Bu döwletde ekerançylyk, maldarçylyk we ýüpekçilik ýaly işler bilen meşgullanan göçebe we oturymly ýaşaýyş giňişleýin ýaýylypdyr. Söwda we ykdysadyýet gülläp ösüpdir. Söwda girdejileriniň we iş öndürijiliginiň ýokary derejä ýetmesi şäherdir obalaryň giňelmesine we ýaşaýyş-durmuşyň baýamagyna alyp barypdyr. Giňelýän şäherler ylym, syýasat, ykdysadyýet we medeniýet merkezleri halyna gelipdirler. Bu merkezleriň biride beýik Seljuk türkmenleriniň imperiýasynyň paýtagty Merw/köne Mary/ şäheridir. Bu döwletiň dörän ýeri bolan Demirgazyk Horasan /Günorta Türkmenistan/ hem-de “Horasan şäherleriniň enesi” atlandyrylan Merw beýik Seljuk türkmenleriniň döwründe iň gülläp ösen döwürleriniň birini ýaşapdyr we bu döwürde diňe Gündogaryň däl, eýsem şol bir zamanda bütin dünýäňiň syýasat, ykdysadyýet we medeniýet bakymyndan iň ösen merkezleriniň biri bolupdyr. ***Ilkinji uniwersitet Beýik Seljuk türkmen soltany Alp Arslan tarapyndan 1086-njy ýylda gurdurlypdyr.*** Bu döwletde medeniýetiň ýokary derejä ýetmegi ylmyň we sungatyň ösmegine getiripdir.

Seljuk türkmenleriniň häkimlik eden döwri bilim we terbiýe ugurlardan hem bütin Yslam äleminde öwrülişigiň bolan döwrüdir. Ýaşlara ýa-da raýatlara bilim berlişi seljuk türkmenlerinden öňki döwürlerde dagynyk we şahsy şekiller alynyp barylypdyr. Beýik soltan Alp Arslan türkmen bu işleri döwletiň edarasy astyna alypdyr. Bilim we terbiýe resmi bir maksatnama baglanyp, imperiýanyň ähli ýerlerinde hünärmenler bilen üpjün edilipdir. Türkmen soltanlarynyň emri bilen mekdepler, medreseler her ýerde gurulypdyr. Döwrüň iň tanalýan ylym we pikir adamlary, alymlar tarapyndan medrese talyplaryna bilim berilipdir. Mugallymlara beren dersleri üçin aýlyk haklary berlipdir. Talyplar aýlyk talyp haklary we gural-esbaplary bilen üpjün edilipdir. Medreseler we mekdepler – bazarlaryň, ýapyk bazarlaryň /çarşylaryň/, hammamlaryň we ekerançylygyň getirýän girdejilerine görä, döwlet tarapyndan üpjün edilmegi bilen ýaşapdyrlar. Medreselerde iki ugurdan bilim berilipdir. Ýagny, dini we edep ylymlary boýunça talyplara ders berilipdir. Ylahy /dini/ derslerde Gurganyň tewsiri, yslam hukugy bolan fykyh hem-de hadys ylymlary öwredilipdir. ***Seljuk türkmenleriniň döwrüne ozal dagynyň we şahsy şekilde gurnalan ylym-bilim bir ulgama salnyp döwletiň edarasyna***

***alnypdyr.*** Edep ylymlaryna ylym-pelek, pelsepe, dil ylmy, aljebr we beýleki ylymlar giripdir.

Seljuk türkmenleriniň beýik soltany Alp Arslan türkmeniň ilkinji gurduran Bagdatdaky “Nyzamiýe” medresesiniň /1086ý/ ýer ýüzünde ilkinji uniwersitetidigi ýazuw ýadigärliklerinde agzalýar. Ýewropada muňa meňzeýän bilim beriji gurluşlar has giçki döwürlerde gurlup başlanypdyr.

Medreselker dürli-dürli ugurlar kärdir-meslekler boýunça ýöredilipdir. “Typ” atlandyrylan tebipçilik medreseleri gadymy ildeşlerimiziň lukmançylyk institutlarydyr. “Şypahana” atlandyrylan medreselerde hem bilim berilipdir hem hassa bejerilipdir. Aýal maşgalalaryň ýöriteleşdirilen aýratyn medreseleleri bolupdyr. Gadymy Maryda ýerleşen “Hatunyýe” medresesi şeýle okuw mekdepleriniň biridir.

Döwlet adamlarynyň medreselerde ýetişýändigi sebäpli köp sanly medreselerdöwlet tarapyndan gurulypdyr. Emeldarlaryň, barly adamlaryň gurduran medreseleleri-de bolupdyr. Hökümdarlar we olaryň hanymlary tarapyndan hem medreseler hem gurlupdyr. Çeşmelerde garyp maşgalalardan çykan zehinli çagalaryň döwlet hem-de wakyflar tarapyndaNn goldanandygy hem agzalýar.

Seljuk türkmenlerinden soňraky döwürlerde gurlan döwletlerde hem bilim ulgamy seljuk türkmenleriniň ägirt döwletinden nusga alnyp gurlupdyr.

Seljuk türkmenleriniň agalyk eden döwürlerinde Gündogarda ylym-bilim örän ýokary derejede ösüpdir bu bolsa şol döwürde beýik seljuk türkmenleriniň inmperiýasynda medeniýetiň gülläp ösendiginden habar berýär.

Seljuklar neberesi we beýleki türkmen hanedanlarynyň yslam dünýäsine özleriniň täsirini ýetirip başlamaklary bilen ylym has kämilleşipdir.ylmyň bu öňe gidişliginde, türkmen hökümdarlarynyň alymlara eýe çykyp goramagy, ylmy gözlegleri goldamagy, ylmy açyşlara ýardam etmegi ähmiýetli bolupdyr. Keramatly Gurhanda we hezreti Pygamberiň hadyslarynda ylym bilen meşgullanan kişilere we alymlara ýardam etmek dogrusynda bir topar pentler bar. Bu pentlere gulluk eden türkmen hökmdarlary ylmy ösdürmegi, ylymlary, ylym adamlaryny hemaýatyna, penasyna alyp goramagy özlerine dini we milli wezipe edip alypdyrlar. Bu türkmen hökümdarlarynyň patşalyk eden döwürlerinde ýüzlerçe medreseleriň, mekdepleriň, kitaphanalaryň, gögebakyşhanalaryň /rasathanalaryň/ we beýleki ylmy edaralardyr binalaryň gurulandygyny çeşmeler habar berýärler.

Şol döwürlerde ylym we bilim Gündogarda Günbatar ýurtlaryna garanyňda has öňdedi. Türkmen we beýleki milletlerden bolan musulman alymlarynyň ylmy eserleri latyn dillerine terjime edilip, Ýewropa uniwersitetlerinde okadylmaga başlanypdyr. Gündogar alymlary tarapyndan hem Ýunan /Grek/ we beýleki antik medeniýetine degişli köp-köp eserler, arapça, parsça, türkçä terjime edilip, tebipçilik, matematika, pelsepe, astranomiýa we beýleki ylymlarda täze öňe gidişlikler gazanylypdyr.

Şularyň özi orta asyr dünýä medeniýetiniň ösüşinde türkmenleriň eýelän ornuny anyk görkezýär.

**Kakajan Baýramow, Türkmenistanyň Ministrleri,**

**Kabinetiniň ýanyndaky Taryh**
**institutynyň uly ylmy işgäri.**
**"BeýikTürkmenbaşy nesli", 27.03.2003 ý.**

## GÜNDOGARYŇ PARLAK ÝYLDYZY
### Ol Nejmeddin Kubradyr

**Beýik Saparmyrat TÜRKMENBAŞY:**
- ***Gorkut ata, Hoja Ahmet Ýasawy, Bahaweddin, Nagyşbendi, Nejmeddin Kubra, Salar Baba ýaly pirleriň dem salyp, çüflän keramatly, gudratly topragy bu.***

Nejmeddin Kubranyň esaslandyran kubrawiýe tarykaty /susyýana ýoly/ mistikanyň /erfan/ özboluşly bir mekdebidir we ol 12-13 asyrlarda sufizmiň örän güýçli ugurlarynyň birine öwürlipdir. Kubrawyýa taglymaty Nejmeddin kubradan soň onuň müritleri /şägirtleri/ tarapyndan kämilleşdirilipdir we ahlak päkligi, oraza tutmaklygy, az geplemekligi, adamyň öz aňynda Hudaýa düşünmegi ýaly ýagdaýlary öz içine alypdyr. Nejmeddin Kubra öz tarykatynda Hudaýa tarap barýan ýolagçy /salyk/ üçin on sany ýagdaýy belläp geçipdir: 1. – Toba /Touba/, 2.- Hemme zatdan el çekmeklik /zuhd/, 3.- Hudaýa ýüregiň bilen ynanmaklyk / Tawakkul/, 4.- Kanagat etmeklik /kanaat/, 5.- Gyra çekilmeklik /hylwat/, 6.- Hudaýy ýatlamaklyk /zikr/, 7.- Hudaýa ýüzlenmeklik /tawajjoh ila-l-lah/, 8.- Sabyrlylyk /sabyr/, 9.- Görmeklik /murakaba/, 10.- Kanagatlanmaklyk, razylyk /reza/.

Şeýh Nejmeddin Kubra öz garaýşyny arap hem pars dillerindäki eserlerinde beýan edipdir. Toufik Subhani ýaly käbir awtorlar Nejmeddin Kubranyň 32 eser ýazandygyny belläp geçýärler. Olaryň pars dilinde ýazylan “Adab ul-muridin”, “Risalat us-saýer ul-haýer il-as-saýer il-wahyd il-majid”, “Kitab sakinat ussalikin” we beýleki kitaplar bar.

Şeýh Nejmeddin Kubranyň arapça eserlerinde “Fawaýeh ul-jamal wa fawateh ul-jalal”, “Tafsir aýnul-haýat”, “Risalat ul-usul ul-aşare”, “Risalat ilalhaýem ul-haýef min loumat il-laýem”, “Hum ul-aliýe” we başgalary agzamak bolar.

Eýran alymy Mahmut Ýazdi Mutlak Maşadyň we Tähranyň golýazma fondlaryny gözden geçirenden soň, Nejmeddin Kubranyň öňki eserleriniň üstüne aşakylary hem goşupdyr: “Adab us-sufiýe”, “Ukrub ut-turuk”, “Minhaj us-salikin wa miraj ut-talibin”, “Nasaýeh-ýe şeýh Najm ud-din” “Hidaýat ut-talibin” we başgalar.

Dürli namalarda şygyr ýygyndylarynda Nejmeddin Kubranyň ady bilen rubagylar getirilipdir.Belli Gündogarşynas Ý.E.Bertels onuň 25 rubagysyny ýerleşdiripdir. “Aktab-ýe Uwaýsi” atly tezkirede onuň 81 beýtlik, şol sanda 39 rubagysy we üç beýtlik mufradaty berlipdir.

Onuň eserleriniň esasy ugry adamlary Hudaýy tanamaklyga tarap dogry ýola gönükdirmekdir. Okuwjyda wepadarlygy, päk ýürekliligi, yhlaslylygy, Watana, il-güne

söýgini, edermenligi, ruhypäkligi, sahylygy, rehimdarlygy, öz-özüňi kämilleşdirmäge tarap ýolda irginsiz hem tutanýerli bolmaklygy terbiýelemekdir. Şeýhiň esasy maksady ýokarky aýdylanlardan ybaratdyr. Şoňa görä-de onuň şygyrlaryna iki hili düşünmek mümkin: birinjiden süfizm kubrawyýe taglymatyndan habardar okyjy üçin bu – Ýaradana bolan söýgüdir, ikinjiden, sufizm taglymatyndan bihabar okyjylar üçin bu ynsanyň ynsana bolan yşk söýgüsidir, adamzadyň iň ajaýyp duýgularynyň, onuň magşuk hakdaky oýlanmalarynyň teswirlenmesidir.

***Yşk ýolumda kämil pyýada gerek,***
***Jahandan el çeken zyýada gerek,***
***Doga-derman eýle iki çeşmiňe:***
***Haky görmek üçin çyn dide gerek.***

***Yşk eseri kalba ýetse, dert eýlär,***
***Kalbyň derdi mert ýigidi mert eýlär.***
***Öz yşkynyň ataşynda alawlap,***
***Özgelere döwran odun sert eýlär.***

***Elmydam çekinýän şol zülpi-tardan,***
***Birehim, gül ýüzli, şirin güftardan.]***
***Her kim ýaman gözden çekinýän bolsa,***
***Men çekinýän alagözli dildardan.***

***Kalbym, asyl, senden hiç jyda bolmaz,***
***Ýa başga birine aşna bolmaz.***
***Mähriňi unutsa kimsäni söýsün,***
***Köýüňden geçmese, ol geda bolmaz.***

***Tagatymy ýazsam bir döwüm nana,***
***It öňünde giýsam bir desterhana,***
***Zyndan içer uzak ýyllar aç dursa,***
***Utanyp, agyz urmaz, şol döwüm nana.***

***Ýoluňda öwrener hadys, efsana,***
***Köýüňde adamlar bolar dumana.***
***Meniň deý müňlerçe köýen kişini,***
***Yşk derdi Käbeden elter buthana.***

Nejmeddin Kubranyň şehit bolşy hakda dürli maglumatlar gabat gelýär. Şolaryň birinde şeýle diýilýär:

“ Çingiz han Nejmeddiniň şan-şöhratyny eşidip, Horesme çozmanka, onuň ýanyna habar bilen ýörite adam iberipdir. “Men Horezmi basyp alanymdan soň, ilaryny gyryp, şäheri weýran etjek. Şoňa görä-de Şeýh şäherden çykyp, biziň ýanymyza gelse

gowy bolar”. Ýöne şeýh Nejmeddin  şeýle jogap gaýtarypdyr: “ Şu ýeriň halky bilen men ýetmiş ýyllap ýaşadym. Olar bilen begenjimi, gynanjymy deň paýlaşdym. Indi bularyň başyna iş düşüp, bela inende şäheri taşlap gitsem, adamkärçilige sygmaz”.

Başga bir maglumata görä, haçanda duşmanlaryň töhmeti bilen Nejmeddin Kubranyň şägirdi şeýh Mejdeddin Bagdady Amyderýa taşlanyp, gark edilenden şeýh Nejmeddin  soltan Muhammet Herezm şadan göwni galyp, öz müritlerine şeýle diýipdir: “ Gündogarda güýçli ot alawlap ýanýar. Siz öz ýurduňyza gaýdyň”. Onuň şägirtleri duşmana gaýtawul bermäge taýýardyklaryny aýdypdyrlar. Şonda şeýh Nejmeddin: “ Bu biziň ýazgymyz. Menem Watan üçin şehit bolaryn” diýipdir. Şondan soň onuň şägirtleri hoşlaşyp, Horasana gaýdypdyrlar.

Bar bolan maglumatlara görä, şeýh Nejmeddiniň şägirtlerinden Nejmeddin Semnany we Pir Alamdar Semnany hem öz ýaşaýan şäherini-Semnany gorap, şol söweşde şehit bolupdyrlar.

Mongol goşuny Çingiz hanyň permany bilen Horezme çozup, Köneürgenjiň ilatyny gyrypdyr, şäheri weýran edipdir. Şeýh Watany goramak üçin mukaddes uruş /jihad/ yglan edip, şägirtleri bilen duşmana berk gaýtawul beripdir. Duşmanyň atan oklarynyň biri gelip, Şeýhe degipdir. Ýöne ol duşmanyň elindäki baýdagyna ýapyşyp, onuň depesine daňlan at ýalyndan berk tutup sypdyrmandyr. Ol, şeýdip, Watan üçin şehit bolupdyr.

Nejmeddin Kubra şehit bolandan soň, onuň elini baýdakdaky ýaldan näçe sypdyrjak bolsalar-da, bolmandyr. Şoňa göräde, baýdaga daňlan at ýalyny kesmäge mejbur bolupdyrlar.

Şeýh Nejmeddiniň guburhanasy häzirki Köneürgençde ýerleşip, onuň töweregi gonamçylyk bilen gurşalandyr. Türkmen halkynyň arasynda ol “Şyh Kebir” / “Beýik şeýh”/ , “Şir kebir” / “Allanyň beýik şiri”/, “Kubra” atlary bilen bellidir. Bu guburhana Soltan Alynyň we Piryar Weliniň guburhanalary bilen birlikde arhetektura ýadygärlikleriniň aýratyn bir toplumyny düzýär. Şeýh Nejmeddiniň guburhanasy hem ömürnamasy N.Gullaýew, N.Halymow we beýleki alymlar tarapyndan belli bir derejede derňeldi hem beýan edildi. Ýöne ol döredijilik taýdan giňişleýin öwrenilmäge garaşýar.

Ýurdumyz Garaşsyzlygyny alandan soň, Beýik Türkmenbaşynyň uzakdan görüjilikli we parasatly syýasaty netijesinde, medeni mirasy öwrenmeklige uly üns berýändigini aýratyn nygtamak zerur. Hut merhemetli Serdarymyz Beýik Türkmenbaşynyň görkezmesi bilen türkmen halkynyň medeni mirasyna degişli ilkinji çeşmeleri derňemeklik güýçli depginde başlandy.

Gündogaryň parlak ýyldyzlarynyň biri şeýh Nejmeddin Kubra: bagyşlanyp 2001-nji ýylyň maýynda Aşgabatda halkara ylmy maslahatyň geçirilmegi hem munuň aýdyň mysalydyr. Türkmen okyjysynyň bu tanymal akyldaryň we welileri terbiýeleýjiniň doly ylmy terjimehaly hem ajaýyp eserler bilen tanyşyljak güni daş däl diýip hasaplaýarys. Çünki öz ýurdyňa, ata Watanyňa bolan çäksiz söýgi, watançylyk, Watany goramak, wepadarlyk, adalata, rehimdarlyga, dogruçyllyga, hallallyga, dostluga, söýgä çagyryş, başgaça aýdanymyzda, şahsyýetiň  iň ajaýyp sypatlary beýik aryfyň eserlerinde öz beýanyny tapypdyr. Beýik Türkmenbaşynyň ençeme gezek nygtaýşy ýaly, şonuň ýaly-

da Şamçyragymyz hem mukaddes ýol görgezijimiz Ruhnamada aýdylyşy ýaly, biz geljek neslimizi – Altyn asyryň altyn neslini şeýle ajaýyp häsiýetler bilen terbiýelemelidiris.

**Gandym Gurbanow**
**“Edebiýan we sungat” gezeti, 22. 02. 2002 ý.**

## DÜNÝÄ KARTASYNY DÜZEN TÜRKMEN

***Beýik Saparmyrat TÜRKMENBAŞYNYŇ mukaddes Ruhnamasyndan:***
***-Kämillik hem gaýtalanmazlyk ine, gymmatlygyň baş ölçegleri. Şeýle gymmatlyklar türkmeniň özüniň millet hökmündäki kämilliginiň we özbaşdak ösüşi hökmündäki gaýtalanmazlygynyň üstüni açýar.***

***Eger Beýik Serdarymyz Saparmyrat Türkmenbaşy taryhymyzy öwrenmegi döwlet syýasaty derejesine çykarmadyk bolanlygynda biz entegem halkymyzyň şöhratly ençeme sahypalaryndan bihabar galardyk. Ýitirilen zadyň öwezi dolunsa ýagşy. Halkyň mertebesini ýokary götermek üçin oňa özüniň hakyky taryhyny gaýtaryp bermeli. Mertebesi belent Serdarymyzyň hut özüniň taryhymyza dahylly her bir maglumaty üns berip öwrenýän, ony halkyna ýetirýän, mukaddes Ruhnama kitabynda pähime eýlenen sözler bilen halkymyzyň bäş müň ýyllyk taryhyny gürrüň berýän halatynda hiç kim bu işden çetde galmaly däldir. Taryhymyzyň çarkandakly ýollaryna içgin aralaşanyňda bolsa onda Türkmeniň adyny äleme ýaýan ençeme sahypalaryň üstünden barýarsyň. Mesele şol sahypalary agtaryp tapmakdan we halka ýetirmekden, şeýdibem taryhyň halkyň milli buýsanjyny artdyrýan esasy gözbaşdygyny ýene bir gezek subut etmekdir. Mukaddes Ruhnamada türkmeniň dünýä gymmatlyklaryny döreden milletdiginden söz açylýar. Ata-babalarymyz ilkinji ak bugdaýy, arabany, ganatly bedewleri, nepis halylary, robotlary... döredipdirler. Biziň söhbetimiz meşhur türkmen deňizçisi Piri Reýis we onuň düzen dünýä kartasy barada. Dogrudanam, onuň düzen kartasyny synlanyňda, türkmeniň öz döreden zadynyň kemini-köstüni goýmandygyna göz ýetirýärsiň. Piri Reýis ussatlygynyň kämil derejä çykandygyny eseriniň kämilligi bilen subut eden türkmen bolupdyr. Muny bilmek bolsa, türkmeniň şu günki nesli üçin zerurdyr.***

Türkmenleriň harby sungatyna ser salanyňda olaryň hatda ökde deňizçiler hem bolandygyna şaýatlyk edýän gymmatly maglumatlara duş gelmek bolýar. Seljuk türkmenleri Anadolyny ýurt edinen mahalynda bu ýere özleriniň deňizçilik sungatyny hem getiripdirler. Seljuk türkmenleriniň Anadoludaky döwletiniň hökümdary Süleýman

bin Gutulmyşyň (hökümdarlyk ýyllary 1077-1086 ý.ý.) serkerdeleriniň biri Çakan beg Egeý deňziniň kenarynda Izmir begligini esaslandyrypdy. Onuň asly Hazar deňziniň kenarlarynda ýaşan, deňizçilik bilen meşgullanan çowuldyr (çowdur) türkmenlerinden bolupdyr.

Seljuk türkmenleri bir topar gämä ýolbaşçylyk eden deňizçilere "amir" (emir)-al-bahry (bahry-deňiz diýmegi aňladýar) diýipdirler. "Deňziň emiri" manysyny beren bu söz soňra gysgaldylyp "amir-al" ýa-da "admiral" sözi döräpdir. Häzirki wagtda deňiz güýçlerinde ulanylýan ýokary harby dereje bolan "admiral" adalgasy görşümiz ýaly türkmenler tarapyndan dolanyşyga girizilipdir. Seljuk türkmenleriniň döwründen başlap, gämä ýolbaşçylyk eden kapitanlara "Reýis" diýipdirler.

Osman türkmenleriniň döwletiniň 624 ýyllyk taryhynda türkmen deçiliginiň taryhynda yz galdyran birnäçe deňizçileriň atlary mälimdir. Şolaryň biri hem Hadym Süleýman paşanyň döwründe ýaşan türkmen deňizçisi Piri Reýisdir. Piri Reýis XV asyryň ahyrlarynda Osman-Türkmen döwletiniň Akdeňizdäki, ýagny Ortaýer deňzindäki deňziň güýçleriniň admirallarynyň biri Kemal Reýisiň doganynyň ogly bolupdyr. "Pire" ady onuň türkmen bolandygyna şübhelenmäge hiç hili ýer goýmaýar. Adynyň yzyna tirkelen "Reýis" ady bolsa onuň harby derejesidir. Umuman deňzinde Osmanly-portugal gapma-garşylyklary ýitileşen mahalynda 1547-nji ýylda Piri Reýis Osman-Türkmen döwletiniň Gyzyl deňizdäki we Hind okeanyndaky deňiz güýçleriniň baştutany edip bellenýär.

Piri Reýis deňiz güýçlerine serkerdelik etmek bilen bilelikde öz döwrüniň deňizçilik ylymlaryndan hem oňat baş çykarypdyr. Ol "Kitaby Bahriýe" (Deňizçilik kitaby) atly kitabyň hem-de bir sany kartanyň awtorydyr. "Kitap Bahriýe" 1528-nji ýylda ýazylypdyr. Onuň nusgalary häzirki wagtda Türkiýäniň ençeme kitaphanalarynda, Drezde kitaphanasynda, Bolonýa uniwersitetiniň kitaphanasynda, Parižiň Milli kitaphanasynda saklanýar. Agzalan kitapda Akdeňiz we onuň töwereginde ýerleşen şäherler we ýurtlar barada maglumatlar, çyzgylar, deňizçilige, gämiçilige degişli birtopar maglumatlar berilipdir.

Piri Reýisiň kartasy barada Türkiýe Respublikasynyň Türk Taryh Kurumy ýörite dşündirişnamany çap etdi / Piri Reis Haristasi hakynda Izahname. 2 basky. Ankara, 1999 ý./ Bu kitapçada Türk taryhy barlaglar jemgyýetiniň başlygy Ýusuf Akçura giňişleýin düşündiriş ýazypdyr. Biz hem şol kitapça salgylanmak bilen meşhur türkmen deňizçisi Piri Reýisiň düzen kartasy barada okyjylara giňişleýin maglumat bermegi niýet edindik.

Piri Reýisiň kartasy Ystambuldaky Topkapy köşgi gadymy eserleriň muzeýi halyna getirilen mahalynda Milli Muzeýler müdiri Halyl Edhem bu kartany şol döwürde Ystambulda myhman bolan german gündogarşynasy professor Kahle bilen bilelikde öwrenipdir. Professor Kahle bu barlaglaryň netijesini 1931-nji ýylyň Ruhnama aýynda Laýdende ýygnanan Gündogarşynaslaryň XVIII Kongeresinde habar beripdir. Türk we nemes alymlarynyň bu barlaglary geografiýa bilen gyzyklanýanlaryň ünsüni bada-bat özüne çekipdir. Professor Kahleniň bu doklady italýan we ispan dillerine terjime edilip,

neşir edilipdir. Wena uniwersitetiniň professory Oberhammer tarapyndan 1931-nji ýylda Wena Akademiýasynda bu karta düşündiriş çap edilipdir.

Nemes professory A.Deismann Berlinde 1933-nji ýylda Piri Reýisiň kartasy barada makala bilen çykyş edipdir. Şol ýylda professor Kahle “1513-nji ýyldaky türkçe bir dünýä kartasynda Kolumbyň öň ýiten kartasynyň şöhlelenmegi” diýen broşýurasyny neşir etdiripdir.

Milli taryha aýratyn üns beren Türkiýe Respublikasynyň ilkinji baştutany Mustafa Kemal Atatürk Piri Reýisiň kartasyny Ankara getirdip, onuň üstünde ylmy barlaglary alyp barmagy, hem-de onuň Döwlet Neşirýatynda basylmagyny emir edipdir. Netijede Piri Reýisiň kartasynyň birinji Türiýede 1935-nji ýylda ýokary hilli edilip çykarylypdyr.

Piri Reýis özüniň kartasyny 1513-nji ýylda Gelibolu şäherinde çyzypdyr we şundan dört ýyl soňra, ýagny 1517-nji ýylda Osman-Türkmen soltany Selim I-ä onuň Müsüri boýun egdiren wagtynda Müsürde gowşurypdyr.

* * *

Piri Reýisiň kartasy pergamentiň ýüzüne (pergament-ýaşajyl göle derisinde edilen ýazuw materialy), reňkli edilip, örän ykjam we dykgatly çyzylypdyr. Piri Reýisiň mundan 490 ýyl öň düzülen kartasy dolulygyna bize gelip ýetmändir. Ýöne, onuň şol döwürde dünýäniň mälim bolan yklymlaryny, ýagny Ýewropanyň, Aziýanyň, Afrikanyň hem-de Amerikanyň syýahat edilip, öwrenilen ýerlerini öz içine alandygy mälimdir.

Piri Reýisiň düzen kartasy düşündirişlidir. Onuň dürli ýerlerinde bölek ýazgylar-düşündirişler bar. Şolaryň birinde kartany düzüji özüniň gözden geçiren kartalaryny beýan edipdir. Meselem, ol Antil adalarynyň kenarlaryny we onuň töweregindäki adalary beýan edýän bölekde Hristofor Kolumbyň kartasyny ýatlaýar. Piriniň agasy Kemal Reýisiň ýanynda ýesirlikde bolan, öň üç gezek Kolumbyň ýanynda Amerika giden bir ispanlynyň ýatlamalaryny getiripdir. Günorta Amerikanyň kenarlaryna degişli böleklerde Piri dört sany portugally tarapyndan düzülen kartany peýdalanandygyny ýazypdyr. Düzüjiniň sözlerine görä ol bu kartany çyzmak üçin Isgender Zülkarneýin zamanyndan bäri döredilen kartalary görüp çykypdyr.

Piri Reýisiň kartasynda karta düzmek üçin zerur bolan şertler saklanypdyr. Ol şertli belgileri ussatlyk bilen ulanmagy başarypdyr. Ol şäherleri we galalary gyzyl hatlar bilen, ilatsyz, adam ýaşamaýan ýerleri gara hatlar bilen, daşlyk ýerler gara nokatlar, çökündili we gumluk ýerler gyzyl nokatlar, gizlin gaýalar atanak alamaty bilen görkezipdir.

Piri Reýisiň kartasynda ünsüňi çekýän zatlardan birisi onuň afrikanyň Günbatar kenaryndaky ýerlere berlen atlardyr. Piri Reýisiň Afrikadaky ýerlere Babadagy, Akburun, Ýaşyl burun, Gyzylburun, Kozlukburun, Altynyrmak (Altynderýa) Güzelkörfez (Owadan aýlag) ýaly türkmençe atlary dakmagy haýran galdyrýar.

Gynansak-da, Piri Reýisiň düzen kartasynyň diňe bir parçasy biziň günlerimize çenli gelip ýetipdir. Kartanyň diňe Atlantik okeanynyň basseýnindäki ýerleri saklanyp

galypdyr. Ýagny onda Afrikanyň we Ýewropanyň günbatar kenarlary hem-de Merkezi we Günorta Amerikanyň gündogar kenarlary beýan edilipdir. Kartanyň gopan beýleki parçalary ýitipdir. Eger şeýle bolmadyk bolsa-dy, onda 1513-nji ýylda düzülen Köne (ýewraziýa, Afrika) we Täze dünýäni (Amerika) bir ýerde görkezen türkmen kartasy biziň elimizde bolardy. Hristofor Kolumbyň saparlarynyň XIV asyryň ahyrynda XV asyryň başynda bolandygyny göz öňünde tutsak (ol dördünji saparyndan 1504-nji ýylda dolanypdyr), Piri Reýisiň kartasy Amerikanyň açylmagynyň yzysüresi düzülen, dünýäniň ähli kitaplaryny (böleklerini ýa-da yklamlaryny) jemläp görkezen ilkinji kartadyr.

Piri Reýis kartasynyň gyrasyndaky ýazgylarda Hristofor Kolumbyň we portugallaryň kartalaryndan peýdalanandygyny ýazýar. Eýsem, Kolumbyň we portugallaryň kartalary ildeşimiziň eline nähili düşüp ýörkä?! Bu barada Türk Taryh Kurumynyň neşir eden "Peri Reis Haritasi hakynda Izahname" /2 basky. Ankara, 1999ý./ "Piri Reýisiň kartasy barada düşündirişnamada" şeýle diýilýär: "Kolumbyň şu çaka çenli tapylmadyk kartasy barada gürrüň edilmegini şeýle düşündirmek bolar: türkmen deňizçileri Akdeňiziň Günbatar basseýninde 1501-nji ýylda eden bir deňiz söweşinde espan gämilerini zabt edipdirler. Olar bu gämileriň birinden Amerikadan getirilen zatlary tapypdyrlar. Mälim bolşuna görä Hristofor Kolumb üçünji syýahatyndan 1500-nji ýylda dolanyp gelipdir. Bu maglumata görä, Kemal Reýis (Piriniň kakasynyň dogany – J.G.) tarapyndan ispan gämisinden alnan zatlaryň arasyndan Hristofor Kolumbyň kartasy hem tapylan bolmaly".

Amerika eden syýahatlarynyň netijesinde Kolumbyň düzen kartasynyň şu wagta çenli tapylmandygyny göz öňünde tutsak, Piri Reýisiň düzen kartasyny Kolumbyň kartasyna tarap açar diýip düşünmek bolar. Nemes professory Kahle uzak barlaglardan soňra dogrudanam Piri Reýisiň "Kolumbyň kartasyny peýdalandym" diýmeginiň dogrudygyny subut etdi. Piri Reýis öz kartasynda Kolumbyň düzen kartasyndan peýdalanandygyny agzaman, ähli zady özüniň düzendigini aýdyp hem bilerdi. Emma ol beýtmändir. Özünden öňki karta düzen deňizçileriň zähmetlerine uly sarpa goýup, olaryň atlaryny hormat bilen ýatlapdyr. Eger Piri Reýisiň kartasynda bu barada agzalmadyk bolsa, Kolumbyň düzen kartasyndan biz, belki, şu güne çenli hem bihabar galardyk.

Piri Reýisiň kartasynda jemi 24 sany bölek bellik (Fasyl) we düşündiriş bar. Olar kartanyň demirgazyk-günbatar burçundan günorta we gündogara tarap, soňra-da aýlanyp merkeze tarap belgilenipdir. Bu ýazgylaryň ählisini bolmasa-da, birentegini köne ýazgylary okamak boýunça türk hünärmeni Hasan Fehmä okamak başardypdyr. Biz şol ýazgylary okyjylaryň dykgatyna ýetirmekçi.

* * *

Piri Reýisiň düşündirişli bellikleri Karib deňziniň basseýnindäki ýerlerden başlanýar. Düşündirişlerde köpnokat goýlan ýerler asyl nusgasynda şeýle. [] belgisiniň içinde ýazylan zatlar düşündirişi has takyklamak üçin öz goşan sözlerimizdir.

**I bölek** – Okalmaýar.

**II bölek** – Bu diýarlar abadandyr. Bütin halky ýalaňaç görýärler.
**III bölek –** Bu diýara Antil welaýaty diýilýär. Günbatar tarapy uzalyp gidýär. Bu ýerde dört görnüşli: ak, gyzyl, ýaşyl we gara totuguşlar bar. Halky toty etini iýerler we täçleri tutuş toty perindendir. Bu ýerde bir daş bolup, ol gara mähek daşyna meňzär, halky palta ýerine bu daşy ulanýarmyşyn. Örän berk daşdygyny ………(köpnokat goýlan ýerler teksitiň zaýalanan we okalmaýan ýeri – J.G.); biz ol daşy gördük. /Bellik – Piri Reýis özüniň "Bähriýe" kitabynda şeýle ýazypdyr: "Biz Akdeňizde ele salan duşman gämilerimizde hem bu toty perinden bolan külahlaryň (baş geýim) birini we mähek daşyna meňzeýän daşy tapypdyk"/.
**IV bölek** - bu bölek arap haty bilen ýazylyp, onuň terjimesi şeýledir:
"Bu kartany Kemal Reýisiň doganynyň ogly Piri ibni Hajy Mehmet 919-njy ýylyň muharreminde /ýagny, miladynyň 1513-nji ýylynyň Nowruz aýynyň 9-y bilen Gurbansoltan aýynyň 7-si aralygynda / Geliboluda düzdi".
**V bölek –** bu fasyl (bölek) bu kenarlaryň, şeýle hem adalaryň näçedigini beýan eder.

Bu kenarlara Antil kenar ýakasy diýilýär. Arap taryhynyň 896-njy ýylynda (miladynyň 1492-nji ýyly – J.G. ) tapylypdyr. Emma şeýle rowaýat edýärler ki, genuýaly bir kapyr, adyna Kolumb diýýärlermiş, bu ýerleri ol tapanmyş. Ady agzalan Kolumbyň eline bir kitap düşenmiş ki, ol kitapda "Magryp (Günbatar – J.G.) deňziniň ahyrynda, ýagny günbatarsynda kenarlar we adalar barmyş, olarda her dürli magdanlar we ýene-de jöwher daşly daglar barmyş" diýip ol kitapda okanmyş. Ol bu kitap bilen doly tanşyp, ondaky maglumatlary Genuýanyň hökümdaryna düşündirip: "Maňa iki sany gämi beriň, baraýyn, ol ýerleri tapaýyn" diýipdir. Olar aýdar: "Eý, epter [nesilsiz-J.G.], Magrip deryasynyň ahyrky çägi we hetdi tapylarmy? Tolkuny zulumdan doludyr". Agzalan Kolumb genuýalylardan peýda ýokdugyny görensoň, Ispaniýa beginiň ýanyna gider, hekaýaty birin-birin beýan eder. Olar hem genuýalylar kimin jogap bererler. Biz söz bilen aýdanymyzda, Kolumb olara haýyşyny ýaltanman düşündirýär. Ahyr Ispaniýa begi iki sany gämini berip, ony doly ýola taýýarlap, "Eý, Kolumb! Eger seniň diýeniň tassyk bolsa, seni ol diýara kapitan (hökümdar – J.G.) edeýin" diýip, Magrip deňzine tarap ýollapdyr. Merhum Gazy Kemalyň ispaniýaly bir guly bardy, agzalan gul özüniň Kolumb bilen üç gezek ol diýara barandygy barada merhum Kemal Reýise şeýle gürrüň beripdir: ……"Owal Septe bogazyna bardyk, ol ýerde günbatarda Lodosun ikisiniň ortasyna ... rast dört müň mil (deňiz mili 1852 metre deňdir – J.G.) ýöränden soňra, garşymyzda bir ada gördük; emma gitdigiçe derýanyň möwji köpüksüz bolup başlady, ýagny deňiz parahat, asuda ýagdaýa geldi; Demirgazyk ýyldyzy, deňizçiler oňa pusulalarynda (kompaslarynda – J.G.) oňa ýenede ýyldyz diýýärler, barha ýitip, gözden gaýyp boldy". Ol ýene şeýle diýipdir: "Bu tertipde ol diýarda ýyldyzlar görünmez, başga tertipde görner. Ondan ozal gören adalarynda gämileriniň labyryny taşlarlar, ol adanyň halky geler, olara garşy ok atarlar, kowmazlar, daşary çykyp habar sorarlar. Erkegi we aýaly el bilen ok atýarlarmyş. Ol okuň ujy balyk süňkündenmiş, olaryň ählisi ýalaňaç gezýärmiş we has... Ol ada baryp bilmejegini görensoňlar, adanyň beýleki tarapyna barypdyrlar, bir sandal [gaýyk-J.G.] görerler, olary görüp sandaldakylar kenara gaçarlar. Olar sandaly almaga baranda onuň içinde

adam etiniň bardygyny görýärler. Megerem, bu taýpa adadan ada baryp, adam awlap iýýän bolmaga çemeli? Kolumb ýene bir ada görüp, oňa barýar, ol adada uly ýylanlaryň bardygyny görýärler. Megerem, bu taýpa adadan ada baryp, adam awlap iýýän bolmaga çemeli? Kolumb ýene bir ada görüp, oňa barýar, ol adada uly ýylanlaryň bardygyny görýärler. Ol ýere barmakdan heder edip, gaýry bir ada barypdyrlar. Gämileriniň labyryny taşlap, ol ýerde on ýedi gün galypdyrlar. Bu adanyň halky gämidäkilerden özlerine zyýanyň ýokdugyny görensoňlar, balyk awlap, gämilerinden olara getirip beripdirler. Olar hem hoş görüp, olara (adanyň ýerli ilatyna) syrça monjuklary sowgat beripdirler. Megerem, ol (Kolumb) syrça monjuklaryň ol diýarda gymmatbaha zatdygyny kitapda okapmyş. Olar monjugy görüp, ýene-de köp balyk getirdiler. Bular olara daýyma syrça monjuk bererdiler. Bir gün arwatyň (aýalyň) elinde altyn görüp, ony alyp, ýerine monjuk beripdirler. Olar: “Baryň, ýene-de altyn getiriň, biz size ýene-de köp monjuk bereli!” gidip, köp mukdarda altyn getiripdiler. Megerem, olaryň daglarynda altyn magdany bar bolmaga çemeli. Bir gün biriniň elinde merjen görüpdirler. Merjenini alyp, ýerine monjuk beripdirler. Monjuk berýändiklerini görensoň olar [ýerli ilat] bol mukdarda merjen getiripdirler. Merjen bu adanyň golaýynda bir-iki gulaç ýerden tapylýarmyş we bakkam agajynyň köp sanlysyny ýükledip, hem-de ýerli halkdan iki sany adamy alyp, ol ýylyň içinde Ispaniýa begine getiripdirler. Emma Kolumb ol halkyň diline düşünmändir, diňe üm arkaly alyş-beriş edipdirler. Bu sapardan soň Ispaniýa begi pop (ruhany), arpa tohumyny iberip, olara ekin ekmegi ýola goýdurypdyr; emma olaryň hiç bir weç bilen seri ýokmuş, haýwan ýaly ýalaňaç gezip, islän ýerlerinde ýatyp-tutup ýörmüş. Indi bu diýarlar doly açylyp, meşhur bolupdyr. Bu adalaryň atlary we olarda kimleriň ýaşandygy Kolumbyň goýan ady bilen mälimdir. Kolumb müneçjim hem bolanmyşyn. Agzalan kartadaky, bu kenarlar we adalarda kimiň ýaşaýandygy Kolumbyň kartasyndan alnyp ýazylandyr.

Piri Reýis kartasynyň VI böleginde bu kartanyň nähili ýol bilen düzülendigini beýan edýär. Kartany düzmek üçin nähili zähmetler çekendigini, özüniň düzen bu kartasynyň ynamdar, ygtybarly kartadygyny, öz çeken zähmetine buýsanýandygyny ýazýar. Bu bölekde hus没 şeýle diýilýär: Şü zeýilli karta asyryň içinde kimsede ýokdur. Bu pahyryň [Piri Reýisiň] elinde düzülip, bina boldy. Hususanda ýigrimiden gowrak karta mälimdir we Isgender Zülkarneýiniň zamanynda düzülen kartalarda adam ýaşaýan ýerleriň dörtden biri mälimdir. Arap taýpasy ol karta Jaferiýe diýýär. Şonuň ýaly sekiz laferiýeden, bir Araby Hindi kartasynda we dört sany portugalyň indi düzülen kartalaryndan Sind, Hind we Çin diýarlary geometriki ýol bilen gizlin ýagdaýda görkezilipdir we ýene-de Kolumbuň günbatar tarapda döreden kartasyndan peýdalanylyp, bu karta hasyl boldy; bu diýaryň kartasy deňizçiler üçin nähili derejede hakyky [original] we ynamdar bolsa, şu karta hem ýene ýedi derýa [deňiz göz öňünde tutulýar] barada hakyky we ynamdar kartadyr.

**VII bölek** - Portugal kapyrynyň rowaýat etmegine görä bu ýerde gije we gündiz gysgalyp, iki sagat bolýar, uzalyp, ýigrimi iki sagat bolýar. Emma gündizi has yssy bolup, gijelerine köp çyg düşýär.

**VIII bölek -** Portugal gämisi Hind welaýatyna gidýärkä garşylyklaýyn şemala duş gelip, şemal ony kenardan kä tupan olary günorta tarapa alyp gidenden soňra garşysynda bir kenar görýärler we oňa tarap ýüzüpdirler… Hut demir ýerlerdigini görüpdirler, gämisiniň labyryny taşlap, kiçi gaýyk bilen kenara çykypdyrlar. Hemmesi ýalaňaç gezişip ýören adamlary görüpdirler. Olar gelmişeklere tarap ok atýarlar, oklarynyň ujy balyk süňkündenmiş. Gämidäkiler ol ýerde sekiz gün galypdyrlar, ol halk bilen üm bilen düşünişip, söwda edipdirler. Bu diýarlary öz gämileri bilen aýlanyp görüp ýazypdyrlar ki… çekip dur. Ol [Kolumb] Hinde [Amerika] gitmän, yzyna dönüp, Portugaliýa bu barada habar beripdir… Bu kenarlary jikme-jik beýan edipdirler; olar açan (?) boldular.

**IX bölek** – We bu diýarda ak tüýli we bu şekilli janawerler we ýene-de alty boýnuzly gäwler barmyş; portugal kapyry kartasynda ýazypdyr…

**X bölek** – Bu diýarda ymaratlyk [binalar] ýokdur, daş-töwerek tozgunçylykdyr we uly ýylanlar bardyr; şol sebäpli portugal kapyrlary bu kenarlara çykmandyrlar; bu ýeri örän yssy bolýarmyş.

**XI bölek** – Bu bölek kartanyň günorta-gündogar gyraky çüňkünde ýerleşendir. Tekst: We bu dört sany gämi portugal gämisidir. Magrib diýaryndan Hebeş burnuna [Afrikanyň daşyndan aýlanyp] geçerler we Hinde [Hindistana] giderler. Şuluk üzerine ýöreýärler. Bu aýlagy aýlanyp geçmek üçin dört müň iki ýüz mil gerek.

**XII bölek** – Bu bölek kartanyň gündogar çüňkünde ýerleşendir. Ol Afrikanyň günbatarsyndaky ýerlere golaýdyr. Ýazgynyň çep gapdalynda ýelkenli gäminiň suraty çekilipdir. Bu bölekdäki ýazgylaryň başky bölegi okalmaýar, yzky böleginiň hem hemmesi doly däl. Ol bäş setir ýazgydan ybarat:

**…bu kenarda bir gala**
**…zira bolar**
**…yklymda altyn**
**…halat iledip [äkidip]**
**… nde ölçeýärlermiş**

Görşümiz ýaly bäş setiriň hersiniň ýarysynyň ýetmeýändigi kartanyň kesilendigine aýdyň delildir. Diýmek ildeşimiz Piri Reýisiň kartasynda dünýäniň ähli bölekleriniň şöhlelendirilendigine hiç hili şübhe ýok.

Piri Reýisiň kartasynyň XIII bölegi kartanyň demirgazygynda sag tarapyndan başlanýar. Ýazgynyň sagynda gäminiň suraty bar.

Ýazgy: We bir genuýa gämi Flandriýadan gelýärkä tupan turup, öňüne salyp alyp gidipdir, bu gämi mejbury ýagdaýda bu adalara ýüzüp barypdyr, olar bu ada baryp görüpdirler we bu adalar olaryň mülküdir.

Düşündirişleriň XIV bölegi kartanyň demirgazyk-günbatar çüňkünde ýerleşýär. Onuň ýokarsynda äpet balygyň üstünde ot ýakyp oturan adamyň we aýalyň hem-de gapdalynda duran ýelkenli gäminiň suraty bar. Bu bölekde şeýle ýazgy bar: rowaýat etmeklerine görä, ozalky eýýamlar Sanwolrandan (Santo Brandan) bir papa ýedi deryany [deňzi] gezenmişin. Ol balygyň üstüne münüp, gury ýerdir öýdüp, onuň üstünde ot ýakypdyr, balygyň üsti gyzansoň, ol deňze çümüpdir. Olar gaýyga münüp,

gämilerine tarap gaçypdyrlar. Bu ahwalaty portugal kapyry aýdyp bermedi, Gadymy Pappa Mondalara degişlidir.

Kartanyň düşündirişiniň XV böleginde görkezilen ownuk adalara Undiziweržine diýip at goýlandygy, onuň “11 gyz”diýmegi aňladýandygy aýdylýar. XVI bölekde bolsa Antil adalary hakynda gürrüň edilýär: “we bu adalara Antil adasy diýerler. Dürli janawerler we totyguş hem-de bakkam agajy köpdür, ýöne bina ýokdur”.

XVII bölegiň gapdalynda uly ýelkenli gäminiň suraty we şeýle düşündiriş bar: “Bu kenarlara gämisini tupan getirenden soň gelip düşüp …………….. adyna Nikola de Žuan diýerler. Kartasyna ýazypdyr ki, bu derýalarda altyn çägeleri barmyşyn. Suwy çekilenden soňra altyn çägesini alýarmyşlar; kartasynda…”.

**XVIII bölek** – Bu bölekde ýelkenli gäminiň suraty we şeýle ýazgy bar: portugallaryň tupan netijesinde bu diýara gelen barçasy [gämisi] budur. Düşündirişi kartanyň gyrasyndadyr. (Bellik – bu düşündiriş VIII bölekdedir). **XIX bölek** - “Portugal kapyrlar bu ýerden günbatar tarapyna geçmezler. Çünki ol tarapy tutuşlygyna Ispaniýanyňkydyr. Olar Septe bogazynyň günbatar tarapynda 2 müň mili araçäk diýip kabul edipdirler. Portugaliýalylar ol bölege gelmezler. Emma Hind bölegi [Amerika göz öňünde tutulýar] we günorta bölegi tutuş portugallaryňkydyr”. Görşümiz ýaly, Piri Reýis öz döwrüniň esasy bakna däl döwletleri basdaş Ispaniýe bilen Portugaliýnyň Latyn Amerikasyndaky bakna mülkleri haýsy araçäkden öz aralarynda paýlaşandygyndа doly habarly bolupdyr.

**XX bölek** – bu bölek kartanyň edil merkezinde ýerleşýär. Ol ýerde kiçiräk ýelkenli gäminiň suraty we düşündiriş bar. Düşündiriş: Bu karawellalar gaýyň netijesinde bu ýere gelip, bu ada düşüpdir. [baştutanynyň] adyna Nikola Žuan diýerler. Bu adada bir buýnuzly gäwler köpdür. Ol sebäpden bu adalara Izle (de) waka diýerler, ýagny sygyr adasy diýmekdir.

**XXI bölek** - bu bölegiň gapdalynda kiçeňräk gaýygyň suraty bar. Düşündiriş: Bu karawellanyň reýisine Mesir Anton genuýaly diýerler. Ýöne Portugaliýada önüp-ösüpdir, bu adalara düşüpdir, köp zenjebil (derman ot) tapypdyr, bu adalary ol ýazypdyr.

**XXII bölek** – Bu deňze Bahry Magrib diýýärler, emma Efrenç taýpalar [ýewropalylar] Mar de Ispaniýa diýerlerdi, ýagny Ispaniýa deňzi diýlen manyny berýär. Häzir şu at bilen meşhurdyr. Emma Kolumb bu derýany [deňzi] açypdyr we bu adany ol mälim edipdir. Portugal kapyry Hind diýaryny (Amerikany) açdy, bularyň hemmesi maslahatlaşyp, bu deňze täze at berdiler. Bu derýanyň adyny Owosano (Oseano) goýdular, ýagny “Sag ýumurtga” diýmekdir. Mundan öň olaryň pikiri şudy: iki deňziň hetdi-serhedi ýok, bir gapdaly zülematdyr. Indi gördüler ki, şunça kenar deňzi gurşap dur, bu deňziň köl ýaly bolandygy üçin “Sag ýumurtga” diýip at berdiler.

**XXIII bölek** - Bu ýerde bir buýnuzly gäw bolar we bu şekilli haýwanlar bolar.

**XXIV bölek** - Bu janawerleriň ýedi garyş boýy bardyr, gözüniň aralygy bir garyşdyr; emma selimi nefismiş.

**Jumamyrat Gurbangeldiýew,**
**“Edebiýat we sungat” gazeti, 17.01.2003 ý.**

## WATAN ÜÇIN “ÝA ALLA!”

**Beýik Saparmyrat TÜRKMENBAŞY Mukaddes Ruhnamasynda:**
***-Türkmen ýow güni maldan-başdan geçýär! Ol iki başyny deňleýär! Namartlyk etmegi, gorkaklyk etmegi türkmen ölüp giden ata-babalaryna ysnat getirmek diýip düşünýär! Şol sebäplem türkmen ýigitleri söweşe çykanynda ölenini-galanyny bilmän söweşipdirler, şonuň üçinem olara gössüzbatyr diýipdirler.***

**DEPELERINE** baky ýaşaýşyň ýaşyl reňki siňip, Gökdepe adyny alan bu gadymy şäheriň ady öň Şährihaýwar bolupdyr. Şol welaýatda belli bolan Şähriyslam şäheri ýaly Şährihaýwarda gülläp ösüpdir. Ekerançylykdyr maldarçylyk bilen meşgullanyp, asuda ýaşap ýören halk şäher-kentlerini timarlamagy hem diýseň gowy görer ekeni. Şeýlelikde halkyň yhlasy we zähmetsöýerligi bilen Gökdepe galasy gurlupdyr. Iň oňat şahyr ogullary, rowaýata siňen milli gahrymanlary türkmen halkyna beren bu toprak-bu gala XIX asyryň ahyrlarynda has hem gurplanypdyr. Ine, duşman goşunlarynyň bu gala aýratyn üns bermeginiň sebäbi nirede ekeni. Her daban ýeri gözüniň görejine deňelip söýlen gala şeýle güýçli bolmadyk bolsa, onda duşman öz basybalyjy göreçlerini oňa dikmezdi. Ýa-da ony partlatmak üçin, bir tonna 120 kilogram därini sarp etmezdi. Namysjaň, watansöýüji adamlary bolan bu şäheri hiç bir çozuş bilen, hile-al bilen alyp bilmejegine göz ýetiren duşman onuň haýsy hem bolsa bir ýerinde özlerine ýol açmagy müwessa bilip, köp möçberdäki därini sarp etmeli bolýarlar. Şeýlelikde 1881-nji ýylyň taryha giren ilkinji aýynyň 12-nji güni 12 sagat 30 minutda galany partladyp, täzeje ýeňiş bilen natlanyp, gözleri gana dolan duşman esgerleri galanyň içini gyran-jyran edip ýördüler. Olar her bir daban ýer üçin jan alyp jan beren galanyň adamlaryna bir million 140 müň oky niýetläpdirler. Galanyň içinde 45 müň çemesi adam bolan. Şeýlelikde her adam başyna 25 okdan ýetýär. Bu sanlary okan şahyr Gurbannazar Ezizow: “Bir başa bir ölüm ýeterlikkä, bir başa 25 ölüm artygrak dälmikä?”diýip ýazypdyr. Ýöne atyň kellesi ýaly uly ýürekli, gaýduwsyz, gorkmazak, batyr halk öz mähriban Gökdepeleri üçin 25 gezeg-ä däl, hatda ýüz gezek ölmäge-de taýýardylar. Eger-de şeýle hyjuw, Watana bolan belent söýgi bolmadyk bolsa, galada 23 günläp uruş gitmezdi. Taryhy maglumatlar eli ýarag tutan ýaş çagalardan başlap, garry-gurtulara çenli her bir goraýjynyň bu mukaddes ýer üçin, gara başlaryny orta goýandyklary barada habat berýär.

Gökdepe urşunda bir kiçijik oglanyň aýratyn ílmez-ýitmez gahrymançylyk görkezendigi hakynda Ýokary okuw mekdebinde okap ýörkäk, Gökdepeli gyzlaryň birinden eşidipdik. Göwnümize bolmasaAtamyrat etranynyň Hatap obasynda ýaşaýan Guwanç agadan eşiden gürrüňimiz hem hut şonuň dowamy ýaly bolup dur. Maldarçylyk ugrundan ýokary bilim alansoň asly gökdepeli Guuwanç aganyň duz-nesibesi Lebap topragyna çekipdir. Ýöne onuň ähli dogan-garyndaşlary, ýedi arkasy gahryman Gökdepe

galasynda ýaşap geçipdirler we ýaşaýarlar. Ine, bu gürrüňi hem Guwançaga garry atalarynyň biri aýdyp beren ekeni.

Duşman goşunlary galany partladyp, içine girende 13 ýaşlaryndaky Topar diýen bir oglanjyk öýle namazyny okamagataýýarlanýan ekeni. Bitermen agaç ýaly, gününi sanap ers-mers bolup ösüp barýan bu oglan ene-atasynyň perzent ýoksuzlygynyň zaryny çekip, ençeme tebip-mollalara gatnap, öwlüýä-maşaýyga ýykylyp alan dilegi ogly bolupdyr. Şonuň üçinem yzyndan ýene-de çaga bary dogulsyn, köpçülik-topar bolsunlar diýen dogaýy-dilegler bilen muňa şu at goýlan ekeni. Oglanyň kakasy mert, gaýduwsyz, atarman-çaparman, öz ilinde at alan Ýarly bu wagt galany goraýan ekeni. Yzly-yzyna bäbekläp, bedeni gurpdan gaçyp, mejalsyz ýatan Jemal gelnejä bolsa dünýäden bihabar diýýär. Topar 5 wagt namazyny sypdyrman okapdyr. Yzyndan bolsa çök düşüp, Alla ýalbarypdyr. Gara bulut ýaly bolup ýetip gelen duşman goşunlarynyň ýer bilen ýagsan edilmegini, kakasynyň gylyjynyň kesgir, atynyň çapgyr bolmagyny, ejesiniň sag-aman aýak üstüne galyp, ýene-de özlerine mähir paýlamagyny dileg edipdir. Özünden kiçi 4 sany çülpe jigisine bagt arzuwlapdyr. Topar ençeme ýyllap garaşylan, arzuwlanan perzentligine garamazdan, Ýarly ony ähli tarapdan türgenleşdiripdir. Ol entek 2-3 ýaşlyja çagaka, kakasy öňüne alyp at çapýan ekeni. Gözüniň agy saralyp ýeten çagasyny adamsynyň beýdişine dözmeýän Jemala garap: “Alla ýaşyny beren bolsa, hiç zadam bolmaz, bu erkejik oglan ahyryn. Atyň üstünde goý, birneme içi silkinsin, berçinlensin”diýipdir. Yzyndan bolsa: “Görmeýäňmi aýajyklaryny saklaýşyny.Edil bürgút çagasynyň dagyň ýylçyl daşyndan berk penjeleýşi ýaly, atyň iki gapdalyndan aýaklaryny berk saklaýar”diýip guwanypdyr. Şeýle-de Ýarly gaty mergen bolupdyr. Ol ep-esli aralykda oturan adamyň kellesindäki silkme telpegini atyp gaçyrýan ekeni. “Odlum hem gaýduwsyz, hem mergen bolsun”diýip şu zatlary öwreden ata- “musulman bolsun, eli-gözi ähli haramlykdan arassa bolsun”diýibem ony metjide gatnadyp, sapak berdiripdir, namaz öwredipdir.

Duşman galanyň daşyny gabap, atylýan tüpeň oklarynyň tarkyldasy, top oklarynyň gümmürdisi eşidilip ugrandan Topar galanyň iň gowşak hazaplanýan, “şu ýerden-ä geler-ow”-diýip çak edilýän Gündigar ganatyny goraýan kakasynyň ýanyna ugrapdyr: “Kaka jan, meni hem öz ýanyňa al. Meniň söweşmeli, Watan goramaly wagtym geldi” diýipdir. Ýöne aýaly ýarawsyz ýatan Ýarly birtopar çülpe çagany eýesiz goýup biljek däldi. Şonuň üçin ol ogluna öýde bolup, jigilerine seretmegi, namazyny bolsa iň kyn pursatlarda hem sypdyrman okamagy sargapdyr. Atasynyň diýenini özüne kanun saýýan  oglanjyk öýüň aladasy bilen bolupdyr. Egni ezýaka ak köýnek-balaklyja, başy tahýalyja Topar eline kündügini alyp, täret etmäge duran pursatynda, gala partladylyp, duşman esgerleri içeri giripdirler. Olar öýlere kürsäp girip, öňünden çykan çaga0çugadyr, garry-gurtyny okdan geçiripdirler. “Namazyň yzyndan alladan edilýän dileg bitermiş”diýen gürrüň bilen ýüregi doly oglanjyk bu garma-gürmelikde namazymy bozduraýmaýyn, Allajan bilen arama serhet düşäýmesin”diýen gorky bilen bu wagt namazyny mal oty üçin ýasalan iki gat bassyrmanyň ikinji gatynda okaýan ekeni. Ol çalt-çalt okap, çaltrak dilege ýetmekçi bolupdyr. Emma öýlerine golaý gelen duşmanyň wagşyçylykly hereketi oňa namazyny doly gutarmaga maý bermändir. “Ataň çagyrsa

bolup gel, eneň çagyrsa bozup gel”diýip gulagyna guýlan gürrüň ony tarsa ýerinden galdyrypdyr. Onuň gözüniň öňünde gandan doýmadyk duşman esgerleriniň biri näsag we gurpsuz, ejesiniň: gollaryndan tutup süýräp barýarmyş. “Ejejan”diýip çyrlaşýan dört jigisiniň dört ýerden eşidilýän zaryn owazlary, ejesiniň “Waý Topar jan, nirede sen, balam”diýen çagyryjy sesi ony herekete getirýär. “Ýa illalla, Muhammedu resulalla”diýip, silkinip ýerinden galan oglan ýokardan göni zalym esgeriň üstüne böküpdir. Onuň bokurdagyndan ýapyşan kiçijik elleri urlup depilse-de, duşmany göýbermändir. “ÝA lmeli, ýa galmaly”diýip, sakyrtga ýaly ýapyşyp ýatan Toparyň dilijigilerine buýruk beripdir. “Nunna jan, jigim, ejemi alyň-da ýer dölä ýetiň, gizleniň!”Oňa çenli özi ogulsyz-gyzsyz bolup, ömür boyy Ýarlyň çagalaryna guwanypýören aýal dogany Sargan eje bir ýerlerden yglap gelip, Jemala tekge beripdir. Entek erkeklik güýjüni doly alyp ýetişmedik, Toparyň kiçijik elleri duşmany bogup öldürip bilmändir. Demi tutulyp, gözi hanasyndan çykara golaýlan esger Topardan sypyp ýaraga ýapyşypdyr. “Tüwerekdäki ölüp ýetenleň biriniň ýaragyny alaýyn-la”diýip, egilen Topara towuk ketegi pena bolupdyr. Wagşy duşman gaharyna Jemaldyr Sargan ejäni birbada okdan geçiripdir. Ýer dölä ýetip barýan çagalar ýena-de çyrlaşyp, ejelerine tarap okdurylypdyrlar. Muny gören duşman iti guduz açypdyr. Ol ýaragyna ok sürüp ylgap barşyna, ýerde ýykylyp ýatan çagalaryň iň körpesi iki ýaşlyja Saçuzyny palçykly ädigi bilen basyp öldüripdir. Bu ýagdaýy görüp, Nunnadyr Pälwan oňa ellerine taýakdyr daş alyp, aglap topulypdyrlar. Oňa çenli gapdaldan başga bir wagşynyň yzly-yzyna atan oklary olaryň ikijiginem ýere ýazypdyr. Göz açyp-ýumasy salymyň iözüniň öňünde bolup geçen bu waka Topary dälilik derejesine ýetiripdir. Ol eli egri gylyçly ylgap gelşine, ýaňky duşmanyň janyny jähenneme iberipdir. Özüniň iň eziz, iň ýakyn adamlaryny ýitiren 13 ýaşly oglanjyk şol pursat çagalyk bilen hoşlaşypdyr. Şol pursat, şol aýylganç pursat ol är çykypdyr. Bileje oýnap-ösen üç jigisidir kükreginden mähir emdiren ejesini, “Ýarly jana ýaran bolan jigim jan”- diýip özüni söýen Sargan ejesiniň üstüne öýden çykaran dokma  palasyny ýapyp, çar ýana ylgan Topar diri galan jigisini tapmandyr. Bäş sany ölini, bir sany dirini yzynda galdyryp, ýanyna ylgap gelen ogluny Ýrly tanamandyr. Gan guýma gözleri, içiňden geçip barýan Toparyň, ejesiniň ýyly ojagyndan başga hiç zady görmedik, adam-a däl, hatda garynjany-da öldürmäge dözmeýän ýüregi ýuka Toparyň, ýene-de ýekeje ýyldan 14 ýaşap, gyzlaryň hüýr jemallary düýşüne girjek Toparyň gara saçlary –çaga saçlary 70 ýaşly gojanyňky ýaly ap-akdy. Ol diňe “Kaka jan, men olary garap bilmedim, ejiz geldim” diýip ýetişdi. Şondan soň kakasy onuň eli egri gylyçly bir ata atlananyny görüp galdy. Birem: “Watan üçin ÝA Alla!”diýen sesini eşidip galdy. Şondan soň ol gaýdyp ogluny görmedi. Diňe atyň üstünde jyn ýaly bolup oturan ak saçly oglanjyk, onuň çaltlygynda işledýän egri gylyjy baradaky rowaýata öwrülen gürrüňleri eşitdi. Topar bolsa 20 güniň içinde ençeme duşman esgerleriniň läşini toparlady. Ol galanyň häli günorta çüňkünden çykyp, bir salymdan Demirgazyk ganatyna ýel bolup ýetýärdi. Ýüniň ugruna bolsa nirede söweş bolup duran bolsa, söweşe girýärdi. Pişik çalasynlygy bilen duşman urşujylarynyň üstüne bökýärdi, jaýlaryň ýokarsyna münüp, olaryň boýnuna kement zyňyp, atdan agdarýardy. Ol duşmanlaryň okly – därili ençeme gutularyny partladyp ýok etdi. Bu ot

bolup lowlap ýören oglanjyga duşmanlar näçe ýigrenseler-de, tutup, atyp, görüp bilmeýärdiler. Biňe tüm garaňkylykdan onuň: “Watan üçin, Ýa Alla!”, “Ejemjan üçin, Huw Alla!”, “Jigilem üçin, Golla Eziz Alla! “diýen şaňňyja çaga sesi eşidilýärdi. “Bu çaga däl-de, göze görünmeýän jyn-arwahdy”diýip, ala-başga dünýä duşman ýolbaşçylary hat-da: “Şu oglany ele salyp, özümize dönderip bolaýsa, onda orslaryň söweş güýjýne ägirt uly kuwwat goşdugymyz bolar”diýip gürrüň edişýärdiler. Şeýlelikde urşuň 23-nji gününde bu batyr oglanjyk uly söweşde wepat bolupdyr. Onuň uly adamlar bilen deň hatarda durup, jan alyp, jan beren bu söweşi bilenem, Gökdepe galasy synypdyr. Galanyň iň belent ýerinde asylyp goýlan mukaddes baýdagy goraýan iň batyr türkmen ýigitleriniň arasynda söweşip ýören Topara duşman oky degipdir. Onuň çaga ýüreginden parran geçen ok-al ganyny ene ýere döküpdir. Toparyň namysjaň gany siňen şol ýerde soň-soňlaram gijelerine “Şehit ody” lowlap duranmyş.

Aradan ençeme ýyllar geçip, heňňamlar öwrülse-de, ýylyň şol söweş bolan güni dolanyp gelende, adamlar Toparjygyň “Watan üçin Ýa Alla!” diýen merdemsi sesini eşidipdirler” diýen gürrüňler – türkmen halkynyň eziz topraga, beýik Watana bolan çüňňur söýgüsiniň aňlatmasy hökmünde entek-enteklerem halk arasynda ýaşap ýör!

**Ogulbeg Jumaýewa**
**“Nesil” gazeti, 11.01. 2003 ý**

## BITARAPLYK SYÝASATYMYZYŇ RUHY-AHLAK KÖKLERI WE HÄZIRKI ZAMAN

***Mukaddes Ruhnamadaky ynsanperwer ýol-ýörelgeler şu günki beýik işlerde şöhlelenýär***

Türkmenleriň arzuw edip, köp wagtlap ýetip bilmedik bagtly günleri geldi. Bu taryhy döwür Beýik Serdaryň pähim-parasaty bilen üç sany uly gudraty özünde jemleýär: Milli Garaşsyzlygymyz, baky Bitaraplygymyz hem-de mukaddes Ruhnamamyz. Bu gün Garaşsyz we Bitarap Türkmenistan özüniň keremli Ruhnamasy bilen türkmenleriň döwletler guran hem-de olary dolandyran, jepa çeken ähli döwürlerine şöhle saçýar, halkymyzyň bu günki buýsanjynyň baýdagy bolup pasyrdaýar.

“Gögüň hemişe asuda bolmagyny Oguz hanyň bäş müň ýyl ozal diliniň dogasyna öwrüp, sena edendigi hakykatdyr, açyk asmanyň asuda bolmagy atalarymyzyň ynanjy bolupdyr. Iz halkymyzyň gadymdan gelýän bu ynanjyny Garaşsyz döwletimiziň esasy binýadynyň birine öwrüp, ony kanunlaşdyryp, dünýä doldurjagymyza ynandyk. Dünýä dolmagyň açarynyň asudalykdan başlanýandygyny ilkinji günlerden bäri bilýärdik, hatda il-günümiz onuň goňşokara tabagyndan başlanýandygyna ynanyp gelipdir. Biz bu hoşniýetli häsiýetlerimizi has ösdürdik, ony ykdysadyýetimizde “Açyk gapylar”

syýasatyna, daşary syýasatymyzda bolsa, hoşniýetli baky Bitaraplyk syýasatyna öwürdik” diýip, Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy mukaddes Ruhnamada ýazýar.

Garaşsyzlygymyza deňelip duran baky Bitaraplyk ýörelgämiz hemme babatlarfa üstünliklerden-üstünliklere, beýiklige äkidip biljek kuwwatymyzdyr, itergimizdir. Garaşsyzlyk, baky Biteraplyk, mukaddes Ruhnama biziň baýdagymyzdyr, ykbalymyzdyr.

Garaşsyzlygymyzy alanymyzdan soň geçilen döwür Türkmenistanyň döwlet daşary syýasat ýolunyň durmuşa ukyplydygyna, seçip alnan ugruň dogrudygyna doly we aýdyň göz ýetirmäge mümkinçilik berdi. Baky Bitaraplyk adatdan daşary giň many-mazmunly düşünje we seýrek duş gelýän hadysa bolup, biz şu gysga döwrüň dowamynda onuň iş ýüzündäki hem-de dünýägaraýyş babatdaky düýp mazmunyna taryhymyzyň, şu günki we ertirki günümiziň üsti bilen akyl ýetirmegi başardyk. Beýik Serdarymyz mukaddes Ruhnamada: “Geçmiş – geljegiň yşaraty, şu gün-geçmişiň netijesi, geljek bolsa şu gün bilen geçmişiň nikasydyr. Onsoň geljegiň hili-de onuň nähili boljakdygy, nähili bolmajakdygy içki taýdan biziň geçmişi aňlap bilşimiziň hiline baglydyr” diýip ýazmak bilen, geçmişiň, şu günüň, geljegiň biri-birinden aýrylmazdygyny nygtaýar.

Taryh bize milli bitewiligiň gadyryny bilmegi we başgalar bilen hoşniýetli goňşuçylyk gatnaşyklaryny saklamagy öwretdi. Sebäbi türkmenler içki agzalalyklardan we daşky duşmançylyklardan köp hupbat-hunaba ýuwudyp, jebir-jepalar baryny çekipdi. Taryh bize, türkmenlere öz pikirlerimize çapraz gelsede, kesekiniň pikirine sarpa goýmagy, parahatçylygyň we asudalygyň hatyrasyna eglişik etmegi öwretdi. Bitewiligi gazanmagy öňümizde maksat hökmünde keserdip goýdy. Çünki, Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň öz mukaddes Ruhnamasynda belleýşi ýaly, “içki bitewilik millete daýanç sütüni we gönezlik bolup hyzmat edýär. Bitewilik milletiň geljegini gurnamaga esas berýär. Bitewilik bolmasa, türkmeniň geçmişine hem düşünmek mümkin däldir”.

Bitaraplyk ynsanperwerlik we ruhubelentlilik filosofiýasy bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. Türkmenistan döwleti özüniň daşary syýasat ugruny işläp taýýarlan mahalynda şundan ugur alýar. Biziň daşary syýasatymyz öz düýp mazmuny boýunça halky syýasatdyr. Sebäbi bize baky Bitaraplyk ýoluny howaýy pikir öwürmek däl-de, türkmen halkynyň durmuşy, onuň baý hem-de dartgynly wakalardan doly taryhy salgy berdi. Megerem, şeýle ahwalatlar beýik akyldar Magtymgulyny:

Diýdim: “Dünýä üçin nedir bagşyjeň?

Bihuda bogaz ýersiz galmagal!” –

Diýmäge mejbur edendir. Şahyr ýersiz-ýerden howp ň, galmagal turuzmagyň dünýäni lerzana salyp biljekdigini, şol zatlardan gaça durmagyň gerekdigini nygtaýar.

Goja türkmen Ýunus Emre baryp ýedi ýüz ýyl mundan öň türkmene mahsus bolan parahatçylykly, oňşukly, dawa-jenjelden daşda durup ýaşamak häsiýetlerini beýan edip, şeýle ýazypdyr:

Bize didar gerek, dünýä gerekmez,
Bize many gerek, dawa gerekmez.

Şu gün baky Bitarap Türkmenistan syýasy, uruş we parahatçylyk meselelerine degişli käbir wajyp meseleleri, çözgütleri hem orta atýar. Ol käbir toparlaryň we güýçleriň “ ynsanperwer interwensiýa, “ adam hukugyny goramak”, “adam hukugynyň özygryýarlylykdan artykmaçlygy”, “ynsanperwer gatyşmak” we ş.m. diýilýän hiligäriklere duwlanyp, halkara gatnaşykarynda güýç ulanjak bolýanlary, urşa ýol arçaýanlary belli-külli ýazgarýar, asla-ha şeýle pygyllary ret edýär.

Bu gün baky Bitaraplyk derejämiz, ýurdumyzyň içerki asudalygyny berkitmek, öz ilimizi abadan saklap, dünýä ýüzüne parahatçylygyň nusgasyny görkezip, biri-birine garşy durýan, uruşýan taraplary ýaraşdyryp, dawaly meseleleri çözmäge gönükdirilen yzygiderli, çynlakaý tagallalarymyz, Hudaýa şükür, ýurdumyzyň, Beýik Serdarymyzyň abraýyny has-da ýokary göterýär.

Şahyr, serkerde, döwlet işgäri Muhammet Baýram han Türkmeniň: “Ýeňmek başarnygy parahat we ylalaşykly ýaşaşmak başarnygyna garanyňda hiç zatdyr” diýen sözlerine üns beriň! Bu sözler bu gün nähili belent, nähili adamkärçlikli ýaňlanýar!

Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy bolsa: “ Taryhda biziň ata-babalarymyz gylyç bilen dünýä özlerini tanadan bolsa, bu gün biz akylymyz, baý ruhy gymmatlyklarymyz bilen dünýä özümizi tanadarys” diýip, müdimilik Kitabymyzda buýsanç bilen ýazýar.

“Özüni bilen-weli” diýen halk pähiminden ugur alyp, bir zady tekrarlasym gelýär. Türkmen halkynyň şöhratly taryhy geçmişi adamzada halkara jemgyýetçilik ösüşine sowuk-sala garaman, oňa örän jogapkärli çemeleşmegi salgy berýär. Şeýle bolanda täze ulgamlardyr gözýetimler açylyp, olar adalatlylyk, hoşniýetlilik, birek-birege sarpa goýmak, özara bähbitli gatnaşyklara ýardam etmek ýaýy ýörelgeleri orta çykarýar, olaryň ykrar edilmegine giň ýol açýar.

“Ýagşy söz ýylany hinden çykarar, ýaman söz gylyjy gyndan”, “Duşmanyň peşeçe bolsa, pilçe gör” diýilýän paýhaslara ygrarly türkmen, Seýdi şahyr aýtmyşlaýyn, “aýşy-parahat oturmagy” arzuwlap, “Degene degen, degmedige kesek atmaga” batyrynmadyk halk hiç mahal dawa-jenjeliň, goh-galmagalyň, uruş-sögüşiň sebäpkäri bolup bilmez! Şeýle halkdan, çoh-çoh külpetleri başyndan geçiren, ýamanam, ýagşynam gören, ýagşyny ýamandan saýgarmagy başaran halkdan bu gün goňşara, milletara, döwletara, sebitara, halkara gatnaşyklaryny kadalaşdyrmak, döwletler arasynda özara peýdaly, mähir-mylakatly, dostluk-doganlyk, ak ýüreklilik esasynda iki taraplaýyn, üç tarapaýyn, köp taraplaýyn gatnaşyklary ýola goýmakda, olary çuňlaşdyrmakda nusga alarlyk zat kän diýip aýtsak, munuň özi tüýs hakykatyň özi bolar!

Şu hili taryhy, ruhy-ahlak köklerimiz, ýörelgelerimiz parasatly, Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň: “… biz Bitaraplyk, onuň esasy häsiýetnamalary bolan parahatçylyk söýüjilik, sabyr-takatlylyk, başgalaryň garaýyşlaryna we pikirlerine sarpa goýmak, dünýä üçin açyk bolmak türkmen halkynyň milli akyl-paýhasyna we taryhy ösüşiniň aýratynlyklaryna laýyk gelýär” diýip, yassyklamagyna esas berendir.

“Uruşmak-ite ýagşy” diýen pähim bilen terbiýelenen türkmen geçmişde-de goňşy halklardyr il-uluslar bilen gatnaşyklarynda ýüze çykan jedelli meseleleri, goh-galmagala, uruş-dawa getirip biljek wakalary gylyja ýapyşman, gan dökmän, güýje baýrynman çözjek bolupdyr, köp halatlarda çözüpdirem. Türkmenler adamlarda adalatlylygy,

ýokary adamkärçiligi, ynsanperwerligi terbiýelemekde, bu häsiýetleri durmuşyň ähli babatlarynda ulanmagy başarmagy öwretmekde köp asyrlaryň dowamynda öz ýol-ýörelgelerini döredipdirler.

Gör, neneňsi beýik hem adamkärçilikli ýörelge! Dawa-jeňlerden gaçmak, meseläni salyhatlylyk bilen çözmäge çalyşmak ýaly, ähli döwürler-de türkmen üçin mahsus bolan sypatlar bu gün Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň pähim-parasaty bilen iňňän ýokary derejä göterildi.

Türkmeniň däp-dessurleryny, haýsydyr bir syýasy we ykdysady sarsgynlardan gaça durmagy hem-de parahatçylyk söýüjilikli daşary we içeri syýasaty üstünlikli durmuşa geçirmegi başarýan, durnukly ösüşi ýola goýan Türkmenistan Diýarymyzyň tejribesini göz öňünde tutup, halkara we sebitara guramalary Aşgabatda ýygy-ýygydan özleriniň maslahatlarydyr dürli derejedäki ýygnakaryny geçirip durlar. Olaryň birem Aşgabatda BMG-niň başlangyjy bilen sebitde Adamzat howpuzlygyny üpjün etmek, bilelikde hereket etmegiň ugurlaryny hem-de Merkezi Aziýada syýasy we durmuş ykdysady meseleleri çözmek baradaky çäreleri işläp taýýarlamaga bagyşlanyp geçirilen maslahatdyr. Onuň Hazarýaka döwletleriniň Türkmenistanyň paýtagtynda geçen birinji maslahatyna gabat gelmegi bellärliklidir. Geçirilýän şeýle çäreler Aşgabadyň Merkezi Aziýa, Ýewroaziýa sebitlerinde ylalaşdyryjylyk, parahatçylygy ornaşdyryjy merkeze öwrülendigine güwä geçýär.

Türkmenistanyň BMG, beýleki halkara, sebitara guramalary bilen hyzmatdaşlyk etmek barada gol çeken ylalaşyklardyr şertnamalary aýratyn ähmiýete eýedir. Garaşsyzlygyny alandan soň Türkmenistan BMG-niň otuzdan gowrak şertnamalaryna goşuldy. Türkmenistan adam hukuklary babatda köptaraplaýyn özara hyzmatdaşlygy amala aşyrýan halkara guramalarynyň 40-syndanam köpräginiň agzasydyr.

Türkmenistan döwletara kuwwatly ýangyç geçirijileri arkaly energetik çig malyň howpsuz we päsgelçiliksiz geçirilmeginiň kepillendirilmegi baradaky başlangyç bien çykyş etdi; ol Hazar deňziniň “Ylalaşyk we Parahatçylyk deňzi” diýen adyna iş ýüzünde doly mynasyp bolmagy üçin onuň hukuk derejesiniň kesgitlenmegi jähtinden täze çeşmeleşmeleriň işlenilip düzülmeginiň zerurlygyny teklip etdi.

Türkmenistan dünýä we sebitara möçberindäki ykdysady meseleleri çözmegiň şu jähtden hemmeler üçin peýdaly, pähim-paýhasly işewür hyzmatdaşlyk etmegiň anyk hem möhüm ugurlaryny görkezýär.

Türkmenistan halkara hukugynyň, BMG-niň Ustawynyň her bir ýurduň özygtyýarlylygyny hormatlamak, öz islän öşüş ýoluny saýlap almak, birek-biregiň içerki işlerine gatyşmazlyk hakdaky ýörelgeleriniň doly we gürrüňsiz ýerine ýetirilmeginiň, şol ýörelgeleriň dünýädäki tertip-düzgüni, döwletler arasyndaky gatnaşyklaryň esasyny düzmegiň many-mazmunyny bolmalydygynyň tarapyny çalyp çykyş edýär. Aşgabatda geçirilen owganara we täjigara gepleşikleri oňyn netijelerini beripdi. Ýaňy-ýakynda halkara ýagdaýyny howp meselesini we onuň töweregindäki ýagdaýy oňyn çözmekde dünýä jemgyýetçiligi, dürli döwletler Türkmenistana, Türkiýäniň ozalky daşary işler ministriniň adalatly belleýşi ýaly, “syýasy zehini hem-de owgan meselesini çözmäge goşandy umumy ykrar edilen Türkmenistanyň baştutanynyň örän möhüm pikirine hem-

de maslahatlaryna" bil baglapdyrlar. Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy ençeme gezek öz çykyşlarydyr beýannamalarynda içerki parahatçylygy gazanmakda owganistanlara araçyllygyň zerur bolup durýandygyny, türkmenleriň owgan halkyna örän uly sarpa goýýandygyny, biziň uzynlygy 900 kilometre barabar bolan umumy serhetimizde hiç haçan düşünişmezlikleriň bolmandygyny, Owganystanyň örän çylşyrymly taryhy ykbalynyň bardygyny, bu ýerde doly hem gutarnykly parahatçylygy isleýändiklerini, owganlara öz aralarynda ýaraşmaga kömek etmegiň zerurdygyny nygtapdy.

Mälim bolşy ýaly, owgan meselesi bilen başga-da iki sany uly mesele örboýuna galdy. Olar halkara terrorçylygyna garşy göreş hem-de Owganistanyň halkyna ynsanperwerlik kömegini bermek çäreleridir. Bularyň ikisem halkara häsiýetli meseleler bolup, şu günem ähmiýetini ýitirenok. Bu meselere-de Türkmenistanyň garaýşy, elbetde, onuň Bitaraplyk derejesinden gelip çykýar. Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň Birleşen Milletler Guramasynyň, Ýewropa bileleşiginiň Ministrler Geňeşiniň, Ýewropa Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasynyň jogapkär işgärleri bilen bolan duşuşyklarynda, ýörite resminamalarda Türkmenistanyň bular babatda tutýan ýoly açyk beýan edildi. Hususanda, halkara terrorçylygyna garşy göreş işinde Türkmenistanyň öňe sürýän teklipleri dünýä jemgyýetçiliginiň, parahatçylyk söýüji güýçleriň göwnünden turdy. Şonuň bilen bir wagtda biziň ýurdumyz terrorçylyga garşy göreşýän halkara bileleşigini döretmek baradaky teklibi goldap, ilkinjileriň biri bolup çykyş etdi. Şeýle bieleşigiň zerurdygy barada durup geçmek bilen, Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy Birleşen Milletler Guramasynyň goldamagynda hereket edýän hem-de anyk maksatlar, wezipeler we borçlar bilen ýüklenen ähli ýurtlaryň tagallalaryny birleşdirýän gurama dünýä terrorçylygyna garşy durmaga ukyplydyr diýip belleýär. Şonuň bilen birlikde, ol Türkmenistanyň zor salmalaryň we ýykgynçylyklaryň islendik görnüşine garşy gönükdirilen tagallalarda möhüm orun eýelejekdigi baradaky pikiri hem beýan etdi. Türkmenistanyň bu meseleler baradaky tutýan ugruna dünýäde örän möhüm ähmiýet berilýär. Bir zat has aýdyň bolmalydyr. Halkara terrorçylygyň ojaklaryny ýok etmäge gönüklirilen ähli çäreler we hereketler örän anyk bolmalydyr. Olar günäsiz adamlara zyýan ýetirmeli däldir, halkara hukuk normalaryna laýyk gelmelidir hem-de Merkezi Aziýa sebitinde ýagdaýyň bulaşmagyna getirmeli däldir. Şu ýerde bir zady aýratyn belläsimiz gelýär: Türkmenistanyň Prezidenti Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy Owganystanda parahatçylykly durmuşy ýola goýmakdaky täsirli ädim hökmünde Owganystanyň içinden gaz geçirijini çekmegiň taslamasynyň durmuşa geçirilmegi hakyndaky meselä garamagy Birleşen Milletler Guramasyna teklip etdi. Şu uly möçberli taslamanyň durmuşa geçirilmeginiň gyzyklanýan ähli ýurtlar, birinji nobatda bolsa, Owganystan üçin peýdaly boljakdygy ikuçsyzdyr.

Ady agzalan geçirijini gurmak barada anyk çäreler görlüp başlandy. Oňa üçünji döwlet bolan Päkistan hem goşuldy. Şeýlelikde, Türkmenistan-Owganystan-Päkistan gazgeçirijisini gurmak barada taslamalar düzülip, işler basym anyk hereketlere geçer.

Türkmenistan döwleti agyr ýagdaýa düşen owgan halkyna berilýän halkara ynsanperwer kömegini kabul etmekde we ony Owganystanyň degerli ýerlerine daşamakda özüniň ýerüsti we howa ýollaryny bermäge taýýardygyny beýan etdi. Biziň

ýurdumyzyň ýollaryna ýükleriň daşalyşy Türkmenistanyň goňşy döwletleriniň çäginde bolup biläýjek gapma-garşylykly ýagdaýlary parahatçylykly kadalaşdyrmaga gönükdirilen ýörelgesine laýyklykda guralandyr. Türkmenistanyň hökümeti halkara guramalaryna ynsanperwer ýükleri Aşgabadyň we Türkmenabadyň ammarlaryna getirmäge we ýerleşdirmäge mümkinçilik berdi. Şol ýerlerden azyk önümleri we däri-dermanlar, ilkinji medisina kömegini bermek üçin niýetlenilen medisina enjamlary, radio aragatnaşyk enjamlary, suw arassalaýan serişdeler we beýleki zerur zatlar Owganystanyň Hyrat, Antguýy, Mazary-Şerif şäherlerine ugradylyp duruldy. Ynsanperwer kömegi bermekde BMG-niň Çagalar gaznasy, bütindünýä Azyk Maksatnamasy (WEP), Lukmanlar üçin serhet ýok (MCF) halkara guramalary uly işleri amala aşyrdylar. Bu guramalaryň ýolbaşçylary Türkmenistanyň ýükleri üstaşyr geçirmäge dahylly ähli döwlet gulluklarynyň sazlaşykly işini bellemek bilen, Türkmenistanyň ýolbaşçylaryna goňşy ýurduň parahat ilaty üçin diýseň zerur bolan ynsanperwer ýüklerini öz wagtynda kabul etmegi, ýerleşdirmegi we soňundan ugratmagy ýola goýmakda beren kömegi üçin çuňňur minnetdarlyk bildirdiler. Şeýle minnetdarlygy BMG-niň Baş sekretary, onuň beýleki jogapkär işgärleri, Owganystanyň ýolbaşçylary bildirdiler hem-de Türkmenistanyň Bitaraplyk derejesi ýurdumyzda amala aşyrylan çäreleriň üstünlikli bolmagynyň, şeýle hem sebitde parahatçylygy gazanmagyň ygtybarly guralydyr diýip belleýärler.

Baryp, 1995-nji ýylyň Garaşsyzlyk aýynda BMG-niň Baş Assambleýasynyň 50-nji sessiýasynda eden çykyşynda Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy Bitarap Türkmenistanyň BMG-niň dawalaryň öňüni almak diplomatiýasy, ylalaşdyryjylyk, parahatçylygy goramak we berkitmek boýunça maksatnamasynyň ýerine ýetirilmeginde ýardamçy bolmaga taýýardygyny bildiripdi. Şonda ol Türkmenistanyň özüniň parahatçylyk syýasatynyň bütin dünýäde ykrar edilmegi ugrunda göreşýändigini nygtap, beýik akyldar Magtymguly Pyragynyň şu aşaklady sözlerine ýüzlenipdi:

***Öňüň gara, ardyň gözle,***
***Hoş sözüň diý, gahryň gizle,***
***Sözläbilseň, ýagşy sözle,***
***Halk ýamanyň bizarydyr.***

Iki asyr mundan öň aýdylan bu parasatly sözler indi täze mazmuna eýe boldy, biziň döwlet derejesinde halkara gatnaşyklarynyň häzirki täze ulgamynda alyp barýan syýasatymyzyň düýp özenini düzýär.

2002-nji ýylyň Garaşsyzlyk aýynda Diýarymyza BMG-niň baş sekretary Kofi Annanyň resmi sapar bilen gelmegi Türkmenistan üçin uly halkara ähmiýetli wakadyr. Türkmenistanyň alyp barýan oňyn Bitaraplyk syýasatyna hormatdyr, onuň abraýynyň barha we barha artýandygynyň ajaýyp subutnamasydyr. Kofi Annan özüniň Türkmenistana iki günlük sapary wagtynda Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy bilen duşuşdy we gepleşikler geçirdi. Kofi Annanyň Türkmenistanyň Prezidenti bilen bolan duşuşyklary päk ýüreklilik, ynanyşmak we özara düşünişmek ýagdaýynda geçdi. Olar

sebit we dünýä möçberindäki möhüm meseleleri ara alyp maslahatlaşyp, dünýäniň halklarynyň abadançylygynyň hatyrasyna ylalaşdyryjylygyň we hyzmatdaşlygyň ugurlaryna garaýyşlarynyň umumydygyny görkezdiler. BMG-niň Baş sekretary sebitara hyzmatdaşlygyny ösdürmekde Bitarap Türkmenistanyň ornuna ýokary baha berdi, ol Owganystanyň ykdysadyýetini dikeltmek boýunça edýän tagallasy we owhanlar üçin niýetlenilen ynsanperwerlik kömegini ýurduň içindigi üçin Türkmenistanyň baştutanyna minnetdarlyk bildirdi.

Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň guran Garaşsyz, baky Bitarap ýurduna-mukaddes Ruhnamanyň dörän topragyna dünýäniň uly döwlet , syýasy-jemgyýetçilik işgärleri, ylmy, döredijilik adamlary, ähli päk göwüni, giň gözýetimli ynsanlar örän uly baha berýärler. Öz ýurdumyzyň beýik üstünlikleri biziň başymyzy buýsançly edýär.

**Annamyrat Sähetmyradow**
**“Türkmenistan” gazeti, 23. 12. 2002 ý**

## SEŽDE EDÝÄN ÝAŞYL ÝAZ DEÝ BAÝDAGYMA

**Beýik Saparmyrat TÜRKMENBAŞYNYŇ**
**mukaddes RUHNAMASYNDAN.**
**-Halkymyz ençeme asyrdan soň Döwlet Baýdagyny özüniň milli häsiýetine, ata-baba dessuryna laýyklykda kabul etdi we öz ýaşyl tugunyň eýesi boldy.**

... Gojaman dünýäde, gör näçe millet bar. “Her bir millet – Allatagalanyň dünýä bagynda eken bir gülüdir.” Her milleti tapawutlandyryp duran birnäçe närseler bar. **BAÝDAK -** olaryň arasynda iň ikinji, has göze ýakymlysy. Biz milletiň baýdagyna seredip, onuň ruhy dünýäsindäki ahwalata düşünmäge çalyşýarys.

Beýik Saparmyrat türkmenbaşynyň mukaddes Ruhnamasynda nygtaýşy ýaly, “ Türkmen milleti Allanyň nazar aslan, Allanyň söýen milletidir” . Hakdan halatly Serdarymyz Allatagalanyň türkmeni söýeni üçin hem ony bäş müň ýyl bäri ýaşadyp gelýç bilen ýatlaýar. Öz milletiniň taryhyny ilik-düwme öwrenen Beýik Serdarymyz türkmeniň elli asyrlyk taryhy hakydasyna ser salanyňda onuň bedew segredip, tuguny parladyp, geleçdyr jyzasyny oýnadyp, taryhy sorap gelen halkdygyny bize aýan etdi. Türkmen taryhyň dürli döwürlerinde Allatagalanyň asyr synaglarynyň öňünde durup bilen, wagt aždarhasynyň agzyndan aman sypan, ýitip, taryha garylyp gitmekden halas bolan millet.

Eýsem taryhy heňňamlary böwsüp, mirasyny aýap, şu günki nesillerimiz çenli ýatirmegi başaran milletimizi ýaşadyp gelen esasy zat nämekä? Özüm-ä bu sowala “ TÜRKMENIŇ RUHUBELENTLIGI” Diýip jogap bererdim. Türkmeni bir supranyň başynda, bir tugyň astynda jem eden zat nesilbaşymyz Oguz handan gaýdýan ruhubelentlikdir. Ýaýrawy ata Watandan ýaýran Türkmen dünýäniň dürli yklymlaryna özüniň ruhubelentlik taglymaty bilen dolmagy başardy. Baran ýerinde özüne

“Türkmen” diýdirdi. Başga milletlere zulum etmedi, adalatyň-sahawatyň çyragyny ýakdy. Jahangirligi dalaş eýläp, dünýäni ýykyp-ýumrup, şol sebäpli bolsa bu günki nesilleriniň müýnli, boýuny buruk gezmegine ýol bermedi. Taryhda özüne betnam galdyrmady.

Çingiz handan galan diňe haraba,
Sanjar ýaly bina diken utupdyr.

Hawa, Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň “Utupdyr” diýen goşgusynda nygtaýşy ýaly, PARAHATLYK TUGUNY diken halkymyzdan taryha azym-azym şäherleriň, obadyr kentleriň harabalary, beýik medeniýetiň ýazlary miras galypdyr. Türkmeniň parahatlyk tugy taryhyň dürli döwürlerinde dünýäniň dürli künjünde pasyrdapdy. ol baýdaklaryň ýüzündäki şekiller türkmeniň dogumyny, gaýratyny, mertligini, geçirimliligini sypatlandyrypdy. Şol şekillerden türkmeniň dünýägaraýşyny, ynanjyny, ynam-ygtykadyny, lebiz – ygraryny aňlamak mümkin. Güýçlülik, garadangaýtmazlyk alamatlary pähimlilik, rehimlilik bilen utgaşýardy. Geçmişdäki baýdaklarymyzda orun alan şekilleriň ählisi barada bir makalanyň çäginde gürrüň etmek çetin. Olaryň hersi bir makala sözbaşy. Biz ata-babalarymyzyň baýdaklarynda mynasyp ýer alan gurt we bürgüt şekilleri hakda gürrüň etmekçi.

**GURT**- türmen ruhunyň ikinji eýýamynyň ruhy alamaty. Mukaddes Ruhnamada nygtalyşy ýaly, bu eýýamda türkmen üçin birsydyrgyn, parahat durmuş tamam boldy. “ Yslam türkmene täze ýol geçmäge, ol ýollarda özüňi görkezmäge böriniň kuwwaty, garadangaýtmazlygy hem böriniň ýyndamlygy gerekdi”. Halkymyzyň arasynda gurt bilen bagly birnäçe ynançlar bar. Şadessanlarymyzda gurdyň türkmen üçin hormatlanýan jandardygy aýdylýar. Halkymyzyň arasynda “ Gurt gördüm, gurt gördüm” , “Gurt ýüzi-mübärek” diýen sözler ýöne ýere döremändir. Ata-babalarymyz tarapyndan hormatlanýan şeýle jandaryň olaryň baýdagynda mynasyp orun aljakdygy tebigydyr.

Hytaý çeşmeleriniň habar bermegine görä, türkmenleriň gadymy baýdaklarynda altynsow saoaklar bilen möjegiň kellesiniň şekili bolupdyr. Taryhçy L.N.Gumilýow möjegiň hökümdar neberäniň tagzym edýän jandary bolandygyny ýazýar. Hökümdaryň şol şekildäki baýdagyny goraýan şahsy janpenalaryna bürüler diýlipdir.

Ferdöwsiniň “Şanamasynda” iki gezek turanlylaryň gurduň kellesi şekillendirilen baýdagynyň bardygy aýdylýer. Oguznamalarda Oguz han Türkmeniň goşunynyň öňüni gök böriniň çekendigi nygtalýar. Munuň “gök börüli baýdak” manysyndadygy şübhesizdir. Bu barada mukaddes Ruhnamada şeýle sözler bar: “ Altyndepede öküz bilen birlikde möjegiň şekiliniň bardygyny, Oguz hana möjegiň ýol görkezendigini bilýäris”.

Mahmyt Kaşgarly Aleksandr Makedonskiniň Turana ýörişi hakda gürrüň berende türki kabylalaryň onuň öňünden ýüzüne gök böriniň şekili çekilen ýaşyl baýdagyň astynda jemlenip çykandygyny ýazýar.

Göktürkmenleriň döwletiniň baýdagynda böriniň kellesiniň şekiliniň bolandygy mälim. Ol mawy asmanyň reňkindäki gök düşegiň üstünde şekillendirilipdir. Munuň özi ýöne ýere däldir. Ol ata-babalarymyzyň yslamdan öňki ynanjy – Göktaňry baradaky

ynançlar bilen baglanyşyklydyr. “ Oguznamalarda” Gökden gelen yşygyň Oguz hanyň çadyryna düşüp, börä öwrülendigi aýdylýar. Onuň gök reňk bilen kybapdaşdygy barada mukaddes Ruhnamada şeýle diýilýär: “Onuň tüýleri, ýallary gök asmanyň-bakylygyň hem elýetmezligiň reňkindedi”.

Taryhda böriniň aýgytlylyk sypatlaryny özünde jemlän türkmen ruhy “çölleriň gurdy bolup giň sähralary gezdi. Giňlik, uç-gyraksyzlyk häsiýetine eýe boldy. Özünden güýçlüleriň, özünden ejizleriň bardygyny gördi. Güýçliniň minnetini çekmedi, ejiziň awuna el gatmady. Sährany ýurt tutundy, nesli örňedi, ýurt mährini duýdy. Öz ýurduna kesekini goýbermedi, özgäň ýurduna dawa etmedi. Hoş gününde eselmedi, hor gününde peselmedi. Özüni kapasa saldyrmady, ýolbarsyň giren kapasasyna girmedi, gaplaňyň oýunlaryny etmedi”.

Gurt bilen baglanyşykly yrym-ynançlar türkmen ruhunyň soňky eýýamlarynda hem saklanyp galypdyr. Görogly beg Türkmen eýýamynda Böri türkmenleriniň Damaskda atabeglik gurandygy mälim. Türkmeniň harby taryhyna ser salanymyzda hem böriniň “yzlaryna” duş gelýär. “ Gökböri” oýny türkmenleriň arasynda şu güne çenli hem  saklanyp galan harby – tälim okuwlarynyň iň giň ýaýran görnüşleriniň biri bolupdyr. “ Gurt oýny” – Göroglynyň duşmanyny böleklere bölüp, parçalan tilsimi.

Örki Zeminde, ruhy Asmanda bolan türkmenler ir döwürlerden bäri ýyrtyjy guşlary özüne ýaran tutunmaga çalşypdyrlar. BÜRGÜT – mawy asmanyň guşlarynyň şasy.Türkmenleriň öz baýdaklarynda Asman şasy bürgüde mynasyp orun bermegi tebigydyr. Türkmenler öz çagalaryna namysjaň, mert guşlaryň atlaryny dakypdyrlar. Mukaddes Ruhnamada bu barada şeýle setirler bar: “ Türkmen soltanlarynyň köpüsiniň bürgüt atlary bolupdy. Aslynda, Oguz hanyň her agtygynyň öz bürgüt ady bardy. Gaýa-şünkar, Begdili-bähri, Dodurga-garçgy, Owşar-laçyn, Çepni-humaý, Salyr-bürgüt, Bürdüz-ütelgi. Beýik seljuk türkmenleriniň döwletini esaslandyran Dawudyň hem Muhammediň ruhy atlary-da – bürgüt atlary – Togryl we Çagry boldy.” Taryhy çeşmeler bürgüt şekilleriniň öz gözbaşyny has irki döwürlerden alýandygyny ýaňzydýar. Parfiýa şalarynyň şaýlyklarynda bürgüt sypatly guş şekillerine duş gelmek mümkin. Taryhçy Ö. Gündogdyýew parfiýa gylyçlarynyň sapynda bürgüdiň kellesiniň, galkanlarda ganatyny ýaýyp duran bürgüdiň şekiliniň bolandygyny ýazýar.

Bürgüt – türkmen ruhunyň görogly eýýamynyň ruhy belgisi. Bu eýýäm türkmen ruhynyň bürgüt bolup, kertden-kert gaýalara çykan döwri. Bu eýýamda “Türkmen ruhy beýiklik howalylyk häsiýetine eýe boldy. Howada, ýeriň ýüzünde öz awuny uçuryp, gaçyryp aldy. Şeýdip hereketlilik, janlylyk häsiýetlerini aldy. Güne ýakyn boldy, güniň mährini özüne siňdirdi. Elýetmez, okýetmez, sesýetmez gaýada oturyp, şol ýerden bu pany dünýäniň bimanylygyna, ötegçiligine, aşakdakylaryň hars uruşlaryna bakdy.Şeýdip, hem belentlik, hem çunluk häsiýetine eýe boldy”.

Baýdagynda bürgüdiň şekilini ilkinjileriň hatarynda ýerleşdirenleriň arasynda hun türkmenlerini agzamalydyrys. Ýewropa aralaşan hunlaryň serkerdesi Atyllanyň (ýewropa çeşmelerinde Atilla) baýdagynda sary reňkli bürgüdiň şekili bolupdyr. Beýik Seljuk Türkmen imperiýasynyň baýdagynyň ýüzünde iki kelleli bürgüdiň we ok-ýaýyň suraty bolupdyr. iki kelleli bürgüt seljukleryň dünýäniň iki bölegine (gündogara we

günbatara) hökümdar bolandygyny alamatlandyrypdyr. Bagdat halypasy al-Kaýym Biýemrillahyň Togrul bege “ Soltan Magrib we Maşryk” ( Günbataryň we Gündogaryň soltany) diýen hormatly ady bermegi hem munuň aýdyň subutnamasydyr.

Bürgüt – beýikligiň ruhy howalalygyň alamaty. Ony belent saýyp, tagzym edip, baýdagyna ýerleşdiren türkmen ruhy elmydama belent boldy. Al-asmana galdy. Şol ýerden dünýäni synlady.

Türkmenlerde baýdagyň harby-syýasy ähmiýeti biçak ýokary bolupdyr. Döwletiň garaşsyzlygyny hem-de hökümdaryň ýokary häkimiýetini alamatlandyrýan baýdak berk gorag astynda saklanypdyr. Türkmen hümdarlarynyň baýdagy syýahatda, söweşde ýörite bellenen baýrakdar ýa-da baýrakdarlar tarapyndan göterilipdir. Iň batyr ýigitleriden parahatçylyk we uruş döwründe baýdagy goraýan bölüm döredilipdir. Olaryň baştutanyna “Emiri-Älem” (baýrakdarlaryň baştutany) diýipdir. Älem – baýdaklaryň syrygynyň ujuna kümüşden ýa-da altyndan haşamlanyp ýasalan, ujy aý bilen ýyldyzyň şekili bilen tamamlanýan bölegidir. Seljuk, Osman we Memlük türkmenleriniň baýdaklarynyň älemleriniň nusgalary Ystambulyň Topgapy muzeýinde saklanýar.

Baýdak türkmenlerde ýörişe çykmak üçin permany hem alamatlandyrypdyr. Memlük türkmenleriniň Müsürdöwletinde (1257-1517) goşunyň ýörişe ugramak karary soltanyň çadyrynyň öňünde tug dikmek arkaly yglan edilipdir. Tuguň dikilen ugry nirä ýöriş etmelidigidiniň alamaty bolupdyr. Memlük soltanynyň oturan ýerinde dikilýän, sary ýüpek parçasyndan edilen baýdaga arapça “isabe” diýipdir. Bu baýdak almaz we beýileki gymmatbaha daşlar bilen bezelipdir. Abulapbas Kalkaşandynyň “Subhul agşa” kitabynda ýazmagyna görä, hökümdaryň depesinde at guýrugynyň gylyndan ýasalan çalyş (tug) hem pasyrdap durupdyr. Çalyş saparyň öňüsyrasynda söweş meýdanynda dikilipdir.
türkmenler hökümdaryň öz tabyn adamlaryna (serkerdelere, häkimlere) berýän baýdaklaryna sanjaklar diýlipdir. Sanjak olaryň häkimlik alamaty bolupdyr. Osman-Türkmen döwleti dolandyrmak üçin amatly welaýatlara – sanjaklara bölünipdir. Ol ýere soltandan aýratyn sanjak alan häkim-sanjakdar bölünipdir. Ol ýere soltandan aýratyn sanjak alan häkim – sanjakdar iberilipdir. Söweş wagtynda hökümdardan sanjak alan adamlar öz baýdagyny (sanjagyny) göterip, yörişe gatnaşmaly eken. Tabyn adamlaryň hökümdara baýdak gowşurmak däbi dolandyryjy nebere bilen halkyň duşmana garşy birleşmegini aňladypdyr.

Türkmenleriň söweşde, parahatçylyk döwründe, dabaraly kabul edişliklerde ulanan baýdaklary reňk taýdan parhlanypdyr. Türkmen döwletleriniň aglabasynda (Beýik Seljuk, Gaznaly we Köneürgenç türkmenleriniň döwleti) gara baýdak söweş baýdagy hökmünde ulanylypdyr. Gara reňk yslam dini ugrundaky mukaddes göreşi alamatlandyrypdyr.

Söweşlerde türkmenler ak baýdaklary hem ulanypdyrlar. Ol şehitlik alamatyny aňladypdyr. Wizantiýa imperatory Roman IV Diogene garşy bolan söweşde Beýik seljuk-türkmen soltany Alp Arslan söweşiň öň ýanynda şehitlik kepeni bolan ak lybaslary geýipdir. Munuň özi esgerleriň söweş rununy galkyndyrypdyr. Iň öňde pasyrdaýan goşa kelleli bürgütli tuguny, söweşe ilkinji bolup okdurylan ak lybasly

soltanyny goramaga ok ýaly atylan türkmenler Malazgirt meýdanynda mundan 932 ýyl öň ajaýyp ýeňiş gazanypdy.

Orän mukaddes saýylan baýdak aýratynam söweş ýagdaýynda berk goralyp saklanypdyr. Baýdagyň duşmanyň eline düşmegi seniň ýeňilendigiňi aňladypdyr. Görogly beg ýöne ýere ýigitlerine:

Görogly beg tuga deper,
Begler ahyrzaman boldy –

diýenok ahyry. "Ýigitlerini jemläp, daň säher mahaly "Alla" diýip at goýdular. Görogly tuga depdi. Gylyç bilen çapyp tugy ýykdy. Tug ýykyldy, sap boldy, agyr goşun ala-basgy bolaýdy" ("Görogly hem Bezirgen"). Tugy ýykylan duşman basga, sussupeslige düşýär. Onsoň bu onuň üçin ahyrzaman bolman, näme bolsun!

Baýdak göterýän ýigitleriň yza tesmäge, gaçmaga asla haky ýok. Soltan Jelaleddin Türkmen Yspyhanyň golaýyndaky söweşde mongollardan ýeňlende töweregindäki sanjakdarlarynyň biriniň gaçmaga hyýallanýandygyny görüp, ony derrew tutup öldüripdir.

Baýdagyň esgerlere ruhy täsiri barada taryhdan bir mysal. Mälik şanyň ölüminden soňra Beýik Seljuk – türkmen döwletini tagt dawalary gplap alýar. Bir tarapdan Mälik şanyň inisi, Şamyň hökümdary Tutuş, beýleki tarapdan Mälik şanyň ogly Berkýäryk soltanlyga dalaş edýär. Tutuş agasynyň abraýly serkerdeleriniň, esgerleriniň bir bölegini öz tarapyna çekmegi başarypdyr. Beýik soltan bolmaga dalaşgärler Tutuş bilen Berkýarygyň arasyndaky esasy söweş 1095-nji ýylyň Baýdak aýynyň 26-synda Reý şäheriniň golaýynda bolupdyr. Orta asyr taryhçysy urfaly Mateosyň ýazmagyna görä, Berkýaryk kakasy Mälik şanyň söweş sanjaklaryny pasyrdadyp, ýörişe çykypdyr. Bu Tutuşyň goşunyndaky esgerlere ruhy taýdan gobsundyryjy täsir edipdir. Aýratynam Tutuşyň tarapyna soň geçen seljuk serkerdeleri özleriniň öňki sadyk hökümdary Mälik şanyň baydagynyň garşysyna ýarag galdyrmagyň galatdygyna düşünipdirler. Hat-da Tutuşyň iň wepaly serkerdesi, esasy güýçleri bilen bukuda duran Ýagysaýan hem bu beýik baýdagyň garşysyna çykmakdan boýun towlapdyr. Ine, türkmen baýdaga wepalylygynyň, ygrarlylygynyň ajaýyp nusgasy!

Ýaşyl Tugum! SEN HALKYMYŇ NAMYS TUGUSYŇ. Türkmen namysyny depeledeninden ölenini müň paý ýeg görýändir. Sen belentlere pasyrdamalysyň! Çünki namys depeden ýokarda göterilýär, aýagasty edilmeýär. Seniň aýagasty edilmegiň, türkmen namysynyň depelendigi bolar. Bu bolsa türkmen üçin kyýamatyň gopdugy bolar. Biz TÜRKMENIŇ NAMYS TUGYNY depeletmäge pikir etmäge hem het etmeli däldiris.

Ýaşyl Tugum! WATAN SENDEN BAŞLANÝAR. Mawy boşluk içre aýlanyp duran bu Zeminiň üstünde Watandan uly mukaddeslik ýok. Türkmen üçin ähli mukaddeslikler Watan diýen ýeke düşünjede jemlenýär.

Watan iň gadymy dini türkmeniň,
Eziz Watan mydam saňa ybadat.

Jandan mährem Watany söýmekde her bir türkmen Beýik Saparmyrat Türkmenbaşydan nusga almaly. Türkmen Watan bilen diri. Ata Watan örküni üzen

türkmeniň öňki rowgaty bolmaz. Çünki ol düşündirip bolmaýan ylahy goldawdan, keramatdan jyda düşendir. Watandan ýokarda diňe Alla bardyr.

Ýaşyl Tugum! SENIŇ REŇKIŇ ÝAŞYL ÝAZLARDAN. Ýaşyl reňk türkmeniň ruhyna ýakyn. Ol ýaşýşyň, bakylygyň, dowamatyň alamaty. Seniň ýaşyl reňkinde çille dolup, kükräp-kükräp gelen ýazlary görýärin. Seniň her bir parçaň maňa ýaşyl begrese bürenen sähramy – Garagumy ýatlafýar. Seniň ýaşyl begresiňde agaýana otlap-suwlap ýören goýun sürülerini görýärin, bökjekleşýän guzularyň seslerini eşidýärin. Gyrkylyk yzly çägelerden dähedemläp barýan iner-maýalary görýärin. Bahar pasly parç bolup, al-gyzyla çümen Köpetdagymyň, Köýtendir Hasarymyň, Balkanymyň bir parçasy sen, ýaşyl Tugum! Sen beýikde bolsaň türkmeniň tebigat bilen sazlaşyly ýaşaýşy dowamat dowam bolar! Heý, onsoň türkmen şeýle sazlaşygy, gözelligi bozmaga ejaza beremi?! Saňa tarap gönügen bet nazarlar türkmeniň dagyna, düzüne, sährasyna dikilendir. Ol meniň keramatly saçagyma, duzuma, rysgalyma gönügendir. Türkmen öz Watanynyň ýekeje düwür topragyny betniýetleriň dyrnagyna hem dözmez. Şonuň üçin hem Watana çirk ýetirmejek bolup, seni Arşa ýakyn tutup goraýandyrys, Ýaşyl Tugum!

Ýaşyl Tugum! SEN MENIŇ MERTEBE MUKAMYM. Seni has owadanlaşdyryp duran haly gölleriniň hersi hakda dessan ýazsaň hem bärden gaýdýar. Ol göllerden "çykýan darak sesleri" namys tuguna deňelen aýal-gyzlarymyzyň keşplerini meniň göz öňümde janlandyrýar. Gelin-gyz türkmende baýdaga deňelýär. Çünki onuň namysy baýdak ýaly belentde bolmaly. Baýdak ýaly gelinlerimiziň on barmagynyň hünäri bolan haly gölleriniň saňa salynmagy tötänlik däl eken, ýaşyl Tugum! Seniň gölleriň taryhy parran böwsüp gelen gadymyýetiň ýaňy. Ol begenç we gussa gatyşykly mukamlardan beslenen çemen.

Seniň gölleriň türkmeniň janly taryhy. Ony türkmen ruhy bilen akamaly. Oňa başga her kes düşünibilmez. Seniň gölleriň bize nesilbaşymyz Oguz handan galan hal. Seniň gölleriň ajap sähramyň mukamy. Ol mukam gulagyňa "Garagumyň üstünden burulyp-burulyp gelýän şemallaryň, Hazaryň depesinden taýyp-taýyp gelýän ýelleriň, Köpetdagyň gerşinden diňderilip gaýsaň öwüşginleriň dilinde" türkmençe "gürläp", ata-babalarymyzyň ruhy owazlaryny bize ýetişýär. Ol owaza içgin gulak goýsaň lummurdap akýan çasly çaýlarymyzyň sesini, goja Jeýhunyň joşuny, 72 s a z   g u r a l y n y ň goşulmagynda çalynýan ruhubelentlik mukamyny diňlemek mümkin. Ol mikam b u g ü n Garaşsyzlygyň, baky Bitaraplygyň mukamyna öwrüldi. Döwletbaşymyz tarapyndan saz düzülen döwletlilik dutaryndan çykýan Berkararlygyň şirin nagmalary nesillerimize miras galar.

Ýaşyl Tugum! SEN TÜRKMENIŇ LEBZISIŇ! Türkmen-lebizlik halk. Ol aňsat beren sözänmez. Özüne ynandyrmak üçin kasamam etmez. Kasam etdimi, ony ajalam bozup bilmez. Watana, ar-namysa gelende welin türkmeniň eden kasamynyň öňünde hiç zat durup bilmändir. Tuguň oňünde dyzyň epip edilen kasam Watanyň öňünde edilen kasamdyr. Ol ýarym-ýalta, ýa göz üçin edilen ýalan kasam däldir. Türkmen hiç mahal ýalan kasam kabul etmez. Eger edýän bolsa, onuň türkmendigine şübhäm bar. Lebziňden dänmek-türkmençilikden çykmak. Halkymyz beýle adamlaryň "ýüpünde hiç haçan odun goýmaz".

Ýaşyl Tugum! SEN MUKADDES SAÇAGYMSYŇ! Saçak – keramat, saçak-mukaddeslik. Türkmen mukaddesligiň gadyryny bilýän halk. Bizde mukaddeslik gözüň göreji ýaly goralýar. Saçak-türkmeniň kasamy. Ol öz sözüne ynanylmagyny islese saçagy, nany özüne şaýat tutunýar. Ýaşyl tugum! Sen beýikde pasyrdasaň saçagyma betnebisiň eli uzamaz.

Ýaşyl Tugum! SEN PARAHATLYK TUGUSYŇ! Sebäbi döwrüni döwür eden, özüne, milletine Beýik diýdiren, Hytaý bilen Ortaýer deňziniň arasyndaky taryhy wakalarda baş gahryman bolan, sebit agzalsa milletiniň adynyň öň hatarda tutulmagyny gazanan beýik ata-babalarymyz diňe parahatçylygyň tuguny ýokary galdyrypdyrlar. Türkmeniň tugy – parahatçylygyň, ylalaşygyň tugy. Ýaşyl Tugum! Sen kesekiniň betbagtçylygynyň, gözýaşynyň üstünde özgäniň bagtly durmuşyny gurup bolmajakdygyna ezelden düşünýän halkymyň ÖZGELERE GOÝÝAN SARPA TUGUSYŇ. Sen dünýäde Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan ykrar edilen ilkinji Bitarap döwletiň zeýtun baldakly Tugusyň.

Ýaşyl Tugum! SEN ATA-BABALARYMYŇ NESILLERE SARGYDYSYŇ! Seniň aý we Ýyldyz şekilleriň nesillere Oguz han atamyzdan galan sargytdyr. Ol agzybirlik sargydydyr. Agzy ala bolan iliň ýetjek menzili bolmaz. Ol bir agza bakmak, bir Serdara gulluk etmek sargydydyr. “Beýik döwletler aýrylar, bir agza bakmaýan ärden.” Ol döwletlilik sargydydyr. Döwlet bolmasa, bitewi millet bolmaz. Bitewiligiň ýok ýerinde bolsa hakyky mazmun ýokdur. Sen belentde bolsaň, köki çuňluklardan gaýdýan döwletliligimiziň berdaşly daragty mundan beýlägem güllär, pür-pudak ýaýradar, ýaşyl Tugum! Tylla şuglaly gündizler türkmeniň depesinden garap duran garry atasy, düýp babasy Gün han bilen Aý hanyň sargytlaryna gulak asyň! Kümüş şuglaly gijeler depämizden garap duran garry atamyz, düýp babamyz Gök han bilen Ýyldyz hanyň pentlerini diňläň! Olar biziň paýhas gözlerimizi açsyn. “Eziz nesillerim! Türkmeniň döwlet daragtynyň baş bagbany Brýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň töwereginde berk jebisleşiň! Watany güllediň, ata-babalaryňyzdan miras galan tuguňyza ar getirmäň!”. Öz iline öwüt beren dädemiz Gorkut nesillerimize döwlet galdyrmagy wesýet edipdir. Şol pentdir sargytlarymyza amal etmezlige bolsa biziň hiç birimiziň hakymyz ýokdur.

Ýaşyl Tugum! Saňa bolan söýgim egsilerli däl! Ol söýgi gursagymda Beýik Allanyň keremi bilen işläp duran ýüregim gürsüldeýärkä elmydama püre-pür bolar! Şeýle söýgüniň ähli türkmeniň gursagyndadygyna bolan ynamym meni hasam buýsandyrýar!

**Jumamyrat Gurbangeldiýew**
**“Türkmenistan” gezeti, 20. 02. 2003 ý.**

## ALTYN ÝAÝ, KÜMÜŞ OKLAR

## Ýa-da türkmenleriň kemançylyk sungaty barada söhbet

**Beýik Saparmyrat TÜRKMENBAŞY:**
***- Biz türkmenler, öz ata-babalarymyzyň nesil taryhyna, olaryň geçen çylşyrymly ýoluna, dünýä özgerişine, umumy ymsanyýet gymmatlyklaryna goşan goşandyna kanyny buýsanmaga haklydyrys.***

Ýedi yklyma çawy ýaýran şöhratly ata-babalarymyzyň döreden maddy hem ruhy gymmatlyklary bolan hünärmentçilik, binagärlik, kemankeşlik ýaly milli sungatymyz öwrenilmäge mynasypdyr. Çünki, olar müňýyllyklardan aňyrda doly kemala gelip, milletimize degişli maddy gymmatlyklaryň kämillik nusgasy hökmünde dünýä gymmatlyklaryna goşulypdyr.

Allatagalanyň akyl hem erk beren halky bolan türkmenler diňe bir döwlet we millet dörediji halkdygy üçin däl, eýsem şeýle gymmatlyklary döreden halkdygy üçin hem beýikdir. Dünýä taryhçylary tarapyndan Gündogarda şahandaz, batyr hem söweşiji, döwlet gurujy halk diýip mertebelenen oguz türkmenleri ok-ýaý ýasamakda, kemankeşlik sungatynda unudylmajak miraslary goýupdyrlar.

Geçmişde ata-babalarymyzyň esasy döwlet nyşanyny hem-de syýasatyny sypatlandyran altyn ýaý, üç kümüş ok, milletimize häsiýetli kemankeşlik sungatynyň syry bu gün her türkmeni gyzyklandyrýar.

Medeni mirasymyzyň gorlarynyň gözbaşy bolan meşhur “Oguznama” eserinde altyn ýaý, üç kümüş ik barada türkmeniň döwlet dessurynyň ruhunda söhbet açylýar. Eýserde Oguz han Türkmeniň eline döwletlilikden nyşan bolan altyn ýaýyny, üç okuny alyp, türkmen halkynyň milli-syýasy bitewiligini saklap, milletini agzybirhem döweletli edendigi dogrusynda gürrüň edilýär. Biz milli ýaraglarymyz ok ýaý dogrusynda gadymy däp-dessurymyza “Gorkut ata” eserinde hem köp duş gelýäris. Eserde her bir türkmeniň batyr, edermen, goç ýigit bolup öňe çykmagynyň esasy guşy urup bilmegi dogrusynda maglumatlar berilýär.

Ylmy ýazgylarda “ök” sözi gadymy türkmeniň sözlük düzüminde “miras” manysynda düşündirilýär. Geçmişde türkmenlerde oky, peýkamy arkama-arka elden-ele geçirmek, miras hökmünde aýawly saklamak däbi bolupdyr. Ok mukaddeslik hökmünde öýüň töründen asylyp goýlupdyr. Soň bu däp wagtyň geçmegi bilen üýtgäp, okuň peýkamyň ornuna gylyç geçipdir.

Käbir taryhy çeşmelerde “oguzyň” “ok” hem-de “uz” sözlerinden gelip çykandygy hakynda täsin bir pikiri öňe sürýärler. Bu pikiriň eýesi J. Marguart “ok” diýmek, ýaýyň okuny, peýkamy, “uz” diýmek bolsa, adamy aňladýar-da, dolulykda “okly adamlar” diýen aňlatmany berýär diýip ýazýar. Bu pikir türkmençede adam düşünjesiniň “uz” şekilinde duş gelmeýändigi üçin ylmy äleminde doly kabul edilmändir.

Wender alymy J. Nemethiň pikirine görä bolsa, “oguz” adynyň asly “ok + z” –dan gelýär. Netijede “ok” urug, tire diýmekligi “z” bolsa köplük goşulmasyny aňladýar diýmesi pikirleriň arasynda hakykata ýakyn diýip bilnipdir.

“Ok” sözüni gadymy zamanlarda “boý”, “tire” manysyny berendigi üçin türk taryhçysy F. Sumer hem üçok diýmekligiň üç boý, üç tire manysyny berýändigine ähmiýet beripdir. Şeýlelikde boý, tire, taýpa sözüni aňladýan “ok” sözüne diňa ýarag guraly hökmünde düşünilmän, eýsem geçmişde oguzlaryň mukaddes nyşany hem bolup hyzmat edendigi dogrusynda-da maglumatlar bar.

Türk taryhçysy F. Sumer “Oguzlar türkmenler” diýen işinde Günbatar Göktürkmen döwletiniň on boýdan ybarat bolandygyny, on boýuň begleriniň her birine döwlet tarapyndan bir okuň / peýkamyň/ berlendigini ýazýar. Şol işde awtor oklar tireleriň alamaty bolup, kagan /döwlet/ bolsa ýaý hökmündedigini, oguzlarda okuň we ýaýyň öz hukuk manylaryny soňky wagtlara çenli dowam etdirendigini nygtaýar.

Söhbetimiziň süňüni düzýän türkmenleriň kemankeşlik sungaty barada ýazmagy ýüregime besläp ýörkäm, Garaşsyzlyk binasynyň öňünde sol eline altyn ýaýyny, sag eline üç /altyn/ kümüş peýkamyny göterip duran Oguz han atamyzyň heýkele öwrülen keşbini ýakyndan synladym. Şonda men türkmenleriň nesil daragtynyň atasynyň ellerinde tutup duran ok-ýaýy türkmeniň milli ýaragy diýip hasapladym.

Käbir daşary ýurt taryhçylary ata-babalarymyzyň dünýä ýüzüne eden ýeňişli ýörişleriniň esasy syrlary türkmenleriň bulut deňesinde uçýan atlarynyň, düzgün-nyzamly milli goşunynyň, ýyldyzlara ok ýetirýän ussat kemankeşleriniň bolandygyny ýazýarlar. Taryhçy alymlar Parfiýa döwletiniň ilkinji merkezi bolan Nusaýda gazuw-agtaryş işlerini geçirenlerinde, parfiýa medeniýeti, sungaty, olaryň söweş tälimleri, harby ýaraglary dogrusynda ençeme syrly maglumatlaryň üstünden barypdyrlar. Olar bu işlerinde reňkli diwar nagyşlarynda parfiýa söweşijileriniň atly-ýaragly şekillerini tapyp, türkmenlerde kemankeşlik sungatynyň has irki döwürlerden bäri dowam edip gelendigini, olara ok- ýaýy örän ussatlyk bilen ulanmagyň häsiýetli zatdygyny ýazýarlar.

Taryhçy alymymyz Ýegen Atagarryýew “Taryhda galan yzlar” atly kitabynda Margiana, Parfiýa döwletlerinde ata-babalarymyzyň ulanan ýaraglary barada şeýle ýazýar: “Margiananyň Parfiýa döwletiniň düzümine giren wagty harby ýaraglarynyň, şol sanda peýkam çişlerini ýasamaklygyň has ösen we kämilleşen döwri bolupdyr. Margiana gadymy Gündogaryň Hytaý we beýleki birnäçe ýurtlary bilen-de söwda we ykdysady gatnaşykda bolupdyr. Parfiýa patyşasy Mitridat II /b.e.öňki 124-87-nji ýyllar/ tarapyndan geçirilen harby reforma görä, Parfiýa döwletiniň esasy goşuny atly goşun bolup, olar peýkamçylardan we naýzaçylardan bolupdyrlar. Ozalky uly orun tutan pyýada goşun ikinji derejeli hasaplanypdyr. Peýkamçylaryň Parfiýa döwletiniň goşunlarynda möhüm ähmiýete eýe bolandygyny görkezýän faktlar köp.Şol döwrüň teňňeleriniň ýüzündäki urşujylaryň şekilinde hem peýkam ýygy-ýygydan duş gelýär. Hatda Parfiýa patyşasy Arşak hem eli ýaýly şekillendirilipdir ”.

Beýik Seljuk türkmenleriniň döwletinde bolsa, ok-ýaý adalatly hökümdarlary aňladýan, nyşan /simwol/ bolupdyr. Ok-ýaýyň nyşany seljuklaryň baýdagynyň keşbine-

de siňipdir. Muhammet Togrul begden başlap, ähli seljuk hökümdarlary öz möhürlerinde ok-ýaýyň şekilini ata-baba mukaddes saýylýan nyşan hökmünde ulanypdyrlar.

Kemankeşlik sungaty türkmenleriň yslam dinini kabul edenden soňky döwürlerde hem özboluşly ösüşe eýe bolupdyr. Uzak aralyga atýan söweş guraly bolan ok-ýaýy türkmenler yslam dininden has öňem, soňam gylyç ýaly mukaddes hasaplapdyrlar.

Taryhy maglumatlara görä, türkmenler oka gadym zamanlarda tä orta asyrlara çenli "gaýym"diýen agaçdan XV asyrda gamyşdan, XVI asyrdan başlap arça agajyndan ýasapdyrlar. Käbir maglumatlara bolsa, XI asyrdan başlap, türkmen goşunlarynda polat ýaýlaryň has kämil peýkamlaryň ulanylyp başlandygy dogrusynda ýazylýar.

Türkmenler Hindistana ornaşanlaryndan soň, bu ýurduň ýerli agaç ösümliklerinden ýasalan oklary amatly bilinipdirler. Beýleki tarapdan Anadoly sebitlerine köpçülikleýin aralaşan türkmenleriň kemankeşlik sungatynda uly özgerişler we öňe- gidişlikler bolupdyr. Gamyş oklary bolsa ýuwaş-ýuwaşdan ulanyşdan galypdyr diýen maglumatlar bar.

Osmanly türkmen kemankeşleri ok-ýaý ýasamaklygy dünýäde has ösen derejä çykarmakda uly tagalla edipdirler. Olar sebitde köp zähmeti we inçeligi halaýan kemankeşlik sungatynda öňdeligi bermän gelipdirler. Kemankeşlik gülläp ösüşe eýe bolupdyr. Kemankeşler XVI asyryň başlaryna çenli goşunda söweşiň iň aýgytly pursatynda hüjüme geçýän ganat bolup hyzmat edipdirler.

Osmanly türkmenleriň ýaý oklary arçadan ýasalyp, oklaryň gaby- sagdaklar eýlenen haýwan derilerinden tikilipdir. Ýurtda ýaş arça agajyndan ýasalan ok iň gowy we amatly hasaplanylypdyr. Osmanly türkmen döwletinde söweş ýaý oklaryny, peýkamlary ýasamak üçin ýörite arça tokaýlary ýetişdirilipdir. Ussalar Kumunç daglarynyň arça tokaýlarynda ýetişdirilen üç barmak galyňlykdaky we bir metr uzynlykdaky agaçlary kesip, olary ýagty düşmeýän ýerde bir ýyldan üç ýyla çenli saklapdyrlar. Iň gowy we kämil oklary ýasamak üçin bolsa, azyndan ýigrimi ýyldan elli ýyla çenli saklapdyrlar. Türk taryhçysy Öwliýa Çelebi XVI asyrda Osmanly türkmenleriň döwletinde ok ýaý ýasaýan ussalar bilen baglanyşykly ýazgysynda Stambul şäherinde ok ýasalýan ussahanalaryň sanynyň iki ýüzden köpräk bolandygyny nygtaýar.

Ussalar onuň göni gitmegi üçin gazyň, bürgüdiň we beýleki guşlaryň ýeleklerini ulanypdyrlar. Ýeleker okuň nyşana göni degmeginde we /uly/ deňagramlygy saklamakda uly rol deňagramlygy saklamakda uly rol oýnapdyr. Tejribeli ok-ýaý ussalary guş ýeleklerini toplamak we saýlamak üçin ýörite hünärmenleri ýetişdiripdirler. Sebäbi bu iş gaty inçeligi talap edipdir. Guşlaryň sag ganatyndan, alnan ýelekler çep tarapdaky ýeleklere garanyňda, pugta we ýeňil hasaplanypdyr. Ussalar ýelekler peýkamyň agramynyň sekizden birine deň bolmagy hökmany diýip hasaplapdyrlar.

Oklaryň ujundaky demir çişlerine "demren", "peýkam", yz taraplaryndaky üç sany perli bölegine hem "ýelek" diýlipdir. Örän inçeligi we ussatlygy talap edýän türkmen oklary ýasalyşyna görä, birnäçe görnüşlere bölünip, olar "menzil oklary",

“çawuş oklary”, “nuşan oklary”, “ýangyn oklary”, “aw oklary” diýip atlandyrylypdyr. Ussalar oklaryň peýkamlaryny demirden, süňkden, bürünçden ýasapdyrlar.

Çawuş oklarynyň peýkamlary süňkden ýülmenip ýasalypdyr. “Tüýdüki ok” diýilýän bu ok atylanda şuwwuldap ses edipdir. Ussalar süňkden ýasalan peýkamy ýörite ses çylarar ýaly deşipdirler. Uçlary byçgynyň dişleri ýaly kertik dişli peýkamlar hem bolupdyr. Şular ýaly peýkamlar sünjülen ýerini ýyrtman çykmandyr. Demirden ýasalan kütek uçly aw oklary aýy, doňuz ýaly ýyrtyjy haýwanlar üçin ulanylypdyr. Alymlaryň pikirine görä, türkmenleriň harby sungatyny häsiýetlendirýän hünärmentçiligiň bu görnüşi uzak wagtlap nesilden-nesle geçipdir. Beýleki birnäçe hünärmentçilik önümleri ýaly peýkam we ýaý hem barha kämilleşipdir.

Ýerli ussalaryň tagallalary netijesinde türkmen ýaýlary dünýäniň iň gowy, kämil ýaýlary, iň çalt gidýän oklary diýlip tanalypdyr. Türkmen ýaýlary çekilende, onuň gollary ýaýyň yzyna däl-de, öňüne tarap egrelipdir. Türkmen ýaýlarynyň ortaça uzynlygy ýüz on, ýüz kyrk santimetr, her bir ýaýyň agramy üç ýüz, dört ýüz gramma deň bolupdyr. Ýaýyň orttasyndaky tutulýan ýeri “gabza”, kirişleriň saralýan oýuklary “kirtik” diýlip atlandyrylypdyr. Ýaýlary ýeňil, amatly hem ýokary hili ýasamak üçin türkmen ussalary irginsiz zähmet çekipdirler. Türkmen ýaýlary birnäçe topary bölünip, olara”türkmen ýaýlary”, “menzil ýaýlary”, “nyşan ýaýlary” diýip at beripdirler. Türkmen kemankeşleri şeýle kämil ýaýlarda bir müň bäş ýüz metre çenli atyp tanymaz bolupdyrlar. Kemankeşler ýaý çekenlerinde, sag eliniň başam barmagyna “zengir” atly ýüzigi dakynypdyrler. Ol okuň sowa gitmezligini gazanypdyr.

Türkmen ussalary ýaý ýasanlarynda, esasan, “akja” agajyny ulanypdyrlar. Bu agaç özüne çyg çekýän, ýanmasy kyn we ýelimi oňat tutýan agaçdyr. Ýaýlaryň gollarynyň pugtalygy we çeýeligi üçin köplenç öküz şahlary ulanypdyr. Öküz şahlary igelenip, suwda gaýnadylyp gerekli görnüşe getirilenden soň, ýaýyň gollaryna pugta geýdirilipdir. Ýonulan we ýülmenen şahlar ýelim çalnyp, halka-halka kesilip, ýaýyň gollaryna ýelmeşdirilipdir. Şondan soň ýaý oda tutulyp gowuja gyzdyrylypdyr. Ýaý gollaryndan ýüp bilen çekdirilip, birnäçe gün asylyp goýlupdyr. Ýaý çekimini alandan soň, tä agaç doýýança ýene-de ýowaşjadan oňa gyzgyn ýelim dökülipdir. Muňa bolsa ussalar “ýaýa suw bermek” diýipdirler. Ýaýa “suw içirenden” soňra, ýene-de onuň iki gulagyndan has güýçli çekdirilipdir. Ýaý ýörite demir halkanyň içinde berk ýüpler bilen çekdirilip, ol iň soňky görnüşine gelýänçä, daňyp goýupdyrlar. Muňa ussalar “halka daňmak” diýipdirler. Şu işlerden soňra, ýaýyň kertikleri düzedilip, haşamlanypdyr. Ýaýlaryň kirişleri bolsa, köplenç sygryň damarlaryndan ýasalypdyr.

Osmanly türkmenlerde söweş oklary ýasalanda, “Ýigrimi dörtlüge” aýratyn ähmiýet berlipdir. Ýifrimi döet sany oguz türkmen boý-tire gurluşyndan gelýän dessur bilen baglanyşdyrypdyrlar. Oklar ýaýyň ululygyna we görnüşine görä ýasalypdyr.

Türkmen ussalary oklara we ýaýlara dürli hili ýazgylar ýazyp, olary derejelerine görä haşamlapdyrlar. Ok-ýaýa ýasan ussanyň ady, eýesiniň ady, senesi ýaly ýazgylar ýazylypdyr. Patyşalar we begzadalar üçin niýetlenip ýasalan okýaýlara bezeg, haşam işleri ýokary derejede ýerine ýetirilipdir.

Osmanly türkmenleriniň döwletinde kemankeşlik sungatyny ösdürmek boýunça ýurduň dürli ýerlerinde ýörite ýaryş meýdançalary, tälimhanalar gurlupdyr. Osman türkmenleriniň soltany Orhan bagiň tagallasy bilen Bursa şäherinde ok-ýaý ýaryş meýdanlarynyň sany otuz töweregi bolupdyr. Şol ýaryş meýdanlaryndan şu döwüre çenli saklanyp galanlary hem bar.

Türkmen kemankeşleri ýaý atmakda, esasan, “usul ulanmak, üşükli bolmak güýçden üstündir” diýen düşüjäni öňe sürüpdirler. Tejribeli kemankeşler ýaryş meýdanlarynda taplanan ýigitlere aýratyn üns we ähmiýet beripdirler. Olar tejribeli ussalar kemankeşligiň we mergenligiň syrlary we tilsimleri dogrusynda ýörite sapak beripdirler.

Kemankeşleriň arasynda geçirilýän ýaryşyň esasylarynyň biri uzak aralyga ýaý atmak, ok ýetirmek hasaplanypdyr.

Ýaryş meýdançalarynda, tälimhanalarda tejribeli türkmen ýaýçylary ýaý bilen tegelek galkanyň merkezi göbeginden urmagy başarypdyrlar. Kemankeşler tegelek galkanyň göbeginden urup bilseler, şolara-da “soltançy kemankeşler” diýipdirler. Çünki, ol indi soltanlygyň doly ýetişen, men diýen kemankeşi diýlip edilipdir.

Mälim bolşy ýaly, türkmenler çagalaryna ýedi-sekiz ýaşyndan başlap, ok-ýaý atmagy, at münmegi öwredip başlapdyrlar. On-on iki ýaý atyp, keman çekip, başlangyç söweş tälimlerini alan türkmen ýigdekçeleri nähili uzak menzil bolsa-da, oky nyşana atmagy başarypdyrlar. Tälimi ýeten her bir türkmen ýigidi ýaýyň kirşini gulagynyň arasyna çenli çekip bilipdir. Öň ok-ýaý atyp görmedik adam näçe güýçli bolsa-da, türkmen ýaýlaryny gulagyna çenli ap-aňsat ýaýyp bilmändir. Sebäbi eýlewi ýeten öküz derisi bilen pugtalandyrylan ýaýlaryň kirişlerini çekmek ýeterlik güýji talap edipdir.

Hawa, altynyň, kümüşiň suwy siňdirilen türkmen ýaýlary, milletimiziň kemankeşlik sungaty islendik döwürde-de syrlylygyna, inçeligine galýar. Ata-babalarymyzyň kemankeşlik sungatynyň syrlary geljekde doly açylyp halkymyza ýetiriler. Ebedi Garaşsyz, Baky Bitarap türkmen döwletini gurujy Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň tagallasy bilen ata-babalarymyzyň harby sungatynyň, hünärmentçiliginiň köp görnüşleri il-günümize aýan bolup gidip otyr. Indi biz ata-babalarymyzyň “ýaý-erk, oklar – güýç  we kuwwat”diýlip mukaddesleşdirilen hem-de şöhretly zamanalarynyň aýrylmaz harby seneti bolan milli ýaraglarymyza-da, şöhratly geçmişimize-de guwanýarys, çäksiz buýsanýarys. Muny, Beýik Alla köp görmesin, hernä!

**Baýramgeldi Çaryýew,**
**“Edebiýat we sungat”gazeti, 15 03. 2002 ý.**

**TÜRKMENISTAN, AJAP ÝURDUM BERKARAR!**

***Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň Mukaddes Ruhnamasyndan:***
***"Biziň bäşinji eýýamymyzda türkmen ruhy bedew bolan bolsa, üçünji eýýamymyzda türkmen ruhy bürgütdir. Şonuň üçin hem bu eýýamda türkmen serkerdeleriniň bürgüt adyny götermekleri tebigy zatdyr".***

## *BÜRGÜT RUHLY TÜRKMENLER*
### *Ýa-da türkmen asmanynyň mukaddes guşlary barada söhbet*

***Türkmen ruhunyň üçünji eýýamynyň oňony bolan keramatly guşlara Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň eýýamynda – türkmeniň bäşinji eýýamynda gaýtadan jan girdi. Beýik Serdarymyz bäş kelleli bürgüdi şa tugyna salanda Taňry guşlarymyzyň altyn ganatlary ýene-de türkmen nesillerine pena boldy. Türkmenbaşy nesil pent tutalyň, bizi Taňry aýasynda gorasa, türkmen asmanynyň mukaddes guşlary ganatlaryny gerip, pena berse, türkmeniň agzybirligini, Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň bina eden altyndan döwlet sütünlerini hiç kim ýyka bilmez!***

Maddy babatda-da, ruhy babatda-da sarp edijilikden döredijilige tarap, özüniň dolanuwsyz Altyn asyryna tarap barýan milletimize Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy onuň içki döredijilik ukyplaryny oýarjak we olary görlüp-eşidilmedik beýik derejelerde işeňňirleşdirjek Mukaddes Kitaby – Ruhnamany sowgat berdi. Biziň şu gezekki oguz-türkmenleriniň oňonlary-mukaddes guşlar baradaky söhbetimiziň gözükmesi hem Beýik Serdarymyzyň Mukaddes Ruhnamasyndan başlandy. Türkmen halkynyň içinde "Bendäm bendäme sebäp" diýlişi ýaly, Beýik Serdarymyzyň döwlet-galamyna degişli ýazgylar, hut onuň özüniň döreden döwlet ştandartynda /tugunda/ şekil tapan bäş kelleli bürgüt şu söhbetiň döremegine sebäp boldy.

Şöhratly taryhymyzyň üçünji eýýamyndaky ylahy oňonlarymyz bolan mukaddes guşlar baradaky düşünje häzirki güne çenli halkymyzyň içinde bölek-büçek saklanyp gelýär. Oguzlaryň döwlet dessury, halkyň gadymy ruhy medeniýeti, milletiň güýjüniň nyşany bolup çykyş eden mukaddes guşlar türkmenleriň döreden onlarça döwletleriniň tuglarynda, maddy miraslarynda orun alyp, olar dogrusyndaky däpler kalplarymyzyň, ýüreklerimiziň, törüne siňip gidipdir. Haçanda türkmen balasy geçmişden gopup gaýdýan ümmülmez nagralaryň sesine, bedewlerimiziň toýnak güpürdilerine, oňon guşlarymyzyň pasyrdap uçmasyna tomaşa edende, diň salanda derrew ata-babalarynyň geçmişdäki şada-horramlyklaryny hakydasyna getirýär. Ýa-da diýeli her bir türkmen ýigidi öz gadymy dessury boýunça eline laçynyny gondursa, derrew onuň Ýeriň-Gögüň arasynda, ýedi yklyma soltanlyk eden ata-babalarynyň ruhy özünde jemlener, mäkämlener, gaýratlanar, beýgeler, derejesi ýokarlanar. Hawa, bu hut şeýle.

Söhbetimiziň özeni ata-babalarymyzyň milli guşlary /käbir taryhy maglumatlarda oguz guşlary diýlip hem atlandyrylýar/ olaryň irki ruhy medeniýetimize täsiri dogrusynda bolansoň, halkymyzyň içinde aýdylyp gelinýän bir rowaýaty ýatlamagy

müwessa bildim. Gadym eýýamlarda ynsandan ozal bir ajaýyp bürgüt guş elli müň ýyllap döwran sürüp geçipdir. Bu Beýik Magtymguly Pyragyda şeýle wasp edilýär:

“ Elli müň ýyl döwran süren Benijan...”

“Ahyry ynsandyr, öňi Benijan...”

Şol ullakan, owadan guş Ýeriň-Gögüň arasynda ýeke özi ganat ýaýyp, dowran sürüp gezipdir. Onuň ýeke-täk iýmiti dary bolupdyr. Ýöne wagtyň geçmegi bilen dary azalypdyr. Ahyry bu owadan guşuň güni ýeke dänä diklenip galypdyr. Ol soňkuja dänesini diliniň astyna goýup, al-asmana çykandan soň, dänesini aşak oklapdyr. Şeýdip ömrüniň bir gününi uzaldypdyr. Soň ol gözläp-gözläp şol ýekeje mukaddes dänejigi tapypdyr. Ol mundan buýana bolmajagyny bilip, dänäni astyna goýup, owadan uzyn ganatlaryny ýaýyp ýatypdyr. Guş başyny ýerden galdyrman kän ýatypdyr, ýöne dänäni ýuwutmandyr. Ahyr soňy şol däne guşuň agzynda şineläp, tümmül bolup gögeripdir. Sary dünýäde ýene-de ýaşyl reňk, baky ýaşaýyş peýda bolupdyr.

Ýadyňyza salalyň, biz taryhy çeşmelerde oguz türkmenleriniň Beýik Hun döwletiniň baýdagynda ganatlaryny gerip duran bürgüdiň şekilini görýäris. Beýik Hun döwletini dünýäde iň güýçli döwlete öwren ata-babalarymyz ýaşaýyş ugrundaky göreşlerde güýçli haýwanlara /öküze, möjege/ tagzym edip, ýyrtyjy guşlardan ruhlanyp, olary keramatlaşdyrypdyrlar, hatda olary biri-biri bilen dogan hasaplapdyrlar. Köp taryhçylaryň öz maglumatlarynda tassyklamagyna görä, gadymy oňonlaryň – guşlaryň, bedewiň, keramatly öküziň, möjegiň güýjüne sarpa goýmak ýaly däpler oguz türkmenleriniň Beýik Hun döwleti döwründe has örňäp-ösüpdir. Muňa Beýik Hun döwletiniň taryhyna degişli namalarda has aýdyň göz ýetirmek mümkin.

Oguz türkmenleri yslam dini gelmänkä bürgüdi Taňrynyň kölegesi, Günüň ýylylygy, goraýjy ruh hökmünde görüp, onuň güýjüne sygynypdyrlar. Oňa göze görüner-u-gö
rünmez külpetlerden, erbet ruhlardan mahluklardan goraýan guş hökmünde garalypdyr.

Dünýä ylmyna uly goşant goşan, türkmen we türk halklarynyň taryhyny, medeni mirasyny, irki ruhy medeniýetini öwrenen daşýarar zehinli taryhçylar L.N.Gumilýowyň, N.A.Baskakowyň, M.Kaşgarynyň, Reşideddiniň işlerinde ata-babalarymyzyň tagzymlaryna, oňonlara degişli ýürekleri gopduryjy ajaýyp maglumatlar bar.

Geliň taryhçy alym M.Kaşgarynyň galamyna degişli bir goşgynyň manysyny tirmäge synanyşalyň.

Anyň işin keçürdim,
Eşin ýeme gaçurdum
Ölüm otun içurdum,
Içti bolup ýüze turi.

Onuň işin bitirdim
Ruhuny /huşuny/ hem gaçyrdym
Ölüm suwun içirdim,
Içdi ýüzi ap-ak boldy.

Bary-ýogy dört setirde çugdamlap orta atylan bu dörtlemede M.Kaşgary keramatly ruhy goraýan guşuň göze görünmeýän hyzmaty dogrusynda söhbet edýär. Bedeni terk eden ruhy gaçyryp, oňa uçmaga hemaýat eden guşa oguzlarda Taňra guşa diýipdirler. Yslam dinine çenli ynançlarda ölümden soňky ruh bir päk guşuň ganatlaryna ýüklenilýärmiş. Şol "Taňry habarçysy" diýen guş ruhlary jennete daşaýarmyş.

Oguz türkmenleriniň bütin taryhynyň dowamynda ata-babalarymyzyň irki dünýägaraýşy gitdigiçe kämilleşipdir. Olaryň tagzymlary bolan guşlar, möjek, öküz ýuwaş-ýuwaşdan ruhy medeniýetinden içki döwlet nyşanlaryna öwrülipdir.

Taryhçy A.Reşideddin öz işinde oguz boýlarynyň bozoklara we üçoklara bölünendigi, Oguzhanyň 6 oglunyň hersiniň bürgütler maşgalasyndan bir guşy özlerine oňon edip göterendigi dogrusynda ýazypdyr. Onuň maglumatyna görün han-ak bürgüt, Aý han-towşançyl, Ýyldyz han-aw bürgüdi, Gök han-uç, Dag han-gyrgy, Deňiz han-çagry bürgüt oňonyny göteripdirler.

Edebiýatçy alym A.Bekmyradow "edebi miras-ebedi miras" diýen işinde "Oguznama" eseriniň ähli nusgalarynda diýen ýaly Oguz hanyň alty oglunyň hersine bürgütler maşgalasyndan bolan bir guşuň oňon edilip berlendigini ýazýar. Salar Babanyň ýazmagyna görä, "oňon" gadymy ata-babalarymyzyň totem, keramat hökmünde uýan guşuny aňladypdyr. Gadymy ata-babalarymyzyň keramatly guşlar baradaky ynanjy ilki Oguznama eserlerine siňdirilip, soň ol haýwanlar hakyndaky ertekileriň döremegine gatnaşypdyr.

Guşlaryň ähmiýeti, olaryň ata-babalarymyzyň durmuşynda uly orny diňe bir gadymy milli hem döwlet miraslarymyzda däl, eýsem maddy we ruhy medeniýetiniň köp babatlarynda mesaňa ýüze çykýar. Meselem, zergärçilik, binagärlik sungatynda, haly, kilim nagyşlarynda, möhürlerde, teňňelerde, türkmen gelin-gyzlarynyň milli lybaslarynda guşlaryň şekilleri mesaňa saklanyp galypdyr.

Gadymy ata-babalarymyzyň ynanjyna degişli bürgüdiň altyndan heýkeljigi Parfiýa şalarynyň genji hazynasy bolan Nusaýdan tapylypdyr. Taryhçy-arheolog W.Sarianidi gadymy Marguşyň harabalyklarynda geçiren gazuw – agtaryş işlerinde bürgüt şekilleriniň birnäçe görnüşlerini ýüze çykardy.

Türkmen halylarynyň gözel tebigatynda özboluşly mesgen tutan mukaddes guşlaryň many-mazmunyny, taryhy gelip çykyşyny yzarlasaň, gadymy ata-babalarymyzyň ruhy durmuşy hakdaky pikirleriň syrly ýumagy çöşlenip başlaýar. Baslygyp ýatan gaty täsin syrlaryň dünýäsine düşýärsiň. Toprakdan soň başlanýan guşgözler, her gölüň içinde oturan guşlar, döwletliligiň nyşany ok-ýaýlar, sagdak...

Gadymy oguz-türkmenleriniň Beýik Hun döwletine degişli bolan halylardaky ulanylan şol ajaýyp däpler, mukaddes nagyşlar /ok-ýaý, sagdak, guşlar/ häzirki zaman halylarynda, kilimlerinde ýaşamagyny dowam edýär. Bellemeli ýeri oguz-türkmenleriniň Beýik Hun döwletiniň halysy hasaplanýan Noinulin depeliginden tapylan halyda dürli guşlaryň şekili çitilipdir. Bu barada rus halyşynas alymy. G.Moşkowa şeýle ýazýar: "Ähli oguz taýpa toparlarynyň oňony guş bolupdyr. Türkmen

halylarynyň guşlarynyň ol ýa-da beýleki görnüşde şekillendirilmegi hakykatdan hem olary taýpalaryň oňonlarynyň şöhlelenmesi diýmäge esas berýär. Türkmen halylarynyň içinde iň köp ýaýran nagyş içinde guşlaryň hem haýwanlaryň şekili bolan sekizburçly medalindyr. Bu nagyş iňňän gadymy bolup, ol IX-XI asyr oguzlaryň däplerine baryp direýär. Hat-da bu däbiň has gadymdan gaýdýandygy barada hem pikir etmek mümkin.

Hawa, gadymy oguz-türkmenleriniň Beýik Hun döwletiniň kä wagt ylmy gözi ýetmeýän älem ynançlarynyň maddy we ruhy eserlere siňdirilmegi diýseň gyzykly hem syrly zat. Geliň, halkymyzyň ruhy dünýäsine belet, ony ezberlik bilen ösdürip, ata-babalarymyzyň älem, keramatly guşlar bilen baglanyşykly ynanjyny, däplerini inçelik bilen yzarlap, köp namalary ýazan milli şahsyýetlerimiziň işlerine üns bereliň!

Salyr Babanyň öz eli bilen ýazan “Oguznama” eserinde mukaddes guşlar bilen baglanyşykly käbir däp-dessurlar diýseň gyzykly beýan edilýär. Eseriň beýanynda: “Ala atly, salyr donly Kaý /mümkin Gaýa B.Ç./ Ynal hanyň köp wagtlap oguzlarda hökümdarlyk edendigi bellenilýär. Gaýa Ynal han ölmezinden öňinçä ähli guşlaryň dilini ýolduryp, bir halta salyp goýýar. Eger ogly bolsa, şol guş dillerini oňa iýdirmegi wesýet edýär. Ala atly, salyr donly Gaýa Ynal han aradan çykandan soň, onuň yzynda odly bolýar. Oguz halky üýşüp Gorkut atadan täze bolan çaga bir gowy at dakyp bermegi soraýar. Gorkut ata çaga Tuman diýýär. Tuman heniz kiçijikkä oňa kakasynyň halta salyp ýygnap goýan guş dillerini ezip iýdirýärler. Şonuň netijesinde hem Tumanda ähli guşlaryň diline düşünmek ukyby peýda bolýar”.

Biziň pikirimizçe, şeýle däp-dessuryň berjaý edilmegi ýöne ýerden däl. Guş dilini çaga iýdirmek, guş ýeleklerini dakynmak, ýyrtyjy guşlaryň dyrnaklaryny ýanynda götermek, duluňdan asyp goýmak ýaly gadymy däpler irki ýazuw namalarymyzda ýazylypdyr.

Türkmenistanyň medeni mirasynyň üçünji möhüm ugry beýik seljuk türkmenleriniň, Görogly beg Türkmeniň döwri bilen baglanyşyklydyr. Şol döwürde goşa kelleli bürgüt guşy ruhy we maddy mirasymyzyň esasy çeper beýany bolup çykyş edipdir. Geliň, şu ýerde biz ata-babalarymyzyň üçünji eýýamynyň ruhy dünýäsiniň özboluşly nyşany bolan keramatly saýylan bürgüdiň ruhyna duwlanyp, seljuk türkmenleriniň dünýägaraýşyna açylan kiçijik penjireden bakalyň! Şonda biz türkmeniň döwletini jahan döwleti derejesine çykaran gaýratly ogullaryň çarpaýa galan parlak ruhyna sataşarys. Olaryň ýedi gat asmanda mukaddes guşlaryň kümüş ganatlarynyň astynda türkmen asmanyna nur saçyp, bezäp oturanlaryna gözüňiz kaklyşýar. Siz Beýik Seljuk döwletini esaslandyryjylar we onuň ilkinji soltanlary Togrul begiň we Çagryl begiň, olaryň şöhratly mirasdüşerleri Alp Arslanyň, Mälik şanyň, Soltan Sanjaryň goşa kelleli bürgüt nyşanly baýdagyň astynda musulman dünýäsinde keramatlylar ornunda oturanyna şaýat bolarsyňyz.

Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy özüniň ýazan Mukaddes Ruhnamasynda türkmen ruhunyň üçünji eýýamyny /X-XVI asyrlar/ diňe bir türkmen gylyjynyň däl, eýsem türkmen ruhunyň hem dünýä çykan eýýamy bolandygyny nygtap geçýär. Ol: “Bu döwürde taryhy sahna ymykly çykan oguzlar-türkmenler şeýle bir uly hem çuňňur döwlet-syýasy tejribesini topladylar. Onsoň Gündogarda “döwlet gurjak bolsaň,

türkmeni çagyr” diýen nakyl döredi. Çünki, sanly asyryň içinde Magrypda we Maşrykda, Müsürde, Hindistanda we gaýry ýurtlarda gurlan türkmen döwletleriniň sany onlarça boldy. Ol Türkmen soltanlarynyň köpüsiniň bürgüt atlary bolupdyr. Aslynda Oguz hanyň her agtygynyň öz bürgüt ady bardy. Gaýa-şüňkar, Begdili-bähri, Dodurga-garçgaý, Owşar-laçyn, Çepni-humaý, Salyr-bürgüt, Bükdüz-ütelgi.

Beýik seljuk-türkmenleriň döwletini esaslandyran Dawudyň hem Muhammediň ruhy atlary-da-bürgüt atlary-Togrul we Çagryl boldy. Şol döwürde symrug hem humaý guşlary türkmen ruhunyň daýançlary bolupdy.

Bu döwürde türkmen ruhy bürgüt bolup, kertden jert gaýalara çykdy. Şeýdip, türkmen ruhy beýiklik, howalalyk häsiýetine eýe boldy. Howada, ýeriň ýüzünde öz awuny uçuryp, gaçyryp aldy. Şeýdip hereketlilik, janlylyk häsiýetlerini aldy. Güne ýakyn boldy, Güniň mährini özüne siňdirdi. Elýetmez, okýetmez, sesýetmez, gaýada oturyp, şol ýerden bu pany dünýäniň bimanylygyna, ötegçiligine, aşakdakylaryň hars uruşlaryna bakdy. Şeýdip, hem belentlik, hem çuňluk häsiýetine eýe boldy” diýip, nygtap geçýär.

Hawa, dünýäde “Beýik” diýen ady alan seljuk-türkmen döwletini döreden türkmen serkerdeleri Togrul beg /993-1063 ý./ we Çagry beg /991-1061 ý. / dagy bürgüt ady bilen abadançylygyň şalaryna öwrüldiler. Hakaýyl kişiler boldular. Olar belentlige çykan döwürlerini dessanlaşdyryp, sapaly pursatlarynyň waspyny ýetirip, geljegiň hatyrasyna gowudan-gowy işleri etdiler, ullakan gujura we güýç-kuwwata eýe boldular.

Mälim bolşy ýaly, gadymy oguz-türkmenlerinde bürgütler maşgalasyndan bolan guş atlaryny oglanlara dakmak has ýörgünli bolupdyr. Mysal üçin Şihabeddin En-Nesewiniň “Soltan Jelaleddin Meňburnynyň ömür pursatlarynyň teswiri” diýen kitabynda Horasanyň emiri Ýegen Sunkur, Köneürgenç türkmenleriniň döwletiniň düýbüni tutujy Anuş Tegin Garçgaý diýen ýaly atlara duş gelýäris. XI asyr alymy M.Kaşkarynyň kakasy hem guş adyny göteripdir. Onuň doly ady Barsdanly Hüseýin Çagry Tegindir, atasy Muhammet Bugra Handyr. Şeýle hem oguz-türkmenleriň arasynda Turum-taý, Çagry Tegin, Behri Balaban, Tarlan, Şuňkar ýaly atlar has ýörgünli bolup, olar edebi we taryhy namalarymyzda duş gelýär.

Türkiýede” Altaýlardan Amyderýa çenli türk dünýäsindäki meňzeşlikler” ady bilen çap bolan bir kitapda seljuk-türkmenlerine we Diýarbekirde / 1101-1312 ý.ý./ gurlan Artykly türkmenlerine degişli binagärlik we dokmaçylyk sungatynda, el senetlerinde hem-de altyn we kümüş pullarda şekil alan ýeke we goşa kelleli bürgüdiň suratlar arkaly çeper beýany berlipdir. Anadoluda we seljuk-türkmenleriniň merkezi şäheri Konýada gurlan binalaryň derwezelerinde, galalaryň, köşgi-eýwanlaryň, medreseleriň diwarlarynda goşa kelleli bürgüdiň şkilleri ussatlyk bilen ýerleşdirilipdir.

Her zaman Taňrynyň güýjüne we kuwwatyna, asmanyň hemaýatyna bil baglan halkymyzyň milli lybaslarynda guşlaryň orny az bolmandyr. XIV-XV asyrlara degişli eserleri okap, çeper bezegleri synlap, türkmen esgerleriniň jygalarynda guş ýeleklerini göterendiklerini derwüşleriň guş ýelekli donlary geýendiklerini aňmak bolýar. Mysal üçin käbir taryhy maglumatlarda ilkinji türkmen derwüşleri guş ýelekli donlary geýip halkyň içine çykandyklary dogrusynda çeper beýan edilýär. Türk taryhçysy A.

Golpinarly “Wilaýetnam” diýen işinde ýazyp beýan edişine görä, Hoja Ahmet Ýasawy durna ýelekli don, Hajy Bekdaş Weligögerçin ýelekli don, Abdal Musa keýik derisinden don tikinip geýip, täze dini ilat arasynda wagyz edipdirler. Anadoly türkmenleriniň arasynda Togrul Baba atly bir derwüş bürgüt ýelekli don geýip il gezipdir.

Mukaddes guşlar türkmen saz we söz sungatynda hem çuň yz galdyrypdyrlar. Guşlar bilen bagly türkmen sazlarynyň, aýdymlarynyň ýüzlerçesi mälim, “Tilim guş tilidir, suratym ynsan” diýýän Hakdan içen beýik şahyrymyz Magtymguly Pyragynyň döredijiliginde guşlara köp orun berilýär. Ol:

“-Doga kylyp säher wagty,
Nalyş kylsam guşlar bile”

Ýa-da:

“Aç garçgaý, algyr laçyn öňünde,
Müň ýygylsyn, ördek nedir, gaz nedir”.

diýýär.

Bedew münüp keýpini çaglan, guş uçuryp köňlün açan, çuwal-çuwal gülküli Kemine şahyrymyz bolsa:

“Garçygaý, laçyndyr guşlaryň başy,
Mirşikärler gola almaz her guşy”.

diýýär. Ýa-da Görogly beg Türkmeniň eline sazyny alyp, Şunkar guşuny uçuryp, nama düzüp, dünýäni mest edişini ýadyňyza salyň! Göwnüňiz ganatlanyberer.

Dessura görä, oguz taýpalary gadymdan bäri öz oňonyna garşylyk görkezmändirler we onuň etini iýmändirler. Dulunda aw guşlary saklamak, olar bilen şikar etmek, göwün açmak, her hili oýun guramak, at bilen ýaryşdyrmak ýaly däplere aýratyn üns beripdirler. XVI_XVII asyrlarda Balkan sebitlerinde ýaşap geçen Dana Ata Abulhany özüniň “Oguznama” atly kiçijik eserinde guşlar we guş oýunlary dogrusynda kelam getirýär.

Ol:

Taghan ogly Salgur, Eýmur,
Aty düldül, kuşy algur.

ýa-da:

Hesen – ili, eli sazlygy,
Dal bedewlig, tebil bazlyg,
Ýügrük at, boýun kotozlyg,
Bile kuşlar çapganymyz.

diýýär. Onuň soňky söhbetinde ýüwrük at bilen guş ýaryşy däpleri dogrusyndaky waka çeper beýan edilýär.

Biziň döwrümize has ýakyn ýaşap geçen Ata Gowşudow özüniň “Dordepel” hekaýasynda dordepel diýen at bilen elguşuň ýaryşdyrylyşy barada şeýle ýazýar: “Garçgaý elguşy bir gün aç sakladylar. Atyň çapyp gaýtjak pellesine elguşy hem eltdiler. Guşuň eýesi bolsa toýhanada durup, albaý bulap, öz guşuny nahara çagyrmaga başlady. Çapyksuwar atyň başyny öwrüp goýberen mütdetinde guş hem albaýa baka goýberildi. Aty ilkibada özüniň kim bilen ýaryşýanlygyny bilmän, töweregine ýňka-

taňka bolan bolsa-da, märekäniň gykylygy göge göterilen wagty atyň gözi deoesinde ganat kakyp barýan elguşa düşüpdir. Şondan soň at gulaklaryny gyrpyp, bar güýji bilen öňe baka atyldy we guşy taýak basdyryp yzda goýup, toýhananyň duşundan geçdi”.

Käbir taryhy maglumatlaryň söhbetine görä, türkmenler öňüne at geçirmeýän iň ýyndam bedewleri garçgaý-elguşy bilen ýaryşdyrypdyrlar. At bilen guşuň barmaly pellesindäki diňiň üstüne çykyp, guş eýesi eline çig eti elyp, albaý bulaýar. Guş oňa tarap uçýar. At ýerde, guş howada ýaryşýar. Türkmenler öz bedewlerine guşlar bilen baglanyşykly atlary has köp dakýarlar. Guşa meňzedilip, ýanalyp dakylýan atlaryň arasynda Laçyn, Garaguş, Gyrgyguş, Dorguş, Bürgüt, Tarlan, Algyrguş, Gyrgy, Humaý ýaly atlar has ýörgünlidir.

Türkmen alymy S.Atanyýazowyň “Türkmen diliniň etnonimi” diýen ylmy işinde ýazyp beýan edişi ýaly, halkymyzyň arasynda ýyrtyjy guşlar bilen baglanyşykly tire, ýer-ýurt atlaryna köp duş gelmek bolýar. Olardan bürgüt, akguşly, tarlan, humaý guş, guşçy we beýlekilerdir. Käbir ownuk tirelerde mesgen, merdençi, mürüşgär, awçy ýaly atlara hem duşmak bolýar.

Gajar, baloban /bürgüdiň bir görnüşli/ ýaly ýyrtyjy guşlaryň atlaryny göteren tireler taryhda uly yz galdyrypdyrlar. Hindistanda Deli türkmen soltanlygyny /1206-1526ý./ dolandyrmaga gatnaşan baloban atly şahsyýet bar. Türkmenler balobany “ütelgi” diýip hem atlandyrýarlar. Abulgazy /XVII/ balobany “italgu” diýip atlandyrypdyr.

Ata-babalarymyz geçmişde öz hyýaly okunyň töwereginde örän çalt hereket edýän Ýupiter saýýarsyny hem ýyrtyjy guşuň ady bilen baglanyşdyryp, ony Garaguş diýip, atlandyrypdyrlar. Ynha saçelik! Ata-babalarymyz Ýupiteri bürgüdiň awda algyrlygy, güýç-kuwwatlylygy, çalasynlygy asmanda höküm ýöredýänligi bilen baglanyşdyryp, Garaguş diýip atlandyran bolsalar gerek. Nämede bolsa “Iň uly säher” diýilýän Ýupiter saýýarasy Gündogaryň müneçjimçilik sungatynda iň gowy görülan ýyldyzdyr.

Türkmen ruhunyň üçünji eýýamynda ynsan aňynda has düýpli orun alan keramatly guşlar hakyndaky düşünjäniň çeper şöhlelenmesine, bütinleý diýen ýaly unudylan oguz-türkmenleriniň medeni mirasyna bäşinji eýýamda Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň zamanasynda täzeden jan girýär. Beýik Serdar türkmen döwletini gurup, bäş kelleli bürgütli tuguny döredip, öz milletiniň baý hem şöhratly geçmişini dikeldip, halkyň ruhuna ruh goşdy.

Hawa, bu gün Beýik döwleti dörediji Ogluň howandarlygynda bitewi millet bolup ýaşamagyň hözürini görüp, bagt gämisinde ýüzüp ýörkäk bize ýene-de Taňry guşlarymyz altyn ruhda, altyn zamanada ýaşamagymyza tekge berýär. Üstümize kümüş ganatlaryny gerýär. Türkmen nesli pent tutalyň, bizi Taňry aýasynda gorasa, ho-ol türkmen asmanynyň mukaddes guşlary ganatlaryny gerip, pena berse, türkmeniň agzybirligini, Beýik Serdarymyzyň bina eden altyndan döwlet sütünlerini hiýyka bilmez! Sebäbi indi bize penakär-Abadançylygyň Türkmen soltany, ählimizi goraýan bäş kelleli oňonymyz – altyn heýkele öwrülen bürgüdimiz üstümize ganat gerip dur. Onuň galkynyp duran keşbinde geljegimizi, türkmen gudratynyň asyryny görýäris. Ata-

babalarymyzyň yşga düşen ruhlaryny Taňrynyň deňesine göteren şol keramatly guşlarymyzyň hyýalynda türkmen ýurduny we onuň nesillerini goramak duýgusy bar.

Belentliklere sary galkynyp duran Beýik Serdarymyzyň akyl-paýhasy bilen dörän bäş kelleli bürgüdimiziň haýbatynda ata-babalarymyzyň buýsanjy bar. Olaryň gyzgyn ýüreklerine oranansynmaz ruh bar. Goý, saňa milletimiziň buýsanjy, halkymyzyň ruhuny goraýan mukaddes guş bolup baky ýaşamak miýesser etsin, Bäş kelleli Altyn Bürgüt!

**Baýramgeldi Çaryýew,**
**“Beýik Türkmenbaşy NESLI ” gazeti, 15. 10. 2002 ý.**

## GÜNDOGARYŇ MEDENIÝET WE DÜNÝÄ SIWILIZASIÝASYNYŇ GAZANANLARY BÖLÜNMEZDIR

***Aşgabatda geçýän uly ylmy halkara maslahatlaryna gatnaşyjylar şeýle hasap edýärler***

Häzir Türkmenistan dünýäniň ylmy nukdaý nazaryndan umumy ykrar edilen medeniýet merkezidir. Ýurduň Prezidenti Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy ylmyň, sungatyň ynsanperwerlik ugurlaryny dowam etdiriji hökmünde hormata mynasypdyr, ol sözde däl-de, iş ýüzünde adamzadyň ruhy gymmatlyklaryna hyzmat edýän bilimleriň giňden alşylmagyny höweslendirýär. Türkmenistanyň paýtagtynda geçirilýän şunuň ýaly halkara duşuşyklar hemişelik hereket edýän duşuşyklaryň häsiýetine eýe boldy. Ýöne şunuň ýaly uly wakalar däp bolup gelşi ýaly, türkmenleriň baş milli baýramçylygyna-Garaşsyzlyk gününe gabatlanylýar. Şu günler Aşgabatda maslahatlaryň birbada ikisi – “Türkmenistanyň we Gündogar halklarynyň taryhy-medeni mirasy dünýä ulgamynda” diýen halkara maslahaty hem-de Merkezi Aziýanyň döwletleriniň medeniýet we ylmy işgärleriniň nobatdaky duşuşygy geçirilýär. Bu abraýy maslahatlara gatnaşmak üçin dünýäniň ýurtlarynyň 18-sinden belli alymlar, syýasatşynaslar hem-de sungat işgärleri geldiler. Olar Türkmendöwlethabarlarynyň – TDH-niň habarçylary bilen bolan söhbetdeşlikde gören zatlary we maslahatyň işiniň özlerinde galan täsirleri barada gürrüň berdiler.

***W.M MASSON, Russiýanyň Tebigat ylymlary akademiýasynyň akademigi, Türkmenistanyň Prezidentiniň medeniýet we ylym meseleleri baradaky geňeşçisi, Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Türkmenistanyň, Merkezi Aziýanyň we Gündogaryň halklarynyň medeni mirasy Döwlet institutynyň halkara ylmy geňeşiniň başlygy, “Miras” žurnalynyň redaksiýa geňeşiniň agzasy:***

- Türkmenistanyň Prezidenti Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň başlangyjy bilen guralan häzirki maslahat örän öz wagtynda geçirilýän maslahatdyr. Türkmenistanyň medeni mirasy, onuň döwrüň täze bilimleriniň esasynda anyk seljerilmegi halkyň milli däp-dessurlaryny we ruhy baýlygyny kemala getirmegiň aýratynlygyny ýüze çykarmaga mümkinçilik berdi.

Milletiň däp-dessuryny nazara almazdan jemgyýeti kemala getirmek bolmaz. Türkmenistanyň baştutany muňa örän oňat düşünýär. Mälim bolşy ýaly, geçen ýyl Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy halkyň ruhy ösüşiniň baş ýörelgesi bilen çykyş etdi, bu çykyş bolsa mukaddes Ruhnama kitabynda beýan edildi. Bu eserde türkmen halkynyň taryhy tejribesi bütin dolulygy bilen açyldy hem-de ony dowam etdirmegiň ýollary görkezildi.

Beýan edilen ýörelgäniň esasy ugurlarynyň biri milletiň gazananlaryny dünýä siwilizasiýasynyň gazananlary bilen utgaşdyrmakdan ybaratdyr. Munuň üçin mysaly uzakdan gözläp ýörmegiň geregi ýok. Yslam türkmenleriň milli dinidir, ýöne onuň käbir görnüşleri Türkmenistanda orun tapmady. Mukaddes Ruhnamada bellenilişi ýaly, türkmen yslam dinini öz göwnüne jaý edip tutýar. Dünýä garaýyşda türkmenleriň däp-dessurlary zyýanly durgunlygy aradan aýyrdy, yslamyň türkmen görnüşi howaýy çekişmeleri aradan aýryp, gündelik durmuşa kemsiz ornaşdy.

Goňşy ýurtlar üçin hem, dünýä bileleşigi üçin hem türkmenleriň medeni mirasynyň gymmatlygy onuň ýaragly gapma-garşylyklaryň öňünde tebigy böwet döredýändiginden ybaratdyr. Mundan başga-da, bu taryhy mümkinçilikler türkmen bitaraplygynyň häzirki zaman ýörelgelerinde öz dowamyny tapdy. Türkmenistanyň Bitarap döwletiň resmi halkara derejesine eýe bolmagy paýhasly milli däp-dessurlaryň häzirki zamanyň dünýä syýasy ulgamynyň gazananlary bilen utgaşmagynyň ajaýyp mysalydyr.

Türkmenistanyň parahatçylykly hoşniýetli goňşuçylygyň taryhy milli ýörelgelerini durmuşa geçirmegi Merkezi Aziýanyň giňişliklerine syýasy durnuklylyga gyzyklanýan ähli ýurtlary onuň ygtybarly dostuna öwürýär.

***T. M. MIRZAÝEW, Özbegistan Respublikasynyň Ylymlar akade- miýasynyň wise-Prezidenti, filologiýa ylymlarynyň doktory:***

- SSSR-iň dargamagy bilen öňki soýuz respublikalary öz ösüş ýoluny saýlap aldy. Türkmenistan häzirki zaman ykdysady we syýasy bähbitleri nazara alyp, şeýle hem taryhy milli aýratynlyklaryna esaslanyp, bitaraplyk ýoluny saýlap aldy.

Geçen ýyllar bu ýoluň dogrulygyny subut ertdi. Beýik Sqaparmyrat Türkmenbaşynyň Ruhnamasynda tükmen halkynyň özbolyşlylygy aýdyň görkezilipdir, onda milletiň gadymy döwürlerden gaýdýan täsin mirasy öz beýanynyny tapypdyr. Bu kitaby hökman öwrenmeli, ony türkmen taryhynyň sahypalary boyunça ýol görkeziji hoküminde peýdalanmaly.

Men Aşgabada öz ozal hem birnäçe gezek gelipdim.Geçen döwriň içinde bu ýerde örän uly özgerişikler bolupdyr. Men Türkmenistanda medeniýete, ruhy galkynyşa uly ähmiýet berilýändigini gördüm. Türkmen jemgiýetiniň täze ýolyny, täze durmuşyny alamatlandtrýan täze gurluşyklaryň möçberi munuň aýdyň subutnamasydyr.

K.Ç.Lamberg- Karlowskiý, Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Türkmenistanyň, Merkezi Azaýanyň we Gündogaryň halkklarynyň medeni mirasy

baradaky döwlet institutynyň halkara ylmy geňeşiniň awzasy, arheolog, professor,Pibody muzeýiniň antropologiýa bölümi, Garwart uniwersiteti (ABŞ) :

- Men ilkinji duşuşygymda haýran galdyran köne dostlarymyňka, myhmansöýer türkmen halkynyňka ýene myhmançylaga gelendigime şat.Meniň siziň ýýurduňyza eýýam bäşinji gezek gelşim.Men bu ýere ilkinji gezek Sowet Soýuzy döwründe, 1984-nji ýylda gelipdim. Elbetde, şu geçen döwürde bu ýerde ähli zat tanalmaz ýaly derejede özgeripdir. Munuň özi ähli ýerde- Aşgabadyň keşbinde, şu ýyllarda gurlan häzirki zaman jaýlarynda, seýilgählerinde hem görünýär. Her gezek men bu ýere gelenimde özümi nä tanyş şähere gelen ýaly duýýaryn. Sebäbi, ol çalt özgerýär we ösýär.

Meniň pikirimçe Türkmenistan diňe bir türkmen däp-dessurlaryny öwrenýän syýasatçylar däl, eýsem bu ýerde gazuw-agtaryş işlerni geçirýänler we barlagçylar üçin hem örän uly gyzyklanma döredýär täsin ýurtdyr. Hut şu ýerde, gadymy türkmen topragynda beýik siwilizasiýalaryň emele gelendigi indi hiç kim üçin täzelik däldir. Men Änewde, Goňurda, Marguşyň gadymy ýurdunda beýik açyşlaryň şaýady boldum. Men bu gazuw-agtaryş işlerine gatnaşdym. Türkmenistan taryhy ýerlere baýdyr, bu ýerde müňýyllyklaryň dowamynda emele gelen beýik medeniýete şaýatlyk edýän gadymy taryhy – medeni ýadygärlikler häzire çenli saklanyp galypdyr. Men mundan ozal Eýranda we Päkistanda geçirilen gazuw-agtaryş işlerine gatnaşdym we bu sebitde ýaşaýan gadymy jemgyýetiň däp-dessurlarynyň ysnyşykly baglanyşygyny ýüze çykardym. Munuň özi düşnüklidir, serini bilmeýär. Adamlar ondan-oňa göçüpdirler, öz ýaşaýyş durmuşlaryny birsyhly üýtgedipdirler, beýleki halklar bilen gatyşypdyrlar, biri-biriniň däp-dessurlaryny kabul edipdirler. Goňşy halklaryň syýasy, ykdysady, jemgyýetçilik-syýasy durmuşyndaky örän köpsanly umumylyklar häzire çenli ýüze çykarylýar.

Türkmen halkynyň görnükli ogly Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň asyrlaryň sepgidinde döreden mukaddes Ruhnama kitabynyň ähmiýetine baha bermek hem kyndyr. Men bu eser bilen tanşyp, bu kitaby döreden beýik adamynyň öz gadymy halkynyň taryhyny örän çuň we hemmetaraplaýyn bilýändigine göz ýetirdim. Ýöne meniň nukdaý nazarymdan, onuň esasy gymmatlygy kitapda diňe bir milletiň döreýşiniň gadymy taryhynyň däl, eýsem öz ata-babalarynyň mirasyna örän aýawly garaýan nesilleriň aýrylmaz baglanyşygynyň beýan edilýändiginden ybaratdyr. Kitabyň sahypalaryndan diňe bir geçmişi däl, eýsem geljegi hem okamak bolýar, ondan häzirki zamanyň wajyp sowallaryna jogap tapmak bolýar. Meniň çuňňur ynanjyma görä, bu kitap okalmalydyr, barlanylmalydyr, dünýäniň köp dillerine terjime edilmelidir, ol bütin adamzadyň baýlygyna öwrülmelidir. Sebäbi, ol tutuş älemiň halklaryny birleşdirýär we ýakynlaşdyrýar.

A.BIWAR, Londonyň Aziýa we Afrika institutynyň arheologiýa mugallymy:

-Men hem öz kärdeşlerim ýaly, ilkinji nobatdan Türkmenistanyň paýtagtynda bu ylmy maslahaty guraýjylara minnetdarlyk bildirmek isleýärin, munuň özi oňat däbe öwrüldi. Men indi köp wagtdan bäri Gündogaryň halklarynyň taryhyny, medeni-mirasyny, däp-dessurlaryny öwrenmek bilen meşgullanýaryn. Şoňa görä-de şular ýaly

duşuşyklar meniň üçin aýratyn gymmatlydyr, sebäbi men öz barlaglarymyň, ylmy işlerimiň netijeleri hem-de seýrek maglumatlar bilen tanyşdyrmaga taýýar pikirdeşlerim, hyzmatdaşlarym bilen duşuşýaryn.

Men bu hünäri ýaşlygymdan, Owganystan bilen serhetde gulluk eden mahalym saýlap aldym we mende örän uly gyzyklanma döreden Owgan halkynyň durmuşy we däp-dessurlary bilen tanyşdym. Gündogaryň halklarynyň taryhy, olaryň ençeme asyrlaryň dowamynda emele gelen baý medeniýeti bar, olar bilen tanşanyňdan soň durmuşyň ruhy mazmunynyň üsti has uly derejede ýetirilýär. Men dünýäniň alymlarynyň tagallalaryny birleşdirmek baradaky pikiri doly goldaýaryn hem-de bütin adamzadyň abadançylygynyň hatyrasyna bilelikde hyzmatdaşlyk etmek ugrunda çykyş edýärin. Men Londonda we Sankt-Peterburgda neşir edilen kitaplarymy öz kärdeşlerime sowgat berýärin, olaryň sahypalarynda seýrek taryhy golýazmalar, Eýranyň taryhy bilen baglanyşykly resminamalar çap edildi. Olar bilen tanşylmagy siziň ülkäňiziň gadymy taryhyny dikeltmäge öz goşantlaryny goşmaly ýaş alymlaryňyz üçin örän gymmatly bolar diýip pikir edýärin. Sebäbi ýaşlaryň öňünde örän uly açyşlar durýar, olar dünýä siwilizasiýasynyň taryhynda türkmenleriň eýeleýän ornuny has-da belende galdyrmalydyrlar.

Siziň täsin ýurduňyz hem-de bahasyna ýetip bolmajak eseri adamzada serpaý beren onuň Serdary bilen has ýakyndan tanyşmak baradaky isleg biziň hemmämizi, maslahata gatnaşyjylary birleşdirdi. Men iňlis dilinde terjime edilen Ruhnama kitabyny höwes bilen okadym. Şunuň ýaly kitaba entek duşmandym. Munuň özi türkmenleriň müňýyllyklaryň içinden geçen birnäçe nesilleriniň aýawly saklap gelen ruhy gymmatlyklaryny öz içine alýar. Häzir täze mazmun bilen üsti ýetirilip, bu ruhy gymmatlyklar has-da baýlaşdyrylýar we ösüp gelýän nesli ruhy-ahlak taýdan terbiýelemekde örän uly ähmiýeti bardyr.

Men ýygy-ýygydan syýahat edýärin, dogrymy aýtsam, Aşgabadyň nähili gözelleşendigi meni haýran galdyrdy, men bu ýerde ýedi ýyl mundan ozal bolup görüpdim. Munuň özi Türkmenistanyň örän uly geljegi, uly ykdysady we ruhy mümkinçilikleri bolan ösen ýurtdugyna ýene bir gezek şaýatlyk edýär.

***Ž.TAÝMAGAMBETOW professor, Al-Faraby adyndaky gazak milli uniwersitetiniň arheologiýa merkeziniň ýolbaşçysy, Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Türkmenistanyň, Merkezi Aziýanyň we Gündogaryň halklarynyň medeni mirasy baradaky döwlet institutynyň halkara ylmy geňeşiniň agzasy (Gazagystan):***

- Maňa ýene bir gezek Türkmenistana gelmek we şunuň ýaly wekilçilikli halkara ylmy maslahata gatnaşmak diýseň ýakymly boldy. Men Türkmenistanyň Prezidenti Beýik Saparmyrat Türkmenbaşa Sowet Soýuzy dargandan soňky ýitirilen ýakyn medeni we ylmy gatnaşyklary dikeltmäge bolan hyjuwy we bize, dünýäniň ähli künjeginden gelen alymlara biri-biri bilen özleriniň soňky barlaglary barada tejribe alyşmaga mümkinçilik döredenligi üçin çuňňur minnetdarlyk bildirýärin. Bularyň ählisi, gürrüňsiz, Gündogar bilen Günbataryň medeniýet babatdaky iki tarapyň hem gyzyklanýan gatnaşyklaryny dowam etdirmäge täsir eder. Men bu ýerde özümiň daşary ýurtly kärdeşlerimiň birnäçesi bilen duşuşdym. Olar bilen pikir alyşmak maňa diýseň

gyzykly. Şunda biziň esasy artykmaçlygymyz nämede? Meniň pikirimçe, olar bir bütewi maksada we bähbitlere gulluk edýän adamlaryň aýratyn bir toparydyr. Mysal üçin, maňa Gazagystanyň we onuň töweregindäki sebitleriň, hususan-da, Merkezi Aziýa döwletleriniň gadymy taryhy diýseň gyzykly. Men ony öwrenmek üçin soňky 25 ýyly bagyş etdim. Şonuň üçinem gadymy taryh, Türkmenistanyň we Gazagystanyň daş asyryndaky medeni umumylyklary we tapawutlyklary barada maslahata çykyş etmekçi.

Biziň golaýda baryp gören Türkmenistanyň Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy adyndaky Milli muzeýiniň mende nähili täsir galdyrandygyny bilsediňiz. Şol ýerde goýulan zatlaryň belli bahasy ýok. Olar diňe bir taryhçylar üçin däl, eýsem jahankeşdeler üçin hem uly gyzyklanma döredýändir diýip, pikir edýärin. Men şol ýerde ýene bir zada çuň göz ýetirdim. Muzeýde goýlan iş gurallarynyň, palçykdan ýasalan gadymy önümleriň, şaý-sepleriniň senelerini has irki döwürlerden alyp gaýtmak gerek. Meniň bu pikirim, gürrüňsiz, hakyky subutnamalara, ajaýyp arheologik tapyndylaryň çuň barlaglaryna esaslanýar.

Men hünärim boýunça arheolog. Şonuň üçinem maňa arheologik gazuw-agtaryş işleriniň we ylmy gözlegleriň köpüsine gatnaşmak nesip etdi. Soňky döwürde alymlaryň adamzadyň döreýiş eýýamynda, öň aýdylyşy ýaly, Ýewropadan Aziýa däl-de, Aziýadan Ýewropa köpçülikleýin ýaýrandygyna, diňe daş asyrynyň ahyrynda tersine bolandygyna ýykgyn edýandiklerini oňat bilýärin. Şunuň ýaly çak edilmegi hut şu sebitiň adamzat siwilizasiýasynyň dörän ýeridigini aňladýar. Mälim bolşy ýaly, soňra ol Ýewropa tarap ýaýrap gitdi.

Häzir biziň halklarymyz üýtgeşik döwri başdan geçirýär. Biz günsaýyn özümiz, öz taryhymyz barada öň belli bolmadyk täze zatlary has köp açýarys. Sowet döwründe taryhyň daşardan tekrarlanandygy gizlin däl. Taryhyň köp pursatlary bilgeşleýin ýoýuldy. Biz Garaşsyzlyk ýyllarynyň içinde öňki on ýyllyklardaka garanyňda köp maglumatlary aldyk, oňat milli hünärmenleri ýetişdirdik. Olar hakykatdan hem müňýyllyklaryň taryhynyň köp sanly syrlaryny dikeltmäge taýýar. Men siziň baý taryhyňyz bilen iş salyşýan ýaş alymlaryňyzyň nähili hyjuwlydygyna göz ýetirdim. Elbetde, dünýä belli hünärmenleriň köpüsini bir ýere ýygnaýan şunuň ýaly ylmy maslahatlar, duşuşyklar geçirilen işleriň, ylmy-barlaglaryň jemleri barada dünýä ýaýmaga mümkinçilik berýär.

Türkmenistanlylaryň gadymy halk däp-deaaurlaryna uly hormat goýýandygyna we täzeden dikeltdýändigine guwanýaryn. Adamzat durmuşy maddy baýlygyň ruhy baýlyksyz hiç zatdygyny görkezdi. Şonuň üçinem meniň we kärdeşlerimiň mukaddes Ruhnama gyzyklanmasy tötänden däldir. Men ony ilki türk dilinde, soňra rus dilinde okadym. Meniň pikirimçe, hoşniýetliligiň we parahatçylygyň ýörelgeleri özüniň häsiýeti boýunça bütewidir we ähli halklara degişlidir. Bu ýörelgeleriň wagt we çäk taýdan serhedi ýokdur. Olar döwrüň dynuwsyz akymyna hem boýun egmeýär, sebäbi baky adamzat gymmatlyklaryny özünde jemleýär. Mukaddes Ruhnamanyň ýörelgeleri esasynda terbiýelenen täze nesil arkaly ýurduňyzyň abadançylygyň ýokary sepgitlerine ýetjekdigine ynanýaryn. Bu pikir diňe meniň pikirim däl. Bu mukaddes Kitaby diňe bir türkmenler däl, eýsem ähli hoşniýetli adamzat öwrenmelidir. Sebäbi, ol özünde ata-

babalarymyzyň köp asyrlyk pähim-paýhasyny jemlemek bilen hemmeleriň we her bir adamyň söýgi we ylalaşyk esasynda ýaşamalydygyny öwredýär.

***Neşdet AÝGÜN, Türkmenistan bilen dostluk we hyzmatdaşlyk jemgyýetiniň başlygy:***

-Häzir Aşgabat ylmyň, medeniýetiň we halkara gatnaşyklarynyň merkezine öwrülýär. Garaşsyz Bitarap Türkmenistan, Prezident Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy bütindünýäniň ünsüni özüne çekýär. Türkmenistanyň Baştutanynyň neşir edilen Ruhnama kitaby halkara bileleşiginde uly seslenme tapdy. Ylmy we jemgyýetçilik toparlarynda eseriň çuň many-mazmuny uly gyzyklanma bilen ara alyp maslahatlaşylýar, oňa Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň döreden döwlet ösüşiniň ugry hökmünde garaýar. Men Ruhnama ruhy galkynyşa tarap barýan ýola görkezýän tarkmen milletiniň şamçyragy bolar diýip pikir edýärin.

Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň ýöredýän parasatly syýasaty taryhy taýdan örän gysga möhletde – 11 ýylda Türkmenistany örän uly mümkinçilikli, baý medeniýetli we ruhy mirasly ýurda öwürdi. XXI asyrda – Türkmen halkynyň Altyn asyrynda Türkmenistanyň has ýokary abraýa eýe boljakdygyna we bütin dünýäde ykrar ediljekdigine ynanýaryn. Taryh geçen bütin döwürde türkmen döwletiniň doganlyk we hoşniýetli goňşuçylyk gatnaşyklarynyň mysaly bolandygyna şaýatlyk edýär. Şoňa görä-de häzirki zaman dünýäsinde Türkmenistana Aziýanyň ylalaşdyryjy we utgaşdyryjy merkeziniň orny berilýär.

Men häzir halkara maslahatlarynyň Aşgabatda geçirilmegi tötänleýin däldir diýip pikir edýärin, sebäbi häzir Merkezi Aziýanyň ýüregi Türkmenistanyň paýtagtynda urýar. Şunuň ýaly duşuşyklar yzygiderli geçirilmelidir diýip hasap edýärin. Şeýle duşuşyklar taryhy we medeni geçmişi öwrenmekde ýurtlery we halklary ýakynlaşdyrýar.

Şunuň bilen baglanyşyklylykda maslahaty guranara, Türkmenistanyň Prezidenti Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň hut özüne bu meslahatyň gadymy türkmen topragynda geçirilendigi üçin päk ýürekden minnetdarlyk bildirmek isleýärin.

**“Türkmenistan” gazeti, 18. 10. 2002 ý.**

## TARYHA NAZARÝET

### *ýa-da Ýaşulular maslahaty jemgiýeti dolandyrmagyň möhüm guramasydyr*

Garaşsyz hem Baky Bitarap Türkmenistan döwletimiziň ilkinji hem ömürlik Prezidenti Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy Türkmenistanyň Ýaşulular geňeşiniň, Halk Maslahatynyň we Umumymilli “Galkynyş” hereketiniň bilelikdäki mejlisini çagyrmak

baradaky karara gol çekdi, bu her ýyl däp bolup, gelýän şeýle möhüm halk bähbitli bu çäräniň on ikinjisidir. Beýik Serdarymyz şeýle diýýär: “ Ata – babalarymyzyň milli däp-dessurlaryndan, ýörelgelerinden ugur alyp, möhüm döwlet we umumy halk ähmiýetli meseleleriň ählisini biz ak- sakgallarymyzyň durmuş paýhaslaryna esaslanyp, halk wekilleri, Halk maslahatynyň agzalary, Mejlisiň deputatlary, umumumilli “Galkynyş” hereketine girýän guramalarynyň wekilleri bilen bilelikde çözýäris, bitirilen işleriň netijelerine baha berip, geljekki wezipeleri kesgitleýäris”.

Hakykatdan hem, Ýaşulular maslahaty asyrlaryň dowamynda jemgyýeti dolandyrmagyň ulgamynda möhüm ähmiýete eýe boldy, ugur birligi bolsa türkmen halkynyň köp müňýyllyk taryhynyň bütin dowamynda iň esasy jemgyýetçilik guramalarynyň biri bolupdyr. Döwlet üçin administratiw birlik bolan hem bolsa, ugur-taýpa düzümindäki adamlar üçin çäklerinde ýere we biri-birege gatnaşygyň kada-düzgünleri kesgitelenen uly bir durmuş dünýäsidi. Şeýle jebisligiň girewi Ýaşulular geňeşi we ugur maslahaty bolup durýardy. Bu öz gözbaşyny heniz döwlet gurluşynyň ýüze çykmadyk döwürlerinden alyp gaýdýar.

Ýaşulular geňeşi tarapyndan garalýan meseleler dürli-dürli bolup, ol nika toýuny geçirmekden ýa-da çagany sünnet etdirmekden başlap, tä uruş we parahatçylyk bilen bagly meseleleri hem öz içine alypdyr.

Geňeşde ýowar geçirmek köpçülikleýin häsiýetli meýletin iş bolupdyr, ol köpri gurmak, ýap gazmak, ugurda ýaşaýan hojalyklaryň haýsam bolsa biri üçin zerur bolan öý gurmak, hasyl ýygnamak bilen bagly meseleleri çözüpdir. Bu bütin ugur üçin bähbitli bolupdyr. Baýramçylygyň däbe öwrülen keýpihonlugy /henek aýtmak, aýdym aýtmak, üýşüp nahar iýmek/ astynda geçýän ýowarlar urugdakylar üçin hakyky toýa öwrülipdir.

Halk ýygnanyşyklarynda, hususan-da kethudalar geňeşinde uly maşgalalaryň we nebereleriň ýaşulusy bolan aksakgallaryň sözüne uly sarpa goýup, diňlenipdir. Uly nesliň wekilleri türkmenler üçin hemişe-de durmuş paýhasynyň, pähim-parasatlylygyň nyşanydy, çünki, olar ýaşaýyş tejribesini we halkyň ýokary nusgawy halk häsiýetlerini özlerinde jemlän gojalardy.

Ýyllaryň dowamynda toplan durmuş tejribesi we danalygy ýaşululara ilatyň ýaş gatlagynyň üstünden gözegçilik etmäge iden beripdir. Ýaşlar aksakgalla diňe neberäniň ata-baba dowam edip gelýän däp-dessurlaryny aýawly dowam etdiriji hökmünde däl, eýsem bütin ahlak-durmuş, edep-terbiýe medeniýetini hem özünde jemlän şahs hökmünde-de uly hormat goýupdyrlar. Aksakgal goja maşgalanyň we neberäniň uzak taryhynyň diri hakydasyny alamatlandyrypdyr.

Gojalaryň köpçülikde, içde-daşda özüni alyp barşy urugdakylar üçin hakyky görelde mekdebine öwrülipdir. Agraslygy, sypaýylygy, giň göwrümliligi we rehimdarlygy ýaşululary bezeýän häsiýetler bolupdyr. Olaryň sözlerindedir hereketlerinde ýekeje-de artykmaç zat bolmandyr, olar ähli zady, her bir sözi, her bir hereketi birkemsiz paýhas eleginden geçiripdirler. Durmuş meselelerini çözmekde hemişe parahatçylykly ylalaşyk üçin ýer gözläpdirler.

1897-nji ýylda Ahal we Tejen uýezd naçalniginiň kömekçisi bolan A.Lomakin “Türkmen adatlary” diýen kitabynda “Ýaşulular maslahatynda parahatçylykly

ylalaşyklaryň hemişe-de ilkinji orunda goýulýandygyny" belläpdir. Ol "Parahatçylykly ylalaşyklar "sulh" diýen arap sözi bilen ýa-da türkmen ýaraşygy diýlip atlandyrylýar, bu ýörelge Gurhan boýunça Alla hem pygambere ýaraýan iş hasaplanýar we namazdyr parzdan belentde goýulýar. Musulmançylyk düşünjesine görä, diňe bir özara dawaly meseleleri parahatçylykly ýol bilen çözmäge çalyşýan taraplar däl, eýsem olary ýaraşyga, agzybirlige çagyrýan araçyllar hem Allanyň rahmetine eýe bolýarlar" diýip, ýazýar.

Urugçylyk jemgyýetinde ýaşulularyň eýeleýän ýokary orny olary urugyň durmuşynda iň hormatly derejä göteripdir, şunlukda aksakgallar jemgyýetçilik durmuşynda aýratyn orny eýeläpdirler. Olar halk demokratiýasynyň şöhlelenmesi hökmünde ýerli öz-özüni dolandyryş guramalaryň özenini düzüp, ýerli ilat üçin iň ýakyn we ýaramly döwlet häkimliginiň ýüze çykmasydylar. Adamlar olaryň ýanyna häli-şindi maslahat sorap barypdyrlar ýa-da hörmat goýup öýlerine çagyrypdyrlar. Ýaşulular hemişe adamlary dogry ýola gönükdirip, olaryň ýalňyş ädimlerden gorapdyrlar. Eger urug wekili urugyň adatlaryny, kada-kanunlaryny berjaý etmese, dolandyryşyň ýerli guramalaryna boýun egmese, kethudalar geňeşiniň ony obadan hemişelik kowmaga hem hukugy bolupdyr. Ýaşulularyň maslahaty türkmenleriň adatyny gorap saklaýjylyk hyzmatyny hem amal edipdir, türkmen adaty bolsa halkyň durmuşynyň ähli taraplaryny özünde jemleýän, ýazylmadyk kanunlarynyň jemidir. Ýaşulular maslahaty jemgyýetçilik pikirini, arzuw-isleglerini öwrenmek bilen, ony urugyň öz-özüni dolandyryş işiniň esasy özenine öwrüpdir. Jemgyýetçilik pikiri bolsa kähalatda adamlara iň berk jeza çäresindenem güýçli täsir edipdir.

Diýdimzor sowet düzgüninde ýaşulular maslahaty resmi taýdan, öz ýaşaýşyny bes etdi, ýöne aksakgallar jemgyýeti dolandyryşyň ýönekeý halk tarapyndan ykrar edilen guramasy hökmünde öz abraýly orunlaryny saklap galdylar. Bu gurama özüni sowet hökümetiniň ykrar etmegine hiç wagtam dalaşgär bolmady, ýöne halk içinde welin, giň hukuklaryň eýesi bolmagyny dowam etdi.

1991-nji ýylyň oktýabrynda Türkmenistanyň Garaşsyzlyk gazanmagy netijesinde türkmen halkynyň hem Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň erk-islegi bilen Ýaşulular maslahaty täzeden dikeldildi. Elbetde, bu ýerde doly geçmişe gaýdyp gelindi diýip düşünmek nädürslük bolardy, bu taryhy ösüşiň dolanuwsyzlygy taýdan asla mümkin hem däldir. Mahlasy, häzirki türkmenler üçin medeni däp-dessur gymmatlyklary täze röwüşdäki häsiýete geçdi. Netijede biziň halkymyz bu gün gadymy medeniýetimiziň gazananlaryny döredijilikli seljerme ýoly arkaly özüniň garaşsyzlyk eýýamynyň milli medeniýetiniň täze gymmatlyklaryna öwürdi. Halkymyzyň medeni däp-dessurlarynyň islendik ugruny alsak hem, biz ýaşulularyň jemgyýeti dolandyrmagyň esasy wezipelerini çözüjilerdigini görýäris. Olar diňe bir ol ýa-da beýleki mesele boýunça maslahat bermek bilen çäklenmän, eýsem adamlary türkmenleriň ata-baba nedebi ýörelgelerini we kadalaryny hormatlamaga hem berjaý etmäge, geçmişiň gazananlaryny ýitirmän saklamaga gönükdiripdirler.

**Öwez Gündogdyýew,**
**“Edebiýat we sungat” gazeti, 2.08. 2002 ý.**

## TÜRKMENIŇ MILLI BAÝLYGY

***Gawun türkmen topragynyň hasyly hökmünde özüniň “terjimehalyny” gadym döwürlerden alyp gaýdýar. Umuman, gawun halkynda gürrüň gozgalanda, mydama belli alym N.I.Wawilowyň sözlerini ýatlamak gerek, ol 1935-nji ýylda şeýle ýazypdy: “Bütin Orta Aziýa, şeýle hem Türkmenistan dünýä boýunça gawunyň watany hasaplanylýar. Gawunlaryň görnüşleri diýseň dürli-dürlidir. Türkmenistanda, aýratyn hem Amyderýanyň aşaky akymlarynda ägirt uly agrama ýetýän we şol bir wagtyň özünde ýokary hili bilen tapawutlanýan gawun ekinleriniň gymmatly görnüşleri jemlenendir».***

Görnüşi ýaly, türkmenler gawuny ilkinji ýetişdiriji Mezit atly daýhana tötänden eýe bolan däldirler. Mezit ilkinji bolup iň süýji gawuny ýetişdirip başlaýar, ol şunuň üçin zyndana oklanýar. Şonuň üçin gawunyň tagamyny dadyp, lezzet alan her bir adam şu töwiri okamalydyr: «Şirin-nabat, Mezit azat, pygamber Hudaýa salawat!». Şu özboluşly töwir bilen adamlar Alladan we Pygamberden Mezidiň azat edilmegini diläpdirler.

Gawunyň «Waharman» görnüşiniň gelip çykyşy hakynda bize şu aşakdaky rowaýaty ýazyp almak miýesser etdi.

… Iki sany aşyk-magşuk, ýigit we Arman atly ýaş gyz çydap bolmajak teşnelikden jebir çekip, ýakyp-ýandyryp barýan çölden barýarlar eken. Suwuň ätiýaçlygy hem baýapdyr, bu çäge deňziniň ahyrky künjegine bolsa göz iler ýaly däl. Ýaşlaryň ikisi hem bir wagtda mejalsyzlykdan ýykylýarlar. Birnäçe wagt geçenden soň Arman ilkinji bolup özüne gelýär hem-de özleriniň suwsuz çölde gürrüňsiz heläk boljakdyklaryna düşünip, Beýik Taňrydan öz söýgülisiniň janyny halas etmegini soraýar, onuň üçin öz janyny bermäge taýýardygyny aýdýar. Ähli zady Ýaradyjy Armany tagamly uly gawuna öwürýär. Ýigit özüne gelip bu adaty bolmadyk miwäni görýär we onuň tagamyndan dadyp görmegi ýüregine düwýär. Ýigit özüniň açlygyny we teşneligini gandyrandan soň, şol bada Armany ýatlaýar we Armanyň hut özüniň şirin janyndan geçip, özüni gutulgysyz ölümden halas edendigine düşünýär. Boýur-boýur ýaş döküp, dadyperýat edip, ýaş ýigit «Wah, Arman» diýip, gygyryp başlaýar. Ýaş ýigit öýlerine gelip bu gawunyň çigidini topraga sünçýär we ony göz ýaşy bilen suwarýar. Ine, rowaýat-ha şeýle. Şeýdip tagamy boýunça dünýäde deňi-taýy bolmadyk «Waharman» peýda bolýar.

Eýýäm antik eýýamynda gawun ajaýyp azyklyk iýmit hasaplanypdyr. Şol eýýamda gawunyň ösdürilip ýetişdirilişi barada Gäwürgala (Köne Merw) harabaçylygyndan tapylan gawun çigitleri hem şaýatlyk edýär. Gadam döwürlerden bäri bakjaçylyk iň hormat goýulýan iş hasaplanypdyr. Mysal üçin, sasanid şasy Hysrow I (531-579-njy ýyllar) döwründe Türkmenistanda we Eýranda bakja ekinlerine salgyt salynmandyr.

Orta asyrlaryň arap-pars çeşmeleri ajaýyp, akylyňy haýrana goýýan türkmen gawunlarynyň görnüşleriniň köp dürlüligi baradaky maglumatlary sahylyk bilen eçilýärler, ol maglumatlar bütin Gündogardaky iň süýji, datly nygmatyň şöhratyny has-da dogruçyl beýan edýärler.

Ine, al-Istahari bu barada şeýle ýazýar: «Eger-de Merwde ýetişdirilen gawunlar şeýle ajaýyp tagama eýe bolmadyk bolsalar, onda olary dilimlenilen görnüşde Yraga äkitmezdiler». Kazwininiň (X asyr) ýazgylarynda bolsa şeýle sözler bar: «Onuň (Merwiň) armydy, üzümi, gawuny iň oňat miweler hasaplanylýar: olary kakadýarlar we dürli künjeklere äkidýärler. Timuryň (XIV asyr) köşk jugrafiýaçysy Hafiz-i Abru şeýle ýazýar: «Merwde gawunlar gowy ýetişýär, olary kakadýarlar we şeýle görnüşde olar «kak» diýlip atlandyrylýar, gawunyň suwy gaýnadylýar we ondan şerbet taýýarlaýarlar».

Hafiziň döwürdeşi, arap taryhçysy Ibn Battuta Köneürgenç gawunlaryny şeýle wasp edýär: «Bütin ýer şarynda Gündogarda hem, Günbatarda hem Horezm (Köneürgenç) gawunlaryna taý geljek gawun ýokdur. Gawunlaryň paçagy gökdür, eti bolsa gyzyldyr. Bu gawunlar örän süýjüdir, şonuň bilen birlikde olar gatydyr. Olary dilim-dilim edýändikleri we güne guradýandyklary hemme zatdan beter geň galdyrýar. Soňra biziň kakadylan miweleri we halaç injirini ýerleşdirişimiz ýaly, dilim-dilim kesilen gawunlary sebede ýerleşdirýärler we Horezmden uzak ülkelere – Hindistana, Çyn-Maçyna ugradýarlar. Kakadylan miweleriň arasynda şu gawundan gowy hiç zat ýokdur».

Muhammet Isfizari hem XV asyrda şeýle ýazýar: «Tagamy boýunça diýseň ýakymly gawun hasylyny Merw topragy berýär. Merwiň gawunlary onuň çäginden çykarylýar, olar esasan baý öýleriň isleg bildirýän azyk harytlarynyň hataryna girýärler. Mysal üçin, Horasanyň soltanlary hyrat gawunlary bilen kanagatlanmandyrlar we Hyratdan Merwe çenli 60 parsatlyk (360 km.) aralygy geçip, mundan beýläk Merwden gawun getirmegi buýrupdyrlar…»

Eger kak edilen gawuny daşamak o diýen çylşyrymly bolmadyk hem bolsa, ter gawuny daşamak diýseň çylşyrymlydyr. Şeýle hem bolsa, çölüň we daglaryň üstünden geçýän müňlerçe kilometr ýoly sökýän söwdagärler Merkezi Aziýada Günbataryň we Gündogaryň ýurtlaryna şetdaly, üzüm, gawun ýaly tiz zaýanlanýan miweleri terligine we bitewiligine eltmegi başarypdyrlar. Haliflar Mamunyň (813-833-nji ýyllar), Wasihiň (824-847-nji ýyllar) we beýlekileriň köşklerine Merwden we Köneürgençden gawunlar buz bölekleri örülen gurşun gaplarda eltilipdir. Eger olar barmaly ýerine zaýalanmadyk ýagdaýda eltilen bolsa, onda her bir gawuny 700 dirheme satyn alypdyrlar.

Fransuz syýahatçysy Fransua Berne XVIII asyryň ikinji ýarymynda Hindistana baranynda tomsuna Deliniň bazarlarynyň dükanlarynyň Merkezi Aziýanyň ähli welaýatlaryndan getirilen miwe we bakja önümlerinden doludygyny belleýär.Delä köp mukdarda hoz, pisse, mindal, erik, garaly, şetdaly, üzüm, şeýle hem «… ajaýyp gawunlar» getirilipdir, gawunlar gyşyň bütin dowamynda satylypdyr. F.Berneniň tassyklamagyna görä, Orta Aziýanyň miwe we bakja önümlerini hem-de beýleki miwelerini satyn almak üçin hindi emirleri durmuş çykdajylarynyň esasy bölegini sarp edipdirler.

Keseki ýerden getirilen miwe önümleri akylyňy haýrana goýýardy. Şonuň ýaly miwelere dünýä malyny harç etmän, olaryň öz ýurtlarynda ösdürilip ýetişdirilmegini arzuw edýärdiler. XIII asyrda Hytaý suýahatçysy Çang Te Türkmenistandan öz watanyna gawun çigidini getirýär. Hytaýda ýygnalan ilkinji hasyl erbet bolmaýar, ýöne ikinji ýyl gawunlar tagamy boýunça hyýary ýadyňa salýardy. Takmynan şunuň ýaly gürrüňi alym K.Popow hem ýatlaýar. Ol Krymda ýetişdirilen gawuny iýip görýär. Ol hem tagamy boýunça huýary ýadyňa düşürýärdi. Bularyň ählisi türkmen topragynyň ysyny, mähirini özüne siňdiren gawunlaryň hoşroý ysyna we tagamyna hiç zadyň taý gelip bilmejekdigine şaýatlyk edýär.

Bir gezek Beýik Mogollar imperiýasyny esaslandyryjy Zahiraddin Muhammet Babur, ol Mawerannahr( Amyderýa bien Syrderýanyň arasyndaky welaýat) hökümdarlarynyň biri bolupdyr, ol Hindistanyň hökümdary wagtynda, 1528-nji ýylda özüniň mähriban ülkesinden gawuny sowgat alypdyr. Gawunyň adaty bolmadyk şirin tagamy gazaply hökümdarda ähli duýgularyň oýanmagyna getiripdir. Ol özüniň ajaýyp «Baburnama» eserinde şeýle ýazýar: «Uly sarpa bilen gawun getirdiler. Haçanda men ony kesenimde we iýip başlanymda, ol maňa diýseň üýtgeşik täsir etdi, men tas agladym». Hawa, gawunda Watanyň mähri, üýtgeşik, ýakymly ysy bardy.

Gawunlar arap halyflarynyň, hytaý imperatorlarynyň, hindi patyşalarynyň saçaklaryny bezäpdir. Gawunlar Beýik Sanjar Türkmeniň, Baýram han Türkmeniň, beýleki türkmen hökümdarlarynyň iň lezzetli, tagamly iýmiti bolupdyr. Türkmen gawunlary Ýewropa hem äkidilipdir, ol ýerde olary diňe iň baý adamlaryň satyn almaga gurby ýetipdir. Ýewropanyň hökümdarlary türkmen gawunyny dadyp görmegiň şagalaňly dabarasyny geçiripdirler, oňa diňe hhökümdarlara ýakyn adamlarçagyrylypdyr. Aýdyşlaryna görä, Rim hökümdary Klawdiý Albin ertirlik naharynda birnäçe gawuny iýipdir.

Türkmenler irki döwürlerde hem tejribeli bakjaçylar hasaplanylypdyr. Mysal üçin, iňlis syýahatçysy A.Jenkinson 1558-1560-njy ýyllarda Hywa türkmenleriniň arasynda bolanynda şeýle ýazýar: «… köp sanly ajaýyp miweler ösüp ýetişýär, olaryň arasynda gawun diýip atlandyrylýan miwe ululygy we şirin tagamy bilen tapawutlanýar…».

Akademik P.S.Paalas iki gezek Ýaikde (Uralda) 1769-njy we 1779-njy ýyllarda bolanynda ol ýerdäki türkmenleriň «… gawun melleleriniň uly bölegini saklaýandyklaryny» belleýär.

Çörek bilen iýilýän gawun azyk iýmiti hökmünde kabul edilipdir, şol bir wagtyň özünde garpyzy teşneligiňi gandyrmak üçin iýipdirler. XIX asyryň ahyrlarynda gawunyň

«ilatyň garyp böleginiň üçden iki böleginde azygy bolandygy» bellenilýär. Kämahallar gawunlar şeker maddalarynyň ýeke-täk çeşmesi bolupdyr (gawunyň düzüminde şekeriň 18 göterime golaýy bardyr).

1882-1890-njy ýyllar üçin Zakaspi oblastynyň «Synynda» şeýle diýilýär: «Zakaspi oblastynda bakjaçylyk diýseň görnükli orny eýeläpdir. Garpyz, aýratyn hem, gawun tomus aýlary azyk önümleriniň iň esasylarynyň biri bolupdyr. Gawunlar oblastda diňe bir lezzetli tagam bolman, ol diýseň köp halatda çörek bilen birlikde iýlipdir. Tejen uýezdiniň ilaty gawun bilen dürli keselleri bejermegiň aýratyn ugruny iş ýüzünde peýdalanypdyrlar».

1898-nji ýyl üçin «Synda» şeýle diýilýär: «Her ýyl gawun we garpyz ekmek üçin oblastda 2000-den we ondan hem köp desýatine çenli ýer ulanypdyr (bir desýatin ýer, 1,09 gektara barabar bolan meýdan). 1898-nji ýylda bu ekinleriň hasyly gowy boldy. Olaryň 1000-siniň bahasy Ashabatda 8 manatdan 10 manat aralygyndady. Bakjaçykdan göçüp gelenleriň käbiriniň girdejisi 300 we ondan hem köp manada barabar bolýardy. Her bir obada, her bir howzuň we çeşmäniň ýanynda, eger diňe haýsydyr bir mümkinçilik bar ýerinde, hökman bolmanda uly bolmadyk meýdan bakjaçylyga berlipdir. Gawunlar ilatyň iň arzyly azygydyr. Gawuny bişen, ter görnüşinde, şeýle hem kak edilen görnüşinde iýmit üçin peýdalanypdyrlar, mundan başga hem kak edilen gawun başga ýerlere äkitmäge hem amatly bolupdyr».

Türkmen gawunlary tagamy boýunça diýseň täsindir we ony bolmanda bir gezek iýenleriň ählisi alan lezzetinden ýaňa başyny ýaýkaýarlar. Mysal üçin, XIX asyryň ahyrlarynda Türkmenistanda bolup gören fransuz ofiseri Edgard Bulanže gawuny iýip görýär. Şondan soň özüniň «Merwe syýahat» diýen kitabynda ol şeýle ýazýar: «Ol (gawun) näzik, agzyňda ereýär, diýseň tagamly we süýji. Bu hiç bir ýerde gabat gelmeýän haýsydyr bir aýratyn görnüşlidi».

Kämahallar türkmenler çölde ýandagyň baldagyny gyýyp gawun çigidini salypdyrlar. Ýeriň onlarça metr çuňlugyna gidýän ýandak köki ýerasty suwlarynda yzga almak bilen diňe bir özüni däl-de, eýsem bakja çigidini hem iýmitlendiripdir. Gawunyň şeýle usulda ýetişdirilişini suwarmak hökman bolmandyr. Şeýle usulda ýetişdirilen gawunlar ýandagyň kesel bejeriş häsiýetine eýe bolupdyrlar, olar köplenç kesel bejeriş maksatlary üçin peýdalanylypdyr.

Gawuny jadyly güýje, adam ömrüni uzaltmaga mahsus bolan häsiýete eýe diýip hasaplaýarlar. Bu hakykatda hem şeýle. Gadym döwrüň tebipleri ýürek-damar kesellerini, aşgazany, böwrek kesellerini bejermekde gawunyň peýdasynyň kändigini belläpdirler. Gawun witaminlere we mikroelementlere örän baýdy. Gawunyň düzüminde beloklar, uglewodlar, limon, turşy, aoma kislotalary, C,B,E, witaminler, magniý, fosfor, kükürt, hlor, marganes, demir, mis ýaly elementler bardyr.

Türkmen gawunyna bagyşlanan halkara maslahatlarynda gawunyň çigidinden ýag almagyň we gawunyň özünden şeker almagyň mümkinçilikleri birnäçe gezek ara alnyp maslahatlaşyldy. Türkmen alymlary barlag geçirip, gawunyň çigidinden özüniň gymmaty boýunça dünýäde deňi-taýy bolmadyk ýagy aldylar. Bu ýag witaminler bilen birlikde özünde fofsolipidleri, trigliseridi, pigmentleri, ýagly kislotalary jemleýär.

Türkmenlerde ekerançylygyň piri Babadaýhan bilen baglanyşykly gyzykly däpler saklanyp galandyr. Bakja ekiniň bol hasylynyň eýesi üç gezek dokuz gawuny, ýagny, 27 gawuny ýplup, olary obadaşlaryna ýa-da islendik geçip barýana hödür-kerem etmeli. Bu gawunlar Babadaýhanyň hut özüniňki hasaplanylypdyr. Hasylyň eýesi gawuny hödür edende, «Babadaýhanyň gawunyndan dadyp görmäge geliň!» diýip, her gezek gaýtalamaly bolupdyr.

Beýleki däp (adat) «ekiz gawun», ýagny, «Hydyr gören gawun» bilen baglanyşykly. Şeýle gawunyň eýesi ýene-de adaty gawunlaryň dokuzysyny ýolup, özüniň gurply goňşularynyň haýsydyr hem bolsa birini äkidipdir, goňşusy bolsa tokly soýup, Babadaýhanyň hormatyna sadaka bermäge borçly bolupdyr. Kämahal ekiz gawun getirilen, onuň üstüne ýene-de dokuz gawun goşup, has baý obadaşyna eltip beripdir. Eltilen ähli gawunlar iýilse hem ekiz gawun hiç bir halatda kesilmändir. Ony öýüň görnükli ýerinde asyp goýupdyrlar, ol tozup galmakdan gorapdyr.

Biziň halkymyzyň arasynda gawunlar hakynda pähimleriň we nakyllaryň köp sanlysy bardy. Olaryň käbirini ekerançy alym A.Esenowyň «Türkmen gawunlary» atly atlas kitabyndan getireliň: «Gawun gabygyndan tanalar, bedew söbüginden», «Gawun gawundan reňk alar», «Gawunyň agyry, garpyzyň ýeňili», «Gawunyňky ýüz gün, ýüz günden soň üzgün», «Gawun sopusy mazy, it sopusy tazy, şa sopusy kazy», «Ýigidiň gowusy aşyk aradyr, gawunyň gowusy şekerparadyr», «Ýyljak nan bilen gawun iýseň, sowuk nan bilen sogan», «Ýandakly gawun suwsatmaz».

A.Esenowyň sözlerine görä, Türkmenistanda gawunlaryň 1000-ýe golaý görnüşi bar. Olar Gazagystanda, Özbegistanda, Eýranda we Owganystanda ekilýär. Türkmenistanda diýseň kiçi gawunlar (mysal üçin, almanyň ululygy ýaly «ysly mazy») we örän uly, mysal üçin, «myhmansowar» (10 kg.), «garagotur» (15-16 kg. çenli) ýaly gawunlar ösdürilip ýetişdirilýär.

Türkmenistanda ekilýän gawunlaryň giň görnüşleri olaryň ir ýa-da giç bişerligi, köpçülikleýin ýetişmegi we ilatyň sarp edişi boýunça 4 sany möwsümeýin toparlara bölünýärler.

**1-nji topar.** Bu topara 60-70 günde ýetişýän gawunlar girýärler. Olara Zandelek, Zaamy, Zamça, Mazy gawunlarynyň ähli görnüşleri, Kyrkgünlik, Garypgaldyran, Azgyn, Karam, Monty, Ternek, Bärikelle, Garpyz, gawun we ş.m. degişlidirler.

**2-nji topar.** Bu topara 75-100 günüň dowamynda bişýän tomus gawunlar girýärler. Olara Emiri, Waharman, Mesek, Şekerpalak, Patdagan gawunlarynyň görnüşleri Akbişek, Aknäzik, Assata, Akgawun, Algaş, Akmaral, Babaşyh, Basybaldy, Begzada, Gyzyl erik, Şekerpalak, Şekerpara ýaly gawunlaryň onlarça görnüşleri degişlidir.

**3-nji topar.** Bu topara 95-100 günüň dowamynda bişýän güýzki gawunlar degişlidir. Güýzki gawunlar toparyna esasan Zard, Garrygyz, Gülaby, Gürbek, Paýeendeki gawunlarynyň görnüşleri, Araphatly, Dutma, Koýbaş, Garagant, Koýbaş ýaly gawunlar degişlidirler.

**4-nji topar.** Bu topara 100-200 günüň dowamynda ýetişýän gyşky gawunlar girýärler. Gyşky gawunlaryň toparyna Arçyn, Ak ham, Alma gülaby, Bişekler, Garagaş, Gök gülaby, Garrygyz, Myhmansowar, Ömürbaky ýaly gawunlar girýärler.

Gawun-türkmen halkynyň milli baýlygydyr. Türkmenistanyň Prezidenti Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň her ýylyň Alp Arslan aýynyň ikinji dynç gününde Türkmen gawunynyň baýramçylygyny bellemek hakynda 1993-nji ýylyň gorkut aýynyň 13-inde Permanynyň peýda bolmagy tötänden däldir.

Mähriban Serdarymyz Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy bu Permanda şeýle diýip belleýär: «Türkmen topragy gadym wagtlardan bäri şirinligine taý gelmejek ajaýyp gawun-garpyzlaryň ýetişýän mekany bolupdyr. Babadaýhanlarymyzyň alyn deri bilen ýetişdirilýän «Waharman», «Gülaby», «Garrygyz» ýaly gawunyň ýüzlerçe görnüşi süýjüligi, owadanlygy, başga bir ýerdäkä meňzemeýänligi, diňe türkmen topragyna mahsuslygy bilen göreniň akylyny haýrana goýupdyr».

Dogrudan hem, türkmen gawunlary eýýäm XIX asyryň 90-njy ýyllarynda Moskwanyň we Nižniý Nowgorodyň sergilerine hem-de ýarmarkalaryna iberilipdir.

Biziň günlerimizde Leýpsigde we Erfurtda geçirilen halkara sergilerinde türkmen gawunlary birnäçe gezek altyn medallara mynasyp boldy. Gyzyl gülabydan, Sary gülabydan, Garrygyzdan, Waharmandan taýýarlanylan kaklar Erfurtda geçirilen sergilerde her ýyl diýen ýaly altyn we kümüş medallara mynasyp bolýarlar.

Biziň öňdengörüji akyldar Prezidentimiz Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy şeýle ýazýar: «Türkmen gawuny-türkmeniň rysgal çeşmesiniň bir dury bulagydyr. Biziň halkymyz geçmişde hiç wagt hem öz rysgalyny ýeňil-ýelpaýlyk bilen gazanan däldir. Şonuň üçin-de ol «Azapsyz ýeriň ady ýok» diýýändir. Türkmen gawunlary türkmen Babadaýhanynyň uly azaplarynyň şirin rehnedidir».

Her ýyl bellenilýän Türkmen gawunynyň baýramy – bu biziň ene topragymyzyň we onda zähmet çekýänleriň ählisiniň baýramydyr.

**Öwez Gündogdyýew,**
**Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Türkmenistanyň, Merkezi Aziýanyň we Gündogar halklarynyň medeni mirasynyň döwlet institutynyň bölüm müdiri, professor.**

**“Türkmenistan” gazet, 9. 08. 2003 ý.**